MAGTYMGULY ESERLER ÝYGYNDYSY II-JILT

Beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň eserler ýygyndysynyň 2-nji jildinde şahyryň pelsepewi şygyrlary we düşündiriş sözlügi ýerleşdirildi.Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenildi.

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

www.pyragy.narod.ru

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY

MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

MAGTYMGULY

Eserler ýygyndysy

Çapa taýýarlan:

Annagurban Aşyrow, *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory.*

II JILT

AŞGABAT, MGI, 2012

UOK 894.361

M 16

Magtymguly. Eserler ýygyndysy II jilt. A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2012 .

REDAKTOR:

Godarow Rahmanberdi

Beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň eserler ýygyndysynyň 2-nji jildinde şahyryň pelsepewi şygyrlary we düşündiriş sözlügi ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenildi.

TDKP № 186 KBK 84 Tür 1.

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty,

SÖHBET ÝAGŞYDYR

Adam bolsaň, gulak goýgul öwüde,
Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr.
Atarman-çaparman algyr ýigide,
Ýeri gelse aman-nurbat ýagşydyr.

Hemra bolup oturmagyl pis bile,
Poha degseň, beýniň dolar ys bile,
Göwher daşyn ýüzük etseň mis bile,
Gymmaty egsilmez, hormat ýagşydyr.

Zynhar, kast etmegil iýdigiň nana,
Köňlüň haýra bagla, sydkyň – imana,
Hiç azar bermegil bir musulmana,
Ogry ärden, bir dogry it ýagşydyr.

Käşki adam bu dünýäge gelmese,
Gelenden soň ömür sürse – ölmese,
Elden gelen ýagşy işiň bolmasa,
Köňül içre ýagşy niýet ýagşydyr.

Magtymguly, niçik geçse rozygär,
Haka şükr et, barma namarda zynhar,
Ýok döwletden ýegdir, bolsa bir hünär,
Müň hünärden zerre döwlet ýagşydyr.

SIR GIDER

Köp namarda mal berip sen, dun dünýä,
Gözi gökde, gaýgysy ýok, sir gider.
Hany aklyň, oda düşüp ýan, dünýä,
Ne mertler bar, ýoksullykda hor gider.

Az ömrüňi sürseň elwan aşratda,
Soň şirin jan galar uzyn hasratda,
Akmaklar bu ýerde galar gaflatda,
Akyl bolan öz gamyny iýr gider.

Ne dogry gelene mähriň inderdiň,
Ne gelmäne sowgat-salam gönderdiň,
Hiç parhy ýok sende merdiň, namardyň,
Arslan öter, tilki geçer, şir gider.

Peýda diläp gelen dünýä şährinden,
Janyn berip, guryp galdy gahryndan,
Dünýä mardyr, ol ýylanyň zährinden,
Tüý döküler, ganat gyrlar, per gider.

Dünýä zendir, köp oýnaşly, äri bir,
Bir öpüşde etiň, ganyň sorubiýr,
Ölenden soň, şah-u geda bary bir,
Munda her kim boldujagyn goýr gider.

Adam ogly ýalançynyň ýalanyn,
Çyn sanypdyr egri bakyp gülenin,
Gam çekme, eý dünýä, her kim alanyn –
Karz malyňdyr, ýene gaýdyp biýr gider.

Magtymguly, güýçli bile dalaşmaň,
Haýry goýup, şer işlere ulaşmaň,
Ýagşy-ýaman sözüm köpdür, galyşmaň,
Neçün, her kim bildijegin diýr gider.

SAZYNA DEGMEZ

Bezimiň lezzetin bilmeýen adam,
Hünärli ýigidiň sazyna degmez.
Betsyýakly, bethüý bolan pis adam
Perizadyň eden näzine degmez.

Bimanynyň sözi janyňdan öter,
Gybat edip, özi günäge batar,
Ýamanyň zyýany iline ýeter,
Nadanyň peýdasy özüne degmez.

Adam bardyr, ony şalar çagyrdar,
Adam bar, zulm edip, garyp agyrdar,
Adam bar, per düşek ýanyn agyrdar,
Adam bardyr, ak kiz dyzyna degmez.

Muhannesiň bolmaz namysy, aňy,
Bir söweş gününde eýlemez jeňi,
Aga-begler, muhannesiň on müňi
Mert ählиniň alty ýüzüne degmez.

Magtymguly, döwran soňudyr adem,
Lahat atly öýe goýar sen gadam,

Many söz aňlamaz biakyl adam
Danalaryň aýdan sözüne degmez.

SIL GALMAZ

Altmyş başly, ala garly daglardan,
Duman göçer, ýagmyr geçer, sil galmaz.
Şeýda bilbil mesgen tutan baglardan,
Hazan urar, ýaprak gaçar, gül galmaz.

Her kim içse ol şerapdan, ol jamdan,
Ýürek joşar, her söz geler zybandan,
Gelen geçer bu ýalançy jahandan,
Hoja, seýit, beg, patyşa, gul galmaz.

Jana degse garrylygyň zäheri,
Bozuk bolar köňül-göwre şäheri,
Elden gitse ýigitligiň bahary,
Kuwwat gaçar, dyz egiler, bil galmaz.

Bir namardyň köp minnetli aşyndan,
El uzatma, öwrülewer daşyndan,
Ilsiz galan belent daglar başyndan,
Agaç biter, jadde ýiter, ýol galmaz.

Magtymguly, bu jahanda kim bolar,
Ol mekana giden gelmez, güm bolar,
Görer gözüň, görkli göwräň gum bolar,
Dahan gider, dendan düşer, dil galmaz.

PARA-PARADYR

Ýaranlar, gerdişi-çarhyň elinden,
Bu meniň ýüregim para-paradyr.
Syzzyldaşar tenim Eýýup teni dek,
Kişi bilmez, bir agyzsyz ýaradyr.

Gije-gündiz işim-güýjümdir haý-waý,
Telmuryp ýyglar men gözlenip her taý,
Uçraşyp kölüge: «Gark oldum – diýr – Haý,
Ärler-pirler, sizden medet-haraýdyr».

Garyp eger garyp ýerde ýörijek,
Gözlerinden ganly ýaşlar ýörijek,

Aşyk eger magşugyny görijek,
Gül-güli açylar, köňli paraýdyr.

Tohum sal, orar sen, geldiň bu jaýa,
Ömrüňi geçirme bihuda-zaýa,
Nazar eýlär sizler uşbu dünýäýe,
Gelen geçer, durmaz, köne saraýdyr.

Magtymguly kylmyş jigerin birýan,
Ýürege gan dolmuş, bu çeşmi-girýan,
Şeýle ejiz galmyş, ýalbaryp her ýan,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

PEÝANY BOLMAZ

Geç köňül, dünýäden, eýleme höwes,
Panydyr, hiç kime peýany bolmaz.
Jan guşy bilbildir, teniň bir kapas,
Bir gün uçar, daýym durany bolmaz.

Bir niçäni şalyk bile şat edip,
«Şähriýar» diýp, älem içre at edip,
Ajalyň elinden bir gün dat edip,
Gitdiler barysy, ýöreni bolmaz.

Ynsa-jynsa şalyk eden Süleýman;
Jemşid-u Isgender, hany Nowşirwan?
Hany Hak habyby – ol Fahry-jahan?
Gitdi bary, hergiz gümany bolmaz.

Galmady Darabyň, ne Şähriýaryň,
Hany ol Gülçehre, simin-yzaryň?
Hany şasuwaryň, zerrin hysaryň?
Hiç biriniň nam-u nyşany bolmaz.

Niçe mursal geçdi, niçe müň nebi,
Niçe balyg geçdi, niçe müň saby,
Hasyl olmaý, hiç biriniň matlaby,
Pany içre baky galany bolmaz.

Kimi gany kyldy, kimleri gallaç,
Ýoksuzy baýlara eýledi mätäç,
Gelse ajal bady, bolar näalaç,
Gitgisidir, ýagşy-ýamany bolmaz.

Maly-dünýe berip niçe müň gany,
Lagl-u jöwähirden bolup mesgeni,
Gitdi goýup kasry, köşki, eýwany,
Barganydan gaýdyp geleni bolmaz.

Dünýäge geleniň bary ýok bolar,
Gapyl adam bilmezlikden aldanar,
Ýygnanyň barysy dünýäde galar,
Hiç bir adam alyp barany bolmaz.

Kamaty serwi dek näzik bedenler,
Sibi-zenehdanlar, gunça dahanlar,
Gül ýüzli periler, simin-zakanlar,
Älemde şat bolup güleni bolmaz.

Ýok wepasy, dostlar, pany dünýäniň,
Ölinçäň terk etme haýr-u yhsanyň,
Barandan, gelmäge ýokdur imkanyň,
Ynan, bu sözleriň ýalany bolmaz.

Akyl oldur, meýl etmese dünýäge,
Sydk ile sygynsa Kadyr Allaga,
Magtymguly, her suraty-zybaga,
Bakmagyl, olaryň paýany bolmaz.

PYGAN EGLENMEZ

Bilbil hüjüm eýlän howaly baglar,
Bilbil senden gider, pygan eglenmez.
Ýagyşly, ýagmyrly, ümürli daglar,
Siller senden gider, duman eglenmez.

Adam ýaradylmyş belentli, pesli,
Akylly-pikirli, dälili, usly,
Ýigitlik bir göýä baharyň pasly,
Bahar senden gider, zaman eglenmez.

Gelene garşy çyk, bolsa mejalyň,
Ýagşy tutawergil niýetiň-päliň,
Dünýä döwranynda açyk tut eliň,
Döwür senden gider, döwran eglenmez.

Bu dünýä gowgadyr, bir galmagaldyr,

Kimi ber-hä-berdir, kim al-ha-aldyr,
Ýigitler, bu dünýä şuňa mysaldyr,
Bark urar asmanda, baran eglenmez.

Bir menzildir, üç gün iýip-içensoň,
Ornaşyp, giňrenip, biliň açansoň,
Üzeňňiň çekerler dört gün geçensoň,
Bäş günden ýokary myhman eglenmez.

Goýnun açar bir gün, ýer seni gizlär,
Gara gumdan dolar bu näzik gözler,
Adyňa buýsanma, çemenli düzler,
Çemen senden gider, seýran eglenmez.

Magtymguly, aýdar aryp dostuna,
Kim galar düşmeýen ajal destine,
Pelek bir gün salar ýeriň astyna,
Agyz dilden galar, zyban eglenmez.

PÄLI BENDÄNIŇ

Eý, ýaranlar, haram işe ulaşmaz,
Eger dürüst bolsa päli bendäniň.
Harama ulaşmaz, pise bulaşmaz,
Haka dogry bolsa ýoly bendäniň.

Täze ömrüň solar ajal badyndan,
Ahyr nogsan geler dünýä sudundan,
Boýny azat bola tamug odundan,
Haky ýat eýlese dili bendäniň.

Gabryňa salmazlar dünýä malyndan,
Ýüzi garar, jogap gelmez dilinden,
Kyýamat gün şikat eder elinden,
Zekatsyz ýygylan maly bendäniň.

Nebs hyýalda, köňül dünýä küýünde,
Ýol yrakdyr, agyr ýük hem boýunda,
Aýagy talapda, eli oýunda,
Ajal agzyndadyr bili bendäniň.

Magtymguly, her kim işin sap etmez,
Mälimdir ki ahyretden howp etmez,
Eziz teni ötgür oda tap etmez,

Ýa, Rep, niçik bolgaý haly bendäniň.

PÄL BILEN[1]

Eý ýaranlar şu bir beýle eýýamdyr,
Adamlary gezer ýaman päl bilen.
Döwlet gidip bidöwletlik gelendir,
Öý öýe ýagydyr iller il bilen.

Kazylary şerigata bakmazlar,
Derwüşleri «Hüw» diyp sena çekmezler,
Mollalary kelam sözne bakmazlar,
Sopulary gezer kyl-u kal bilen.

YRAK EÝLE ÖZÜŇI

Däli köňlüm, muhabbetsiz kişiden
Daş eýleýip, yrak eýle özüňi.
Söýeni söý, sen söýene bol rafyk,
Söýmedikden yrak eýle özüňi.

Gedi namart gitse, hyzmat bitirmez,
Gadyr bilmän, mert bahasyn ýetirmez,
Bir syryňy aýtsaň, içde ýatyrmaz,
Syrdaş olma, yrak eýle özüňi.

Kaşşak kişi zer berse-de has olmaz,
Hakdan howpy ýokdur, onda rast olmaz,
Boýnuň burup, arzyň aýtsaň dost olmaz,
Serhoş olma, yrak eýle özüňi.

Ynanmagyn şu namardyň diline,
Altyn-kümüş hyraç bermäň eline,
Çölde başyň taşlap gider ýoluna,
Ýoldaş bolma, yrak eýle özüňi.

Magtymguly diýir, dowa et derde,
Janym gurban olsun tanygan merde,
Agzy gülüp, kalby bulan namarda,
Gardaş olma, yrak eýle özüňi.

MAL ÝAGŞY

[1] Golýazmalarda goşgynyň yzy tapylmady.

Adam gadryn bilmän ýören adamdan,
Ondan ýene otlap ýören mal ýagşy.
Söz manysyn bilmän sözlän adamdan,
Ondan ýene sözlemeýen lal ýagşy.

Hudaýym saklasyn şerden, gahardan,
Minnetli aş ajy bolar zäherden,
Eý, ýaranlar, bir bazarsyz şäherden,
Ondan ki bir güwläp ýatan çöl ýagşy.

Her kimiň özüne Müsürdir jaýy,
Ýadyndan çykmaýyr baýramy-toýy,
Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy,
Agşam ýatyp, ertir şükrün kyl ýagşy.

Bihuda köp ýara gülüp sözleme,
Yşk oduna ýürek-bagryň duzlama,
Märekä barganda bijaý sözleme,
Söz sözleseň söz jaýyna sal ýagşy.

Bu dünýä diýgeniň köne saraýdyr,
Owwaly toý-baýram, ahyry waýdyr,
Bu dünýäde hemme bäş gün myhmandyr,
Bir-biregiň gadryn ýene bil ýagşy.

Bir biwepa ýara gülüp bakandan,
Şirin jany yşk oduna ýakandan,
Ýat illerde mysapyrlyk çekenden,
Ursa, sökse, horlasa-da il ýagşy.

Magtymguly, sözlegil sen her bapdan,
Bu dünýä tutdurmaz, çüýrükdir düýpden.
Aňyrsy gelmeýen gury, bat gepden –
Ondan ki bir şuwlap öten ýel ýagşy.

PAŞ EDER SENI

Içki syryň aýtma her bir namarda,
Syryň ile ýaýyp, paş eder seni.
Ogry-kezzap bilen obadaş bolma,
Malyňdan aýyryp, aç eder seni.

Sam-sam adam bilen oturma, turma,
Zynhar, namart bilen sen söhbet gurma,

Gadyrdan dostuňdan ýüzüň öwürme,
Barsaň, depesine täç eder seni.

Bir goç ýigit näzenine ýar bolsa,
Jemalyny bir görmäge zar bolsa,
Aralykda bir şum rakyp bar bolsa,
Ýagşy dostuň bilen öç eder seni.

Sopular ýaňylyp aýtmaz senany,
Säher tursaň, geçgeý barça günäni,
Aýtmawer gybat söz, etme zynany,
Dowzahyň oduna duş eder seni.

Magtymguly, ile ýaýdyň nesihat,
Zynhar, ýaman bilen bolmagyn ülpet,
Huda berse sagadatly bir perzent,
Garrygan çagyňda ýaş eder seni.

ÝEKÄNIŇ[1]

Agalar, dünýäniň peýany bolmaz,
Iş başa düşende, dogany gelmez.
Märekede oýnap, hiç göwni galmaz,
Arman bilen geçer saly ýekäniň.

Bir ýeke ýigidiň bilinmez işi,
Elinde mal bolmaz, göwnünde hoşy,
Ýassyk çekip ýatsa – agyrsa başy,
Gözünde ganly ýaş doly ýekäniň.

Ýeke-ýetim gaýgy-gamdan gutulmaz,
Meýlisler gurulsa, ady tutulmaz,
Onuň üçin hiç alada edilmez,
Gaýgydyr-külpetdir haly ýekäniň.

Barly ölse, uly ile ýaýrandyr,
Garyp ölse, onuň yzy weýrandyr,
Bu işlere akyl-huşuň haýrandyr,
Gömülipdir şeýle ýoly ýekäniň.

Magtymguly, ýalan-ýaşryk sözleme,
Nogsanyň içinden haýyr gözleme,
Egisgin derdiňi diýgin, gizleme,
Il-ulusdyr dosty-ýary ýekäniň.

[1] Goşgynyň başky bentleri golýazmalarda gabat gelmedi.

ZOR BOLAR

Ýagşylykda ile özün tanydan –
Alkyş alyp, derejesi zor bolar,
Ýaman bolup, ýagşylygy unudan –
Öz yzzatyn gidir, itden hor bolar.

Melul bolar myradyna ýetmedik,
Müýnli bolar Hak emrini tutmadyk,
Öz ryzkyna hiç kanagat etmedik,
Gözün diker, kişi aşyna zar bolar.

Her kim ýamanlasa deňi-duşuny,
Özi müşgil eder asan işini,
Kim dargatsa akyl bilen huşuny,
Eder işin bilmez, şermisar bolar.

Zehini keç bolar bady ýaňylan,
Biygtyýar bolar goly daňylan,
Göreşde ýykylan, jeňde ýeňilen,
Içi doly namys bilen ar bolar.

Gaýraty kem bolar gahary azyň,
Depgini pes bolar matamda sazyň,
Öýüne barsaňyz, bir binyýazyň,
Göwresi gysylar, köňli dar bolar.

Kim belany satyn alsa başyna,
Reşk edip, rakyplar geçer daşyna,
Tokuş etse kim başarmaz işine,
Söwdasyndan gele bilse, är bolar.

Soňun toba etmez ýaňylyp-ýazan,
Ot ýaksaň gaýnamaz bir gury gazan,
Pähm ediň, her ýerde bir päli azan,
Ýowuz musallata sezewar bolar.

Hazana dönüpdir ömrüm ter güli,
Nazaryn pes tutar ilden, bergili,
Biykbal, ýazykly, ýaman görgüli,
Uçraş gelse, bir ýamana ýar bolar.

Öňde, yzda görseň her kes gulamyn,
Ondan aýamagyn Taňry salamyn,

Kim okap unutsa Hakyň Kelamyn,
Kyýamat gün iki gözi kör bolar.

Haly müşgil bolar köýüp-ýananyň,
Imany şikest tapar haram iýeniň,
Kastdan roza, namazyny goýanyň,
Özi kapyr, biliň, jaýy dar bolar,

Magtymguly, sözle her ne bileniň,
Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,
Taraşlap, şaglatgyl köňle geleniň,
Senden soňkulara ýadygär bolar.

ZATY ÝIGIDIŇ

Aga-begler, älem üzre mugrabat,
Gerek synasynda zaty ýigidiň,
Rozygäri bolsa döwleti zyýat,
Şol gün ýakyn bolar ýady ýigidiň.

Goç ýigit ugrasa genji-nahana,
Bir zynat ýaraşmaz nä her mekana,
Maly zyýat bolsa, akyly dana,
Tartylar asmana bady ýigidiň.

Ýigit bolan rastguý gerek, düz gerek,
Kemally perzende, biliň, göz gerek,
Bikemaldan elli gerek, ýüz gerek,
Näkes bolsa, ýiter ady ýigidiň.

Goç ýigide medet berse perişde,
Çahar tarapyndan bolar serişde,
Abyraýda çemi gelse, her işde
Gerek synasynda ody ýigidiň.

Gül degresi neçün bolmasyn harsyz,
Ýigit bolan ýigit bolmasyn arsyz,
Ilsiz, garyndaşsyz, galsa gamhorsyz,
Eşdilmez hiç ýerde dady ýigidiň.

Delalaty köpdür, getirmez dile,
Arap at, ser jyda, almaz tyg bile,
Ogşan jennet içre gyrmyzy güle,
Gerek hoşroý perizady ýigidiň.

Magtymguly, bolsa ýigit hyrujy,
Adalaty bile diwan soryjy,
Her ýerde gerekdir köp pul beriji,
Göreldesi – hup ussady ýigidiň.

ÝAGYDYR-ÝAGY

Dünýä duşman durur, gapyl adamzat,
Mal bile öwlady ýagydyr-ýagy.
On sekiz müň diýrler külli älemi,
Günähi, pisady ýagydyr-ýagy.

Gul-garabaş, malyň, atyň-eşegiň,
At-ýarag, esbabyň, donuň-guşagyň,
Söýgüli hatynyň, oglan-uşagyň −
Dünýäniň bar zady ýagydyr-ýagy.

Byradarlar, başym gurban etseler,
Jomartlar aç bolup, gözden ýitseler,
Malsyz-halsyz gury ady tutsalar,
Ýigidiň şol ady ýagydyr-ýagy.

Dünýä bir saraýdyr, saz bile söhbet,
Sypahyga − destgäh, şalara − şöwket,
Şalardan aýlansa erkana döwlet,
Barysy aýlandy, ýagydyr-ýagy.

At garrasa, galar iýmden-baýrakdan,
Böri dişden galar, bürgüt — dyrnakdan,
Baýlar pis görüner guldan-gyrnakdan,
Bendisi, azady ýagydyr-ýagy.

Gara göz balalar bagryň badagy,
Janyňa beladyr hassasy-sagy.
Ýigitlik gülşeni açylan çagy,
Degse hazan bady, ýagydyr-ýagy.

Magtymguly, hakykatdan süz sözüň,
Bu gözüň diýgenin, etmez ol gözüň.
Mäsewany taşlap, goýgul mejazyň,
Bir Hakdan özgesi ýagydyr-ýagy.

ÝAÝLAHLARY BAR

Sapar edip barsak Nowşah mülküne,
Köňül isläni dek ýaýlahlary bar.
Seýran etsek gunçasyna, gülüne,
Bakjasynda bilbil oýnahlary bar.

Ýeri sazdyr, hassa bolan sagalar,
Arryk, müflis, garyp bolan oňalar,
Serçemen agajy bile deňeler,
Ajap guş salmaly awlahlary bar.

Meýdany doludyr şeker gamyşdan,
Dileg etmez hergiz gardaş gardaşdan,
Üsti ýapyglydyr kümüş kerpiçden,
Her kimiň özi çün suwlahlary bar.

Baş goşmandyr arryk, agsak şa bile,
Atdyryp dogan-le, baz-le gapyla,
Şirwan galasydyr, ony kim bile,
Her burçunda altyn baýdahlary bar.

Magtymguly, sazdyr, söhbetdir işiň
Ajaldan, gaýrydan bolmaz teşwüşiň,
Baýlaryň, pakyryň, ähli derwüşiň
Ýurdy bolar ýaly parsahlary bar.

ÝAT BOLAR

Muhammet ymmaty malsyz bolmasyn,
Malsyz bolsa, dogan-gardaş ýat bolar.
Gaçar agaň, iniň bolmaz hatyraň,
Guwanar duşmanyň, dostuň mat bolar.

Garyp aýak ýalaň, kendir guşakdyr,
Bir märekä barsa, orny aşakdyr,
Garyplar at münüp, depse – eşekdir,
Döwletliler eşek münse, at bolar.

Bir dileg dileseň, möhümiň bitmez,
Dostuň yhlas bilen mürewwet etmez,
Märekede aýdan sözüň jaý tutmaz,
Diňlemezler, aýdan, sözüň bat bolar.

Göreş bir abraýdyr, uruş bir destdir,

Kişini kemsiden – özi näkesdir,
Bir mömine gybat etmek hebesdir,
Gybatkeşiň gazanany ot bolar.

Magtymguly, şükr eýlegil Hudaga,
Ölüm barabardyr şah-u gedaga,
Bisabyr gul tiz ýolugar belaga,
Sabyrly gul dura-bara şat bolar.

ÝARAŞMAZ

Hoş tämizli beg oglunyň näştesin,
Sygyr ýatagynda kylmak ýaraşmaz.
Goşun serenjamyn, il serişdesin,
Padyman ogluna bilmek ýaraşmaz.

Eger habar alsaň gepiň teýinden,
Diňleseň diýeýin janym öýünden,
Aryplar ýanynda dünýä peýinden,
Awaralyk eýläp bilmek ýaraşmaz.

Ýagşydan ýaman iş çyksa bolar geň,
Akly, görki Alla gaýyrmamyş deň,
Towşan derýa dözmez, şor suwa − harçeň,
Humsuň ülkesine dülmek ýaraşmaz.

Her sözüm bir dürdür gadryn bilene,
Doga etmek delalatdyr ölene,
Uçarda, gaçarda – garga, gulana,
Ýedi ýüz ýaşaman ölmek ýaraşmaz.

Her kimiň ne mukdar bolsa yhlasy,
Ol mukdar açykdyr Hakyň dergahy,
Bir ýerde jem bolsa jahan derýasy
Güm-gümüň rigine dolmak ýaraşmaz.

Her kime el bermez dürri-galtany,
Aş barka dost gazan, at bar – ýol tany,
Rumuň tagtyna − Hebeş soltany,
Käbe metjidine galmyk ýaraşmaz.

Magtymguly, köýdi bagrym ot bolup,
Dünýä gelen gidejekdir mat bolup,
Özün bilmeý, oýun edip, şat bolup,
Ýashana ýerinde gülmek ýaraşmaz.

ÝÜZ URSAŇ

Doga kylsam, dergähe duş gelermi,
Säher turup, Biribara ýüz ursaň.
Ýa, Rep, berhak dosty hoşwagt bolarmy,
Bir köňül çün ýüz hünäre ýüz ursaň.

Säher turup, nalyş kylsaň Hudaýa,
Güne gol göterip, ýalbarsaň Aýa,
Döwlet üçin baksaň döwlet humaýa,
Genç üçin syhr okap, mara ýüz ursaň.

Gark olsaň derýaga, duş gelseň derde,
Tama üçin açma ýüzüňden perde,
Katlan, dileg etme gedi namarda,
Işiň düşüp, dosta-ýara ýüz ursaň.

Namarda ýüz ursaň, işiň gaýyrmaz,
Itden sümek islän bir zat aýyrmaz,
Tilki özün günde bir hem doýurmaz,
Ýegdir, aç hem bolsa, şire ýüz ursaň.

Magtymguly, gerçe bagtyň şor bolar,
Möwlam nazar salsa, döwlet ýar olar,
Gam senden sowular, derdiň du:r olar,
Kemal han owgan dek äre ýüz ursaň.

ÝAKANÇA BOLMAZ

Her sepile saçma derdiň, sözüňi,
Hasrat ody jismiň ýakança bolmaz.
Gussa bile däne-däne gözüňden,
Eşki-nedamatyň akança bolmaz.

Kanyg bolup, yzzatda tut özüňi,
Tama kylyp, sargartmagyn ýüzüňi,
Her namarda haýp eýleme sözüňi,
Sözüňniň binasyn ýykança bolmaz.

Magrur olup gezme ömrüň gülüne,
Sowrular sen bir gün hazan ýeline,
Ýüz ýaşaýyp düşseň ajal eline,
Sagyňdan soluňa bakança bolmaz.

Süleýmandan artyk bolsa şöwketiň,
Lerzana getirse gögi haýbatyň,
Göwsüň üzre gürzi üzer riýetiň,
Ajalyň jellady kakança bolmaz.

Köňli gara bilen bolmaňlar ülpet,
Ýokar ondan dürli-dürli kesapat,
Herçent ki kömüre eýleseň yzzat,
Alnyňa garasy ýokança bolmaz.

Magtymguly hergiz tapmady aman,
Dil ýamany tygdan, teberden ýaman,
Ýaman dil ýanynda zähri çoh ýylan,
Çaksa-da bir çybyn çakança bolmaz.

ÝELDIM TUT

Dünýä görmeý, tutgun galsaň bir künçde,
Bady-paý dek ýer ýüzüne ýeldim tut.
Çyn-Maçynda, Rumda, Hindde, Hebeşde
Bolan-bolmuş hünärleri bildim tut.

Aç hem bolsaň, barma ile dilege,
Diý: «Köşkde men, başym barmyş pelege»,
Çölde galsaň hiç tapmaýan kölege,
Erem bagy içre saýa buldum tut.

Aş göreňde, özüň atma tullanyp,
Gerçe aç hem bolsaň, halka bellenip,
Zer dökübän, çyn gullary goldanyp,
Tiz hem ölseň, Nuh ýaşyna geldim tut.

Mätäçligiň Hakdan özge bilmese,
Ol rozygär besdir, açdan ölmese,
Hindi kimin egin-örtiň bolmasa,
Patyşalyk puşeş çigne saldym tut.

Suwa, ýele hökmi geçen Süleýman,
Bak, olardan ne nam galdy, ne nyşan,
Teşne galyp, jaýyň bolsa çölüstan,
Derýa içre men Isgender boldum tut.

Ýoldaş bolsaň dile düşmez mur bile,

Ferş tapmaýyn, bile ýatsaň mar bile,
Ýigrim alty keret, ýüz müň är bile,
Karun hazynasyn gola aldym tut.

Magtymguly, çekseň jepa, jebir, bil –
Hudaga hoş geler, şükür-sabyr bil,
Gylça jana gyzyl teni gabyr bil,
Gyzyl diliň sözlär eken, öldüm tut.

ÝAR EÝLÄR

Aklyň bolsa, ýagşylarga hemdem bol,
Akmak özün nadan bile ýar eýlär.
Hak aşyklar näzli ýaryň jemalyn,
Bir görsem diýp, gije-gündiz zar eýlär.

Näge syrym bolsa, aýdar men merde,
Kerwen ýata bilmez gorkuly ýerde,
Uly namyslarda ýaramaz derde,
Namart öýde sähel işi ar eýlär.

Namart külpetinden galyp men derde,
Köňlüm jaý tapmaýyr bir pynhan ýerde,
Maly köp diýp, myhman bolma namarda,
Jomart herçent gallaç bolsa, bar eýlär.

Namart öz öýünde merde söz aýdar,
Hak oňa kär etmez, tanapyn dartar,
Goç ýigit mal tapsa, hümmeti artar,
Namart baýadykça, köňlün dar eýlär.

Magtymguly, imdi özüňi gözle,
Haýyr işiň artdyr, ýamany düzle,
Aklyň bolsa, märekede az sözle,
Köp söz seni il içinde har eýlär.

ÝETER SEN

Gelen geçer, gonan göçer, adamzat,
Ýöri, sen hem bir menzile ýeter sen.
Ýalançyda ýegdir galsa ýagşy at,
Bu dünýäge gelmiş bolsaň, öter sen.

Gapyl adam ýada salsa asylyn,
Pelek goýmuş ajal atly masylyn,

Gelen-geçse, eken-biçse hasylyn,
Orta ýerde sen ne işler tutar sen.

Jepa goýma, käýitmegin bu janyň,
Serişdesi hiç tutdurmaz jahanyň,
Terpendikçe, derdi artar dünýäniň,
Gadam goýsaň, göwräň birle batar sen.

Joşgun geldi, hetdin ýardy, söz aşdy,
Bu ýollardan dogry baran düz aşdy,
Bihuda imesdir ömrüň güzeşti,
Her çäştiňe bir günüňi satar sen.

Aldamaga al kumaşyň, sim-zeriň,
Güzergähin tutup durmuş bu ýeriň,
Germ eýlediň, pelek, sen bu bazaryň,
Mälimdir ki, bu söwdada utar sen.

Magrur olup bu dört günüň dirligne,
Ebet galma kyýamatyň horlugna,
Ynanmagyl bu dünýäniň barlygna,
«Bar, bar» bilen, ýok bolar sen, ýiter sen.

Magtymguly, başyňda ýüz köý bardyr,
Aýry menzil, aýry mekan, jaý bardyr,
Lahat atly dar, düşeksiz öý bardyr,
Ol öý içre tä kyýamat ýatar sen.

ÝETMEÝIN GALMAZ

Yhlas bile bir kämile gol beren,
Ýeter bir menzile, ýetmeýin galmaz.
Derýa içre ýüzen, çöllerde ýören,
Dem hasabyn tükel etmeýin galmaz.

Çünki geldiň bu ýalançy jahana,
Aýagyň garamaý, bakdyň asmana,
Pelek bazarynda iýdigiň nana,
Adam ogly ömrün satmaýyn galmaz.

Hemrazym ýok, baryp syrym açara,
Derdim togtaşara, odum öçire,
Dünýä bir menzildir gelip-geçere,
Bu menzile gelen, gitmeýin galmaz.

Pelek tomaşakär asmana çykyp,
Adamzat mal üçin ýüregin ýakyp,
Dünýä aždarhasy dem bile çekip,
Jümle-jandar tohmun ýuwtmaýyn galmaz.

Magtymguly, bu dünýäniň döwletin,
Gelen görer-çeker ölüm mähnetin,
Mydam ýörüderler ajal şerbetin,
Bu şerbetden hiç kim datmaýyn galmaz

YHSAN HAÝSY, BILINMEZ

Derdim köpdür diýarymdan, döwrümden,
Haýyr haýsy, yhsan haýsy, bilinmez.
Zalymlaryň jepasyndan, jebrinden
Yslam haýsy, iman haýsy, bilinmez.

Söhbetinde Hak Kelamyn söýlän ýok,
Mejlisinde bir nesihat eýlän ýok,
Halal haýsy, haram haýsy, saýlan ýok,
Sud haýsydyr, zyýan haýsy, bilinmez

Halaýykda görelde ýok, görüm ýok,
Baýlarynda sahawat ýok, berim ýok,
Aýallarda uýat, gyzda şerim ýok,
Edep haýsy, erkan haýsy bilinmez.

Kişiniň malyna gözün aldyrlar,
Täsip edip, köňle kine doldyrlar,
Bir-birini nähak ýere öldirler,
Nurbat haýsy, aman haýsy, bilinmez.

Magtymguly, jan myhmandyr, göwre − läş,
Ýagşa dost köp, ýaman bolsaň, ýok gardaş,
Bu eýýamda baş aýakdyr, aýak − baş,
Ýagşy haýsy, ýaman haýsy bilinmez.

YKBAL BOLMADY

Köp ýigitler gelip, geçdi jahandan,
Niýetine görä ykbal bolmady.
Gerdişi keç gahba pelek elinden,
Ertiri şat bolan öýlän gülmedi.

Günde kepen biçer bu ajal − haýýat,
Bir beladyr, hiç gutarmaz bu saýýat,
Pelle-pelle aşak düşer adamzat,
Bu gün gördügimiz ertä galmady.

Nesihatym diňle, eşit bu sözi,
Bir degişhanadyr dünýäniň ýüzi,
Ajal ýetip, adam ýumulsa gözi,
Göýä bu jahana geldi, gelmedi.

Humaýun gorganyn saldyran Harun,
Hany dünýäni dört bölen Feridun,
Kyrk şähri gyzyldan dolduran Karun,
Gözi gumdan doldy puldan dolmady.

Magtymguly haýran, her ýana bakar,
Bu ne gudrat işdir, suwdan ot çykar?!
Ýagşy oguldan rehmet arygy akar,
Näletkerde ogul dogdy dogmady.

AÝRYLMADYMY?

Nurundan ýaratdy iki ezizi,
Bugdaý iýp, behiştden aýrylmadymy?
Üç ýüz ýyl agtaryp, sergezdan bolup,
Adam Howasyndan aýrylmadymy?

Adam ata haj eýledi baş bilen,
Ýüzün ýuwdy gözden akan ýaş bilen,
Kabyl urdy ol Habyly daş bilen,
Ini agasyndan aýrylmadymy?

Owwal-a Ýer ýüzi kapyrda boldy,
Nuhuň azap suwy jahana doldy,
Musulman bolanlar kiştige mündi,
Kengan atasyndan aýrylmadymy?

Pygamber, patyşa − halypa bolup,
Goluna möhr alyp, nesihat kylyp,
Bir güni köňlüne men-menlik gelip,
Dawut kyrk oglundan aýrylmadymy?

Dawut öldi, perzendine ýer galdy,

Hudaýymdan oňa bir ýüzük geldi,
Nurdan bolan ol ýüzügi döw aldy,
Süleýman tagtyndan aýrylmadymy?

Hakyň Özi bilen sözleşen Musa,
Ol wagtda ýok idi onyň dek resa,
Bibi Meryem ogly hezreti Isa,
Gaçyp, kapyrlardan aýrylmadymy?

Ybraýym pygamber dünýäge geldi,
Arzuw-arman bilen Hajary aldy,
Köp ot ýakyp, kapyr ol oda saldy,
Nemrut öz gyzyndan aýrylmadymy?

Ýakup aglap, ejiz boldy gözünden,
Hiç peýda tapmady aýdan sözünden,
Arzuwly ýaryndan, gül dek ýüzünden,
Ýusup Züleýhadan aýrylmadymy?

Pygamber, Çaryýar ýaşyn dökerden,
Şyhlar müridinden, şalar nökerden,
Toty hemrasyndan, zenbur şekerden,
Bilbil gülüstandan aýrylmadymy?

Magtymguly, tälim algyl ussatdan,
Bu dünýäde her kim geçer bir atdan,
Leýli Mejnunyndan, Şirin Perhatdan,
Wamyk Uzrasyndan aýrylmadymy?

ÝAR ÇEKER

Taňry söýen Muhammediň ymmaty,
«Bismilla» diýp, owal Haky ýar çeker.
Biimanlar hergiz görmez jenneti,
Dowzah içre köp azaby-nar çeker.

Gam çekip ahyret öýün gazanlar,
Hakykaty, şerigaty düzenler,
Jepa çekip Hak ýolunda gezenler,
Säher turup tagatlaryn ir çeker.

Adam ogly kyýamat gün bolanda,
Möminiň günäsi galmaz teninde,
Pul-Syrat üstünden, heýhat gününde,

Sopulary keramatly pir çeker.

Ter açylan gyzyl güller solanda,
Ezraýyl adamyň janyn alanda,
Kyýamat ahyry magşar bolanda,
Süýthor bile çilimkeşler nar çeker.

Saparkeşler uzak ýoldan gaýdanda
Agyr ýükli şütürlerni haýdanda
Göhert çöküp ýüki galsa meýdanda
Mazlamasyn hatardaky ner çeker.

Meýdan era sap-sap uruş gurulsa,
Tasap-tasap arap atlar urulsa,
Bir goç ýigit galsa boýny burulsa,
Onuň aryn alp ýürekli şir çeker.

Kimse gezer Biribara ýalbaryp,
Kimse gezer hakykatdan ýol görüp,
Bir biçäre ýat ýoluksa telmuryp
Onuň işin gaýet gerçek är çeker.

Magtymguly işiň düşse mert bile,
Namart batyr bolmaz, jedel-şert bile,
Duş gelende hemra bolsaň gurt bile,
Her çent bolsa at üsünde ar çeker.

ÝERBE-ÝER GEÇDI

Elli müň ýyl döwran süren Benijan,
Dünýäde galmady, ýerbe-ýer geçdi.
Ýüz ýigrimi garyn perzent getiren
Adam Howa bile serbe-ser geçdi.

Hak Özi başlaýyr ýola bendäni,
Ýola girip umytly bol sen-däni,
Şis bile Keýumers geýen jindäni
Rüstem, Zal geýibän, galandar geçdi.

Döwleri bent edip, dine getiren,
Süre-süre, bu dünýäden ötüren,
Zemine-derýaýa hökmün ýetiren
Süleýman sypatly Isgender geçdi.

Işa ogly Dawut älemi sürdi,
Hak oňa Zeburyň kelamyn berdi,
Hezreti Dawudyň huzur şägirdi,
Alty müň alty ýüz ahenger geçdi.

Köpleri geçirmiş bu köne jahan,
Ahyry ynsandyr, öňi Benijan,
Magtymguly aýdar, galmady ýegsan,
Ýüz ýigrimi dört müň pygamber geçdi.

IGLÄRLER

Sag-salamat, sermest bolup gezen jan
Dört belanyň birisinden iglärler,
Ýa sowukdan, ýa yssydan guryr gan,
Ten üstünde tebipleri eglärler.

Ryzk wekili geler ryzkyň ýok edip,
Göwräňi guradyp, ýoluň bek edip,
Demiň perişdesi demiň tükedip,
Iliň-günüň özge ýurda çaglarlar.

Egsikleriň saç ýaýarlar, baş döküp,
Ýary-dostuň ýyglaşarlar ýaş döküp,
Gardaş-dogan katlanarlar aş döküp,
Gonsa, göçmez − karar ýurda baglarlar.

Habar düşer: «Pylan kimse ötdi» diýp,
«Çyragy söndi» diýp, «Güni batdy» diýp,
«Bu dünýäden o dünýäge gitdi» diýp,
«Alla rehmet etsin!» diýip dargarlar.

Kim bardyr ki, pelek bagryn ezmemiş,
Göwresin gyýmamyş, köňlün bozmamyş,
Magtymguly, dag-deryalar dözmemiş,
Bu dessurdyr, aýralyga aglarlar.

ÝETIŞSE

Eý, Hudaý-a, bize bir towfyk berseň,
Synamyza yşkdan bir dag ýetişse.
Sydk ilen dillerme toba iberseň,
Säher didelerim oýag ýetişse.

Säher turup yşkyň kitabyn açsam,
Okap-okap, dürri-manylar saçsam,
Kyrklar-le[1] jem bolup, pyýala içsem,
Künji meýhanada aýag ýetişse.

Bir mürşit etegin tutsam, aglasam,
Yşk oduna jany-jismim daglasam,
Sydky-dilden Haka köňül baglasam,
Kyýamat zaýyrdan bir sag ýetişse.

Ýagşylar yzynda ýörsem dowamat,
Parz-u wajyp, terk etmesem hem sünnet,
Erenler ýolunda tartyp muşakgat,
«Şypa ber, Resul!» diýp, sedag ýetişse.

Ylmy-kal, ylmy-hal baryn jem etsem,
Şerigat ýolunda daýym göz etsem,
Nebsi şeýtan – dünýä hyrsyn terk etsem,
Şeraban tehuran bulag ýetişse.

Niçe ýyllar ýördüm haý-u höwesde,
Barça kylan işim boldy ebesde,
Gark olup dünýäge, galdym kapasda,
Toty kimin terki-duzag ýetişse.

Kadyr Eýäm bu gamlardan gutaryp,
Hatarlyk jaýlardan aman ötürip,
Pazly bilen barça işim bitirip,
Hüýr-u gulman içre pyrag ýetişse.

Ysrapyl sur urup, halklar dirilse,
Ähli älem arasata sürülse,
Şepagathah Resul münädi kylsa,
Magtymguly diýip sorag ýetişse.

KÖP JAN GEÇIPDIR

Nadan köňlüm, ölüm üçin gam iýme,
Senden owwal gelip, köp jan geçipdir.
Ýalan dünýä peýan berendir kime,
Ençe ýagşy, ençe ýaman geçipdir.

[1] Bu ýerde erenler, pirler, keramatly kişiler, kyrk çiltenler göz öňünde tutulýar. Aslynda «çilten» diýmek «kyrk kişi» diýmegi aňladýar.

Hany Adam ata, Howa enesi,
Hany din babamyz − Halylullasy,
Hany Musa Kelim, mugjyz hasasy,
Gähi köprük, gähi ýylan geçipdir.

Isgender, Süleýman patyşa boldy,
Hyzmatynda döw periler jem boldy,
Ne gulgula hem diwanlar guruldy,
Ençe şahy-sahypkyran geçipdir.

Isa geçdi, demden jan berip murda,
Eger açsa Ýusup ýüzünden perde,
Gören bihuş bolup, ýatar şol ýerde,
Şeýle husny mahy-taban geçipdir.

Anhezret − Hak Resul Magraja aşdy,
Asmanlar derbe-der gapysyn açdy,
«Kaby-kowseýn» baryp, Haka gowuşdy,
Şol serweri-iki jahan geçipdir.

Abu Bekr geçdi ryýazat bilen,
Omar patşa boldy adalat bilen,
Osman geçdi Gurhan tilawat bilen,
Din gylyjyn çalyp, Arslan geçipdir.

Hasan, Huseýin diniň enweri, mahy,
Hany Patma Zähra − hüýrleriň şahy,
Gudrat bilen dörän nury-Ylahy,
Şeýle mugjyzatlar mundan geçipdir.

Görüň, ne jenanlar yşka ulaşdy,
Ömrüni zaýalap, hara bulaşdy,
Ah urup, aýralyk derdinden geçdi,
Delmura-delmura girýan geçipdir.

Ne gözeller geçdi husny hüýr ýaly,
Göýä on dört dolan Aýdyr mysaly,
Ne aşyklar geçdi uftada haly,
Olaryň yşkynda haýran geçipdir.

Ne ülkeler galdy weýran boluşyp,
Ili-halky ziri-zöwran boluşup,
Baýguşlar guklaşyp, itler uwlaşyp,
Ne şirler galypdyr, jeýran geçipdir.

Hany hile bilen mallar ýyganlar,
Hany öýler doly sim bilen zerler,
Hany sandyk, hokga, lagl-u göwherler,
Hemme salyp, äşkär, nahan geçipdir.

Ne ýagşylar geçip, söhbetler tutdy,
Ne döwranlar gelip, hoş bolup ötdi,
Ömrüň ötdi, ýaşyň ýetdi, hal gitdi,
Magtymguly, senden döwran geçipdir.

ÝEL BILE

Göz, köňül, dil, akyl − galdy bu dördi,
Jan watan arzuwlap, turdy ýel bile.
Terhosym bar, gel, terk etme bu ýurdy,
Eşret sürgün, söhbet gurgun gül bile.

Bir ajap menzildir, umydyň üzme,
Gönüňi sowutma, watan diýp gyzma,
Dükanyň dagytma, bazaryň bozma,
Ten mülkünde birniçe gün gal bile.

Myhman bolduň bu dünýäniň öýüne,
Köňül berip gitme onuň küýüne,
Başyň baglap, meşgul eder oýuna,
Gitseň bermez, aldap gezer dil bile.

Munda gul bol, bar ol jahan seniňdir,
Elwan nygmat, täze birýan seniňdir,
Behişt, Byrag, hüýri-ryzwan seniňdir,
Asy adam, dogry gelseň ýol bile.

Pelek goýmaz, bu gezdigiň saraýda,
Gurt bile koý mydar etmez bir oýda,
Dünýä doly gazna ýygsaň ne peýda,
Çyn mal oldur – jaýna berseň el bile.

Gögi büküp, ýazsa ýeriň ýüzüni,
Gurt gaňrylyp, gapa bilmez guzyny,
Mübärizler tuta bilmez özüni,
Pil hem durar baglasalar gyl bile.

Magtymguly Hak gullugyn bitirse,

Är ol bolar – emrin berjaý getirse,
Möwlam Özi diwan üçin otursa,
Peşe turup, dawa urar pil bile.

MIR OLUR

Muhannesden bolur muhannes piser,
Namartdan mert olmaz, mertden mir olur.
Ýigit ussadyndan öwrense hünär,
Hem dogasyn alsa, işi haýr olur.

At araby bolsa, meýdanyn gözlär,
Ýigit goçak bolsa, uruşdan sözlär,
Duşmana at goýsa, gaýtarmaý ýüzler,
Ol ýigit harbasy − ýaýy-tir olur.

Towazug pişe kyl bolup ba edep,
Ömür döwletiňe bil ony sebäp,
Ata, ene hyzmatyn iste roz-u şeb,
Doga alsa kişi, ýaşap, pir olur.

Böri bolmaz tilki bilen şagaldan,
Miwe bolmaz ekseň her bir nahaldan,
Nesebe ynanyp, galma amaldan,
Munda amal taňla saňa ýar olur.

Şalyk eýläp, sürsün bäş ýüz ýyl döwran,
Kämine aýlansa bu çarhy-gerdan,
Kasryn kişi kylsyn manendi-ryzwan,
Ne sud erer, ahyr hoja ýer olur.

BINÝAT ILEN

Adamdan dünýäde galsa bir nyşan,
Öçmez ady onuň şol binýat ilen.
Harap olmaý galmaz binýady-mekan,
Ne sut erer oňa gurug at ilen.

Ölümiň pikriden bolmagyl gapyl,
Köp pikr etgeý ony kim erer akyl,
Dünýä binýadyna goýmagyl köňül,
Ýykar ajal bir goplasa bat ilen.

Ömrüň olsun bäş ýüz ýyldan zyýada,
Rekabyňda duşman ýörsün pyýada,

Özüň hem sowsandan bolgul azada,
Sapar kylguň bir gün agaç at ilen.

Bir gün gabryň görüp, nifret eýlär sen,
Dünýäniň eşretin neçün dilär sen?
Pelegiň oýnuny bir gün görer sen,
Garyndaş edende seni ýat ilen.

Akyl kişi goýmaz Taňryny ýatdan,
Ygtybar eýlemez hazyn-u şatdan,
Magtymguly, bir gün gitgüň dünýäden,
Wadaryg-a, daryg-u heýhat ilen.

IL BOLMAZ

Her süfläge jan çekmegiň ebesdir,
Dunhümmetden saňa hergiz il bolmaz.
Bossan seýri her adama höwesdir,
Her sebzeden, reýhan deýin gül bolmaz.

Muhannesiň hergiz bolmaz köňli sap,
Merdiň işin görüp, eýlemez ynsap,
Öwla, onuň köňül tutanyň mugap,
Namarda mert olan kişi il olmaz[1].

Başyňa gelenin bendeden görme,
Eger adam bolsaň, bihuda ýelme,
Ýagşylara eriş, keýinden galma ,
Bu ýolda dag ile hergiz çöl bolmaz.

Gybat bile ýüzüň derisin soýma,
Hergiz şeýtan bile nebsiňe uýma,
Zynhar, är sen, Hakyň ýadyny goýma,
Hakyň ýadyn aýdan adam, bil, ölmez.

Razy bol adyňa ne ýazsa takdyr,
Magtymguly, düýşi ýagşy kyl tagbyr,
Adam bolsaň, berme adyňa tagýyr,
Kişige bu ýoldan ýagşy ýol bolmaz.

ÖTENSOŇ

[1] Bu ýerde «Mert bolan kişi hergiz namart bilen il bolmaz, ylalaşykda bolmaz, ylalaşmaz, oňuşmaz» diýen manyda gelýär.

Guwanmagyl bu dünýäniň malyna,
Malyň munda galar, özüň ötensoň.
Bary galar waryslaryň goluna,
Paýlaşarlar ajal ýakaň tutansoň.

Bary ötdi deňiň bilen duşuň ýok,
Metjit bile, mährap bile işiň ýok,
Roza bile, namaz bile hoşuň ýok,
Ne diýer sen ol menzile ýetensoň.

Diş dökülip, çonak bolar dyzlaryň,
Ogul-gyza ýokmaz aýdan sözleriň,
Dünýä höwesinden doýmaz gözleriň,
Gözüň doýar aýyň-güniň batansoň.

Eý, adamzat, bir gün otda ýanar sen,
Bir şişe sen bu gün-saba synar sen,
Bir gün bolar, agaç ata müner sen,
Tura bilmeň gum astynda ýatansoň.

Kuwwat gaçar, bil büküler, huş gider,
Seniň bilen bolan deňi-duş gider,
Magtymguly iki eliň boş gider,
Il ýygnanyp tabytyňy tutansoň.

SÖÝMEK BILÄNI

Yşkyň ody hyruç alyp batlanar,
Hiç sönmeýir, ýarym, söýmek biläni.
Gaýta başdan dert atyna atlanar,
Hiç gitmez gapymdan kowmak biläni.

Bedasylda akyl bolmaz, dert bolmaz,
Müň tilki ýygylsa, ýeke gurt bolmaz,
Namart kişi tä ölgençe mert bolmaz,
Taryp eýläp, ony öwmek biläni.

Ýagşy ýigit gadryn öz ili bilmez,
Başyna iş düşse, ýanyna gelmez,
Ol mert ýigit zarlar, derdi egsilmez,
Dat eýläp, ýa, ilim, diýmek biläni.

Balykçylar aýdar: "Saldan doýum ýok",
Namart myhman görse diýer: "Öýüm ýok",

Bil, ynsan ogluna maldan doýum ýok,
Ýagşy geýip, ýene iýmek biläni.

Aýdyň dostlar, zemin haçan ganarmyş,
Ýaman niýet bilen pälden dönermiş,
Adam ogly ýeke onda dynarmyş,
Ol amanat janyn bermek biläni.

Dünýä, aklym ýetmez, beýle ýeser sen,
Golsuz tutar sen-de, ýüpsüz asar sen,
Pyragy, diliň ýyg, diliň keser sen,
Ak don geýip, ýere girmek biläni.

GARA DAŞDAN AÝRYLSA

Gara daşly, seri duman bu daglar
Toprak bolar, gara daşdan aýrylsa.
Sil bolar, agdarlyp akar bulaglar
Çille dolup, garlar gyşdan aýrylsa.

Dünýäde bir gowga uzakdan bolar,
Göz gowasy gandan, bak ýaşdan dolar,
Gurhan görmeý gezen pirler aç galar,
Ili undyp, seri peşden aýrylsa.

Çoh diýer men: dünýä galdy ýamana,
Rehim etmez boldy, gör, musulmana,
Laçynlar pel-pelläp galar asmana,
Haram ölen porsy läşden aýrylsa.

Zynahor sylamaz ilin-ýurduny,
Gaýra teser, görse äriň merdini,
Adam ogly diýe bilmez derdini
Ýürek ýanyp, çeşmi ýaşdan aýrylsa.

Namart juwanparaz haly zebundyr,
Merdi görse ýyglar, gözleri hundur,
Dosty garyp düşse, mertler mejnundyr,
Namart dost istemez aşdan aýrylsa.

Ýurt derdine gider ilde merdanlar,
Namart gaçyp barar, bakyň, ýaranlar,
Mal diýip ýurt gezer bahyl-nadanlar,
Gussa batar gözel düýşden aýrylsa.

Namart-zenan gepde hiç durky bolmaz,
Wezirler nadandyr, bir erki bolmaz,
Güler ýüzli ýaryň hiç görki bolmaz
Syýa zülp, gara göz, gaşdan aýrylsa.

Bezirgenler mydam ýola bil baglar,
Nadan ötse yrak giden il çaglar
Magtymguly, Haky ýatlar, gan aglar
Şa, gedalar akyl-huşdan aýrylsa.

BAŞ ÝAGŞY

Aýak, golsuz galyp, maýyp bolandan,
Gülle degip, alyp giden baş ýagşy.
Kärsizlikden gam öýünde bişenden,
Çenden agdyk sere düşen iş ýagşy.

Kelle goýup saldyk hanyň galasyn,
Eşitdik ahy-zar, misgin nalasyn,
Golda saklap bolmaz jeren balasyn,
Hemra kylmak üçin toty guş ýagşy.

Nakyl bardyr: «Ganar bolmaz ýarydan»,
Adamzat ýagşydyr gulman, periden,
Çoh işleri başdan salan garrydan,
Sözleşmäge, iş kylmaga ýaş ýagşy.

Ulag bardyr uzak ýollar geçmäge,
Şerap gözel meý-mest bolup içmäge,
Rahat seredip, göwün açmaga,
Daň säherde bir görülen düýş ýagşy.

Eşek göwni hoşdur çoh bolsa saman,
Gyş paslynda daglar bürener duman,
Gulaksyz, gözsüzlik, dilsizlik ýaman,
Aş iýmäge barçasyndan diş ýagşy.

Ylym-alym, baryp soraň arapdan[1],
Hywa hany suw ýuwudar Lebapdan,
Tagamsyz lukmadan, arak-şerapdan,
Göwün isteýip bir iýilen aş ýagşy.

[1] Bu ýerde arap dilinde «ylym» hem «alym» diýen sözleriň ikisiniň hem bir kökden gelip çykýandygy ýaňzydylýar.

Pyragy — dünýäde galan maýypdyr,
Üç ýüz altmyş eren — bary gaýypdyr,
Goç ýigide ýekelik-de aýypdyr,
Mert gardaşy üçden, dörtden, bäş ýagşy.

ÝAŞLAR IÇINDE

Daglar goja galsa, derýalar — silsiz,
Ýa, Repbim diýerler, ýaşlar içinde.
Dahan ýalňyz düşse, bir barmak dilsiz,
Ne çäre eýlesin dişler içinde.

Garry güýçden galar, ýigitler huşdan,
Saýýat awdan galar, laçynlar guşdan,
Şada akyl bolmaz, akmaklar başdan,
Köp hyýal kylarlar düýşler içinde.

Dokuz kelam okan iliň sopusy,
Jaýy belli imes, kanda gapysy,
Iki göws arasy — juwan sapasy,
Garaguş mekany läşler içinde.

Tokaýlar bir zaman peleňsiz bolmaz,
Hindi jandan öter, pilinden galmaz,
Gazak geçi söýer, goç, gäwmiş almaz,
Mekany bolarmyş göçler içinde.

Magtymguly, sakla uzyn diliňi,
Ýerin tana, mäkäm bagla biliňi,
Bahar pasly öwüsdirme ýeliňi,
Ýel mekany bolar gyşlar içinde.

KERWEN ÇYKAR

Bizem düşdük indi kerwensaraýa,
Goşun baglap ýola bu kerwen çykar.
Kimse geler zary eýläp haraýa,
Idegin ýitirip, bir sarwan çykar.

Gezseň bu dünýäde çoh höwes eýläp,
Dostlar bilen her dem bir meýlis eýläp,
Bir gün dem gutarar, beýtin ýas eýläp,
Salam berip, öňden bir zemin çykar.

Ýasyňy tutarlar üýşüp köp bende,
Hiç kesiň umydy bolmaýar sende,
Ak don geýip, molla geler her günde,
Tekrar eýläp, saňa ol Gurhan çykar.

Repbiňi soraýyr soragçy gelip,
Sen gidersiň bu panydan aýrylyp,
Gardaş-dogan, hemme galar zar bolup,
Aga-ini, naçarlardan hun çykar[1].

Pyragy, şükr edip, köp dessan ýazgyn,
Haka galan borjuň deprenmeý üzgün,
Byradarym, bäş gün mest bolup gezgin,
Bir gün dem gutarar, tenden jan çykar.

AZARY BELLI[2]

Eý ýaranlar, bu ýalançy dünýäde,
Her kimiň özüne azary belli.
Ne sende ýazyk bar, söýgülim, mende,
Her haýwanyň suwlar güzeri belli.

Giň ýalançy meniň üçin zyndandyr,
Kimlere açlykdyr, kime döwrandyr,
Sabr eýleýiň, dostlar, Hakdan permandyr,
Namartlaryň mertden bizary belli.

Ozal adam bu dünýäge gelmese,
Gelenden soň gaýgy-elem bilmese,
Uzak ömür sürse, asyl ölmese,
Ol zaman Ezraýlyň nazary belli.

Pany dünýä, neçün ýokdan bar boldum,
Kysmatym ýamandyr, sende hor boldum,
Bir günüm hoş geçse, erte zar boldum,
Pelegiň eýlegen nisary belli.

Aýlanar gerdişler, öter bu günler,
Janda ne kuwwat bar, titreşer tenler,
Ýat boldy Gurhanlar, ýatypdyr dinler,
Dünýäni bir sülsat basary belli.

[1] Bu ýerde «gözlerinden gan-ýaş akar, gözlerinden ýaş ornuna gan döküler» diýen manyda.
[2] Golýazmalarda goşgynyň soňky bentleri tapylmady.

Hata gitdim, sabrym köpdür işiňe,
Sen hem öz guluňy algyn huşuňa,
Aly pirim, aýlanaýyn başyňa,
Kapyra bulagan şemşiri belli.

Bu dünýäde ýagşy-ýaman bir boldy,
Mert ýigit ýat boldy, namart är boldy,
Güýç-güýç ýeten boldy, köpler zor boldy,
Molla-işan gaýry teseri belli.

Kysmat tartyp, ol jaýlara barylar,
Pul-Syratdan ötüp, behişt görüler,
Günä tartan mizan terez gurular,
Jan alyp, jan satan bazary belli.

SYN BILEN

Gözel alsaň, aryplara gulak goý,
Syratyn sözleýir ýagşy syn bilen.
Uzak ýola düşüp, namart ýörmegil,
Ne iş kylsyn gury pyçak gyn bilen?

Namart deňin görse, gyzar, öwüner,
Dogry ýol salar-da her gün döwüner,
Mertler söweş heňin çalsa, sögüner,
Çünki gabat gelmegendir gan bilen.

Namartlara döndi ýalan zamana,
Mert goluna düşse goýmaz amana,
Bahyl tumşugyny tutar asmana,
Haramdan ýygylan tylla-kän bilen.

Ýagşy zat ýitmese, gözläp idelmez,
Mert ýanynda söweş tursa, güýdelmez,
Pukaralar adamdyr hem öýdülmez,
Garyp, sen gezer sen gury san bilen.

Söweş bolar ol gün namys arylsa,
Jeň dumany üýşüp, zemin ýarylsa,
Magşuk pakyr aglar, dostdan aýrylsa,
Mydam syrdaş bolup, ganly hun bilen.

Kişi namyslydyr el degse puşta,
Hiç kes oňa kylmaz dostluk rişte,

Şehitler gan bilen girse behişte,
Jomartlar baradyr aş-u nan bilen.

Baý bolup, döretseň altyn gabyňy,
Bir gün hemme biler seniň däbiňi,
Garyp düşseň, hökman açar aýbyňy,
Dost bolup ýaşaşsaň beýik han bilen.

Hany diýiň maňa: kim ýigit zory?
Bir zaman sözleşseň çohdur azary,
Jyda salmak — ol-da pelegiň käri,
Söweş kylyp, ol amanat jan bilen.

Şum aýralyk adamlara dakyldyr,
Ata-baba aýdar şeýle nakyldyr:
"Sözlemän oturmak, bilseň, akyldyr",
Pyragy, hemra bol gözel din bilen.

TUTA BAŞLADY

Süleýman tagtyna eýe bolanlar,
Tagtyn lämekanda tuta başlady.
Il içinde pälwan bolup galanlar,
Öýden çykman, her dem ýata başlady.

Namart gezdi, mala özün ýar eýläp,
Myhman alabilmez, baryn bar eýläp,
Mert ýigidiň göwni daýym zar eýläp,
Ykbaly, gör, laýa bata başlady.

Ne ajaýyp günler, öten döwranlar,
Barysy ýat boldy, aýlandy ganlar,
Ata çykyp, jelep-loly zenanlar,
Ýigitler deňinden öte başlady.

Gudratyndan düşdi pirler-işanlar,
Çäresiz, azarly galdy bu janlar,
Molla boldy her öň ýeten nadanlar,
Igi-guly hoja çata başlady.

Daglar başyn egdi, dökdi gözýaşyn,
Siller akyp, guşap aldylar daşyn,
Unutdy köp iller söwer gardaşyn,
Mal istäp, zenanyn sata başlady.

Nebisden galmady azan aýdanlar,
Hajy bolup Medineden gaýdanlar,
Suwa girdi ömür käri laýdanlar,
Ilatdan mallaryn tarta başlady.

Magtymguly, gorkym köpdür ýanymdan,
Habar sorar iller ýaňy donumdan.
.....[1]
Neýläýin, kararym gide başlady.

AMANA GELER

Mert bolar men diýseň, merde hemra bol,
Namart merdi görse, amana geler.
Zar kylar men diýseň, aha gulak sal,
Baýguş uzak uçmaz, weýrana geler.

Rüstem Zal dälmidi dünýäni alan?
Merdana-mert bolup, döwüşler kylan.
Rafyk dälmi söwer hemrasy bolan?
Namyssyz ýigitler gümana geler.

Nakyl bardyr: «Ten agyrsa, jan syzar»,
Kim görüpdir, uçan guşdan päl ozar?
Jojuk dogan güni penasyn gazar,
Soňra guýruk bulap, meýdana geler.

At alaňda sürüp alsaň çamany,
Gönnüňde goýmaz ol zerre gümany,
Hemra kylma gönni gara, ýamany,
Syryňy paş eýläp, diwana geler.

Hana hemra bolma, päliň azmasa,
Şa gyzyny alma, Huda ýazmasa.
Her dem ýörgül, birew ýoluň bozmasa,
Egri ýoldan gitseň, ýamana geler.

Misgin bolsun mydam seniň syrdaşyň,
Oldur ýürekdeşiň hem-de gardaşyň,
Ýowuz güne düşse bu ejiz başyň,
Oda bile ýanar, dermana geler.

[1] Bu setir golýazmada ýok.

Kazylar betpäldir, uzyndyr dili,
Bir lakgy çaşyrar ol küren ili,
Aksakgal baýlaryň azanda päli,
Bir geňeş kylmaga Karuna geler.

Meý mest bolup, gelen günüm ötürsem,
Hana arzym aýdyp, golum ýetirsem,
Göwünde islegim gola getirsem,
Gamda galan gönüm döwrana geler.

Daglar gojalandyr, dumany gitmez,
Şuny anyk biliň, namartlar ötmez,
Mert ýigidiň goly döwlete ýetmez,
Gaýta başdan hyýal armana geler.

Magtymguly, bu ne hyýal, ne päldir?
Bu ne nesihatdyr, ne uzyn dildir?
Göwün bir açylan gyrmyzy güldür,
Bu gün şatdyr, erte pygana geler.

ZAMAN GALMADY

Kim gam çekdi, kim aglady, kim güldi,
Eşretli bir gözel zaman galmady.
Kimiň bagty ýatdy, kimiňki galdy,
Hiç kimsä eşretli döwran galmady.

Kimiň saly uýgun ummanda akdy,
Kimse arz eýledi, kim hana bakdy,
Ençeler adyna Görogly dakdy,
Namysly, edenli pälwan galmady.

Kör boldy mollalar, ýapyldy ýollar,
Titreşer, Gurhana ýetmeýir gollar,
Rüstem Zal boldy her ýeten aýallar,
Ärine jür bolan juwan galmady.

Akly barlar tartdy özün kenara,
Garyp düşüp, galdy çykmaz azara,
Golun baglap, tutan saldy bazara,
Il içinde halyn soran galmady.

Magtymguly, gaýra çekgil özüňi,
Anyk bil, oýarlar iki gözüňi,

Diňlän ýokdur, zaýa kylma sözüňi,
Indi senden habar alan galmady.

GEREKDIR

Mert ýigidiň bolsa bir açyk göwni,
Ýagşylardan refti-amat gerekdir.
Eger bolsaň bir ülkäniň patşahy,
Owwal başdan bir sagadat gerekdir.

Dünýä diýip, ençe jan köýüp bişer,
Ençeler ýaş döküp, ýüregi çişer,
Şalar haznasyna altyn-kümüş üýşer,
Gözel tagta lagl-zeberjet gerekdir.

Özüň bakyp, habar algyn halyňa,
Gider bolsaň, dogry sürgül ýoluňa,
Duşmanyň hem düşer bolsa goluňa,
Owwal başda bir mürewwet gerekdir.

Pelek, seniň bolmaz söwer gardaşyň,
Kesafat-üflasdyr tutan syrdaşyň,
Adam ogly, pany dünýä ýoldaşyň,
Güler ýüzli kaddy-kamat gerekdir.

Adam ogly, başyň bendi-görgüde,
Bogulyp galyp sen çykmaz bergide,
Misgin düşen bir biçäre ýigide,
Hakdan medet hem hemaýat gerekdir.

Pelek özün atmyş dünýä daşyna,
Ajal matasyny orap başyna,
Hak sylaýyp, hümmet merdiň ýaşyna,
Ilden-günden ol ybadat gerekdir.

Asal bendi boldy arap zybanda,
Weýsil Kara arman tartdy dendanda,
Ýer astynda, ajap behişt-ryzwanda
Dirizerge aby-haýat gerekdir.

Peýdasyz köýdürdim nara çoh janlar,
Aýlandy gerdişler, ötdi döwranlar,
Permanlary rowan hanlar, soltanlar.
Il-ulusa bir adalat gerekdir.

Tapsam, bolsun başym gurban mertlere,
Lukman çäre tapsyn gelen dertlere,
Magtymguly aýdar, merdan mertlere
Ýaradandan iman-hümmet gerekdir.

GYŞ GOÝAR

Ýigit men diýip, ýaz paslyňa guwanma,
Ýazyň alar, ýaz ornuna gyş goýar.
Ölüm bardyr, diriligňe daýanma,
Janyň alar, jesediňi boş goýar.

Süleýmanyň hökmi bar bolsa sende,
Yns-u jyns salama gelse her günde,
Ömrüň ahyrynda, ýeriň düýbünde,
Adamzat ejizdir, ýalňyz baş goýar.

Gulluk hasyl bolmaz reňňiň solmasa,
Özi ölmezinden owwal ölmese,
Haka gulluk etseň, hiç kim bilmese,
Bihabardyr, ýol üstünde goş goýar.

Bu dünýäniň lezzetinden el göter,
Sen ondan ötmeseň Ol senden öter,
Bahyl iýmez, içmez, nanyn bek tutar,
Jomart ogly aş üstüne aş goýar.

Magtymguly, haram işe baş goýsaň
Müň gün aç bolar sen bir güni doýsaň
Nebsiňi yzzatlap, şeýtana uýsaň
Iman bilen abyraýdan daş goýar.

BILI BOLMASA

Her kim suluw men diýr, olmaz ygtybar,
Sünbül saçy, gylça bili bolmasa.
Ýürekleri at başy dek batyrlar,
Hatynça ýok, at-ýaragy bolmasa.

Näleri görjekdir bu şum köňüller,
Hazan ursa, solar açylan güller,
Bag içre saýraşan şeýda bilbiller,
Torgaýça ýok, gonar güli bolmasa.

Sözlese, her ýana joşardy diller,
Arkadan ýel össe, joşardy siller,

Gökde garkyldaşan ýaşylbaş guşlar,
Haly harap düşer köli bolmasa.

Ahyr bir gün bolar ahyrzamany,
Ysrapyl sur çalsa, bolarlar pany,
Gyrgy gören guşlar almaz awuny,
Guş ganaty, tüý, guýrugy bolmasa.

Guşlar uça bilmez guýruk-ganatsyz,
Aşyk ýara ýetmez dady-perýatsyz,
Bir bedew hanazat bolar syýaksyz,
Guýrugy, käkili, ýaly bolmasa.

Ahyrzaman bolsa, şyhdan päl gaçar,
Kelamyň ýüzünden hat galmaý öçer,
Ýabandaky suwsuz aryga ogşar,
Her kimiň sahawat-haýry bolmasa.

Başyň goşma gadyr bilmez betzada,
Goşsaň goşgul başyň bir asylzada,
Bir ýagmazak bulda meňzär howada,
Her kişiniň hümmet, haýry bolmasa.

Magtymguly, bildiň, mundag zamandyr,
Hälä sudy bolsa, soňra zyýandyr,
Är ýigidiň içi doly armandyr,
Gara göz, ince bil ýary bolmasa.

BILE MYHMANDYR

Adam ogly, ömre bolmagyl maýyl,
Ýigitligiň dyza, bile myhmandyr.
Ýene Hak ýolunda bolmagyl kähil,
Basan gadamlaryň ýola myhmandyr.

Mekanyňdyr häki-zemin guçar sen,
Bir kerwen sen – diýaryňa göçer sen,
Möwsüm güli solar, guryr öçer sen,
Owazyň sem bolar, tile myhmandyr.

Kimseler Hak diýer, kimse saz bile,
Kimse humar bile, kimse baz bile,
Garkyldaşyp gezen hoş owaz bile,
Ýaşylbaş sonalar köle myhmandyr.

Görüň, dostlar, bu sözümde ýalan ýok,
Bir garybam, nesihatym alan ýok,
Magtymguly, meniň derdim bilen ýok,
Derdimiň dermany dile myhmandyr.

ÝOL ALAR

Ýola gitseň, ýoldaşyňy düzetgil,
Bolsa bir namazhon, işiň ýol alar.
Ýoldaşyňdan köňlüň nädürüs bolsa,
Bolsa bir binamaz, işiň ýol almaz.

Duçar bolup alym bile ýörene,
Nesihat sözlere gulak berene,
Uzyn boý, hoş sakal, ýüzi nurana,
Şoňa duçar bolsaň, işiň ýol alar.

Duçar bolsaň ýüz-müň bela bakana,
Synasynda gybat odun ýakana,
Reňňi sary, ak göz, gaşy çakana,
Şoňa duçar bolsaň, işiň ýol almaz.

Duçar bolsaň: «Ýa, huw!» diýen gedaýa,
Bihuda ötürme ömrüňi zaýa,
Çola ýerde dym-ak sakaly ýaýa
Şoňa duçar bolsaň, işiň ýol alar.

At alsaň gyr algyl, mekrudyr ak ýal,
Kitapda görüner çaman — garagol.
Orta boýly, gyrmançaý-u gara çal,
Şoňa duçar bolsaň, işiň ýol almaz.

Syparyşym bolsa ol deňe-duşa,
Hydyr gören gider köp uzak ýaşa,
Uzyn boýly abdal şar gara kişä,
Şoňa duçar bolsaň, işiň ýol alar.

Magtymguly, diýsem men a:ma-hasa,
Bisähet gün dogan beterli ýasa,
Şekilsiz, betnyşan, ýylmanak köse,
Şoňa duçar bolsaň, işiň ýol almaz.

DUMAN GÖTERLER

Serin duman tutan bu belent daglar,
Gojalyp, serinden duman göterler.
Bilbiller saýraýan howaly baglar,
Hazan urup, serwi-reýhan göterler.

Uly jemagatlar, uly geňeşler,
Göwündeş syrdaşlar, naçar, gardaşlar,
Gam tagtynda geňeş guran teşwüşler,
Tagty synyp, hökmi rowan göterler.

Bulanyp ýöreýen ne ajap siller,
Alnynda bent gurar, ösdürmez ýeller,
Kesmez akyl, söz sözleşmez bu diller,
Pelek urup, gözel suhan göterler.

Hany, ol Isgender, dünýäni alan,
Rüstem-u Zal ötdi − gylyjyn çalan,
Hezret Aly atasyna zor salan,
Mertler wepat boldy, pälwan göterler.

Karuny ýuwutdy bu gara zemin,
Ajal gowgasyndan dynmady Emin,
Ol uly Süleýman almady demin,
Derýalar gurady, umman göterler.

Ötenin sanadym, aklym çaşypdyr,
Hesibim gutardy, çakdan aşypdyr,
Magtymguly, aýym-günüm ýaşypdyr,
Sahypkyran, gözel iman göterler.

GÖZDEN AKAN ÝAŞYMA

Zemin jünbüş eýläp, asman lerzandyr,
Eý-ä, dostlar, gözden akan ýaşyma.
Behişt güli, dowzah, ataş-suzandyr,
Eý-ä, dostlar, gözden akan ýaşyma.

Azazyl goşuny saldy kastyma,
Nardan düşek goýdy, neýleý, astyma,
Perişdeler perwaz urdy üstüme,
Eý-ä, dostlar, gözden akan ýaşyma.

Harteçjal ot saçyp, çözdi goluny,
Urdy dowzah ody, tutdy ýoluny,

Nuh çykaryp umman içre salyny,
Terpendirmeý durdy gözde ýaşyma.

Eminler ne derman, ne çäre tapar,
Rehim eýlän bolmaz, kim üstün ýapar,
Paý astyna salyp kylarlar sapar,
Bezirgenler sürüp gözde ýaşyma.

Magtymguly, bu pelekden zar eýläp,
Lukmany görmedi ol azar eýläp,
Duçar boldy ýüregimde nar eýläp,
Gider boldy durman gözde ýaşyma.

SÜRDI-DE BARDY

Pelek golun serdi dünýä malyna,
Eýesiz eýledi, sürdi-de bardy.
Ýagşy-ýaman düşer bolsa ýoluna,
Soňun sanman, baryn urdy-da bardy.

Daga azy salyp, daşyn goparyp,
Deryany guradyp, suwun aparyp,
Ata çykyp, ynsy-jynsy ýapyryp,
Bir ujundan − baryn gyrdy-da bardy.

Üýtgetdi ençäniň ajaýyp keşbin,
Üflasa geýdirip, pirleriň peşin,
Bir süri güsbende gurduň söweşin,
Dahan açyp, baryn ýardy-da bardy.

Magtymguly, döküp ganly ýaşlary,
Zakgun eýläp, göwün islän aşlary,
Şehit kyldy ençe gözel başlary,
Pikr etmeýen, baryn serdi-de bardy.

ZAR IÇINDE TELMURYP

Namys-arsyz pelek, gardaş eýledim,
Tora düşüp, zar içinde telmuryp.
Tany bilmän namart syrdaş eýledim,
Ýalňyzlykda har içinde telmuryp.

Pelegiň çarhynda golum syndyrdym,
Gan içinde galyp, gözüm gandyrdym,
Janym, ykbal imanymy ýandyrdym,

Bu jahanda nar içinde telmuryp.

Ýüregim tolgunyp, hetden aşypdyr,
Zyndanda galypdyr, güni ýaşypdyr,
Desterhanyň «merdi» äre ogşapdyr,
Çäresiz ol zor içinde telmuryp.

Gel göwün, ukudan götergil seriň,
Emma ki golaýdyr ajal eseriň,
Magtymguly, gözden uçupdyr nuruň,
Ol behişdiň nur içinde telmuryp.

HYRATDAN AÝRYLSA

Owgan halypanyň sözün tutmazlar,
Tagty synyp, ol Hyratdan aýrylsa.
Perwanalar özün nara atmazlar,
Pelek urup, ýary − otdan aýrylsa.

Dünýäde kim misgin, kim maldan ganar,
Kimseler göçüşer, kimseler gonar,
Mert ýigitler aglap, namarda döner,
Ötgür gylyç, arap atdan aýrylsa.

Mert ýigitler söweş güni çapylar,
Gök damardan gyrmyz ganlar sepiler,
Polat bil bükülip, dyzlar epiler,
Är gojalyp, ol kuwwatdan aýrylsa.

Ykbal ýatsa, tutan işler müşgildir,
Dendan gitse, adam ogly gülküdir,
Peleň awlan mert ýigitler tilkidir,
Gardaş ötüp, ol gaýratdan aýrylsa.

Ýurdy weýran kylar gelse ýasawlar,
Periler, gojalar, ýok boldy döwler,
Mert ýigide abraý beren bedewler,
Hara döner ýal, guýrukdan aýrylsa.

Hylwatdan daş çykar ýerliksiz sözler,
Gaş düşer, kör bolar ol batyl gözler,
Mahy ýesir eden nowjuwan gyzlar,
Bigymmatdyr ol syratdan aýrylsa.

Pelek aldy il baryndan karary,

Salar boldy başa çykmaz azary,
Küle döner bolar aşyklar zary,
Bilbil zyban ol perýatdan aýrylsa.

Jeren aýra düşse watanyn çaglar,
Ýumrular, ýok bolar bu belent daglar,
Musulmanlar Haka ýalbaryp aglar,
Sahypkyran ol ymmatdan aýrylsa.

Çöken göwre gaýdyp aýaga galmaz,
Ýuwudar bu zemin holtumy dolmaz,
Ne gözel bolsa-da, gadyry bolmaz,
Hüýr periler ol uýatdan aýrylsa.

Göwün ne gözel zat daglardan aşar,
Adam aňmaz, bir gün imany çaşar,
Magtymguly, adam ogly gartaşar,
Göz göreji bir zürýatdan aýrylsa.

ÝOLLARA SARY

Söwdegär, bezirgen, jahankeşdeler,
Karardan aýrylar ýollara sary.
Dünýäni eýeläp ol öten Karun,
Gözün ýumup diýer: «Mallara sary».

Pelegiň üstünden hökmün ýöreden,
Gudrat bilen yns-jynsy döreden,
Demin urup, dagy-daşy ereden
Dahan açyp barmyş dillere sary.

Ýedi gün aglaýyp, gözünden galan,
Kyrk ineri tirkäp, rowana bolan,
Lagl gözläp, tylla, misden uýalan
Ussa Jebpar aýdar: «Illere sary.»

Günäsiz bendeler Hakyň ýanynda,
Azazyl galtaşar magşar gününde,
Bir närse goýan dek adam janynda,
Ezraýyl ugramyş illere sary.

Abady az bolan dünýä weýrany,
Dargatdy bazaryn, ýapdy dükany,
Älem intizardyr arap zybany,
Her kes istäp diýer dillere sary.

Weýrana dönüpdir ne gözel iller,
Solup zagpyran dek lam-elip biller,
Andalypsyz bagda ýetişen güller,
Goýnuny açarmyş ýellere sary.

Daglar kemerinden turan dumanym,
Egsildiň, göteriň meniň pyganym,
Magtymguly aýdar, dostum-ýaranym,
Däli göwün diýer çöllere sary.

MÄREKÄ BARMAZ

Utanmaz adamdan namart ýagşydyr,
Howatyr eýleýir, märekä barmaz.
Dendan — pena, zyban — dahan nagşydyr,
Leb bilen güwş hiç zybana ýaramaz.

Akylly az gürlär, gorkar dilinden,
Namart aýyp gözlär dogan ilinden,
Bilbil jyda düşse nowça gülünden,
Gülün arzuw eýlär, asala gonmaz.

Görüň, bu pelegiň maýsa orşuny,
Ýygnaýar ol çarhyň sowar harjyny,
Mert ýigitler atar, salar gyljyny,
Müň namart bolsa-da, bir merde sanmaz.

Pelek söwdatalap, jana hyrydar,
Çarhyn terse aýlar, älem bikarar,
Magtymguly, ýüregimde bir ot bar,
Bir aşykda munuň kibi ot ýanmaz.

GÖRER GÖZÜŇ — ILIŇI

Gel, göwün, men saňa öwüt bereýin,
Yrak kylma görer gözüň — iliňi.
Gymmatyn gaçyrma, ýerinde sözle,
Uzatmagyl her näkese diliňi.

Doga eýle, bir söz diýseň aşagyn,
Hormatlagyl gözel iliň uşagyn,
Ýazdyrmagyl, mäkäm eýle guşagyn,
Ýeri bardyr, ajap sakla biliňi.

Çagyrylmaz jaýda görünme, barma,
Başarsaň, sopynyň ýüzüni görme,
Pikir-zikriň dünýä malyna berme,
Karuna ogşatma, tutgun päliňi.

Sözüne ber jogap, her kes sorasa,
Özüň yrak eýle, namart ýörese,
Bir misgin telmuryp, ýyglap garasa,
Baha urma, mugt bergin malyňy.

Gorkma namartlaryň köp diýp sanyndan,
Gara görse, bary geçer janyndan,
Ugrun tapsaň, ötmäwergil ýanyndan,
Bahyllardan yrak eýle ýoluňy.

Akylly baş köpdür, akyl kesen azdyr,
Datma şerap, uzak içseň, ol azdyr,
Mert göwnünde daýym bahardyr-ýazdyr,
Mejnun umman içre salma salyňy.

Magtymguly, akyl başymdan uçdy,
Ykbalym ýatypdyr, döwletim göçdi,
Pir-kazylar para istäp, gol açdy,
Haram eýle, emma berme puluňy.

NEÝLESIN[1]

Dowzah ataşna ýanyp, perwana jan neýlesin,
Düşdi çille gahryna misgin urýan neýlesin?
Deşt içinde galdyň ýalňyz, dagy-umman neýlesin,
Sen kibi biçäräni dowzah-suzan neýlesin?

Hümmetiňden aýrylyp, terhos bilen ýyglar sen,
Ötdi ömrüň, ne akmak, öten pasly çaglar sen,
Bihuda aşyk bolup, jan-jigeriň daglar sen,
Seniň kibi gojalary Perhat, Mejnun neýlesin.?

Wasp eýleýip ýar suratyn sahawatyň babynda,
Görüpmi sen misginleri daýym eski tabynda,
Gazlar heman aýlanyp, uçar Köwser abynda,
Pany jahan gyrgydyr, jan-natuwan neýlesin.?

Magtymguly, sen ütelgi saýýat golun zar kylyp,

[1] Golýazmada goşgynyň başy tapylmady.

Teşwüş bilen gözel ömrüň ötürip sen har kylyp,
Biwepaga göwün berip, bir mynasyp ýar kylyp,
Akla inip aglar sen, indi puşman neýlesin.?

PÄL GALMAZ

Sözüme gulak tut, pany myhmany,
Göwsüň ýele tutma, sende päl galmaz.
Behişt hüýri, jan şähriniň gulmany,
Ne güler ýüz, ajap jugra hal galmaz.

Akylsyz diýerler uzak ýaşana,
Umydygär iller böwrün gaşana,
Nesip tartyp duçar bolar çaşana,
Barysy öýlener, ne gul, dul galmaz.

Göwünde isleginň goluňa gelmez,
He Hak aňar, ne-de erenler bilmez,
Tartar baryn zemin ýuwdar, uýalmaz,
Ne dagda gar, jülgesinde gül galmaz.

Pelek golun goşar dünýä baryna,
Bagyrtlar, duş geler adam zoruna,
Gör, Isgender, Jemşit düşdi toruna,
Süleýman wepatdyr, Rüstem Zal galmaz.

Aklym pana ýetmez, halym zebundyr,
Nalyş − lukmam, al şerabym hut hundyr,
Umman Jeýhun yşka ýanan Mejnundyr,
Ne Nežd dagy, ne Leýlisi, sal galmaz.

Magtymguly, diýdiň herne bileniň,
.....[1]
Soňun sanap gutarmadyň öleniň,
Ýoda ýiter, şol ýörelen ýol galmaz.

HANY GEREKDIR

Namys-arly, berkararly illeriň,
Bir döwletli merdan hany gerekdir.
Bir zünnarda gymmaty ýok billeriň,
Ajap humar-gyrmyz dony gerekdir.

[1] Bu setir golýazmada ýok.

Gymmatly hyýalyň, taban didaryň,
Daglaryň dumany, ýeli Hazaryň,
Namysly, döwletli bir gerçek äriň,
Ötgür gyljy, zor çamany gerekdir.

Magtymguly, halyn sorma şul gamyň,
Jepasy köp, sapasy ýok eýýamyň,
Iki dünýä byradary adamyň,
Göz-guwanjy ar-imany gerekdir.

TOBA EÝLEDI

Kapyrlar dözmeýen gözde ýaşyma,
Dine girip, Haka toba eýledi.
Öz dilimden gowga aldym başyma,
Il-ulus halyma toba eýledi.

Döwürler aýlanar, çarh pena bolar,
Niçeler ýazylar, niçeler galar,
Derdim görüp, gelin-gyzlar uýalar,
Yns-u jyns halyma toba eýledi.

Magtymguly, pelek etdi bilenin,
Goltugyna gysdy myhman gelenin,
Binamyslar görüp jahan hezilin,
Mertler bu halyma toba eýledi.

KÖP BOLSA

Akylsyzlar akyl gözlär, zeýrener,
Akly bolan diýer: «Aklym köp bolsa».
Mert ýigitler gylyjyna daýanar,
Namart tutabilmez, golda çöp bolsa.

Aryp gadryn bilmez duzsuz-nadanlar,
Müşgildir aýrylyp düşse dendanlar,
Biakyl, gezegen, nadan zenanlar
Işden jyda düşer, ilde gep bolsa.

San bardyr, hasapsyz bolan pidalar,
Her günün pikir eýlär ýören gedalar,
Haznasyn dolduran berkarar şalar
Günde bir öýlener, keýpi kök bolsa.

Niçe akdy, dünýä, sen diýip derler,
Barysy puç boldy, boş galdy serler,
Ýüzün sowup, gep alyşmaz çyn ärler,
Bir söý bilen ýagşy dosty çep bolsa.

Keramatly medreseýi-agzamlar
Ýapdy gapysyny, göçdi makamlar,
Ýaraşyga geler dürli tagamlar,
Daşdan dörän ajap görkli gap bolsa.

Namart gorkar goç ýigidiň adyndan,
Öýünde telmurar merdiň badyndan,
Dertli gullar ömür salmaz ýadyndan
Lukmanyny, kylan emi nep bolsa.

Dert zyýat bolmasa, dertli samramaz,
Ýetse akly biakyllar ýaňramaz,
Misgin düşen Magtymguly eňremez,
Ýüreginden gam-gussalar dep bolsa.

DERT NEDIR

Akyl, göz hem ykbal, iman dördüsi,
Jyda galsa, derman nedir, dert nedir.
Är ýigidiň bolmaz ýüzde perdesi,
Ykbal ýatsa, namart nedir, mert nedir.

Ýagşy derde düşer, aglar ýamana,
Namart gara görse, geler amana,
Nesip eýläp, münse ýörgür çamana,
Tana bilmez, başy nedir, art nedir.

Namart çaşyr, küren ile baş bolsa,
Aýbyn açar, öz ilinden daş galsa,
Serhoş bolan goç ýigide duş bolsa,
Salar gyljyn, üçi nedir, dört nedir.

Rüstem Zal at aldy, atlanyp atyn,
Ne zyýat iş etdi, diýiň, gaýratyn,
Peleň gazaplanyp ursa haýbatyn,
Dura bilmez, bars nedir, gurt nedir.

Magtymguly, aýla, pelegiň çarhy,
Tanar sen şol zaman duş gelen nyrhy,

Namardyň ýanynda ýok iliň parhy,
Pälin gözlär, mekan nedir, ýurt nedir.

GAM ÖÝÜNDE GALYP MEN

Ýigitligiň zory gidip dyzymdan,
Goja bolup, gam öýünde galyp men.
Yşkyň ody irip çykyp gözümden,
Küli bilen doly bolup galyp men.

Başym gamda galdy, huşum dargady,
Nežd dagyna çykdym, Mejnun gargady,
Diriler-mal, ölüler-jan sargady,
Başym çykmaz sargyt alyp galyp men.

Tapanym harç etdim, soňun sanmadym,
Yşk meýinden doly içdim, ganmadym,
Gamdan galyp, bir pygandan dynmadym,
Hazan uran gül dek solup galyp men.

Magtymguly, är ýagşysyn il tanar,
Aşy − dahan, söz ýagşysyn dil tanar,
Dony − göwre, ýeg zünnary bil tanar,
Aklym kesmeý — tana[1] bolup galyp men.

JAHAN ÖRTENER

Behişt ýerden çyksa asman üstüne,
Nury bilen jümle jahan örtener.
Pil biçäre düşse peşe astyna,
Uçabilmez, ýesir perwan örtener.

Gürbe muş golunda ýesire dönse,
Zeň göwhere, ýakut zeňe öwrülse,
Diriler jan bermeý, öli direlse,
Haka müň ýalbaryp, peýman örtener.

Namart ata çyksa, mert hara münse,
Daglar asman galyp, gök ýere inse,
Patma gerdan eýläp, ähidi synsa,
Sahypkyran hem musulman örtener.

Mynapyk äht baglap, ähdinde dursa,

[1] Bu ýerde göçme (ters) manyda «tanaýan, bilýän», ýagny «dana» diýilmekçi bolýan bolsa gerek.

Kör gözi açylyp, lal kelam sorsa,
Bat azm urup dagy, zemini ýarsa,
Tagty synyp, ol Süleýman örtener.

Magtymguly, synam doly ýaradan,
Rehim eýläp, emin kylsyn Ýaradan,
Namart aman eýlär gije garadan,
Aşda batyr, bak, desterhan örtener.

GALSA NEÝLESIN

Ykbal laýa batyp, döwlet sowulyp,
Baýlar misgin bolup galsa neýlesin.
Pelek torna düşüp, ömür bogulyp,
Gowasyn şum ajal ýolsa neýlesin.

Ümür gitse, ne gymmat bar daglarda,
Bir gowga tapylar ýagşy çaglarda,
Gyş gargyşy ýagsa gara baglarda,
Bilbil pakyr güli solsa neýlesin.

Namart gargyş eder merdiň ýaşyna,
Görse merdi gowga geler başyna,
Är ýigidiň nadan gelip gaşyna,
Gaýta başdan hemra bolsa neýlesin.

Çölde howalanar mydam dag aşan,
Öwüner, gep açar saly gartaşan,
Zar eýleýip, magşugyna sataşan,
Näzirgenip, ýar dolansa neýlesin.

Magtymguly, ýykdyň göwün şährini,
Tolgunyp ol şamar sokdy zährini,
Täleýiňe pelek tutmaz mährini,
Erse gaýgy-gamdan dolsa neýlesin.

ÝOLUN AŇLAMAZ

Hindi jyda düşse hemrasy pilden,
Öten günün, baran ýolun aňlamaz.
Karun aýra düşse gardaşy pälden,
Gözi doýmaz, dünýä malyn aňlamaz.

Agsak aýra düşse, agaçsyz galsa,

Ýol aňlamaz, garry hemrasyz bolsa,
Mert ýananda, daga azysyn salsa,
Gara daşyn, duman, silin aňlamaz.

Gutarmaz öňünden ajal eseri,
Aňlamaz paý-desti, duş gelse seri,
Ýanar-köýer adam ogly, digeri,
Ne şeýtan, ne eren pälin aňlamaz.

Çäresiz aşykdyr, magşuk daş galsa,
Ýürek ýanyp, sokur gözden ýaş gelse,
Mert ýananda, Jemşit oňa duş gelse,
Isgenderi, Rüstem Zalyn aňlamaz.

Ykbal ýatsa, iki dide gapylar,
Haýyr diýp ugran ýoly ýapylar,
Mert göwnünde birje kemlik tapylar,
Salar gyljyn, sagy-solun aňlamaz.

Magtymguly, dile dessan getirdim,
Hesret bilen günüm-aýym ötürdüm,
Arzy-halym arzymana ýetirdim,
Öter gider, aýy-ýylyn aňlamaz.

ÝARYŇ ÝAGŞYSYN

Gawunyň ýagşysyn şagal iýr bolsa,
Namarda duş etdiň, ýaryň ýagşysyn.
Hak her kime gaýry döwlet biýr bolsa,
Patyşa bagş etdiň zeriň ýagşysyn.

Binamysy dertden aman eýlediň,
Baran jaýyn meýlis-mekan eýlediň,
Durna, gaz mesgenin umman eýlediň,
Hindige bagş eýläp ýeriň ýagşysyn.

Akyl keser, göwün galkar her bapda,
Bars-göwheri bent eýlediň mahtapda,
Bedewi − parsyda, diliň[1] − arapda,
Bagyş kyldyň bady-şütrüň ýagşysyn.

Periler oýnaýan ajap çaglarda,
Gül, bilbil bendidir Erem baglarda,

[1] Bu ýerde Allatagalanyň kelamy – sözi bolan Gurhanyň arap dilindedigi ýaňzydylýar.

Gara daşly, gudraty köp daglarda,
Mekan eýläp goýduň garyň ýagşysyn.

Şalar aglar boldy, bagryn baş etdiň,
Aklyn aldyň, kör eýlediň, läş etdiň,
Magtymguly, diý, ne ajap iş etdiň,
Ýamana duş kylyp äriň ýagşysyn?.

HARY-ZAR BOLDUŇ

Adam ogly, gelip pany jahana,
Pelegiň golunda hary-zar bolduň.
Dahan açyp, gol ýetirdiň zybana,
Çoh sözlär sen, dile bir azar bolduň.

Ili göçer bolsa, ýiter ýollary,
Ne adamlar gezer, ne-de mallary,
Ençe zalymlaryň gyrnak-gullary,
Ol zalym golunda segden har bolduň.

Şalar misgin düşer, tapmaz dermanyn,
Watandan daş düşen islär mekanyn,
Ne sebäpdir telmurar sen, eý, janym,
Kaýda ot alyp sen, suzan-nar bolduň.

Her kim öz-özünden göwnüni beslär,
Hiçeler hak diýer, niçeler toslar,
Dag serinden baksaň göwün höweslär,
Deşt içinde galyp, bikarar bolduň.

Kimse bilmez ne gowga bar gaşynda,
Gündiz hyýalynda, gije düýşünde,
Adam ogly, ne kulahdyr başyňda,
Niçe eýýam gezip bihabar bolduň.

Kör ýanyndan aýdar: «Dünýäni görsem»,
Aýaksyz zeýrener: «Ýel deýin ýörsem»,
Misgin pakyr aýdar: «Uly toý bersem»,
Namart şaha diýer: «Isgender bolduň.»

Şalar adyl bolmaz, daglar — dumansyz,
Çöller gurtsuz galmaz, baglar — reýhansyz,
Kimler hülle geýer, ençeler donsuz,
Kimse açdyr, kim göwher bisýar bolduň.

Kimi jebir eýlär, kimseler asy,
Kimsäge murdardyr, kimlere yssy[1],
Zenana ýeg ýarar Gürgen howasy,
Daýym ol dert bilen rozygär bolduň.

Ençeler meýlisde istär jenany,
Kimler dahan açmaz tutar zybany,
Bisýar eýleýip sen harsydünýäni,
Ýüwrüp, päl yzynda sen süýthor bolduň.

Niçäni söýerler, niçe bigymmat,
Niçe parhyn bilmez, ne dindir, ymmat,
Niçe gözel tapar — mysaly surat,
Ýaranym, haýýara sezewar bolduň.

Bir pany diýerler ýalan jahana,
Ölene eýlärler ony bahana,
Niçe serwi ogşar boldy reýhana,
Hazan degip sowsan, ne murdar bolduň.

Niçe daýym bentdir, dünýäni gezmän,
Niçe galat sözlär, ýerden üzülmän,
Niçe ýegsan boldy, niçe bozulman,
Niçe sahypjemal, gör, haýýar, bolduň.

Kimler galat tapsa, haky sözlemez,
Kimse gözi bentdir, dünýä gözlemez,
Kimler syryn saklar, kimse gizlemez,
Sen, syrym, panyda, bak, äşgär bolduň.

Gojalar diýerler: «Ýigdelse salym»,
Niçe aýdar: «Gojalykdyr hyýalym»,
Ne ajaýyp gözel ol tirme şalym,
Namartlar bilinde sen zünnar bolduň.

Ne gaflat ukudyr, eşdilmez sesiň,
Ýolundan gaýdarlar, görünse pisiň,
Magtymguly, özüňçe ýok näkesiň,
Gullugynda ýörüp, hary-zar bolduň.

GUTULMADYM ZULMUŇDAN

Ykbalym keç eýlän, eý pany jahan,

[1] Bu ýerde şübheli ýa-da haram zatlaryň kimleriň haram hasaplaýandygyny, kimleriň bolsa onuň neneňsidigine üns bermän, özüniň bähbidine çapýandygy aýdylýar.

Har eýlediň, gutulmadym zulmuňdan.
Bu beren derdiňe tapylmaz derman,
Çekile bilmedim ýören ýoluňdan.

Göz güldürip, jeset bijan eýlediň,
Pälim urduň, alnym mizan eýlediň,
Içdigim asaldy, sen hun eýlediň,
Ne nadan men, alyp içdim goluňdan.

Hyýalym ýamandyr, şeýtandyr pälim,
Destim ganat baglar, bentdir bu golum,
Malym ýer ýuwutdy, keçdir ykbalym,
Gol üzüp men bu jahanda malyňdan.

Aklym-huşum gerdan içre çaşypdyr,
Nar roýuny görmän, janym bişipdir,
Ol abat salyňdan döwlet düşüpdir,
Umman içre galar boldum salyňdan.

Men bikarar idim, bir merdan geldi,
Merdany ideýip bir juwan geldi,
Tün gije jaýyma bir myhman geldi,
Ezmaýyş eýleýip, ötüp ýeliňden.

Ol ne kişi on bäş atyn tutupdyr,
Daýym ataş içre erkan ýatypdyr,
Çillesiz kemandan okun atypdyr,
Ne sebäpdir sözleýipdir diliňden.

Ol ne guşdur, uçup, gonmaz zemine,
Ýol görkezmiş Isa bilen Emine,
Argumak ýa piller düşse demine,
Ýüze bilmez, garkdyr onuň silinden.

Sekiz gün aglaýyp, on gün hun iýmiş,
Dili lal bolupdyr, ne kelam diýmiş,
Dünýäde pisady saýlaýyp söýmüş,
Gelipmişin gaçyp Azazylyňdan.

Ol dört gardaş daýym bir-bire tersdir,
Her biri bir pirdir, aýdany dersdir,
Hazan weýran eýlär, gyşy hebesdir,
Bir parçany tartyp almyş ýylyňdan.

Magtymguly, ne ajaýyp işler bar,
Jan matasyn satar, tapmaz hyrydar,
Ýyglaýyp, asmanda ol Perwerdigär,
Bikarar bolmuşdyr gözde sylymdan.

SOWRUP GIDIPDIR

Bu pany dünýäde kim bina eýläp,
Golunda baryny sowrup gidipdir.
Ençelere pelek, gör, günä eýläp,
Janyn jeset bilen gowrup gidipdir.

Niçeleriň ömrün ol perýat eýläp,
Niçeleriň, görüň, ömrün mat eýläp,
Niçeleri pany jahan şat eýläp,
Niçe şirin jany urup gidipdir.

Kimler döwlet bilen saldy minara,
Minara üstünde düşüpdir nara,
Kimiň gözi hums boldy bir hara,
Kimlere, gör, bedew berip gidipdir.

Kimseleriň zäher eýläp naharyn,
Ençeleriň syýa kylypdyr aryn,
Kimse görüp gelipmişin ahyryn,
Emma zemin jeset sorup gidipdir.

Kimse gülse, kimler ýaşlar gözlerin,
Kimler misgin, kim han eýlär özlerin,
Magtymguly, bahyl bolman, sözlerin,
Taraşlap, her kanda urup gidipdir.

GEZIP BAŞLADY

Kimseleriň laýdan çykyp ykbaly,
Jahankeşde bolmuş, gezip başlady.
Kimseleriň dargap ýygnaýan maly,
Güsbendinden gurtlar azyp başlady.

Mollalar galat diýr aýdan sözüme,
Syýa alyp, gara tartar ýüzüme,
Kylan käri dürtülip dur gözüme,
Gurhana hadyslar ýazyp başlady.

Namart ähli gorkar, ýokdur gaýraty,

Söweş bolsa, hara dönermiş aty,
Kimler tutar bolsa ýagşy niýeti,
Müftüler niýetin bozup başlady.

Kabul kylmaz bolupdyrlar azanym,
Derhasap alnynda gurup mizanym,
Aşyklara deger boldy suzanym,
Barysy telmuryp gezip başlady.

Süýthor bolmuş adamlaryň ýarysy,
Ýüreginden çykmaz boldy garasy,
Bu zamanda molla, müfti-barysy,
Zekat diýp illeri gezip başlady.

Gaýym ýapyşypdyr dünýäni tutan,
Bahyla dönüpdir zeminde biten,
Dessan eýlär boldy her alny ýeten,
Ençe kyssalary düzüp başlady.

Namart menem sil içinde akmasam,
Yşk imes men pany jahan ýakmasam,
Öler boldum bu gaflatdan çykmasam,
Gelenler barysy ozup başlady.

Ençe nesihaty eýlär zybanlar,
Neýlesin, zaryma düşmez haýwanlar,
Bu dünýäge gelen akylly janlar,
Özi paý astyny gazyp başlady.

Çykmyş pelek meger meniň kastyma,
Leşgerin uzatmyş dagy-pestime,
Magtymguly aýdar, meniň üstüme,
Elemiň leşgeri çozup başlady.

JAN EÝLEDIŇ

Ýa, Repbim, Jelilim, Kadyr Suhanym,
Toprakdan ýaradyp, Sen jan eýlediň.
«Kasasyl enbiýa» sahypkyranym,
Bagyş kylyp, il musulman eýlediň.

Biakyl nadanlar, mert dörän ärler,
Ol ýedi gat asman, ýedi gat ýerler,
Akyl sözlän diller, bikemal serler,
Her kime bir käri döwran eýlediň.

Kimi gark eýlediň düýpsüz ummanda,
Kimi basar bolduň ol nähak ganda,
Süleýman tagtyny gurup asmanda,
Her kime bir jaýy mekan eýlediň.

Kimse ömür sürer, görmez döwrany,
Kimse tylla bilen ýapar dükany,
Kimler terk eýleýip gözel mekany,
Her kime bir başga watan eýlediň.

Kimse misgin düşer, kimse Hatam Taý,
Kimse behişt görer, kime dowzah jaý,
Kimse ýalaňaçdyr, kim geýer serpaý,
Kimi toprak kylyp, bijan eýlediň.

Kim tutar buýrugyň, kim çykar ýoldan,
Kim jyda göz-gaşdan, kim galar goldan,
Kimse döwlet tapar ol haram maldan,
Kimlere gussany sen nan eýlediň.

At atlandy kimse ýaragyn besläp,
Kimler daga çykar boldy höwesläp,
Kim öýünde ýatdy döwletin isläp,
Kimi gussa bilen nadan eýlediň.

Kimi ýetim goýduň, kimsäni ilsiz,
Kimi kary kyldyň, ençäni dilsiz,
Ummany mest eýläp, çölleri silsiz,
Bagyrtlap, ol jaýy weýran eýlediň.

Hany ol asmanda tagtyn saldyran,
Dem urup döwleri asman galdyran,
Azym urup, dag keşbini solduran,
Süleýmany ryswa jahan eýlediň.

Magtymguly, sözüň gadryn bilmezler,
Nesihat eýleseň, golaý gelmezler,
Munda gelen aglar, uzak gülmezler,
Zeminiň astynda watan eýlediň.

GÜNLER HEÝ

Bir gysym toprakdan panyga inip,
«Ýa Hak, jan ber» diýip gezen günler heý.

Ýamandan daşlaşyp, ýegden utanyp,
Ýowuz bilen hemra bolan günler heý.

Çykyp geldim ýigitligiň ýazyndan,
Başym alyp gide bilmen bazyndan,
Yşk ataşnyň ýalňyz düşen közünden,
Şirin jana ataş salan günler heý.

Aklym kesmez, ne bela bar daşymda,
Hijran ody perwaz urar başymda,
Pelek oýnap şam-u säher gaşymda,
Ykbalyma pany gülen günler heý.

Bahyl adam hiç gaýnamaz gazany,
Gaşymda gurup sen bazy-mizany,
Ummandan göterlip pelek hazany,
Gül-günçasyn hijran çalan günler heý.

Yşk bilen tutaşyp, gaýnap, bişip men,
Pisada bazarna baryp, üýşüp men,
Pany jahan galat eken, düşüp men,
Ömrüm zaýa kylan, ýalan günler heý.

Azazyl oturdy, mündi salyma,
Yns görüp, tuýar kyldy halyma,
Neresse diýp, alar boldum goluma,
Gözlesem, golumda ýylan günler heý.

Magtymguly, haly bolupdyr derdim,
Mur halyma murguň yzyn eýerdim,
Namarda dönüpdir namysly merdim,
Bermediň olara peýan günler heý.

AKYL-HUŞ BILEN

Gel göwün, käriňden goluň götergil,
Ne jepaga düşdüň akyl-huş bilen.
Ýesiriň men, bu zulumdan gutargyl,
Dyza çöküp, ýyglar boldum ýaş bilen.

Ömrüm ötenini göre bilmedim,
Istediler[1] — jaýa bara bilmedim,
Ýowuz, ýalňyz gorkup ýöre bilmedim,

[1] Istemek (islemek) – çagyrmak.

Sezewar kylmadyň ol gardaş bilen.

Kuýaşym kör olmuş, serim sallar men,
Destim tuta bilmen, adam gollar men,
Her sabada nalyşymy ýollar men,
Hak gaşyna her gün irte çäş bilen.

Ugraýan ýolumda häzir bolup sen,
Ähtimal eýleýip, söweş salyp sen,
Gandyryp meýiňden, bihuş kylyp sen,
Daýym ýalňyz galar boldum noş bilen.

Kimse sözüm diňlär, kim derdim aňlar,
Kimler gepin açmaz, kim gepin soňlar,
Owazym daglara çyrpynar, ýaňlar,
Urar boldy pelek ol gerdiş bilen.

Gözlerim − görmedim, aklym − kesmedim,
Destim tutmaz, görüň, paýym basmadym,
Zaryma — efgana gulak asmadym,
Ömrüm uçup barmyş, bakyň, guş bilen.

Zulmuňdan ýygladym, naryňa ýandym,
Jemala wabeste kyldyň — guwandym,
Başym gama salyp, pana daýandym,
Etrapym gözlesem galmyş läş bilen.

Gözüm bagly, ötüp gitdim Eýrana,
Nesip tartyp düşer boldum Turana,
Pelek asyýasyn gurup hazana,
Sürer boldy, düşmän galdym baş bilen.

Apaty köp ermiş, hyýalym keçdir,
Altyn diýp tutdygym toprakdyr − puçdur,
Dünýäde gördügim zulmy-teşwüşdir,
Özüm hemra kyldym elem − iş bilen.

Bu ne gabahatdyr, ne ýagmyr ýagar,
Gerdişi aýlanar, mahytap dogar,
Dünýä dört pasyldyr, ýylda bir agar,
Daýym hemra bolup galdym düýş bilen.

Elemden gaçmyşam, sezewar hutun,
Jüpbäm gamdan boldy, iýdigimdir hun,

Kaýs, bakyň, boldy yşkynda Mejnun,
Leýli bendi kylmyş ýeke saç bilen.

Göwün istär, gezsem Çyn-Maçyn, Hyrat,
Diýerler: «Dowzahda gurulmyş Syrat»,
Gül ýüzünde hindi haly ne surat,
Ýaradyp sen nergiz dide, gaş bilen.

Bu panyga nähak men yhlas kyldym,
Jebrini sanmadym, köp höwes kyldym,
Göwnüm içre, bakyň, a:mu-has kyldym,
Pelek hemra kylmyş ol teşwüş bilen.

Agypdyr dünýäde ynsanyň saly,
Deprenmäge ýetmez onuň mejaly,
Içi otly, ýanar men Magtymguly,
Syrdaş bolup barar bir derwüş bilen.

SEN DEK NAMARDY

Dünýäni keşt edip, pelek, gezip men,
Bir ýerde görmedim sen dek namardy.
Derýa-ummanlara düşüp ýüzüp men,
Suwlarda görmedim sen dek namardy.

Wepa berip, göz güldürip durmaz sen,
Ençe käniň bardyr, birin bermez sen,
Adam oglun hemra kylyp ýörmez sen,
Bir ýurtda görmedim sen dek namardy.

Ömrüm pajyn aldyň bazar barmaýan,
Kimse ötüp gitdi hyraç bermeýen,
Ömür ahyr bir kararda durmaýan
Panyda görmedim sen dek namardy.

Başymda bir hijran, gelgeý sen indi,
Ýasymda oýnaýyp, gülgeý sen indi,
Magtymguly diýer, bilgeý sen indi,
Hiç ýerde görmedim sen dek namardy.

ENARY BARDYR

Adam ogly diýme sözläp ötmedi,
Panynyň bagynda enary bardyr.

Görenin sözleýip aýdyp gitmedi,
Jan matasyn satan bazary bardyr.

Hazana gurulmyş pany eýýamy,
Golunda götermiş hijranyň jamy,
Jeýhun bahry bilen Nili, Gulzumy,
Bir uly ummandyr, Hazary bardyr.

Desti, paýy bentdir, gide bilmeýen,
Tutdugy myrada ýete bilmeýen,
Hiç bir Lukman däri ede bilmeýen;
Jan şährinde hijran azary bardyr.

Bossanlaryň gunçasyny örteýen,
Turan, Bulgar, Çyn-Maçyny örteýen,
Haýwan, ynsan — barçasyny örteýen,
Ataşdan bir ötgür nazary bardyr.

Her dem ýanyp, ömür-ahyr sönmeýen,
Bir peri bar, ataş üzre ýanmaýan,
Haýwan, ynsan ürküp, daýym inmeýen,
Aby-köwser diýrler, güzeri bardyr.

Bir dessan sözledim goja çaglarda,
Bilbiller gojalmyş Erem baglarda,
Gudraty köp gara daşly daglarda,
Bihasap engury hem mary bardyr.

Erkan Haky ýatlap, erkin ýatmaz sen,
Myradyňa baky-ömür çatmaz sen,
Oýun kylyp, şu pelegi utmaz sen,
Ger ki utsaň, bilgil, gyzary bardyr.

Jebri-jepa çeker soltany derwüş,
Bihasap ýagmyrdyr, aýrylmaz teşwüş,
Bilmez diýip kylsaň dünýäde bir iş,
Alnyňda häzirdir, habary bardyr.

Aňy bolmaz diýrler garny açlaryň,
Orny ýokdur diýrler ýalaňaçlaryň,
Biziň iliň − ata çykan goçlaryň,
Ýörgür bedew hem zülpükary bardyr.

Gaçsaň gutulmaz sen, kowup ýeterler,
Gany bar dek çalyp ýakaň tutarlar,
Desti-paýyň baglap, lahat atarlar,
Beýtinler ýyglaýan ah-zary bardyr.

Magtymguly, çoh kärleri görüp men,
Gojalyp men, ygtyýarym berip men,
Tutsam diýip sepil — her dem ýörüp men,
Galat eken, dünýäň haýýary bardyr.

ÇYKA BILMEZ ÖÝÜNDEN

Namart merdi görse, gussaga batar,
Nähoş bolup, çyka bilmez öýünden.
Aýala dyzanyp, haýbatyn atar,
Haýbatyn çykarman ýatan jaýyndan.

Diýerler: — Çekipdir elem, hasraty,
Serinden düşmesin pany apaty,
Eşdip men, gelermiş ol Isa, Mäti,
Hak sylaýyp çykyp ýeriň teýinden.

Niçe merdan geçdi, tire daýanmyş,
Bu panyda ençe arman goýanmyş,
Hun bilen ýugrulan jigerim ýanmyş,
Bu zemine düşen günüň saýyndan.

Hijran geler boldy okuny atyp,
Niçe jany, görüň, zemine satyp,
Akmak pir, sen ýüzüň asmana tutup,
Näler alyp bardyň iliň baýyndan.

Soňun aňman, jiger-bagrym ýandyrdym,
Özüm içmeý, yşk meýinden gandyrdym,
Gözel ýarym, saňa salam gönderdim,
Hak sylaýan remezan aýyndan.

Müftüler sözüme toba kylypdyr,
Päl gözläp, Karuna hemra bolupdyr,
Diýdiler: «Zemine adam gelipdir,
Söweş eýläp çykyp lahat laýyndan».

Pelek oýun kylyp, ýyganyň aldy,
Her kime bir jany jerime saldy,

Isgender, Jemşitden, diýiň, ne galdy,
Bir sudur galdymy tagt-saraýyndan.

Adam ogly ötse hasratyň güni,
Ummandan çykarmyş ol Nuhy-nebi,
Istegim ýar berip, sylasa meni,
Günde ýüz öper men desti-paýyndan.

Göwnüm ykbalyna palyny atmyş,
Akybet ne işdir diýip ol ýatmyş,
Gül ýüzünde ajap hala sataşmyş,
Kowsam-da aýrylmaz ýaryň roýundan.

Diýerler: «Panyda bir daragt bitmiş,
Ol daragtyň seri asmana ýetmiş».
Lagly-merjen, altyn maksada ýetmiş,
Mekan eýläp galyp ýaryň boýnundan.

Çarhyn pelek aýlar, dost, gardaş galdy,
Biz seýil eýlegen jaýlar daş galdy,
Magtymguly diýer, akyl-huş galdy,
Serhoş bolup bu hijranyň meýinden.

PÄLIN DAGLARYŇ

Ençe zaman, biliň, gardaş bolar men,
Ahyry bilmişem pälin daglaryň.
Jülgesinden ençe reýhan alar men,
Bilbile bermişem gülün daglaryň.

Diýmäň özüm tapdym hekaýat toslap,
Seýrana çykmyşam akybet besläp,
Gije-gündiz oturyp men hasaplap,
Nuhdan ötürmişem salyn daglaryň.

Hasrat bilen daýym aglap köýüp men,
Asalyň ornuna zakgun iýip men,
Ser ýaýlada barça duman söýüp men.
Awlar boldum gözel malyn daglaryň.

Çille mesi gezdim ýazy-güýzünde,
Çal goçlaryn awlar boldum düzünde,
Gara daşda — Hak ýalkagan ýüzünde
Okar boldum men hyýalyn daglaryň.

Dünýä ryswa bolup çöküp ýatypdyr,
Jahanyň hyrajyn daşa satypdyr,
Pelek görüp, genji-käni ýuwdupdyr,
Iline bagş etmän balyn daglaryň.

Görenler aşnadyr, uly hat kyldy,
Namart barar bolsa, bak, pisint kyldy,
Ilini ýazgaryp, pany bent kyldy,
Bahar çagy joşan silin daglaryň.

Bahar-gyşy gitmez, serinden garlar,
Daga bakyp zarlar magşugyn ýarlar,
Döwş edip, jan alyp üstünde ärler,
Läş bilen baglady ýolun daglaryň.

Isgender ýol salyp, serinden gelmez,
Rüstem Zal kimsedir, gözüne ilmez,
Isa pata bermez, Hak rehm kylmaz,
Pelek bozdy, gör ahwalyn daglaryň.

Gara daşlar merdan derdine ýanmaz,
Ýuwudar merjeni, tylladan ganmaz,
Erkana açylar, bilbiller gonmaz,
Mara lukma kylmyş gülün daglaryň.

Pelek oýun eýlär, düşmez serinden,
Bir habar almaýar artyk derdinden,
Il-güni säherler turup ýerinden,
Alkyşlamyş ol ykbalyn daglaryň.

Jülgesinde mesdir ol çapgyr atlar,
Roýun görse ýyglar ýomut, öwlatlar,
Dünýewi, sergerdan, türgen saýýatlar,
Güzerinde urar owlagyn daglaryň.

Üstünde görmüşem duman bazaryň,
Jülgesinde gördüm abyň güzerin,
Magtymguly her dem salyp nazaryn,
Unutmazmyş bu jemalyn daglaryň.

PELEK BEREN DÖWRANA

Adam ogly, terhosym bar, almaz sen,

Göz gyzdyryp, pelek beren döwrana.
Toba eýläp ol päliňden galmaz sen,
Bolşuň ogşar gördüm öten Karuna.

Gam öýünde galar boldum sargaryp,
Günä aldym möminlere gargaýyp,
Gije-gündiz sepil-sergerdan ýörüp,
Jepa berer boldum bu şirin jana.

Idär idim, alnym bir güzer eken,
Saz diýip bardygym ahy-zar eken,
Hazana gurulan bir bazar eken,
Özüm bilmän düşdüm pany jahana.

Bu panynyň ýetmiş iki dili bar,
Ummanynda lemmer, dagda sili bar,
Dürli-dürli her häsýetli ili bar,
Hemme ýurtda döwran bermiş soltana.

Ýamany görmäýin, gözüm kör bolsun,
Girýäny eştmäýin, güwşüm ker bolsun,
Men almaýyn, pany jahan zer bolsun,
Gözüm ýetýär, soňy meňzär weýrana.

Niçeler mal aldy guly-gyrnakdan,
Kyýamaty ötürip bokurdakdan,
Pany dünýä gyrgysynda dyrnakdan,
Gan ýyglaýyp, men gelip men amana.

Derdi agdyk, gözlerimde hun idim,
Bu dünýäde gury öter san idim,
Irte tagt üstünde menem han idim,
Bakyň, öýlän men dönmüşem diwana.

Goç ýigitden hem gylyç, at gidipdir,
Merdanadan, görüň, gaýrat gidipdir,
Gözüm gubar, dyzdan kuwwat gidipdir,
Ýa ki beýle permanmydyr ynsana.

Daglary gojaldar tartan pyganym,
Zyndana dönüpdir ajap mekanym,
Magtymguly aýdar, dostum, ýaranym,
Toba eýläp, ýüz tutalyň Suhana.

JANA ÝAGYDYR

Adam ogly, döwranyňa guwanma,
Barça ýygan malyň jana ýagydyr.
Jenan alsaň, jemalyna ýapynma[1],
Sahypjemal ol jenana ýagydyr.

Ýamandan saklagyl daýym diliňi,
Ýagşa tarap uzadawer eliňi,
Dünýä maly diýip çapma päliňi,
Şeýtan was-was, bil, imana ýagydyr.

Bu panyga inip ötdi çoh merdan,
Birin aman goýman ýygnady gerdan,
Adam ogly bolar özü-de haýran,
Yrak düşmek ol watana ýagydyr.

Biziň gözler görer boldy ýamany,
Gurulypmy ýa ki beýle zamany,
Dag başyndan gider boldy dumany,
Belent daglar sil rowana ýagydyr.

Hany bu jahany soran Süleýman,
Hany Müsür şahy ol Ýusup Kengan,
Barçasyny, bakyň, eýledi pynhan,
Malyn urdy, ol Karuna ýagydyr.

Hany, din pederi, geçdi Muhammet,
Türküstan öwlady ötdi Hoja Ahmet,
Bilmenem, bu pelek neýledi niýet,
«Kasasyla» hem Gurhana ýagydyr.

Dendandan aýrylan ol Weýsil Kara,
Pelegiň golunda boldy awara,
Şahymerdan Aly geçmiş biçäre,
Zalym pelek bu döwrana ýagydyr.

Üç ýüz altmyş gaýyp eren neýledi,
Barysynyň janyn toprak eýledi,
Kimler baky galyp dessan söýledi,
Gahba pelek ol dessana ýagydyr.

Görenim diýmesem, derdim egsilmez,

[1] Bu ýerde «buýsanma; gözelligine ymtylma» diýen manyda.

Ençe nazar salsam, gözüme ilmez,
Adam ogly gapyl, gelerin bilmez,
Geda eýlär, bak, soltana ýagydyr.

Daglar jülgesinde nowça gülüm bar,
Ýar roýunda diýme bir käkilim bar,
Magtymguly, aýtma: «Asal dilim bar»,
Nadan pelek ol zybana ýagydyr.

JEŇ SESIN AŇSA

Namart gapyl galar, öýünden çykmaz,
Hasrata ulaşar, jeň sesin aňsa.
Hak uran bendesi jenana bakmaz,
Ýaka tutar şol dem, zen sesin aňsa.

Ençeler gyşyny nowruz eýleýer,
Zagy tutup, kölde, gör, gaz eýleýer,
Pelek asman galyp, perwaz eýleýer,
Hundar gülüp bakar, jan sesin aňsa.

Bu pelek her kimi teşwüşe salar,
Gije gözelleri serhoşa salar,
Görüň bu zemini, tomaşa kylar,
Lahat gaza başlar, hun sesin aňsa.

Aryp bolan düzüp ötdi nakyllar,
Huşlar esgi, kütelipdir akyllar,
Görden çykyp geler boldy bahyllar,
Pany jahan içre kän sesin aňsa.

Diýerler: «Harteçjal jahana geler»,
Ne ajap nakyldyr, kim ony biler,
Misler aglar, tylla-göwherler güler,
Toprak içre ýatyp, zeň sesin aňsa.

Aryp bolar dünýä ýüzün syçyran,
Selpäp gezer deşte malyn gaçyran,
Pelek urup, döwlet guşun uçuran
Zary-girýan aglar, han sesin aňsa.

Pelek keç eýlemiş ykbal gerdişin,
Aýrar boldy bir-birewiň gardaşyn,
Toprak bolan daglar göterer başyn,

Gözün ýaşlap garar, seň sesin aňsa.

Aryp galar gam öýünde ýykylan,
Haly zebun bolar ýeňňe dakylan,
Dyzdan kuwwat gidip, bili bükülen
Haka ýüz ýalbarar, nun sesin aňsa.

Magtymguly, galat boldy bu pallar,
Dert zyýat düşüpdir, zebundyr hallar,
Gije sergezdandyr tilki, şagallar,
Pil pakyr irkiler, tün sesin aňsa.

IL GEÇER

Eý, ýaranlar, pany-jahan içinde,
Ýagşy öner, ýaman öner, il geçer.
Ajap sözläp, pena dahan içinde,
Dendan düşer, gymmat düşer, dil geçer.

Biz gezen meýdanlar, ajaýyp jaýlar,
Binasy tutulan uly saraýlar,
Döwr aýlanyp, gelip-gider gün-aýlar,
Ýagşy-ýaman, nowruz, gyşy ýyl geçer.

Dünýä gelip, bar gördügiň pygandyr,
Bu gün — diri, erte bolsa gümandyr,
Hazana gurulan pany-jahandyr,
Ýigitler gojalyp, ömri-sal geçer.

Pelek pyganyňy gözüne almaz,
Ol derdiňe Lukman dermany bolmaz,
Ýagşy-ýaman, geda-şahy sylamaz,
Gara göz, galam gaş, ince bil geçer.

Kimse tutup gola saldy jahany,
Gör, bent edip goýdy ol Süleýmany,
Bagy hazan urar, solar reýhany,
Bilbil ýesir düşer, serwi, gül geçer.

Pelek, sen hem bir dem aman eýlegil,
Biz nadan ýesire döwran eýlegil,
Magtymguly, arma, dessan eýlegil,
Akyl-huş daş düşer, senden dil geçer.

MERT KYLDYŇ

Ýa, Ýaradan, arzym bardyr alnyňa,
Merdi-namart, namartlary mert kyldyň.
Dünýä ykbalyny tutup goluňa,
Her tilkiden gaplaň kyldyň, gurt kyldyň.

Kimse bazar tutup girdi dükana,
Kimsäni getirmez pany jahana,
Bag içinde kimi goýduň erkana?
Dag içinde men misgine ýurt kyldyň.

Kim namaz okamaz, kim roza tutmaz,
Kimse pälin agtar, gijesi ýatmaz,
Kimse sözi adam janyna batmaz,
Kimseleriň sözün kesapat kyldyň.

Adam ogly ýyglar, ýürekde ahy,
Diňlemez gardaşy, Kadyr Hudahy,
Kimselere watan kyldyň dowzahy,
Kimselere behişt mürewwet kyldyň.

Magtymguly diýer derdiň halyny,
Soran bolmaz meniň bu ahwalymy,
Kimseleriň toprak kylyp malyny,
Ençeler topragyn zeberjet kyldyň.

BATDY, ÝARANLAR

Dört müň dört ýüz ýaşan Lukman hekimiň,
Başy gara guma batdy, ýaranlar.
Kerk bedewli, agyr gürzli Rüstemiň,
Ajal jylawyndan tutdy, ýaranlar.

Ýusubyň arzuwy Ýakup ýanynda,
Söýgüsi bagrynda, derdi janynda,
Kimiň gadry bardyr çarhyň ýanynda,
Ýusuby gul edip satdy, ýaranlar.

Äleme hökm eden Isgender soltan,
Ajal tedbirine tapmady derman,
Tagtyny ýel çeken hökmi-Süleýman,
Dünýäde galmady, ötdi ýaranlar.

Üç ýüz on üç mursal galmady biri,

Hany Asaf − Süleýmanyň weziri?
Hany ol Hak resul, Hakyň Öz şiri,
Gara ýer hemmesin ýuwtdy, ýaranlar.

Magtymguly aýdar, gapyl oturmaň,
Gylça jany uzyn gaýga batyrmaň,
Ýalançyny hasrat bilen ötürmäň,
Bir pasyl döwrandyr, ötdi, ýaranlar.

KEÇDIR, ÝARANLAR

Namazhon derwüşler, döwletli baýlar,
Pelegiň gerdany keçdir, ýaranlar.
Minnetde okalan namaz ýol almaz,
Döwlete daýanmaň, puçdur, ýaranlar.

Sykylsa burunlar, sararsa ýüzler,
Gurysa dodaklar, bolmasa sözler,
Gögerse dyrnaklar, alarsa gözler,
Imandan özgesi hiçdir, ýaranlar.

Aslyň bir owuç gum, dem bir nepesdir,
Özüňe bir dolan, işiň hebesdir,
Jeset bir menzildir, ten bir kapasdyr,
Jan bir gözi bagly guşdur, ýaranlar.

Gapyl bolmaň, dünýä gelen öterler,
Munda hoşwagt bolmaň, bardyr beterler,
Çekiler kerwenler, ýörir hatarlar,
Bir yzy üzülmez göçdür, ýaranlar.

Ajal ýakaň tutar, bir gün bagyrdar,
Giden gaýdyp gelmez, bu bir ugurdyr,
Menziller yrakdyr, ýükler agyrdyr,
Irteräk terpeniň, giçdir, ýaranlar.

Gutular sen Hak ýolunda jan berseň,
Hülle bolar silkip-silkip don berseň,
Saýa bolar mätäçlere nan berseň,
Bir aja nan bermek haçdyr, ýaranlar.

Bu dünýä diýgeniň iki warakdyr,
Ýarysy garadyr, ýarysy akdyr
Bir gije düýş gördüň, ertiri ýokdur,
Dünýäniň tymsaly düýşdür, ýaranlar.

Magtymguly boýun goýgul bu emre,
Mala meşgul bolup, galmagyl gümra,
Ýüz ýyllyk tetärik bäş günlük ömre,
Akyl eýläň, niçik işdir, ýaranlar.

GEÇER, ÝARANLAR

Säher wagty ýatmaň dileg çagydyr,
Ömür ýel dek gelip geçer, ýaranlar!
Ajal saky ýörir, golunda jamy,
Ol meýden halaýyk içer, ýaranlar!

Ömür gelip geçer, bäş gün döwrandyr,
Bäş wagt namaz Hakdan bize permandyr,
Jan guşy bu tende bäş gün myhmandyr,
Perwaz edip, bir gün uçar, ýaranlar!

Adamyň aslyny sorsaňyz laýdyr,
Ýüz müň ýyl ýaşasaň, bir güni waýdyr,
Bu dünýä, bilseňiz, köne saraýdyr,
Halaýyk kerwendir, geçer, ýaranlar!

Daýym-a, Hak ýady bolsun soragyň,
Sapar etmek gerek, tutgul, ýaragyň,
Bu dünýäde niçe ýansa çyragyň,
Ajal ýeli degip, öçer, ýaranlar!

Bu dünýä, bilseňiz, haý-u höwesdir,
Ölersiz, akybet barça ebesdir,
Bu dünýä mömine zyndan-kapasdyr,
Çara ýer barçany guçar, ýaranlar!

Sen öleňden soňra galan zürýatlar,
Ogul-gyzyň, barça kylar haýhatlar,
Kepeniň boýuňa biçer haýýatlar,
Ahyret öýüni açar, ýaranlar!

Magtymguly, takyk bilgil öleri,
Çünki gören ýokdur ölmeý galary,
Taňrynyň hakykat söwer gullary –

Dünýäni görende gaçar ýaranlar!

GELDI, ÝARANLAR

Zaman ahyr boldy, elhezer eýläň,
Resul sözi bir-bir geldi, ýaranlar.
Galmady adalat beg-u hanlarda,
Ýurda zulum-sütem doldy, ýaranlar.

Alymlar ylmyna amal etmedi,
Gurhan okyp, manysyna ýetmedi,
Ile aýdyp, özi birin tutmady,
Ilden pynhan günä kyldy, ýaranlar.

Kazylar hökmüni ryýa eýledi,
Rişwet alyp, ýüzün gara eýledi,
Özüniň janyna bela eýledi,
Görne ýylan-içýan doldy, ýaranlar.

Niçe gümrah özün işan atandy[1],
Imanyny koý-guzyga satandy,
Boýny ýogynlary mürit tutandy,
Ýalan söz imanyn aldy, ýaranlar.

Birniçe kapyrlar terezi tartar,
Nebsiniň yzynda it kibi ýortar,
Artyk alyp, oda janlaryn atar,
Weýil diýen çahda galdy, ýaranlar.

Weýil diýen guduk dowzah astynda,
Nagra tartar tereziban kastynda,
Açylar işigi dowzah üstünde,
Tereziban halyn bildi, ýaranlar.

Ne çäredir süýthor, birniçe akmak,
Ol iş bile bolar kapyry-mutlak,
Göründen ot çykar ne çakly ançak,
Süýthor zamanasy geldi, ýaranlar.

Toba kyl, Gul Magtym, ahyrzamandyr,
Bu işler her kimde bolsa ýamandyr,
Imanly gul – iki dünýä amandyr,
Gül açylyp, çemen soldy, ýaranlar.

[1] Atanmak – atlanmak, atlandyrmak, at dakmak, at bermek.

GÖKDEN INMEZ, ÝARANLAR

Köňül perwaz eýläp, galdy ýerinden,
Howalanmyş, gökden inmez, ýaranlar,
Bir hyýala düşmüş, çykmaz serinden,
Bu hyýaldan gaýdyp dönmez, ýaranlar.

Noş edipdir muhabbetiň gandyndan,
Gulak tutmaz zahytlaryň pendinden,
Turdy mekanyndan, çykdy bendinden,
Dolanyp, ornunda gonmaz, ýaranlar.

Yşk işini akyl eden, huş eden,
Aýylarmy yşka düşüp, joş eden,
Ýar elinden ary bada noş eden,
Agzyn goýsa içer, ganmaz, ýaranlar.

Bir hat bardyr ol Patmanyň saçynda,
Okudarlar magşar halkyn seçende,
Bir ot bardyr aşyklaryň içinde,
Bu otlar dek, belli, ýanmaz, ýaranlar.

Magtymguly, yşk özünden bat eýlär,
Yşk işidir, aşnalary ýat eýlär,
Ýalynsyz ýandyrar, ýelsiz ot eýlär,
Bir zybana çekse, sönmez, ýaranlar.

BOLMAZ, ÝARANLAR

Bir zaman hoş bolup, ganymat ýörüň,
Dünýäniň wepasy bolmaz, ýaranlar.
Gutulan ýok ajal çeňinden, görüň,
Janly zatdan jan gutulmaz, ýaranlar.

Dünýä owwal bedel galpdyr, gallapdyr,
Çarhy-çenber bazygeri-kezzapdyr,
Dünýä bir derýadyr, adam hubapdyr,
Hubap suwda baky galmaz, ýaranlar.

Müşgil sapar bolar ölüm sapary,
Wehimi çoh bolar, köpdür hatary,
Gaýtmazdyr çapary, gelmez habary,
Bu sapara giden gelmez ýaranlar.

Dünýä ýalançydyr, hyrsy-höwesdir,
Ýalançyga bil baglamaň, hebesdir,
Haramydyr, haramzada, näkesdir,
Bir ähdi-peýmanda durmaz, ýaranlar.

Magtymguly, dünýä panydyr-pany,
Hasrat menzilidir ölümiň käni,
Bazarynda mata adamyň jany,
Ondan başga mata bolmaz, ýaranlar.

DERMAN, ÝARANLAR

Bir bela duşup men, Lukmanym bilmez,
Bu derdime tapmaz, derman, ýaranlar.
Asman perýat baglar, ebirim ýagmaz,
Gyş paslynda guýdy neýsan, ýaranlar.

Alnymda lahatdyr, jüpbäm kependir,
Ser salyp bardygym aždar zemindir,
Müfti sözi − ryýa, namart − emindir,
Mesgen tutmuş munda ýaman, ýaranlar.

Akybet mejalsyz näheň agzynda,
Hasrat bilen galdym yşkyň közünde,
Uftada men, dostlar, pelek bazynda,
Usul içre boldy rowan, ýaranlar.

Desterhan alnymda hums galyp men,
Ezmaýyş diýp kiştim Jeýhun salyp men,
Mejmagyl-Bahreýne hasyl bolup men,
Muş ýarypdyr, salym weýran, ýaranlar.

Munakgaş astynda galan perwan men,
Bent bolan derýa men, çöken umman men,
Jigeri set para, zaty girýan men,
Mejnun kibi men sergezdan, ýaranlar.

Magtymguly, ekser tapmaz bu derdim,
Buzahor pir boldy, namartdyr merdim,
Peşe bolup, tugun yzyn eýerdim,
Jenupdan ideýip taban, ýaranlar.

BAKA-BAKA GIDER SEN

Panydan bakyýa göç-hä göç bolsa,
Telmuryban, baka-baka gider sen.
Ajal jamyn berip, iç-hä iç bolsa,
Jan ajygyn çeke-çeke gider sen.

Oglanlaryň durar zary-giryýana,
Egsikler saç ýaýar, düşer lerzana,
Malyň kysmat bolup girer talaňa,
Eliň ýuwup, çyka-çyka gider sen.

Mal üçin ynjydyp gardaş-doganyň,
Az bildiň tylladan satyp-sowanyň,
Paýlaşarlar halal-haram ýyganyň,
Sen azabyn çeke-çeke gider sen.

Bu dünýäden barsaň, ol dünýä, gardaş,
Näler görejekdir bu şum gara baş,
Haýyr gazan, bolar ýanyňa ýoldaş,
Ýogsa gabra ýeke-ýeke gider sen.

Adam ogly ýada salsa asylyn,
Kaza goýmuş ajal atly masylyn,
Aklyň bolsa kyýamatyň hasylyn,
Bu dünýäde eke-eke gider sen.

Jahanda görkezer gudrat işleri,
Ganatyň kuwwaty galdyr guşlary,
Ýigitligiň zory syndyr daşlary,
Kyrkdan aşdyň, çöke-çöke gider sen.

Magtymguly, düşdüň yşkyň güzerne,
Kim bar sözletmäge eltip nazarna,
Hiç rowaç tapmadyň sözüň bazarna,
Hyrydarsyz, döke-döke gider sen.

GIDIP BARADYR

Dünýäge ygtymat etmäň ýaranlar,
Kime gelip, kimden gidip baradyr.
Mysaly Isgender şalyk sürenler,
Bir-bir nobatynda ötüp baradyr.

Birewi baý eder, birewi gedaý,

Ne kylsa, erki bar ol Kadyr Hudaý,
Birewiň myradyn beripdir haý-haý,
Birew gam şerabyn içip baradyr.

Birewe beripdir gaýgy-gam, mähnet,
Ömründe bir zaman görmedi eşret,
Birewe edipdir namardy ülpet,
Onuň ömri «ah!» diýp, ötüp baradyr.

Birewiň başynda köpdür dumany,
Gaýgy-mähnet bile çykadyr jany,
Bir ýagşyga duş edipdir ýamany,
Näalaç dünýäden ötüp baradyr.

Kimseler ýyglaýdyr, maksadyn tapmaý,
Niçeler ah urar agzyny ýapmaý,
Bir ýaby baýragy aladyr çapmaý,
Bir bedew gezmekde gaýdyp baradyr.

Dünýä üçin çekme gaýgy-endişe,
Sabr et belasyga, razy kylmyşa,
Ýyglaýyp gam bile ýörme hemişe,
Ajal eli ýakaň tutup baradyr.

Magtymguly aýdar, barça nesihat,
Hudaga gul boluň, resula − ymmat,
Bilseňiz, dünýäniň barysy hasrat,
Hasrat bile bir-bir gidip baradyr.

GEÇIP BARADYR

Bu dünýä panydyr, tutmaz binany,
Bu dünýäge gelen geçip baradyr.
Kimdir ýalançyda tutan jahany,
Tutanyň ellerin açyp baradyr.

Şirin-şirin salar hasaba dünýä,
Ajy-ajy goýar azaba dünýä,
Ne ýetdir, ne tutdyr bu gahba dünýä,
Tutdum-tutdum diýseň, gaçyp baradyr.

Döwürler dolanar, gerdişler döner,
Niçeler göçerler, niçeler gonar,
Niçäniň maşaly täzeden ýanar,

Niçäniň çyragy öçüp baradyr.

Kimi Hakdan gorkup, reňňi saralyp,
Kimi dünýä kowar ýüwürip, ýelip,
Kimi ýüz hasratda, kimisi gülüp,
Kimi gözde ýaşyn saçyp baradyr.

Kimi begliginde düşmez eýwandan,
Kimi ýoksullykda käýiner jandan,
Kimi haram bilip, gaçadyr mundan,
Kimi arak, şerap içip baradyr.

Kimi ýalançyda eşretde ýaýlap,
Kimisi halaldan haramy saýlap,
Kimi parhyn etmeý, bar işi eýläp,
Gözi bagly guş deý uçup baradyr.

Düşüp bolmaz gahba pelek alyna,
Dodagyň tamşandyr dünýä malyna,
Bir gün oragyny alar eline,
Öl-gury dannamaý, biçip baradyr.

Iki gün hoş bolsa, üç güni waýmyş,
Niçiksi menzilmiş, niçiksi jaýmyş,
Bu dünýä göýä bir kerwensaraýmyş,
Gelen ýük ýazdyryp, geçip baradyr.

Magtymguly aýdar, tiken ýok, gül ýok,
Ne ýigit, ne goja, patyşa, gul ýok,
Dilegçi, dermende, baý ýok, ýoksul ýok, –
Barçasy ýer goýnun guçup baradyr.

DÖKÜP BARADYR

Gam dumany basyp garyp köňlümi,
Göz ýaşyn saklamaý, döküp baradyr.
Kimdir rehm eýleýen, sorap halymy,
Bozuk köňlüm gören ýykyp baradyr.

Gerçe ot ýaksalar aşyk ýagyndan,
Ölüm asan bolar dost pyragyndan,
Hijran meni kowdy sabyr dagyndan,
Pyrak bogun-bogun söküp baradyr.

Owwal döwranymy çarh bulaşdyrdy,
Gam janym guratdy, ot tutaşdyrdy,
Yşk meni ýandyrdy, hetden aşdyrdy,
Ýüregim içimden çykyp baradyr.

Parahat ýatyrdym nebsimi besläp,
Turdy köňlüm ýar jemalyn höwesläp,
Hakdan hajat diläp, myradyn isläp,
Gözüm ol ýollara bakyp baradyr.

Magtymguly, mejalym bar, söýläýin,
Dostlara derdimi aýan eýläýin,
Eý, ýaranlar, ýyglamaýyn neýläýin,
Yşk meni ýandyryp, ýakyp baradyr.

KIMSE GIDIP BARADYR

Dostlar, bu dünýäge ýokdur ygtybar,
Kimse gelip, kimse gidip baradyr.
Hoş geçir kimseler, kimse har-u zar,
Gara ýer barçany ýuwdup baradyr.

Kimseler garrydyr, kimseler ýaşdyr,
Kimseler towanger, kimse gallaçdyr,
Magşarga barygan bir uly göçdür,
Keýnimizden ajal ýetip baradyr.

Pelek bir bakgaldyr, dünýä bir bazar,
Kimse ýagşy ýolda, kimseler azar,
Kimseler Alladan kylmazlar hezer,
Kimse Hak buýrugyn tutup baradyr.

Kimseler bagşydyr, kimse molladyr,
Kimsäniň dilinde ismi-Alladyr,
Küllisinden ýady-Alla öwladyr,
Kimse şeýtan sözün bitip baradyr.

Magtymguly, umyt etmek Hudadan,
Ýalbarmak − gedadan, ýalkamak − şadan,
Nefig ýokdur saňa mäsewalladan,
Kimse günin, kimse ýatyp baradyr.

ÖTÜP BARADYR

Bu pany jahana göwün berenler,
Işin telek eýläp, ötüp baradyr.
Gurhan açyp, görüň, täleý garanlar,
Ykbaly bir pula satyp baradyr.

Jepasy köp pany bu ýalan jahan,
Mert göwnünde tutar boldy ol mekan,
Isa aňyp, Lukman kylmaz dert yhsan,
Göz ýumup, duşundan ötüp baradyr.

Kimler bu jahanda erkana ýatmyş,
Kimler asman uçup, kim laýa batmyş,
Kimseler malyny baka uzatmyş,
Kimler harsy dünýä tutup baradyr.

Gowgadan dynmady ençeler başy,
Kimi ýakar boldy peder, gardaşy,
Kimseler her jaýda taýýarlap aşy,
Kimseler hums bolup, ýatyp baradyr.

Kimler täji-tagtda perman gönderip,
Kimler çaman münüp, sürer segredip,
Kimler pederini, ilin har edip,
Günä zyndanyna batyp baradyr.

Kimseleriň çykmaz eýleýen zary,
Kimleriň bagynda bitmiş enary,
Kimsäniň tutaşyp janynda nary,
Har-tiken tenine batyp baradyr.

Kimler daýym sürer boldy döwrany,
Kimler özün bilmez, undar jahany,
Kimseleriň daýym dowzah mekany,
Kimseler behişte ýetip baradyr.

Kimseler baş goşar ajap jenana,
Kimseler zen istäp, azap biýr jana,
Kimseler göz tutup ol genji-käne,
Dini-imanyny undyp baradyr.

Kimselere bermez ol iki gözi,
Kime eşitdirmez sözlese sözi,
Kimseleriň ajap ermişdir ýüzi,
Kimleriň roýuny örtüp baradyr.

Kimler elem bilen agypdyr saly,
Kimlerde bent etmiş gözel hyýaly,
Kimseler ömründe datmaz asaly,
Kimler zähri-zakgun ýuwdup baradyr.

Kimseler hak diýse, galada döner,
Kimseler uçuşar, ençeler gonar,
Niçeleriň perzent-zürýady öner,
Ençeler biperzent ötüp baradyr.

Kimler bu dünýäde ykbal atmyşdyr,
Kimse tutan niýetine ýetmişdir,
Kimse Hak çagyryp, ýyglap ýatmyşdyr,
Kimse bu dünýäni ýortup baradyr.

Kimler ejiz jany mal diýip ýakyp,
Kimler gitmiş watanyny terk edip,
Kimler ili, din-imany unudyp,
Kimler ony gaýym tutup baradyr.

Magtymguly, kimse deştdedir sarwan,
Kimse eýlär boldy bir zalym perman,
Kimler bu dünýäden eýleýip arman,
Kimler handan bolup, ötüp baradyr.

TUTUP BARADYR

Pelek bu jahana torun ýazypdyr,
Yns-jyns diýmän, tutup baradyr.
Ençe üflas tutup, leşger düzüpdir,
Dagy-düzde baryn sürüp baradyr.

Gaçyp gutulmar sen, kowup ýeterler,
Azm urup, çalyp, ýaka tutarlar,
Bir daban zemine läşiň atarlar,
Gara ýere teniň garyp baradyr.

Ne jüre zamandyr, nedir hyýaly,
Jan şährine salar mydam ol ýoly,
Adam ogly çöker laýa ykbaly,
Üstünden tokmaklap urup baradyr.

Magtymguly, gözi bagly elenip,

Har galypdyr lahat içre towlanyp,
Ýalan dünýä dört burçuny aýlanyp,
Barçany bu pelek sorup baradyr.

BARADYR

Oýun kylsaň deň-duş bilen bir zaman,
Pelek − görip, burun sokup baradyr;
Hazan okun taýýar eden bu jahan,
Gözün ýumup, her ýan atyp baradyr.

Pelek ýara salsa, ýokdur çäresi,
Simleşer, zor salar uran ýarasy,
Nobat bilen ýagşy-ýaman — barysy
Panydan bakyga ötüp baradyr.

Bu pelek jaýyňda rahat ýatyrmaz,
Ne laýdan çykarar, ne-de batyrmaz,
Adam ogly gaçar bolsa — gutarmaz,
Ýüzün ters öwürip, tutup baradyr.

Ýalan işden pelek arar bahana,
Ot ýakdyrmaz, ezýet berer jahana,
Salar bolsaň bir lukmany dahana,
Duýdurman zäherin gatyp baradyr.

Adam gany reňk bolupdyr dişine,
Kimse düşmän galdy ol gerdişine,
Bakyň, bu pelegiň kylan işine,
Ýagşyny ýamana çatyp baradyr.

Söz diýmez ýüzüňe, gezer uýalyp,
Päliň aňtar bolar, yzyňda galyp,
Jan matasyn bizden mugtuna alyp,
Bir daban zemine satyp baradyr.

Serimden çykardym tutan hyýalym,
Bir dem urup, ýakdy dükanym, malym,
Pelek kakyp, keç turupdyr ykbalym,
Gojalan dek laýa batyp baradyr.

Hak sözüne ynanmazdym men daýym,
Hijrandan tutupdyr kerwensaraýym,
Gaflat bilen ötüp, her günüm, aýym,

Ömrüm ýüzün baka tutup baradyr.

Bu sözleri diýdi ol Haýrul-beşer,
Dowzahdan ýakyjy bu pelek ýeser,
Adam oglun eýläp munda serbeser,
Bakyň, özi rahat ýatyp baradyr.

Bu panyda ýokdur takat-kararym,
Soňuny aňlamaz, ýetişmez sabrym,
Magtymguly aýdar, gojalan ömrüm
Golumdan sypdyrdym, gidip baradyr.

GELMEZMI

Pelek, seniň bu döwletli gerdanyň,
Biziň sary öwrülmezmi, gelmezmi?
Läşin ýere saldyň niçe merdanyň,
Zemin ynsap eýlemezmi, dolmazmy?

Dünýä, seniň bu gezekli gerdişiň,
Gyzyl gandan gyrmyz bolupdyr dişiň,
Geçi, gurt dostlugna meňzär edişiň,
Gamly şat olmazmy, aglan gülmezmi?

Oraksyz orar sen, tygsyz keser sen,
Ýumruksyz ýüzer sen, ýüpsüz asar sen,
El-aýaksyz bir bihabar basar sen,
Ýykan basar ýatar, gaýdyp galmazmy?

Pelek oýnap, utar uruşsaň, söýseň,
Göwräňi göterip, ganatyň ýaýsaň,
Ölüm zulmun adam boýnuna goýsaň,
Gorkusyndan saralmazmy, solmazmy?

Magtymguly, her säherden, sabadan,
Haly galma bu nalyşdan, dogadan,
Butparazlar butdan alsa myradyn,
Hajatyny Hakdan dilän almazmy?

ÝYL BILE

Başyňa gelendir garrylyk gyşy,
Hiç aýrylmaz aýlar bile, ýyl bile.
Döküldi dahandan Hak beren dişi,
Ýokdur hoşum süýji sözli dil bile.

Ýagty jahan gözlerime zyndandyr,
Gije-gündiz ganly ýaşym rowandyr,
Ýüregim takatsyz, kalbym armandyr,
Höwesim ýok, dostlar, gyzyl gül bile.

Ötdi menden ol ýigitlik gaýraty,
Garrady, aýryldy guýrukdan aty,
Pelek başa saldy çykmaz apaty,
Dyzda kuwwat ýokdur, egri bil bile.

Dolandy daşyma baky gerdişi,
Ýatsam-tursam çykmaz dünýäniň işi,
Dat eýläp çekerem ençe käýişi,
Ömrüm geçip barar altmyş sal bile.

Essimden çykardym guşum, awlagym,
Burnun ýele tutup gaçdy owlagym,
Ner-maýa çyrpynan otly ýaýlagym
Göýäki düýş boldy, gitdi çöl bile.

Pyragy diýr, ýok dünýäde höwesim,
Ýeke dinde bolup galdy yhlasym,
Zar epläp aglasam, diňlenmez sesim,
Arzuwym galmady gözel il bile.

LERZANADYR

Eý, ýaranlar, gözel ömrüm,
Garradykça lerzanadyr.
Günbe-günden artyp derdim,
Däri istäp perwanadyr.

Aşyk ýansa ol ýar üçin,
Margir ýörse şamar üçin,
Goçaklar namys-ar üçin
Ata çykar, merdanadyr.

Ne ajap elwanlar süren,
Ýagşy-ýaman − baryn gören,
Bizler bilen hemra ýören
Aksakallar, bak, danadyr.

Magtymguly, elli ýaşyň,
Gamdyr, gaýgydyr syrdaşyň,

Gapyl bolma, galdyr başyň,
Garrylyk bir bahanadyr.

GOJALAN GÜNLER

Goja daglar, nazar kylyň,
Siz kibi gojalan günler.
Göteriň, serňize alyň,
Janymdan parçalan günler.

Ata-enemden ýowuz men,
Suwun tartan bir howuz men.
Höwessiz inen bir ýaz men,
Yhlasym parçalan günler.

Abdylla hem Mämmetsapa,
Aýra düşdi, çekdim jepa,
Bu dünýä bermeýdir wepa,
Nähak jan harçlanan günler.

Guwanmadym ogul-gyza,
Goluma almadym jyza.
Hyýal bar — gitsem Töwrize,
Gadamym gargyşlan günler.

Magtymguly, ýok ygtyýar,
Ýüz tutar men, Perwerdigär,
Gökleň ilimdir bikarar,
Ýagysyn garşylan günler.

GARRYLYKDYR ÝARANLAR

Ýigitligiň zory gitdi biliňden,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.
Alajy ýok onuň gaýry ölümden,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Hassalar gutular, garry gutulmaz,
Bu derde hiç kimden çäre ýetilmez,
Köňül guşy uçar gider tutulmaz,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Hiç tagam iýmäge dişleri batmaz,
Uzakdan gözlese gözleri ýetmez,
Ogul gyz sözüne hiç gulak asmaz,

Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Ýetmişiň öýüne girende ýaşy,
Yranyp bir ýerde durmaýdyr başy,
Çörek çeýneý bilmez talhandyr aşy,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Diýseň söz eşitmez, gulak ker bolar,
Oturyp-turmagy derdeser bolar,
Süýekler syzlaşyp derbeder bolar,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Agzyny gözleseň bir dişi bolmaz,
Düşek, ýassyk bilen hiç işi bolmaz,
Ýanynda gadyrdan deň-duşy bolmaz,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Ogul-gyz, geline ýigrenji bolar,
Olar mydam sözüň görginji bolar,
Ýyrtyk-ýirik düşek örtünji bolar,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Gitdi tamam gadyr bilen deň-duşuň,
Imdi saglyk ötdi, dertdir ýoldaşyň,
Bardykça ýyl-ýyldan möwç urar gyşyň,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Galan gaçan bolsa öňüne biýrler,
Yssy-ýyly bolmaz şuny iý diýrler,
Her kime sözlese gepleme diýrler,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Tende kuwwat galmaz, ýüzüňde görküň,
Oturyp-turmaga ýetişmez erkiň,
Aş içilip bolmaz, süýekde örküň,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Magtymguly aýdar garramaň beter,
Ýetmişiň, segseniň arasy ýeter,
Öz oglanlary gelip depeläp öter,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

ÇILIM

Dostlarym, duşman biliň, älemde bir bardyr çilim,
Eýle mahbup eýlemäň, bir gareti-jandyr çilim.
Suzlaban haly demi bir afgyýy-mardyr çilim,
Tartar uzyn kaýdyga, göýä ki zeňgardyr çilim,
Kaýda bolsa dowzahylar, bezmide bardyr çilim.

Düşgeç ol mejlis era, her kim çeker, bimar eder,
Al bilen aldap seni her dem özige zar eder,
Sag-salamat goýmaýyn imdi özige ar eder,
Gol-aýagyn şel kylyp, halk içre ony har eder,
Bu sypatlar birle ol, çekmäň ki, betkärdir çilim.

Kah-kah eýläp, her zaman ol, görseter bet hüýüni,
Burnuňyza ysgaýyp, almaň oşol bet buýuny,
Eý, musulmanlar, halal diýp, kylmaňyz hiç oýuny,
Ahyretniň oýun etseň, tiz goýuň bu oýuny,
Ahyretiň oýun etmeslere derkardyr çilim.

Her kişi hoş hal olupdyr jim-u lam, mim[1] atyga,
Nige pikr etmes oşol kim bu pelitniň zatyga,
Mündürer göýä ony her dem şeýatyn atyga,
Syhr edip her dem ony, tartar özüniň katyga,
Çünki betkärler gözige daýyma bardyr çilim.

Gul-gul eýläp her säher ol, agzyndan otlar saçar,
Her kişi akyl durar kim, beýle bet buýdan gaçar,
Kim ony ele alar, göwsün onuň sary açar,
Ygtykat etse halal diýp, dini-yslamdan geçer,
Dini-yslamdan geçerge bir sebäpkärdir çilim.

Şeýle duşmandyr ki, tanla syryňyz paş eýleýir,
Wagty ýetmez solduryp, bu jismiňiz läş eýleýir,
Gaýgy-hasrat ýok ekende çeşmiňiz ýaş eýleýir,
Her zaman düýt ýuwtduryp, hem öýkenňiz daş eýleýir,
Bary gapyl olmaňyzlar şeýle betkärdir çilim.

Eý, ýaranlar, nehiý kylmyşdyr ony bize Ahat,
Pikir edip, zikr eýledi kim, halk era Abdyssamat,
Tebdil etmek, nehiý kylgan işini bize ne het,
Kim ki müňkür bolsa, onuň aldyda bardyr lahat,
Aýdadyr Magtymguly, bu bendäge nardyr çilim.

ÇILIM ÇEKMEGIL

[1] Jim, lam, mim – bu harplar goşulyp okalanda «çilim» diýen sözi emele getirýär.

Janyňa kast etme, düýdkeşim, özüň,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.
Pendim bu, roza tut, oka namazyň,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Çilimden ýylanlar düşer boýnuňa,
Agzyn açyp, haşlap girer goýnuňa,
Her zaman zäherin salar iniňe,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Tenleriň tisginip, ondan gaçar sen,
Suwsuzlykdan zäher-zakgun içer sen,
Içim ýandy diýip, agzyň açar sen,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Ýylan aýdar: «Bu gün gaçar sen menden,
Ol Hakyň emridir, aýrylman senden»,
Oşol wagtda bizar bolar sen ondan,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Bu dünýä panydyr, durmaýyn geçer,
Her kimse akyldyr, bil, ondan gaçar,
Şeýtana ýol berme, imanyň öçer,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Amanat janyňa kylmagyl töhmet,
Wepasy nedir, gel, sen imdi pähm et,
Magşar gün nä diýr sen, jogabyňy aýt,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Iblise ýol berme, ýuwtmagyl nary,
Gül diýip özüňe salmagyl hary,
Bigaýratlyk etme, saklagyl ary,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Terk eýle çilimi, dogry dur Haka,
Her zaman toba diýp, tutgul sen ýaka,
Diýrlermiş, suw bermez düýdkeşe saka,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Içdigiň zakgundyr, iýdigiň otdur,
Bilmez sen, şeýtanlar kesbiňe şatdyr,
Bu gün hoşnut bolsaň, taňla heýhatdyr,

Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Bir sapar hatadan çekipdir Aly,
Seýl üçin sähraga çykypdyr weli,
Bir metjidi görüp zerli-sapaly,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Metjidi görüpdir ajaýyp zada,
Tomaşa eýleýip, girmiş pyýada,
Sütüni syýamyş, örtenmiş oda,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Oşol demde gaýdyp gelmiş resula,
Habaryn söýlemiş sahyp usula,
«Sütüni syýamyş nädir wusula?»
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Resul aýdy: «Aly eşitdim sözüň,
Sypatyň, suratyň görüpdir gözüň,
Düýdkeşlik zyýandyr, eşitgil özüň,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Görüp sen metjidi, turpa ýaranmyş,
Şeýtan saňa bu gün keýpi berenmiş,
Onyň üçin sütün oda bürenmiş,
Haýypdyr janyňa çilim çekmegil.

Adamyň sütüni – bilgil, – imany,
Bu şeýtan mekriden saklagyl ony,
Gapyl bolsaň ýakar, etme gümany,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Şol pursatda Haýdar çykdy meýdana,
Gahr ile kast etdi lagyn-şeýtana,
Şondan bäri şeýtan boldy pynhana,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Ondan owwal şeýtan äşgär gezermiş,
Adam aldap, dinin beýle bozarmyş,
«Bisimilla!» diýseň, umyt üzermiş,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

Magtymguly, pendiň illere söýle,
Öz halyň niçikdir bir pikir eýle,
Sapar kylmak lazym, azygyň eýle,
Haýypdyr janyňa, çilim çekmegil.

ÇILIMKEŞ

Hak seni raýyňa goýmuş jahanda,
Ede bileniň et munda, çilimkeş.
Diwan gurlan güni hasap jaýynda,
Jowabyň nämedir onda, çilimkeş.

Kuwwatyň kemelder, güýjüň üzdürer,
Keýpi kellä gelse, aklyň azdyrar,
Süňňüňi syzdyrar, etiň gyzdyrar,
Bir nyşana budur sende, çilimkeş.

El götergin beýle nähak talaşdan,
Puluň köýer, janyň ýanar bu işden,
Erte garnyň doldurarlar ataşdan,
Zähmi çykmaz, galar janda çilimkeş.

Iki dünýä ýagşylyk ýok egriýe,
Kişi bolsaň, gadam goýgul dogruýa,
Binamaza, gybatkeşe, ogruýa,
Ýoldaş bolar ýowuz günde çilimkeş.

Magtymguly, Möwlam jandan ýakyndyr,
Çilim bir şor suwdur, ten bir zemindir,
Iman bir tilkidir, göwre bir hindir,
Tilki tüssä dözmez hinde, çilimkeş.

MUNDA, ÇILIMKEŞ

Hak saňa söz diýmez ýalan jahanda,
Edewer bileniň munda, çilimkeş.
Terezi gurulan heýhat gününde,
Jogabyň nämedir onda, çilimkeş.

Jepalar, hasratlar görer şum seriň,
Eşek dek aňňyryp, daralar ýeriň,
Agzyňdan geledir düýtli gan, iriň,
Bir nyşana budur sende, çilimkeş.

Melekler meýdanda tutup eglärler,
Tamug ortasynda eltip baglarlar,

Synalaryň jygyr-jygyr daglarlar,
Köp galar sen gara günde, çilimkeş.

Pul-Syrat üstünde oklarlar seni,
Zulmata salarlar, beklärler seni,
Zynjyr, künde bilen saklarlar seni,
Azapda, hasratda-kände, çilimkeş.

Endamyňdan awy-zäher dökerler,
Süýegiňi bogum-bogum sökerler,
Bugra mysal möýler çykyp çakarlar,
Zähmi çykmaz, galar janda, çilimkeş.

Her kimse panyda döndi ýamana,
Ol ýerde dat eder, geler amana,
Namazyn terk eden, gybat-zybana,
Ýoldaş olar ýowuz günde çilimkeş.

Magtymguly, dowzah sary başlarlar,
Ýylanlar öwrülip gelip dişlärler,
Elterler, jähennem içre taşlarlar,
Örtenip, ah urar onda çilimkeş.

MEŇZÄR, ÇILIMKEŞ

Her zaman gol salyp kisesin barlar,
Köp dünýäsi bara meňzär, çilimkeş,
Yzzat kylyp, bir-birine hödürlär,
Geň tagamy bara meňzär, çilimkeş.

Bir oba gelende götinläp durar,
Hemrasyn egleýip ýolundan goýar,
Aza-köpe baryp özüni urar,
Zerur işi bara meňzär, çilimkeş.

Içinden urnukdyr, zor berip tüflär,
Ýeri çukur eder eňiler, tüflär,
Owwal aýt çagynda «suw» diýip güplär[1],
Bir ýetmezi bara meňzär, çilimkeş.

Bir ajy tütüni içine salar,
Aklyny, huşuny, güýjüni alar,
Keýpi çoh gelende syryny aýdar,
Maslahaty bara meňzär, çilimkeş.

[1] Bu ýerde suw çilim çekýänler barada aýdylýar.

Magtymguly, aýtsam çilim şanyna,
Ülpetleri köp ýygylsa ýanyna,
Zyýany bar güýjüne-imanyna,
Bir kysmy gedaýa meňzär, çilimkeş.

NAS ATAN

Göýä bu dünýäge geldiň, gelmediň,
Kül ýygar sen mydam işiň nas atan,
Şerigat ýolundan habar almadyň,
Galar dowzah içre läşiň nas atan.

Temmäki diýp her işige ýortar sen,
Çala owup, üç mysgaldan tartar sen.
Bir sümgürip, ýanbaşyňa sürter sen,
Haram bolar üst-u başyň nas atan.

Namaza duraňda, üstüňe akar,
Onyň üçin müň ýyl dowzahda ýakar,
«Weýl» diýgen jaýda tütüniň çykar,
Kabul bolmaz gözde ýaşyň, nas atan.

Ýagşy-ýaman eden işin – hak eder,
Nas atanlar galampurun çak eder,
Akar durar, üsti-başyň poh eder,
Senden gaçar deňi-duşuň, nas atan.

Gözüňi ýaşardyp, mähriň gandyrar,
Gelse humar imanyňy ýandyrar,
Tagam iýseň, tabagyňy doldurar,
Murdar bolar içen aşyň, nas atan.

Her adamy görseň, gizläp gaçar sen,
Burnuňdan dem gelmez, agzyň açar sen,
Keýpi gelse, ogul-gyzdan geçer sen,
Haýran bolar oba-goňşyň, nas atan.

Kyrkyňa baraňda, beýniňe çykar,
Bu şirin janyňy dowzahda ýakar,
Çakjaňy ot eýläp, burnuňa dykar,
Zähmiňden döküler dişiň, nas atan.

Magtymguly, ölenden soň bilerler,
Jynaza okamaý, burnuň dilerler,

Sakar diýgen jaýa seni salarlar,
Nara döner içiň-daşyň, nas atan.

GYBATKEŞ

Rozy-magşar şikat eder diliňden,
Ryswalygyň budur seniň, gybatkeş.
Ömrüň ýele berme, azma ýoluňdan,
Agyrtmagyl iliň-günüň, gybatkeş.

Bulut dek küküräp, bark kimin gürlär,
Gähi buzdan tagtlar, ataşdan ýerler,
Gatyr dek içýanlar, bugra dek möýler,
Bedeniňden sorar ganyň, gybatkeş.

Halyň gören haýran bolup aglarlar,
Özüň Syjjyn atly jaýda baglarlar,
Diliň çekip, demir bile daglarlar,
Gara bolar şol gün günüň, gybatkeş.

Ýaman söz aýyrar ýagşy dostuňdan,
Günähiň agramy basar üstüňden,
Jähennem içinde tamug astyndan,
Peleklere çykar üýnüň, gybatkeş.

Melekler göterip, gürzi urarlar,
Endamyňdan suw dek akar zäherler,
Haşlaşyp durarlar ýanyňda marlar,
Endamyňdan sorar ganyň, gybatkeş.

Bir dem gutulmaz sen, tamug naryndan,
Içiň doly bolar ýylan zährinden,
Şol azabyň hasratyndan, zaryndan
Peleklere çykar üýnüň, gybatkeş.

Orun biýrler saňa eltip bir jaýda,
Günüň geçer gije-gündiz haý-waýda,
Azabyň artdyrar seniň her aýda,
Çilimkeş hemradyr ýanyň gybatkeş.

Rusyýa sen magşar güni Kerime,
Taňry sogabyňdan alar jerime,
Imansyz ten iýdip elter jehime,
Gile eder senden janyň, gybatkeş.

Magtymguly diýer iliň gözünden
Düşübän, hor bolsaň, görgül özüňden,
Diliňi çekmeseň haram sözüňden,
Belli, bibat bolar diniň, gybatkeş.

PÄLIŇ SENIŇ

Ogry bolsaň, diňlegil, bolgaý niçik halyň seniň,
Kişi malynda gider köňlüň, gözüň, päliň seniň.
Misli şeýtan aldawydyr mekir-u alyň seniň,
Bu ýalançylyk bile ötgeý mah-u salyň seniň,
Dowzaha dogry barar, billah, giden ýoluň seniň.

Taňla magşar it bolup, yňranyp iýgeý seň etiň,
Ýüzüni görmez Muhammet sen kibi pis ymmatyň,
Hem o dünýä şafkatyň, bolmaz bu dünýä döwletiň,
Her zaman her sagat içre artdyrarlar mähnetiň,
Bu jehim içre tutar möýler sag-u soluň seniň.

Aglaýyr sen, gözleriňden ýaş ýerine gan gidip,
Munça mähnetler çekip, göwsüň dilip, weýran edip,
Yssyg bermez başyňa, toprak saçyp, girýan edip,
Gylça yssyg görmegeý sen dag gadar puşman edip,
Döküler gaýdyp dahanyňdan pohuň-böwlüň seniň.

Ol Muhammet garşysynda hem uýalgaý sen o gün,
Ger ölüm bolsa idi, istärdiň ölgeý sen o gün,
Gürzi astynda, melek zarbynda galgaý sen o gün,
Ol Haryş atlyg ýylana lukma bolgaý sen o gün,
Maýmynyň suratyda bolgaý ki, tymsalyň seniň.

Aýdyýar Magtymguly, görseň günähiň, eý gözüm,
Çekiler gyldan-gyla magşar hasabyň, eý gözüm,
Ýüz gara, dil gysgadyr, bolmaz jogabyň, eý gözüm,
Mal eýesige o gün biýr sen sogabyň, eý gözüm,
Hem günähiň boýnuňa goýgaý – budur halyň seniň.

JAHAN SENDEN BIHABAR

Sen-Sen araýyşy-jan, hem jan Senden bihabar
Sen jahana doly Sen, jahan Senden bihabar.

Endişe deryasynda syrym sefinesini
Ýüz tarapa ýüzdürdim, seýran Senden bihabar.

Ger diýseler küfr olar: «Eşýa Senden halydyr»,
Menzil Senden mustagrak, mekan Senden bihabar.

Zemin, asman, garb-u şark pertöwiňde gerdandyr,
Zamanyýa Sen gerdan, zaman Senden bihabar.

Istär Seni deňizler ýaýkanyşyp şowkuňdan,
Sen olar içre mälim, umman Senden bihabar.

Zemin dilär asmanda, asman dilär zeminde,
Bir-birine gümanda, güman Senden bihabar.

Magtymguly, gör indi, eşýalar ne işdedir,
Ýok imiş bu eşýada heman Senden bihabar.

RYÝADAN, ÝA REP

Sagý ile gutulmadym men bu beladan, ýa Rep,
Çyka bilmen jäht edip, ujb-u ryýadan, ýa Rep.

Talygym etdi tulug, aňdym ony ahtary-bet,
Sen ýyrag et meni bu bagty-syýadan, ýa Rep.

Ýowmy-teşehhut aýdar hal maňa, bir şahyd-aýn,
Gutulyrmy gahba jan beýle güwäden, ýa Rep.

Ten ybadatda ylal hem döwi, şeýtandyr bagal,
Ýat edip, emri-ezel hökmi-haýadan, ýa Rep.

Dergähiňe, eý Kirdigär, kylsam ybadat ýok karar,
Etgenime ýok ygtybar sowmy-saladan, ýa Rep.

Men istär men Senden Seni, Sen et yrak menden meni,
Hajat rowa kyl, ýa Gany, meni-mübteladan, ýa Rep.

Magtymgulyny her zaman basdy bela, açdy zyban,
Eýlemesin her möminan mahrum dogadan, ýa Rep.

ALLA SEN

«Kün!» lafzyndan älemi,
Möwjut eden Alla sen.
Jebraýylnyň elinde,
Köwni tutan Alla sen.

Ejiz-u şermendäge,
Köýüňde dermendäge,
Ezraýyly bendäge,
Nisbet eden Alla sen.

Afw eýläre laýyk Sen,
Hem tebibi-hazyk Sen,
A:ma-hasa razyk Sen,
Kysmat eden Alla sen.

Zemaýyrny gonduryp,
Tagty-arşa mündürip,
Aşyk köňlün ýandyryp,
Hasrat eden Alla sen.

Hyjap tutup ýüzüňe,
Ysrapyly razyňa,
Habybyňy Özüňe,
Kurbet eden Alla sen.

Aşyk ýoluňda − murda,
Uçramyş sansyz derde,
Pakyrlara magşarda,
Nurbat eden Alla sen.

Magtymguly bimara
Gulam bolmuş biçäre,
Ýüz müň meniň dek zara,
Mürwet eden Alla sen.

GÜZEŞT EÝLE

Eý, Kerimi-kärisaz,
Günähim güzeşt eýle.
Eý, Rahymy-çäresaz,
Günähim güzeşt eýle.

Ermese kerem Senden,
Gitdi ygtyýar menden,
Jürmüm çykardym çenden,
Günähim güzeşt eýle.

Ýüz gam birle tende jan,
Isteýir Senden aman,

Pazlyň birle, ýa, Suhan,
Günähim güzeşt eýle.

Gerçe oldum günäkär,
Setr eýle aýbym, Setdar,
Kerem eýle, ýa, Gapbar,
Günähim güzeşt eýle.

Lutpuňy yzhar eýleý,
Köňlümi karar eýleý,
Towfykyňy ýar eýleý,
Günähim güzeşt eýle.

Akyl ýetmez zatyňa,
Pikr ermez sypatyňa,
Birligiň hormatyna,
Günähim güzeşt eýle.

Mäligi-mahluk, her ne,
Kim ýetdi sunguň syrna,
Üç müň ismiň hatyrna,
Günähim güzeşt eýle.

Biz biçäre ymmatyň,
Ymmaty-Muhammetiň.
Hormatyna Ahmediň,
Günähim güzeşt eýle.

Sunguň düşüp şowkuna,
Etdiň Ahmet zowkuna,
Asman, zemin hakyna,
Günähim güzeşt eýle.

Sahylar yhsany çün,
Şehitleriň gany çün,
Jünbendeler jany çün,
Günähim güzeşt eýle.

Saňa bakan ýüzler çün,
Sen diýp ýyglan gözler çün,
Hamdyň okan sözler çün,
Günähim güzeşt eýle.

Gökde ýyldyz hormaty,

Ýerde nowruz hormaty,
Gije-gündiz hormaty,
Günähim güzeşt eýle.

Belent daglar hakyna,
Çölde gyrlar hakyna,
Ýerler, suwlar hakyna,
Günähim güzeşt eýle.

Senden bolmasa haraý,
Bu meniň halymga, waý,
Pyragy diýr, ýa, Hudaý,
Günähim güzeşt eýle.

BIR ALLADYR

Ýedi gat asmany, Ýeri,
Mäkäm eden bir Alladyr.
Iki jahanyň serweri,
Din Muhammet Mustapadyr.

Muhammetden owwal öten,
Allanyň syryna ýeten,
Tur dagynda mesgen tutan,
Ol Musa Kelimulladyr.

Niçe mursal, nebi geçdi,
Dünýäniň ahyry puçdy,
Gämi baglap, ol-da geçdi,
Ol dagy Nebiulladyr.

Abu Bekr, Osman, Aly,
Biri-birinden senaly,
Käbe şähринde binaly,
Ybraýym Halylulladyr.

Ýakup aglar günde saba,
Düşüp zyndana — gazaba,
Müsür şähринde Ŷusuba,
Aşyk bolan Züleýhadyr.

Çün toprakdan bolmuş Aly,
Ysrapyl suruna bagly,
Dawut pygamberiň ogly,
Ol Süleýman patyşadyr.

Hakdan dilärler ömüri,
Töwekgel kyldy dört ýary,
Hak ýetirse Zülpükary,
Din kuwwaty Murtazadyr.

Gözel Alla nazar salan,
Meryýemiň mährinde galan,
Dört kitabyň birin alan,
Ol Isa Beruhulladyr.

Magtymguly, ýa habybym,
Unutmasyn seni dilim,
Hezreti Muhammet wekilim,
Sygyndygym bir Alladyr.

REPBIM JELIL

On sekiz müň älem ählin bar eden Repbim Jelil,
Dönderip dergähine hem zar eden Repbim Jelil,
Gudrat ile Arş öýün döwwar eden Repbim Jelil,
Haýbat ile Ferş öýün hemwar eden Repbim Jelil,
Emr edip, bir baýzaýy enwar eden Repbim Jelil.

Aýry söwdaýa salyban raýyny her bendäniň,
Hoş ajap serişde birle murdanyň hem zindäniň,
Bişeler içre arslan her ýyrtyjy derrendäniň,
Ýer ýüzünde her ne bar, mur-u mar-jünbendäniň,
Ryskyny maksum edip, taýýar eden Repbim Jelil.

Niçe pygamberlere kyldyň ataýy-döwleti,
Imtihan eýläp niçe gullara derdi-mähneti,
Lutp edibän bergeç ol Musaga fathy-nusraty,
Dine dagwat eýlegeç, Pyrgunnyň artyp şirketi,
Barçany bu jahanda har-zar eden, Repbim Jelil.

Kimi derwüş eýlemiş, göýä teninde jany ýok,
Kimi ýüz eşret bilen, kimiň iýmäge nany ýok,
Kimleri Karun kibi ýygmyş, haýr-yhsany ýok,
Hem o dünýä, hem bu dünýä kimleriň armany ýok,
Kimleriň ornun azaby-nar eden, Repbim Jelil.

Eý, Huda, Magtymgulyga lutpy-yhsan, eýlegil,
Barça ymmat jürmüni afwyňda ýeksan eýlegil,

Dünýä ahyr maksadym sen gel-de asan eýlegil,
Keşf edip ylmy leduny, ähli-yrfan eýlegil.
Bihabar dillere syr äşgär eden, Repbim Jelil.

BERKARAR ETGEN KERIM

On sekiz müň älemi bir demde bar eden Kerim,
Ýedi gufrana pelegi berkarar eden Kerim,
Bendelere rehmetin her dem nisar eden Kerim,
Ol melaýyklary gökde bişumar eden Kerim,
Gudratyn iki jahanda äşikär eden Kerim.

Kimleri gümrah kylyp, berdi oňa rahy-zalal,
Kimleri mömin kylyp, özün tanatdy bimysal,
Her kimi bir köýe saldy ol Kerim-u lä ýezal,
Niçeler tagat bile ömrün ötürdi mah-u sal,
Niçeleri magsiýetde şermisar eden Kerim.

Enbiýalar afzaly ol Mustapa — Haýrul-beşer,
Hem melaýyklar görüp, kyldy başyga täji-ser,
«Ýa şafygyl-müznibin» diýp, ýat eder men her säher,
Gudratyndan ol Mesihany ýaratdy bi peder,
Ody Ybraýym Halyla lälezar eden Kerim.

Kimlere berdi Hudaýym aýş-u eşret bihasap,
Kimseler hasrat bilen nan tapmaýyn, bagry kebap,
Kimlere rahat bagyşlap, kimlere berdi azap,
Dünýä bir kerwensaraýdyr, ötdi mundan şyh-u şab,
Her kime takdyry-kysmat rozygär eden Kerim.

Kimleri şa eýleýip, berdi murassag täç oňa,
Kimleri pakr-u penada eýledi mätäç oňa,
Niçelere berdi döwlet, niçeler gallaç oňa,
Dostum diýip lutp kyldy leýletil-magraç oňa,
Mustapanyň dostlaryny Çaryýar eden Kerim.

Owwal-a iki jahany bar eden Kadyr Huda,
Niçe gullar Hak ýolunda eýledi janyn pida,
Niçeler pysky-pisada kyldylar ömrün eda,
Dünýäge gelen gider baý-u pakyr, şah-u geda,
Barça guly şum ölüm elinde zar eden Kerim.

Maksadyň Magtymguly, sen Haktagaladan dile,
Gapyl olma gije-gündiz, bol Huda zikri bile,

Biz dek asy gullara, şaýet, Huda rehmet kyla,
Ömrüňi zaýyg geçirme, hasylyň berme ýele,
Barçalaryň jaýyny ahyr mazar eden Kerim.

REPBIÝEL-AGLA

Eý emriňden asman indi rukuga,
Senasy: «Subhane Repbiýel-agla».
Berdar olup, ýer hem bardy sujuda,
Seždeden ser bozmaý aýdar «Ýa Möwla».

Ademge gazadyr, haý ismiň — halwa,
Zemin Saňa döndi, asman hem delwe,
Ol Saňa eýlegeç jemalyň jilwe,
Zowky-waslyň seňňi dönderdi derýa.

Eý zatyňdan agla eýledi Ekber[1],
Mömine — miratyň, mirata — manzar,
Sen[2] göýä mahtap sen, eshabyň ahter,
Tapdy täji onuň bilen ihtida.

Akyldan bidertler fuzundyr, azher,
Boldy huş ähline her warak depder,
Hamdyňa möwjudat bolupdyr ezber,
Her biri bir aýry til bilen guýa.

Ýerinde ýok eken iki jahany,
Gudratdan bar etdiň bir demde ony,
Eradaň eýlemiş uşbu dükany,
Bu bazara Sen Sen dana-ýu bina.

Pyragy panydan ferş fark etmiş,
Benijan ýer ýüzün jürme gark etmiş,
Zer zowkun jan howpy rize terk etmiş,
Menşäýi-belada menzili-mäwa.

HUDAÝ DEGILMI

Arzymy eşidiň eý, a:m-u haslar,
Barçany ýaratgan Hudaý degilmi?
Goýmaň dostlar bäş wagt namaz, rozany,
Okugan gul jaýy jennet degilmi?

[1] Ekber – bu ýerde Allatagala manysynda gelýär.
[2] Sen – bu ýerde Muhammet pygamber göz öňünde tutulýar.

Aýytmak wajypdyr, eşitmek sogap,
Ýaradan barçaga düz bergeý jogap,
Şu eýýam sopusy ýalançy, kezzap,
Wadasy, ykrary ýalan degilmi?

Birew bir kimersä amanat berse,
Eşitse gulakdan, dogrusyn diýse,
Eger amanatdan bir katra iýse,
Magşar güni ol hem şeýtan degilmi?

Dogry sözün ogryn aýdyp sözlärler,
Öz malyna doýmaz, halkdan gözlärler,
Ogul atasyndan burun sözlärler,
Şeýle bir «gudratly» zaman degilmi?

Bagly bolar muhannesiň gapysy,
Myhman gelse bolmaz zowky-sapasy,
Hatyna geýdirip gülgün lybasy,
Telmuryp ýüzige, haýran degilmi?

Söýle Magtymguly aklyň ýetinçä,
Kyýamatyň gazan bikär ýatynça,
Tamugda sen, tä güzerden ötinçä,
Pirimiz Begdurdy işan degilmi?

YNSAN ÝARATDY

Bir Allaga aýdaý hamdy-senalar,
Bir gysym toprakdan ynsan ýaratdy.
Ten kapasyn kylmak üçin münewwer,
Jan nurundan şemgy-taban ýaratdy.

Görmäge göz berdi, dile makalat,
Jany goýdy tende bäş gün amanat,
Ezelde her kime kylsa enaýat,
Kükreginde nury-iman ýaratdy.

Owwal-a ýaratdy Adam atany,
Oňa jübüt eýledi Howa enäni,
Firdöwsi-aglada berdi mekany,
Oňa duşman melgun-şeýtan ýaratdy.

Hakdan nazyl oldy Musaga Töwrat,
Dawut Zebur okap, kyldy mynajat,

Injil waspyn Isa eýledi isbat,
Muhammet şanynda Furkan ýaratdy.

Muhammedi serwer eýläp jahana,
Diýdi: «Pygamberi-ahyrzamana»,
Jebraýyldan wahý inderip rowana,
Kapyrlara Şahymerdan ýaratdy.

Birni pes eýledi, birni serbelent,
Birni pakyr eýläp, birni döwletment,
Birni har eýledi, birni erjüment,
Birni geda, birni soltan ýaratdy.

Owazasy düşüp Rum-u Ýemene,
Müsür, Şam-u Hindistan-u Dekene,
Çawy düşüp Hytaý bile Hotana,
Bir emiri-sahypkyran ýaratdy.

Karkarasy begler içre şahana,
Şujagat bahryda dürri-ýegana,
Işmuhammet handan galdy nyşana,
Taňrym ony merdi-meýdan ýaratdy.

Gara ýerden ýaşyl sebze gögerdip,
Her agaçdan dürlük miwe çykardyp,
Gün-günden baglaryň miwesi artyp,
Gül açylyp, bag-u bossan ýaratdy.

Magtymguly aýdar, Haka setaýyş,
Her müşgil işime Sen-Sen güşaýyş,
Gije-ýu gündizde berip nemaýyş,
Hurşyt ile Mahy-taban ýaratdy.

BU DERDI

Keşt eýledim, gezdim yşkyň dagynda,
Ne beladyr, kimse çeker bu derdi.
Yşk dagyn asdylar gögüň boýnundan,
Gök titreýip, çeke bilmez bu derdi.

Yşk eser etmese, ýanmaz çyraglar,
Yşka düşse, guşlar eňräp, gurt aglar,
Egiler haýbatly, kuwwatly daglar,
Daşlar erip, çeke bilmez bu derdi.

Kimdir yşkyň ýükün çeken merdana,
Pelek gördi, gorkup düşdi gerdana,
Zemin jünbüş eýläp, geldi lerzana,
Çöller tap getirmez, çekmez bu derdi.

Behişt gaçyp çykmyş arşyň öýüne,
Tamug gorkup, inmiş ýeriň teýine,
Gaçdy derýa, adam aldy boýnuna,
Dört ýüz ýyllap sorap geçmiş bu derdi.

Magtymguly, çekseň derdi-dügünden,
Asy bolup, şikat etme bu günden,
Bu ölmek, aýrylmak galypdyr öňden,
Peder bize miras goýmuş bu derdi.

GÖRDÜŇMI

Ýagty salar gider zulmat tününde,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?
Bahar eýýamynda, heýhat gününde,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Anka sypat turup, «Hak!» diýp galkan guş,
Gijesi tirikdir, gündizi bihuş,
Redaly, jindeli, egni hyrka puş,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Gan edipdir pelek bagrym pyrakda,
Elmydam gezer men ýar diýp sorakda,
Käbe etrapynda, Şamda, Yrakda,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Haremde, Gypjakda, Çynda-Maçynda,
Asmanyň üstünde, arşyň içinde,
Yklym degresinde, pelek burçunda,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Aşyklar ahynda, Gulzum döwründe,
Gubbatyl-yslamda, Jeýhun bahrynda,
Sidre sährasynda, Isa şährinde,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Hezret Aly etgeç älemge dawy,
Kapdan Kaba düşdi hezretiň çawy,
Ýa, yklym eýesi Ahmet Ýasawy,

Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Mesgen tutmuş gara dagyň burnunda,
Alnyň mülkünde, Isa ornunda,
Ýeriň arkasynda, gögüň garnynda,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Magtymguly çeker ýaryň gamyny,
Gezip, tapa bilmez roýy-zemini,
Ýa, ady Jebraýyl – Hakyň emini,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

NÄME SEN?

Asla Seni görmemişem, dildarym.
Gumrumy Sen, bilbilmi Sen, näme Sen?
Gamgyn köňlüm hyýalyňda aldaram,
Bag içinde gülgülmi Sen, näme Sen?

Garaçymyň, ýa seýitmiň, hojamyň,
Ýa sakymyň, ýa şerapmyň, ýa jammyň,
Ýa ýylmy Sen, ýa gündizmiň, gijemiň,
Ýa Aýmy Sen, ýa Günmi Sen, näme Sen?

Ýa müşkmi Sen, ýa kokunar anbarmyň,
Aýda bilmen, ýa çarhmy Sen, çenbermiň,
Ýa derýamyň, ýa möwçmi Sen, lenbermiň,
Ýa girdapmyň, ýa burgunmyň, näme Sen?

Altynmy Sen, kümüşmi Sen, zermi Sen,
Ýa Arşmy Sen, ýa Kürsmi Sen, Ýermi Sen,
Ýa ýakutmyň, ýa merjenmiň, dürmi Sen,
Ýa çyragmyň, ýa röwşenmiň, näme Sen?

Magtymguly, geç namysdan, aryňdan,
El götergil bu wepasyz käriňden,
Jahan doly, sen gapyl sen ýaryňdan,
Meý-mestmi sen, ýa şeýdamyň, näme sen?

DILBERIŇ

Gözüm düşdi seýranymda, gardaşlar,
Kükreýir tamug dek nary Dilberiň,
Gyýylmyş keman dek ýüzünde gaşlar

Gören-u, görmän-u zary Dilberiň.

Ol adam oglunyň imes balasy,
Gulagyn dyndyrmaz aşyk nalasy,
Jemalyn bir gören haýran galasy,
Akadyr ýüzünden nury Dilberiň.

Şuglasynda Güneş dekdir jemaly,
Hiç kime ýetdirmez waspy-kemaly,
Munakgaş sypatly zaty-jemaly;
Mysalydyr jennet hüýri Dilberiň.

Hoş meýlisler gurup gözel dost birle,
Ýar maňa meý berdi, gitdim sust birle,
Hemle kyldy maňa ýüz müň kast birle,
Sokdy meni ýylan-mary Dilberiň.

Ýanynda kyldylar söhbeti, sazy,
Çagyryň, diňläňiz şol dilnowazy,
«Asy gulum!» diýip geler owazy,
Perde bile biziň sary Dilberiň.

Ol dem rugsat berdi, girdim bagyna,
Soňundan uçradym hijran dagyna,
Ýel deger, dagylar gül ýaňagyna,
Şol gara zülpüniň tary Dilberiň.

Ysrapyl sur ursa ýalan jahana,
Jan ne ýagşa galar, ne-de ýamana,
Bir sagatda gopar ahyrzamana,
Eger geler bolsa gahry Dilberiň.

Ýüregimde ýanan hijran közüdir,
Erkime goýmaýan ýaryň suzudyr,
Gardaşy, dogany − ýalňyz Özüdir,
Hiç ýokdur rakyby, ýary Dilberiň.

Her kim Ony söýse, diridir, ölmez,
Jahana Özünden gaýry hiç gelmez.
Iýmesi, içmesi, karary bolmaz
Menzili, mekany, dary Dilberiň.

Aşyklar ýaş döker çeşminden girýan,
Görejek, çarh urar, döwr eder her ýan,

Magtymguly, janym ýolunda gurban,
Dilese janymy, bary Dilberiň.

GALMAZ-A

Görsem, eý, dilber, jemalyň, ygtyýarym galmaz-a,
Görmez ersem bir zaman, sabr-u kararym galmaz-a.
Waslyň umydyna bir dem ygtybarym galmaz-a,
Bolmasa umydy-waslyň, hiç mydarym galmaz-a.

Ger enaýat bolmasa Senden, açylmaz ýolumyz,
Tutgun olar daýyma, bolmaz küşat ykbalymyz,
Ejz ile bimar olup, aşufta bolgan halymyz,
Rehm edip, Sen sormasaň, bir aýry ýarym galmaz-a.

Hasrat içre galmyşam, ejiz boluban mande men,
Parh ede bilmen özüm eýwanda ýa weýranda men.
Kimse pähm etmez bu derdim, bolmuşam dermende men,
Sanyram ölmezden owwal tende janym galmaz-a.

Göýä ki beýtul-hazan men, şat gelen gamnäk ola,
Tä haýaty-panyýam, synam Seniň çün çäk ola,
Suratym nisýandadyr, ustuhanym häk ola,
Tä olynça rozy-magşar, ahy-zarym galmaz-a.

Gerçe bu Magtymgulydyr maýyly-nebsi-howa,
Hak erer Sen birligiň, çün hajatym kylgyl rowa,
Hajatym Senden rowa bolmas erse ger, muddaga,
Beýle mälimdir ki, hiç bir gamgusarym galmaz-a.

HAKY ÇÜN

Ýa, Ýaradan, myradyma ýetirgil,
Ýa, jemaly Jelililla haky çün.
Keremiňden ykbalyma dest bergil,
Owwal Adam Safyulla haky çün.

Edebi-ekramy, şermi-haýasy,
Delili-burhandyr − onuň güwäsi,
Älemi gark etdi onuň dogasy,
Dostuň Nuhy Nebiulla haky çün.

Beýtil-Mukaddesde, Ymran ilinde,
Atasyz bar bolan ene bilinde,
Gudratyň meşhurdyr Meryem oglunda,

Ýa, Rep, Isa Beruhulla haky çün.

Kapyrlar beslegen oglan çagynda,
Bir oda ýolugan dost pyragynda,
Baryp, raz aýdyşan Sina dagynda;
Tury-Musa Kelimulla haky çün.

Otlaýyp-suwlagan arşy-aglada,
Goçgarlar gönderip, kyldyň azada,
Ysmaýyl gurbanyň boldy Minada,
Ýa, Ybraýym Halylulla haky çün.

Bu ýolda parh etmez begler, soltanlar,
Ýa, gaýyplar, dogry ýola eltenler,
Onki ymam, ýedi weli, çiltenler,
Hydyr-Ylýas Nebiulla haky çün.

Düşdi luw ýyly magraç gallesine,
Byrag münüp çykdy arş pellesine,
Paşmagy täç olmuş arş kellesine,
Ýa, Muhammet Resululla haky çün.

Ezber eýläp okydylar Gurhany,
Taha-ýu Ýasyny, Alham süräni,
Abu Bekr Syddyk — resul ýarany,
Omar, Osman, Esedulla haky çün.

Magtymguly, çagyr Repbul-ybady,
Bu dünýä, ahyret bergil myrady,
Resululla goýmuş adyn Azady,
Atam — Döwletmämmet molla haky çün.

ÝA, ZÜLJELALYM

Ýa, Ýaradan Kadyr, gudratly Jepbar,
Armanda goýmagyl, ýa, Züljelalym.
Nebsimiň raýynda keremli Gapbar,
Permanda goýmagyl, ýa, Züljelalym.

Tenim dertli kylma, özümi gallaç,
Köňlüm giň et, goýma aj-u ýalaňaç,
Zalyma duş etme, namarda mätäç,
Gam mende goýmagyl, ýa, Züljelalym.

Saklagyl gaýgydan, gamdan, mähnetden,
Haly kylma dünýälikden, döwletden,
Namut etme şepagatdan, rehmetden,
Dermende goýmagyl, ýa, Züljelalym.

Eý-a, Kadyr, Senden gudratly kim bar,
Keremiň güýçlüdir, günähim bisýar,
Bir zalym golunda eýläp giriftar,
Haýranda goýmagyl, ýa, Züljelalym.

Pyragy diýr, şer hem bolsa şanymda,
Haýra döndür, arman goýma janymda,
Owwal-ahyr, dost-duşmanyň ýanynda
Şermende goýmagyl, ýa, Züljelalym.

MÄTÄÇ EÝLEME

Kadyr Jepbar, Senden dilegim kändir,
Sen meni namarda mätäç eýleme.
Hazynaňdan bergil meniň ryzkymy,
Bendäňi bendäňe mätäç eýleme.

Azaşdyrma dogry ýolum egrige,
Egrini deňleme hergiz dogryga,
Kişi maly nesip etmez ogryga,
Halaly harama mätäç eýleme.

Namart köprüsinden ölsem geçmez men,
Kerwen bolsam, halal işden gaçmaz men,
Elinden bir käse şerap içmez men,
Sag elim sol ele mätäç eýleme.

Ýagşy niýet-Senden dilegim köpdir,
Ajy sözler dilden çykan bir okdur,
Doganyň dogana bahasy ýokdur,
Agany inige mätäç eýleme.

Magtymguly, Hakdan dile baryny,
Dilär bolsaň, dile öz imanyňy,
Abat eýle iki gözüm nuruny,
Sag gözüm sol göze mätäç eýleme.

ÝAGMYR ÝAGDYR, SOLTANYM

Seniň dek Kadyrdan dileg dilärin,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.
Garybam, gamgynam, nalyş eýlärin,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

Kadyr Alla dökgün rehmet barany,
Ekiniň hemdesti, ýeriň ýarany,
Ýeriň, gögüň, Arşyň, Kürsüň Suhany,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

Bilbiller mest bolsun, älem aýylsyn,
Gaýgylar dep bolsun, gamlar sowulsyn.
Nowşirwan wagty dek jahan ýaýylsyn,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

Rehmetiň işigi Arşdan açylsyn,
Nuruň inip, ýer ýüzüne saçylsyn,
Gubar göçsün, älem ýüzi açylsyn,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

Älem takdyr gözlär – Hakyň permany,
Jahany bast eýle, çyksyn armany,
Senden biter dertlileriň dermany,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

Bende-biçäreýem, ne bardyr mende,
Rahym Sen, Rahman Sen, kerem kän Sende,
Keremiň bolmasa, galdyk dermende,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

Dergähden dilener nalyşly gullar,
Mynajat eýleýip, açylar diller,
Ýamanlyk göterlip, ýaýylsyn iller,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

Magtymguly, yşkyň eýlär erada,
Yşkyňy kemal et, goýma arada,
Ýetirgin maksada, magşar − myrada,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

ÇYKARDYM ÇENDEN

Jelil-eý, Jepbar-eý, Özüň biler Sen,
Jahan içre jürmüm çykardym çenden.

Bende men, ne kylsaň, Özüň kylar Sen,
Günähim güýç alyp, basdy gün-günden.

Dergähiňden derman dileneý niçe,
Uzyn ömrüm sagýyn sarp etdim hije,
Ýük agyr, ýol yrak, garaňky gije,
Jan hem jöwlan urar çykmaga tenden.

Rah röwdüm, mande bolup oturdym,
Keremiňe sygnyp, pena getirdim,
Ýoldaşym ýok etdim, ýolum ýitirdim,
Nebs ynsapdan etdi, şum şeýtan − dinden.

Hasylym usýandyr gendeligimden,
Ölüm asan erer zindeligimden,
Hyjalata galdym bendeligimden,
Saňa laýyk amal gelmedi menden.

Hasrat bile geçdim, haýranda galdym,
Dergähiň daldadyr, sygynyp geldim,
Nebs ile şeýtanyň paýmaly boldum,
Eýäm, Sen lutp edip, gutargyl ondan.

Yhlasym ary kyl, ýalanym ýok et,
Tilimi deraz kyl, ýüzümi ak et,
Hatardan hyfz eýle, haramdan päk et,
Towfygyň ýar eýläp, toba ber çyndan.

Magtymguly, aşnalyk ber yşk ile,
Synama — syr bile, çeşme — eşk ile,
Agmalym aňlasam, galdym müşgile,
Ýerim ýok aýrylyp barara Senden.

ÝANY BILÄNI

Magtymguly diýer, ýigit çagtymyň,
Towfyklyk gözgüsi syýa bagtymyň,
Atamyň dogany Selim magtymyň,
Goýsalar, giderin ýany biläni.

DINI BILÄNI

Bäş şerti berjaý kyl, musulman bolsaň,
Ýörgün Muhammediň dini biläni.
Ýüz ýigrimi dört müň pygamber ötdi,

Her biri bir ymmat sany biläni.

Ryzwanlar giderler gapy keşigne,
Gijeler ýagtylar göwher yşygna,
Aly, Hatam başlar jennet işigne,
Jomartlar geçerler nany biläni.

Sap-sap gurup, hüýr gyzlardan gözledip,
Saýlap alar her birinden hezl edip,
Byrag atyn çar tarapa hyzladyp,
Şehitler geçerler gany biläni.

Roza hemdemiňdir, namazyň — çyrag,
Zekat hasabyňdyr, imanyň − ýarag,
Bu gün bir at berseň magşar gün Byrag,
Çekerler gyzylly zini biläni.

Magtymguly, mestan yşk jamyn içer,
Kim hasap elinden gutular, gaçar,
Syrat köprüsinden salamat geçer,
Haka gulluk eden jany biläni.

SAÇDY MUHAMMET

Owwal-deslap baryp Haýbar dagynda,
Kapyrlar ganyny saçdy Muhammet.
Leklăherde, Sekwan, Käbil şährinde,
Jepa çekip dinin açdy Muhammet.

Aşyklar paş olup, yşka münende,
Tura nazar düşüp, daglar ýananda,
Byrag gökden gelip, ýere inende,
Refref münüp, arşa uçdy Muhammet.

Mikaýyl, Ysrapyl, Ezraýyl bile,
Geldiler, durdular Jebraýyl bile,
Seýr etdi Selsebil, Zenjebil bile,
Köwser arygyndan içdi Muhammet.

Magrajyň gijesi seýre baranda,
Ýa Jebraýyl emin bile ýörende,
Behişt gapysyna gelip duranda,
«Bismilla!» diýp, işik açdy Muhammet.

Magtymguly, özge dini bozdular,

Yklym-yklym, şäher-şäher gezdiler,
Jepa çekip, yslam dinin düzdüler.
Altmyş üç ýaşynda geçdi Muhammet.

ANBAR SAÇDYLAR

Muhammet geler diýp asman işigne,
Melekler müşk ile anbar saçdylar.
Bagly erdi, açylmazdy owwaldan,
Kyrk günden ileri gapy açdylar.

Muhammet basyldy Bedriň jeňinde,
Bir niçe musulman galdy çaňynda,
Şahymerdan çykyp geldi soňunda,
Atyň göwresinden al gan saçdylar.

Ahyry gäwürdir, owwaly tersa,
Melek perin atar asmanda görse,
Dakýanus döwründe niçe kimerse,
Bir it bile hemra bolup gaçdylar.

Rüstem dag sürerdi bir apy bile,
Döwler titreşerdi gürz howpy bile,
Hoja Ahmet Ýasawy ýüz sopy bile,
Kiştisiz deryany şeýle geçdiler.

Magtymguly täsip etdi bir işde,
Ýer ýüzünde tutmak üçin serişde,
Harut, Marut atly iki perişde,
Babyl guýusynda çaýa düşdüler.

LEWADA BELLI

Nury mahweş, kuýaş gutlug habybym,
Adyň ser depderde, lewada belli.
Ýedi asman, dokuz pelek üstünde,
Beşer resulynda zyýada belli.

Mahlaryň täji sen, gözler çyragy,
Gökde melek, ýerde beşer ýegrägi,
Zeminiň rafygy, gögüň diregi,
Lowhy-mahfuzda hem semada belli.

Şafygyl-müznibin magşar gününde
Makamy-agla sen Hakyň ýolunda
Şam-u säher ymmatlaryň dilinde

Mömin dileginde dogada belli

Melekler gymmatyň bilmän gapylar,
Az bahaga satdy nice sabylar,
Arzuw edip geçmiş öňki nebiler,
Jelil rehmeti sen, senada belli.

Muhabbetiň tende, ýürekde, janda,
Ne bir janda, belki jümle jahanda,
Hüýri-ryzwan okar jennet mekanda,
«Taha», «Ýasin», barça sürede belli.

Gelsin diýip habar gelgeç habypdan
Byrag münüp çykdyň arzy-şeripden
Şepagatyň daryg etme garypdan
Magşar gün ýetirgin myrada belli

Aklymy unutdy yşkyň howasy
Ýüz jan bolsa bir görnüşiň pidasy
Magtymguly diýrler, şermende, asy
Atasy sähraýy-Azada belli.

ÝA MUHAMMET MUSTAPA

Eý, sypatyňdan tekellüm her til üzre müň sena,
Patyşahy-enbiýa sen, täji-farky-öwlüýa,
Din onuň dini erer, gümralara ol rahnema,
Barçanyň umydy senden taňla ol daryl-kaza,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Haktagala zaty-pägiňni ýaratmyşdyr habyp,
Magsyýet derdige derman kylgujy hazyk tebip,
Çünki «Mäzägal basar» gülzaryda sen andalyp,
Rozy-magşar mähri-şafkaty bize bolgaý nesip,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Ýa Resuly-älemin, ýa seýýidi-Haýryl-beşer,
Kim seniň şanyňa nazyl boldy ol şakkyl-kamar,
Kim saňa inkär eder kasdan-emdan kad kefer,
Bul garyp binowalar halyga kylgyl nazar,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Hezreti Bu Bekr Syddyk erdi ýary owwaly,
Omary-Hattap adyl muhtesipler afzaly,

Bagd ez an Osman Zünnureýn, ondan soň Aly,
Eý behakky-hormaty ol tört ýary-ekmeli,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Eý, şahynşahy-nübüwwet, magdany-judy-kerem,
Enbiýa-ýu öwlüýäler barçasyndan muhterem,
Din, aýyny-şerifiň barça äleme alam,
Häki-paýyň totyýaýy-dideýi-lowhy-galam,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Ýa Muhammet Mustapa, siz barçaga puşt-u penah,
Nebsi-näperman goluda kylmyşam daýym günäh,
Iltifatyň bolmasa taňla bolur halym tebah,
Kaýda bargaý men, meni şermendeýi-namy-syýah,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Senden artyk mähribanym ýok meniň, biçäre men,
Eýesiz itler kibi nebsim üçin awara men,
Hiç bilmes men ki, men älem era ne käre men,
Ýa, Nebiulla, terahhum eýle, wejhi gara men,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Ýedi gat gerdun zeminiň boldy magraj agşamyň,
«Kabe köwseýni ew ednä» ýetdi seniň makdamyň,
Jebraýyl, Alla idi ol gije ýary-hemdemiň,
Häki-nalyň zyýaýy-çeşmi-arşy-agzamyň,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Magtymy biçäre, bolmuşdyr günäh birle ýesir,
Ystyganet kyl oňa, ýa seýýidi-hatmy-rusul
Binowalarnyň dogasyny Huda kylgaý kabul,
Maksudy-mejmugy-ymmat bolgusy sizden husul,
Asy ymmata şepagat, ýa Muhammet Mustapa

MUHAMMET MUSTAPA

Ol çyragy-pür zyýa bolan Muhammet Mustapa,
Barçaga puşty-pena bolan Muhammet Mustapa.
Göwheri-gymmatbaha bolan Muhammet Mustapa,
Ymmatyna rahnema bolan Muhammet Mustapa,
Daýym-a sahyp-aza bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Ymmatym – diýdi – tenimden gitdi külli kuwwatym,

Sen rowa kylgyl, Ilähi, ymmatyma şafkatym,
Çün pida bolsun hemme ymmata, kylan tagatym,
Zikir boldy çün dilime gaýgy külli ymmatym»,
Derdi-ymata dowa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolgan Muhammet Mustapa.

«Ymmatymyň ýoluna bolsun meniň janym pida,
Ruhy-päkime hemme ymmaty kylgyn aşyna,
Ymmatymy eýlegil ýa Rep, azat rozy-jeza,
Nury-päkiňe hemme ymmaty kylgaý Sen rowa»,
Derdi-ymmata şypa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Çün giderde bendeleri öwlüýä kylgyl, Huda,
Külli ymmaty günäden bigüna kylgyl, Huda,
Nury-imana hemmäni aşyna kylgyl, Huda,
Ymmatymy heşt jennet içre ja kylgyl, Huda»
Gol açyp, sahyp-doga bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Men doga kyldym bu ymmat hakyna, kylgyl kabul,
Hiç ymmaty saba, magşar era kylma melul,
Külli ymmatlary Sen jennet era kylgyl duhul»,
Külli ymmat hakyna dynmaý doga kyldy Resul,
Ymmat üçin desti-wa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Özüňden kylgyn hemme ymmatlarymy bährewer –
Ymmat üçin daýym-a gözlerinden ýaşy akar –
«Ymmatymy kylmagaý Sen kim, giriftary-Sakar,
Ymmatymy ýene hoşnut eýlegil wagty-sapar»,
«Ymmatym» diýip pena bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Çün giderde ymmatym destine bergin kimiýa,
Ol azazyl mekrinden ymmaty Sen kylgyl jyda»
Rozy-magşarda hemme ymmata sen-sen pişwa,
Gol açyp, ýyglap, doga eýlär idi ol Mustapa,
Ymmatyna rahnema bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Gaýgyýy-ymmatymdan erer ýürek-bagrymda gan,
Çün sapar üstünde Sen ymmatlarymy kyl aman.
Bes, keremden bagyşla Sen külli ymmata iman.

Bes, ymmatymyň sogabyny Özüň eýle geran»,
Rehberi-rozy-jeza bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Ymmatymy rozy-magşar kylmagaý Sen sernegun,
Külli ymmat hakyna dynmaý doga kyldym – Resul,
Çün «elip» dek kamatym ymmat gamyna boldy «nun»
Külli ymmatlara asan eýlegin rozy-zebun»,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Eý Huda, onda Kerem kyl şehir Jebraýyl haky,
Çün mukarraby-bargäh, bolan çü Mikaýyl haky,
Men dogaýy kyldym Ezraýyl-u Ysrapyl haky,
Ýatdy, tyg astyga ja bolan çü Ysmaýyl haky»
Käni-syr birle haýa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi eda bolan Muhammet Mustapa.

«Ymmatymy rozy-magşar kylmagaý Sen şermisar,
Külli ymmatlary Sen kylgyn saba azady-nar,
Çün terahhum eýlegil ymmata, eý Perwerdigär,
Nury-rehmeti hemme ymmata kylgyn Biribar»
Bendäge nurdan ata: bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Eý behakky-nury-Isa, rehmet etgin bendäni,
Ýolda galan ähli-usýan, asy-ýu şermendäni,
Men doga kyldym jemi betpygyly-gendäni,
Jennet içre jaý kylgyn rozy-magşar bendäni»,
Daýym-a käni-saha bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Eý behakky çün jemigi-enbiýanyň hormaty,
Kuhy-Tur üstünde raz aýdan Musanyň hormaty,
Nuh bilen ol dem Halyly-basapanyň hormaty,
Erräni başyna goýan Zekeŕyanyň hormaty»,
Ymmatyna mähriban bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

Renji-mähnet gören, emma, Eýýuby-dana hany,
Murdalary zinde kylan hezreti Isa hany,
Kuhy-Tur üstünde raz aýdan oşol Musa hany,
Gaýgyýy-ymmata galan ol Resululla hany,
Bes, dürri-gymmatbaha bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Ymmatym» diýp, Mustapa eýlär idi ahy-pygan,
Bes, mübärek bagryny ymmatlar üçin kyldy gan,
«Ymmatym» diýdi, teninden çykdy ahyr-baz jan,
Bolma gapyl ymmat-a, bolgaý nesip jennet mekan,
Akybet ýer üzre ja bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

Derdi-bidermana uçrap men, özüň bolgun tebip,
Nury-rehmetden hemme mömine kylgaý sen nesip,
Bolma gapyl merkden, elbetde, ol saňa karyp,
Sen terahhum eýlegil, ymmata ferda, eý Habyp,
Nury-Hakdan kimiýa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

Nik bolsaň wagty çün rahtyňa kimýa boldy merg,
Kim ýaman bolsa ahyrda ryswa kyldy merg,
Niçe şabazlary ýer astynda, bil, ja kyldy merg,
Wa daryg-a Mustapa ömrüni kütah kyldy merg,
Rozy-magşar rahnema bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Göwheri-gymmatbahany rusyýa ymmata ber,
Rehmetiňi, eý Hudaý-a pür günä ymmata ber,
Heşt jennetiňi giriftarnema ymmata ber,
Saýaýy-Arşy-Hudany pür günä ymmata ber»,
Asy ymmata dowa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Heft dowzahy oşol gün ymmatymdan eýle dur,
Külli ymmatlary etgil rozy-magşar garky-nur –
Bende bolsaň daýym-a dünýäde bolgul bigurur –
Külli ymmatlary etgil ataşy-yşkyňa pür»,
Bendeýi-hassy-Huda bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

Çün säherler oýanyp ymmatyna kyldy doga:
«Ymmatymyň gabryny kylgyl, Ilähi, pür zyýa,
Ruhy-Bu Bekr-u Omar, Osman, Aly Murtaza,
Eý behakky-ruhy-päki Ol Hüseýni-Kerbela»,
Derdi-gama aşyna bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

«Ymmatym» diýp, her säherler tartar erdi ahy-wa,

«Ymmatymy rehmet etgeý Sen oşol rozy-jeza,
Hassa ymmatlaryň derdine Özüň bergin dowa,
Rehmet etgeý külli ymmaty kyýamatda ýene»,
Bendelere bibaha bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

Eý behakky-ruhy-päkinden hemmäni rehmet et,
Hassaýy-gam dideýi-ymmaty ähli-jennet et,
Ýa Muhammet, külli ymmatlara ferda şafkat et,
Ýagşylar birle dowam ymmaty sen hemsöhbet et,
Ruhy çün suýy-sema bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

Çünki Ýahýa dek çenan sen ýyglagyl şamy-säher,
Magsyýeti, eý Hudaý-a, Sen tenimden kyl beder,
Ýyglady Ahmet hemme ymmat üçin huny-jiger:
«Ymmatymy rozy-magşar kylgyl azady-Sakar»,
Çün zemin üstüne şa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

Bende her şamy-säher gopgul, Hudany ýat kyl,
Sen giriban para kylgyl, nalaýy-perýat kyl,
Eý Hudaý-a, hassaýy-gamgyn köňlümi şat kyl,
Ol kyýamat şitdetinden bendäni azat kyl,
Häki-paýy totyýa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

Çün howaýy-nebsiňe bolma mysaly ermeni,
Sen tekepbir kylmagyl, aslyň erer aby-meni,
Diýdi Ahmet «Ymmatymy eýlegil nurdan, Gany»,
Ýoklagaý magşar gününde Mustapa Magtym seni,
Rozy-magşarda pişwa bolan Muhammet Mustapa,
«Ymmatym» diýdi, eda bolan Muhammet Mustapa.

ÝA RESUL

Hak seni serwer ýaratdy, patyşahym, ýa resul,
Enbiýa ser depteri, nury-Ylahym, ýa resul.
Zulmaty tutdy jahany düýdi-ahym, ýa resul,
Baş goýup ýatsam gapyňda, kyblagähim, ýa resul,
Sen eşitgil nala-ýu perýady-ahym, ýa resul.

Barçadan agla ýaratdy asly nury-päkini,
Kaddyga kyldyň mynasyp hylgaty-löwläkini,

Ol mübärek gollarynda hem hasa-ýu meswakny,
Ymmatym diýp aýdawer biz, asy-ýu bibäkin,
Iki älem içre sen puşty-penahym, ýa resul.

Diýdiler soltany-älem adyňa asdak bola,
Mügjyzyňnyň birisi görsetgeli ol şak bile,
Arş üstüne çykyp raz aýdyşar sen Hak bile,
Aý, bulutdan kim yşarat eýlediň barmak bile,
Künbedi hazraga çykmyşlar güwähim, ýa resul.

Wazzuhadyr ýüzleriň her birige mahy-leýl,
Süreýi-«Ykra» saňa müjde getirdi Jebraýyl,
Ol Hatyja tapmaýyn[1] imana getirdi meýl,
Fahry-älem sen-sen-u özge nebiler bir zeýl,
Hatm edip arwahyňa kyldym dogahym, ýa resul.

Ýa, resulalla diýip, ondan gider boldy Byrak,
Leýletil-magraj gijesi Taňry ýetirdi gyrak,
Ýedi asman işigin açdy melaýyk bisorag,
Dört don geldi saňa, ýaşyl, gyzyl hem sary, ak,
Birisin söýüp aldyň, şol boldy razyň, ýa resul.

Ýat eder Magtymguly döwranda men gallaçny
Şafkatyňdan näumyt etme meni-mätäçni,
Hyzmatyňda seýr ederler leýletil-magrajny,
Ol Huda söýgen üçin goýdy başyňa täçni,
Hatm edip arwahyňa kyldym dogahym, ýa resul.

JANA DERMAN, ÝA RESUL

Bu meniň janym seniň ýoluňda gurban, ýa resul,
Her ne kim kylsaň jepa bu jana derman, ýa resul.
Söýübän, bar eýlemişdir seni Rahman, ýa resul,
Gullugyňda intizardyr uşbu jahan, ýa resul.

Ol azabun-narydan bolmuş seniň ýoluň ýyrag,
Özüňi kylmyş Huda firdöwsi-agla hem Byrag,
Sen ki geldiň dünýäýe, bu äleme ýandy çyrag,
Şükrülilla, tä beýany boldy jahan, ýa resul.

Dert ile bu ýüregim her lahza ah kyldy niçe,
Ahymyň dermany owwal Abdylla, Weýsil hoja,

[1] Tapmak – uýmak, sygynmak. Bu ýerde Allany bilmezden Ol barada düşünjesi bolmazdan Muhammet pygamber arkaly Oňa derrew iman getirdi, Allatagala sygnyp başlady diýilýär.

Her zaman mahy-jemalyň düýşüme girmez gije,
Galar ol-bu munça kim janymda arman, ýa resul.

Zary-zary ýyglaýuban isteýedim men seni,
Bu zelillik içre sen köp goýmagyl hara meni,
Hem ýene mizan çekilip, ola magşaryň güni,
Köp ynanjym sen durar sen, uly diwan, ýa resul.

Aşyga «Huw-Huw» diýip bolgusy magryfet güli,
Bu zelil biçäräniň, belki, saňa ýeter eli,
Ah-u efganyň seniň kim, ýat edip Magtymguly,
Gam içinde şeýle bir bimar-u haýran, ýa resul.

GÖRGEÇ, RESUL

Düşdi bir hoşluk jahana nusratyň görgeç, Resul,
Sernegun boldy senemler lemgatyň görgeç,Resul,
Külli älem boldy ykrar sünnetiň görgeç, Resul,
Rahy-zulmat boldy röwşen aýatyň görgeç, Resul,
Tapdy dowzahdan aman kim, söhbetiň görgeç, Resul

Sen ki geldiň dünýäýe, butlar bolundy sernegun,
Artdy yslam şöhraty, kapyrlar oldy hem zebun,
Hem Abu Bekr, Omar, Osman çü bolgaç rehnemun,
Boldy kapyr zit saňa, boldy mukyrnyň möminun,
Iki dünýä boldy hoşnut rehmetiň görgeç, Resul.

Hormat ile Hak salam bergen Safyulla kimin,
Älemi gark eýlegen Nuhy-Nebiulla kimin,
Gökde Güne ýar olan Isa Beruhulla kimin,
Niçe müň pygamber ol Musa Kelimulla kimin,
Galdylar haýratda, löwläk hylgatyň görgeç, Resul.

Ol şebi-magraç habar ýetgeç saňa Magşukdan,
Arş-u ferş olmuş tejelli çün munuň dek şowkdan,
Bu mukarraplar besi bibähredirler bu zowkdan,
Hem besaty-kurp üze bardyň, oturdyň fowkdan,
Goýdy diş barmakda munlar kurbatyň görgeç, Resul.

Döwri-sabykda ötenler, ýar, jemalyň çün enin,
Gerdişi säniýe galan mugtakytdyrlar ýakyn,
Gullugynda Gün, hyjalat içre galmyş hem Zemin,
Hem pelek üzre melekler diýdiler «Set aperin»,
Bu makamy-agla bile hümmetiň görgeç, Resul

Ýa, habyb-a yşkyň ile tende janym suz ede,
Gün ýüzün Hak döndere bir aýry leýl-ruz ede,
Erte magşar älem ählin ýüz ýigrimi guz ede,
Istese nar-u sakar ymmatlaryň mähuz ede,
Dep ola nar-u jähennem haýbatyň görgeç, Resul

Hamdyňa dil gysgadyr arş-u ferşler aglady,
Bidahan-u bizyban otlar, agaçlar aglady,
Eşki-abyn joşduryp, bu dag-u daşlar aglady,
Ýedi gün Käbe daşynda gurd-u guşlar aglady,
Aýdyýar Magtymguly, bu pyrkatyň görgeç, Resul.

ÝOLDA SENI

Habybulla, seni istän,
Tapar kaýsy ýolda seni?
Walla, görmäge muştakdyr,
Beg-de, han-da, gul-da seni.

Aşyklar gül ýüzi solar,
Müň gün aglan bir gün güler,
Bilbil senada arzuwlar,
Täze gunça, gülde seni.

Ne göwher sen, ýok gymmatyň,
Jahany tutmuş hümmetiň,
Durmaz, ýat eder ymmatyň
Dagda, düzde, çölde seni.

Erenler ýoluňy yzlar,
Derwüşler syryňy gizlär,
Maşryk, magryp − tamam gözlär
Barça sagda-solda seni.

Döwlet, pelek bile döner,
Kimden uçar, kime gonar,
Görmese, aşyklar ýanar,
Hepde, aýda, ýylda seni.

Biz hem ymmatyň haslaryn −
Ýat ederin, höweslärin,
Çagyryn, medet islärin
Ýagşy-ýaman halda seni.

Magtymguly diýr, odum bar,
Arzym bar, Haka dadym bar,
Şepagatdan umydym bar –
Gyl köprüde dalda seni.

SÖÝMÜŞEM SENI

Ýa habyp, Hak resuly sen,
Çyn jandan söýmüşem seni.
Derwüşler gadyr gijesin,
Söýen dek söýmüşem seni.

Eýleýip seýr-u seýrany,
Keşt etsem külli Eýrany,
Misli Ybraýym Sarany
Söýen dek söýmüşem seni.

Ýakup ýurt etdi Kengany,
Ogludyr Müsür soltany,
Misli Ýusup Züleýhany
Söýen dek söýmüşem seni.

Ýalançyny tutdy ady,
Olardyr yşkyň binýady,
Mejnun Leýli perizady
Söýen dek söýmüşem seni.

Dildi daglaryň zirini,
Tapmaýyn biri-birini,
Aşyk Perhat ol Şirini
Söýen dek söýmüşem seni.

Egdi meni dünýe maly,
Bolmady yşkym kemaly.
Seýpelmelek Mahjemaly
Söýen dek söýmüşem seni.

Basdy muhabbet nyşany.
Keşt eýledi çar köşäni,
Ýemende Warka Gülşany
Söýen dek söýmüşem seni.

Gitdi elden ygtyýary,
Galmady namysy-ary.
Aşyk Nowruz, Gül-Ferhary

Söýen dek söýmüşem seni.

Bir gün ýolukdylar Hyzra,
Durdular nyýaza, nezre,
Bir-birini Wamyk, Uzra
Söýen dek söýmüşem seni.

Gezdiler Rumuň düzüni,
Berdiler Hakyň karzyny,
Aryzda Ganbar Arzyny
Söýen dek söýmüşem seni.

Tutmady olar dünýäni,
Galmady ýary-ýarany,
Misli ol Tahyr Zöhräni
Söýen dek söýmüşem seni.

Bu dünýä goýupdyr kimi,
Hoş tutuň bäş günlük demi,
Aşyk Garyp Şasenemi
Söýen dek söýmüşem seni.

Magtymguly, dünýä pany,
Ötüpdir Rüstemler, kany?
Aý, Gün-u Zemin, asmany
Söýen dek söýmüşem seni.

ŞOL MÄHRIBANYM GELDI

Dogry magryp tarapdan,
Şol mähribanym geldi.
Ýüz işweýi-näz birlen,
Jany-jananym geldi.

Men ýaryň serneguny,
Baglaýyr bu uýuny,
Dökdi jigerden huny,
Şahy-soltanym geldi.

Äleme şahy-perwer,
Boldy ymmata serwer,
Jahan boldy münewwer,
Dürri-galtanym geldi.

Kamaty serwi, tuba,
Kaddy, özi münteha,
Wejhi-roýy wazzuha[1],
Serwi-rowanym geldi.

Nikabyn ýüze salan,
Ýüz görsetip, jan alan,
Munça arzuwlap, ýanan,
Ahy-pyganym geldi.

Melek permana bakan,
Sidreti sähra çykan
Ah ursa, Arşy ýakan,
Sahypkyranym geldi.

Magtymguly binowa,
Gözlemez senden sewa,
Ymmatym diýp, daýyma
Hezret işanym geldi.

IKI DÜNÝÄNIŇ SOLTANY

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Iki dünýäniň soltany.
Rozy-ezelde ýaratdy,
Resul jesedinde jany.

Ýerde Musanyň Turundan,
Gökde behişdiň hüýründen,
Ýaratdy Resul nurundan,
Aý, Güni, Ýeri, Asmany.

Arzuw eýläp gül ruhsaryň,
Gezdim dagynda ebraryň,
Soragyny salyp ýaryň,
Keşt etdi köňlüm dünýäni.

Aklym haýran bolup çaşdym,
Ahyr bir äre sataşdym,
Altmyş alty dagdan aşdym,
Geçdim on iki derýany.

[1] Wazzuha – Gurhany- Kerimiň 93-nji («Zuha») süresiniň birinji aýaty. Ol «Guşluk wagtyna kasam» diýen manyny berýär. Emma bu ýerde: «Ýüzi edil guşluk wagtyndaky Gün ýaly nurly, röwşen, ýagty» diýen manyda gelýär.

Magtymguly, bikarar sen,
Bu ne otdyr, sen ýanar sen,
Barça zatdan bikenar sen,
Bilmez sen sud-u zyýany.

ROWAN OLDY

Mekgeden çykdy bir gözel,
Medinäge rowan oldy.
Gören täç etdi serine,
Görmäniň bagry gan oldy.

Hakdan oňa indi Kelam,
Ady şamçyragyl-yslam,
Mutyg oldy jümle älem,
Şeýle sahyp zaman oldy.

Dosta ýetdi bara-bara,
Ýedi gögi ýara-yara,
Her kim müňkürdir ol äre,
Kapyrdyr, biiman oldy.

Gol göterip, Resul aglar,
Gowşaşdy gunçalar, baglar,
Bedriň uruşynda daglar
Ýedi aýlap duman oldy.

Sap urdy batyr beňňiler,
Döwüşe çykdy zeňňiler,
Gana batdy üzeňňiler,
Alynyň desti gan oldy.

Mukatyl etmedi teşwüş,
Aly bilen saldy döwüş,
Toprak, demir, polat, kümüş,
Galalary weýran oldy.

Magtymguly, Rumystana,
Çaldy gylyç Hindistana,
Badahşana, Türküstana,
Ýedi yklyma han oldy.

BILAL BAR

Säher turdy pygamber,
Metjit içre Bilal bar.

Çykdy Bilal içerden,
Gördi iki hilal bar.

Dawut elinde polat
Munça tutmaz ne halat,
Ýetmiş iki, dört millet,
Ýüz-de on dört delal bar.

Çäräň ýok, bitedbir sen,
Taňla ne jogap biýr sen,
Ne üçin haram iýr sen,
Hak berdigi halal bar.

Ýedi derwüş, ähli-hal,
Ispendiýar, Rüstem Zal,
Kyrk aşyk bar, kyrk abdal,
Her başda bir hyýal bar.

Magtymgulynyň bendi, −
Deştdir, eşt, bender bendi,
Barça işiň serbendi,
Ýaradan – Züljelal bar.

EKIP GEÇDI

Owwal Adam dünýä indi,
Bu dünýäni ekip geçdi.
Her pygamber bir kesp açdy,
Kesbin mydam edip geçdi.

Bela geldi lemmer-lemmer,
Doga kyldy anbar-anbar,
Öz döwründe Nuh pygamber,
Neçjar işin tutup geçdi.

Ezraýyla janyn beren,
Onuň bilen söhbet guran,
Jennet içre diri giren,
Idris köýnek tikip geçdi.

Tä Isa gelinçä daýym,
Eshaby-kähf ýatar gaýym,
Hakyň ýolunda Ybraýym,
Janyn oda ýakyp geçdi.

Zaty egriler gönmedi,
Asly dogrular dönmedi,
Gurt Eýýubyň tenin iýdi,
Iblis şonça nekip geçdi.

Süleýmanyň aly jahy,
Dört ýüz gurular bargähi,
Ynsyň, jynsyň patyşahy,
Ol hem zenbil dokyp geçdi.

Tur dagy diýr, düşer ýola,
Razlaşardy Huda bile,
Hasasyn göterip gola,
Musa goýun bakyp geçdi.

Kubaýs dagynyň burnunda,
Oglun tapmady ornunda,
Ýunus balygyň garnynda,
"Ente Subhan" okyp geçdi.

Kengan içinde kyrk ýyllap
Gije-gündiz doga eýläp,
Ýusubyň käkilin zarlap,
Ýol üstünde Ýakup geçdi.

Hurma döräp höşk agaçdan,
El bilen Aý ýardy Arşdan,
Resululla ol kuraýşdan,
Ne jepalar çekip geçdi,

Aldylar Jennet eýwanyn,
Hak ýoldaş etdi imanyn,
Birniçe ymamlar ganyn,
Kerbelada döküp geçdi.

Sözüm ýokar Hak dostuna,
Kär etmez dünýä mestine,
Duşman jepasy dostuna,
Öýsüz ýerden bukup geçdi.

Magtymguly, her kim hasdyr,
Işi dergähe yhlasdyr,
Ölüm olardan mirasdyr,
Her dostuna degip geçdi.

ÝUSUP DIÝE-DIÝE

Men Ýakubam, ahy-zary, çekem, Ýusup diýe-diýe,
Gözlerimiň ganly ýaşyn, dökem, Ýusup diýe-diýe.

Pelek aglar gözýaşyma, ne söwda saldyň başyma,
Mejnun bolup dag başyna, çykam, Ýusup diýe-diýe.

Her tarapdan jylga-jylga, bulut oýnar, salar kölge,
On iki dag, ýedi jülge, sökem, Ýusup diýe-diýe.

Gitdi Ýusup, gelmez habar, turar men ýyglap her säher,
Gala-gala, şäher-şäher, sökem, Ýusup diýe-diýe.

Meger Ýusup düşdi çaýa, jemalyň diýp bakam Aýa,
Yrak zemin Kerbalaýa, bakam, Ýusup diýe-diýe.

Hasratyma pelek ýyglar, aşyk boldy dilsiz zaglar,
Perhat bolup beýik daglar, ýykam, Ýusup diýe-diýe.

Ýusup gezer dilden-dile, şeýda bolup çölden-çöle,
Sorag salyp ilden-ile, çykam, Ýusup diýe-diýe.

Öter eýýam döne-döne, geçer bu jan ýana-ýana,
Erte, agşam Aýa, Güne, bakam, Ýusup diýe-diýe.

Magtymguly, dost ýüzünden, durmaz, ýaş akar gözünden,
Bilbil bolup ýar sözünden, okam, Ýusup diýe-diýe.

ARAP TILLI, SÖWDÜGIM

Boýadylar köýnegiňi gan bile,
Ady belli, arap tilli söwdügim.
Aýralykda ýandy ataň jan bile,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

Aglaý-aglaý jepalaryň derdinden,
Gorka-gorka sähralaryň gurdundan,
Aýryldyň ataňdan, Kengan ýurdundan,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

Çyplak oldy gül bedeniň soýuldy,

Dagy-hyjran synaň üzre goýuldy,
Ýyglamakdan Ýakup gözi oýuldy,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

Geldi ol dem gardaşlaryň bögürşip,
Gorkusyndan gurtlar geldi ýügürşip,
Gelen guduk üste durdy telmurşyp,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

Magtymguly aýdar, älem bakyldy,
Pelek seni Müsre aldy, çekildi,
Puşman edip, aýagyňa ýykyldy,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

ALYDYR

Zarp uruban Jenädiliň şährine,
Kapyrlara gazap salan Alydyr.
Göz ýumup açgynça kyrk günlük ýoly,
Düldüle bir parsah kylan Alydyr.

Başlar azat etdiň döw gujagyndan,
Azdarha lebinden, dag bujagyndan,
Derwezesin çekip Haýbar dagyndan,
Ýedi gala birden dolan Alydyr.

Keşt eýlediň dagy-daşy eleýip,
Gylyçlar gemirip, ganlar ýalaýyp
Dogry gelip, Ahtam ganyn dileýip,
Mukatyla gowga salan Alydyr.

Arslan kibi kowduň kapyr awlary,
Kuşat etdiň niçe Käbe röwleri,
Ýer astyndan ülke çapan döwleri,
Baryp, bölek-bölek kylan Alydyr.

Kelle geldi dergähiňe dat bile[1],
Nyzam berdiň serhorlara hat bile,
Kamkam gylyç bile, Düldül at bile,
Tagt-u täje deňiç baran Alydyr.

[1] Bu ýerde «Çakyr kelle» poemasyndaky Çakyr kelle we Aly bilen baglanyşykly waka göz öňünde tutulýar.

Magtymguly aýdar, tende bu janyň,
Ýolunda nisar et Şahymerdanyň,
El uzadyp çar künjüne dünýäniň,
Muhammet dinine salan Alydyr.

GAHRY GANA

Hudaýymnyň arslany,
Dolandy gahry gana.
Döndi Aly zarbyndan,
Haýbaryň şähri gana.

Behişt bina köşgünden,
Göz nurlanar müşkünden,
Döndi Ahmet yşkyndan,
Hezary-mähri gana.

Gazapdan Düldül mündi,
Çekildi Ýeriň bendi,
Aly zarbyndan döndi,
Mukatyl zähri gana.

Eý, boýy uzyn, akly az,
Başy şitde, goly saz,
Jeň eýledi bähri, baz,
Düşdi set bähri gana.

Aşygam, yşk mesti men,
Dameni-ýar desti-men,
Magtymguly dosty men,
Görmedim mähri gana.

HASAN BIRLE HÜSEÝN

Bir Hudaýymnyň guludyr ol Hasan birle Hüseýn,
Mustapanyň bilbilidir ol Hasan birle Hüseýn,
Bagy − ryzwanyň gülüdir ol Hasan birle Hüseýn,
Ol Alynyň iki ogludyr ol Hasan birle Hüseýn,
Iki dünýäniň gülüdir ol Hasan birle Hüseýn.

Dawut ogly ol Süleýmany kylyp Sen dadyhah,
Ýakup ogluny kylyp Sen Müsr ilige patyşah,
Hezreti Eýýupny kyldyň ýüz belaga mübtela,
Men olary yzlaban, her dem kylar men ah-u wah,

Iki dünýäniň gülüdir ol Hasan birle Hüseýn.

Eý Hudaý-a, Saňa dat eýleý, hany şazadalar,
Saňa dat eýleý, Weliulla, hany şazadalar,
Saňa dat eýleý, Halylulla, hany şazadalar,
Saňa dat eýleý, Kelimulla, hany şazadalar,
Iki dünýäniň gülüdir ol Hasan birle Hüseýn.

Ne günä kyldy Alynyň ogly, eý, Perwerdigär,
Kerbela deştide kyldyň Sen olary hary-zar,
Ol Hasan birle Hüseýin, bilseň idi şasuwar,
Egnine galkan salyp, elige aldy Zülpükar,
Iki dünýäniň gülüdir ol Hasan birle Hüseýn.

Şymr melgun-pelit kesdi Hüseýiniň başyny,
Taňla magşarda görer siz Patmanyň göz ýaşyny,
Hem ýetim kyldy ogul-gyz, hem ýene gardaşyny,
Hem garyndaş urugy, hem ýene ýoldaşyny,
Iki dünýäniň gülüdir ol Hasan birle Hüseýn

Ol Hüseýin girdi urşa bir Hudany ýat edip,
Hem Aly eger eşidip, nalaýy-perýat edip,
Şymr melgun kesdi başyn zulumy bisýar edip,
Ähli-älem ýyglaşadur bir Hudany ýat edip,
Iki dünýäniň gülüdir ol Hasan birle Hüseýn

Ger Aly bolsa idi, onda bererdi dadyny,
Ol pelitler kylmagaý erdi urşyň adyny,
Şir dek tartar, eşitgil bendäniň perýadyny,
Aýdyňyz bu dünýäde bu syrlaryň binýadyny,
Iki dünýäniň gülüdir ol Hasan birle Huseýn.

Mustapany köýdürip hem bagryny birýan edip,
Ol Abu Bekr-u Omaryň gözlerin girýan edip,
Hem dagy Osman, Alynyň aklyny haýran edip,
Gul Magtymy bozladyp, bilbil deýin nalan edip,
Iki dünýäniň gülüdir ol Hasan birle Hüseýn.

BYRAGYŇ

Agalar, Byragyň waspyn sözläýin,
Arap tilin sözlär özi Byragyň.
Boýny uzyn, göwsi ýasy, reňňi ak,
Adamzada meňzär ýüzi Byragyň.

Äleme röwşen biýr alnynyň agy,
Ýogyndyr buýnuzy, ýuka dodagy,
Ýaşyl zeberjetdir iki gulagy,
Daň ýyldyzna meňzär gözi Byragyň.

Ýyldyrym dek bolar toýnak kakyşy,
Sygyr sypatlydyr guýruk çykyşy,
Arkasy tagtadyr, bolmaz ýokuşy,
Inişi, çykyşy, düzi Byragyň.

Ot iýmez, rehmetden doludyr içi,
Gyzyl ýakutdandyr alnynyň saçy,
Eşekden uludyr, gatyrdan kiçi,
Ýörise bilinmez yzy byragyň.

Magtymguly aýdar: «Alhamdulilla!»
Döwlet bakysyny özüň ber, Alla.
Ony müner Ahmet ibni Abdylla,
Geldi zybanyma sözi Byragyň.

ÖZI BEHIŞDIŇ

Gökden ýokarydyr arşdan aşakdyr,
Eý ýaranlar, orny — özi behişdiň.
Hezar-müň nagmasy ýüz müň mukamly,
Hemişe gurugly sazy behişdiň.

Hydyr ýaşyn rozy kylsa gezmäge,
Dawut kätipligin berse düzmäge,
Gije-gündiz bolsam şerhin ýazmaga,
Müňden bir aýdylmaz sözi behişdiň.

Derwüş düýşde görüp bolmuş aşygy,
Gyzyldan gurulmyş ferşi, işigi,
Älemi gark eýlär nurdan yşygy,
Eger bir açylsa ýüzi behişdiň.

Kelam içre okyp aýdar mollalar,
Gullukçy ryzwanlar, inju-şilleler,
Murassag halkalar, näzik hülleler,
Tükenmez nygmaty-nazy behişdiň.

Şerhini aýtmaga sözüm, dilim ýok,
Hak Özi häkimdir, jebir, zulum ýok,
Gaýgy-gam ýok, garrylyk ýok, ölüm ýok,

Aýrylmaz, sowulmaz ýazy behişdiň.

Ýüz şerbetden mäjum bolup gatylan,
Gara saçy ak topukda çatylan,
Uzzaban, turaban täze ýetilen,
Sypanar, sallanar gyzy behişdiň.

Münüp seýran üçin Byrag atlary,
Günbe-günden artar köňül şatlary,
Lagly-ýakutdandyr bolan zatlary,
Hiç bolmagaý gerd-u tozy behişdiň.

Bişgeý elwan el degmeýin aşlary,
Gudrat bilen birýan bolup göşleri,
Taý geler dünýäge derem-daşlary,
Artykdyr her ýatan çizi behişdiň.

Her nobat müň dürli şerap içilen,
Almaz hünji, ýakut, dürler saçylan,
Reňbe-reň bihasap güller açylan,
Müşki-anbar kokar ysy behişdiň.

Hak kabul eýleýip dostun, ahýaryn,
Hasyl edip, her ne maksadyn − baryn,
Görsedip ol günde halka didaryn,
Budur möminlere razy behişdiň.

Magtymguly, waspy gelmez dillere,
Dile gelse, beýan etsem illere,
Ejiz bendelere, asy gullara,
Ýa Rep, Özüň eýle rozy behişdiň.

MIFTAHYL-JENAN

Eý ähli-derwüş, bilgil,
Essabry miftahyl-jenan.
Sabyr ile agmal kylgyl,
Essabry miftahyl-jenan.

Bisabr olan hunap içer,
Bolar belalara duçar,
Bagly gapyny sabr açar,
Essabry miftahyl-jenan.

Äwmek erer ol şeýtandan,

Sabr eýlemek Rahmandan,
Magrypet erer Janandan,
Essabry miftahyl-jenan.

Zikr eýlegenler zowklanar,
Şükr eýlegenler şowklanar,
Bisabyrlar berhem olar,
Essabry miftahyl-jenan.

Bisabr olan işi ýiter,
Sabr eýlegen işi biter,
Nägäh Hudaýym el tutar,
Essabry miftahyl-jenan.

Bisabr olan görer azar,
Başy bilen bolar bizar,
Şeýtan bilen ýoldan azar,
Essabry miftahyl-jenan.

Hak zikrini çoh eýlegil,
Jäht eýlegil, jäht eýlegil,
Sabr eýlegil, sabr eýlegil,
Essabry miftahyl-jenan.

Magtymguly, bilgil aýan,
Pendi-nesihatdyr heman,
Essabry miftahyl-jenan,
Essabry miftahyl-jenan.

BOLMAK HAKDYR

Eý, ýaranlar, adam ogly,
Boz toprakdan bolmak hakdyr.
Asly häkden önen adam,
Guma garlyp galmak hakdyr.

Kimler gaýgy-hasrat bilen,
Kimler gamy-mähnet bilen,
Beýan bolmuş Aýat bilen,
Ölmek hak, direlmek hakdyr.

Asy bolsaň duşduň derde,
Gaýgyda, hasratda, zarda,
Garaňky zulmatda − görde,
Sorag-sowal bolmak hakdyr.

Gelip ýakaň tutsa ajal,
Gaýyp bolar gözden bu hal,
Huruç eýläp çyksa Deçjal,
Aý-Gün zahyr kylmak hakdyr,

Şerigat işler galanda,
Zulmatdan älem dolanda,
Wadasy ýakyn gelende,
Ahyrzaman gopmak hakdyr.

Kapyrlar çoh gussa ýuwdup,
Resul dergähine ýetip,
Esrafyl mizanyn tutup,
Haýyr-şeriň çekmek hakdyr.

Ol gün bolar haýbat, zulmat,
Ajap mizany-arasat,
Diwandyr Kazyýy-Hajat,
Resul şafkat kylmak hakdyr.

Kim Syratdan guş dek uçar,
Kimseler müň ýylda geçer,
Asy gullar ýanar-öçer,
Tamug içre galmak hakdyr.

Suwsana zäher içdirler,
Ajyksa zakgun iýdirler,
Üstünden içýan ýagdyrlar,
Ýylan-möýler sokmak hakdyr.

Onda galan bende aglar,
Otda jiger-bagryn daglar,
Ejiz galyp ýanan çaglar,
Üýni sema çykmak hakdyr.

Magtymguly aldym diýr sen,
Güýç biläni kimden iýr sen,
Çäräň ýokdur onda biýr sen,
Almak hakdyr, bermek hakdyr.

GÜRZ DÄLMI?

Zebanyýa melekler,

Gollarynda gürz dälmi?
Sekiz arşy göteren
«Lä ilähe!» werz dälmi?

Bilmez, geçer akmaklyk,
Gaýgy, gussa çekmeklik,
Gözde ýaşyn dökmeklik
Kadyr Haka arz dälmi?

Umydyn üzmesin diýp,
Bihuda gezmesin diýp,
Möminler azmasyn diýp,
Şerigat bir merz dälmi?

Etmegil hyýanaty,
Ýuwtmagyl diýanaty,
Taňrynyň amanaty,
Jan teniňde karz dälmi?

Magtymguly, gowgamyz,
Başdan aşa söwdamyz,
Kyýamat gün güwämiz –
Sünnet bile parz dälmi?

EÝMENEWER

Adyň bende bolsa, adam,
Allahyňdan eýmenewer.
Öter döwran, durmaz bu dem,
Ýatma gapyl, oýanawer.

Dünýäniň düýbi derazdyr,
Pursat kemdir, ömür azdyr,
Ýigitlik − eglenmez ýazdyr,
Ir azygyň edinewer.

Göçer jahan halky turup,
Durmazlar saňa gygyryp,
Sen hem çaglan, işiň görüp,
Barjak ýeriň – daýanawer.

Eger menden söz sorar sen,
Bijaý ne işler gurar sen,
Tut pendim, ne iş görer sen,
Bir edip, bakyp synawer.

Bu dünýäniň düýbi düýşdür,
Işi aşa, wagty giçdir,
Oglanlyk, garrylyk hiçdir,
Garrymaý wagtyň duýnawer.

Bu sözler menden nyşana,
Abyraý dileseň jana,
Jahan içre musulmana,
Hoş sözler ýagşy sanawer.

Magtymguly diýr, iýgeniň,
Gümanadyr çeýnegeniň,
Günä üçin gatyrganyň,
Sowap üçin güýmenewer.

ÝARLYKAGYL GÜNÄHIMNI

Hudaý-a, Sen kerem birle,
Ýarlykagyl günähimni.
Afuw kyl jürmümi menden,
Ýarlykagyl günähimni.

Jepalarga meni tutma,
Günäkär ähline çatma,
Tamugyň oduna atma,
Ýarlykagyl günähimni.

Günähim köp erer bihet,
Meniň halyma Sen rehm et,
Dilegden kylmagyl namut,
Ýarlykagyl günähimni,

Eger sudu-zyýan kyldym,
Ki bilmes men ýaman kyldym,
Saňa derdim aýan kyldym,
Ýarlykagyl günähimni.

Keremlik patyşahym Sen,
Ýakyn bildim Allahym Sen,
Meniň puşdy-penahym Sen,
Ýarlykagyl günähimni.

Seniň zaryň bolupdyr men,

Giriftaryň bolupdyr men,
Günäkäriň bolupdyr men,
Ýarlykagyl günähimni.

Ýüzün Magtymguly, ýa Rep,
Saňa tutdy bolup talyp,
Ýok derdime Sen dek tebip,
Ýarlykagyl günähimni.

BOLDUM GIRÝANA

Ýazygym ýat edip, ýüzüm häk edip,
Säher nalyş bilen boldum girýana.
Dideden ýaş döküp, synam çäk edip,
Telbe dek özümi urdum her ýana.

Köňlümi geçirdim jümle-jahandan,
Ne jahandan, belki, el üzdüm jandan,
Hydyrdan, Isadan, Şahymerdandan,
Hümmet istäp bakdym suýy-asmana.

Asmanyň ýüzünden kehkeşan öçdi,
Nägehan üç äre nazarym düşdi,
Iki ýaşyl geýmiş, bir sefit puşdy,
Gözüm gördi, tilim gelmez permana.

Biri gelip, elin gögsüme urdy,
Biri bir tyg bilen ýüregim ýardy,
Agzyma agzyn goýup, biri dem urdy,
Diýrler: «Arzyň diýgil Şahymerdana!»

Bular beýle diýgeç, dilim açyldy,
Gana-gana meý-muhabbet içildi,
Köňlüme ýedi töwr sowal geçildi,
Diýdim: «Rugsat bolsa, gelsin zybana».

Iki uzyn ärdir, bir gysga kaddyr,
Diýdiler: «Hoşwagtdyr, ýagşy pursatdyr,
Sözüň bolsa, sora – diýrler – rugsatdyr,
Köňle gelen sözüň getir beýana!»

Diýdim: «Gökden agyr, ýerden mert nedir?
Derýadan baý nedir, daşdan saht nedir?
Otdan ýakyjy nä, buzdan sert nedir?

Zäherden ajyrak nedir bu jana?»

Diýrler: «Ýaman töhmet agyr asmandan,
Gaharsyz, ýagşy söz giňdir jahandan,
Mynapygyň köňli saht seňistandan,
Ähli-kanyg meňzär bahry-ummana,

Jebr etgüji soltan ýakyjy közden,
Bahyldan dilemek, sowukdyr buzdan,
Jepaýa jan etmek — zäher jansuzdan,
Öwütdir bu sözler, bizden nyşana».

Bular beýle diýgeç, ýerimden turdum,
Gadam urdum, el etegne ýetirdim,
Mest boldum, sust boldum, özüm ýitirdim,
Gep-kelam tapmadym, galdym haýrana.

Diýdiler: «Üç kişi bolduk ussadyň,
Daýym dessan bolar älemde adyň,
Magtymguly, wagtdyr, iste myradyň...»,
Bu syry akmak açar, ýa bir diwana.

UÇDUM, ÝARANLAR

Bir juma gijesi gördüm düýşümde,
Bal urup, göklere uçdum, ýaranlar.
Perwaz eýläp, seýran etdim dünýäni,
Bir abadan jaýa düşdüm, ýaranlar.

Kehkeşana çykyp dürli semerler,
Müň dürli miweler, horram şejerler,
Narynjy, turunjy, leýmun, almalar,
Bir abadan baga duşdum ýaranlar.

Açylmyşdyr onda reňbe-reň güller,
Şureş-u efganda şeýda bilbiller,
Mermerden howuzly, köwser dek suwlar,
Tahaýýur eýleýip, çaşdym, ýaranlar.

Ol gara baglykda gördüm bir çemen,
Ajaýyp mejlisin gördüm enjümen.
Döwre girip, gördüm, oturmyş çilten,
Salam berip, golun guçdum, ýaranlar.

Hemme owaz eýläp, «Aleýk!» aýdylar,
Yşarat eýleýip: «Ötgül» diýdiler,
Döwre gurap, jama şerap guýdular,
Maňa ýetgeç, golum açdym, ýaranlar.

Bilmedim, köpmi ýa maňa az berdi,
Özge älem, başga bir owaz berdi,
Yşk aldy köňlümi, dile söz berdi,
Aýakdan-aýaga[1] düşdüm, ýaranlar.

Magtymguly, hüşýar oldum, oýandym,
Oýandym, örtendim, tutaşdym, ýandym,
Many bazarynda haýýata döndüm,
Şirin gazal donun biçdim ýaranlar.

OÝAN DIÝDILER

Ýatyp erdim gamda, geldi erenler,
"Turgul-ha ýeriňden, oýan!" diýdiler.
Gözüm açyp gördüm jümle-jahany,
"Şol durany Şahymerdan!" diýdiler

Erenler jem bolup, bazar etdiler,
Mynapyklar turup, hezer etdiler,
Aly babam bize nazar etdiler,
Bir käse meý berip: "Iç, gan!" diýdiler.

Oýanyp gaflatdan, açdym gözümi,
Erenler paýyna sürtdüm ýüzümi,
Okatdylar, hak sözledim sözümi,
"Segsen müň kelamy beýan" diýdiler.

Erenler jem bolup, mundan göçdüler,
Syrat köprüsinden bir-bir geçdiler,
Ol howzy-Köwserden şerap içdiler,
Içen şahbazlary "Soltan" diýdiler.

Magtymguly, sözle bu şirin dilde,
Umydym köp durur şol duran ýolda,
Bäş wagt namazyňy oka her günde,
"Ahyret ýoldaşyň — iman" diýdiler.

DIWANA GELDI

[1] Bu ýerde «aýak» sözi bada, bulgur, jam, şeraply käse manysynda gelýär.

Bir gije ýatyrdym, şa Nagyşbendi −
Bahaweddin atly diwana geldi.
Hasasyn süýreýip gelmiş Buhardan,
Hak yşkyna mest-u mestana geldi.

Birniçesi ýar-u ýaran durdular,
Mejlisler uzandy, halka gurdular.
Nagralar çekdiler, semag urdular,
Sedalar düzüldi, jan-jana geldi.

Gowga gopdy, rehmet boýandy düzler,
Saçyldy gan ýaşlar, açyldy gözler,
Ýygyldy derwüşler, döküldi paýzlar,
Göýä diýr sen ahyrzamana geldi.

Okar bolsa, ylmy-ledun açygly,
Hem diwana, hem beňňi, hem içigli,
Golunda käsesi başdan geçigli,
Synamda goýdular, bir şana geldi.

Magtymguly aýdar, Gurhana uýdum,
Gybaty taşladym, haramy goýdum,
Sygryna bilmedim, syrymy diýdim,
Saklana bilmedim, zybana geldi.

BIR NAN GETIRDI

Bir gije ýatyrdym, şa Nagyşbendi
Keremi joş eýläp, bir nan getirdi,
Sag elinde gülgün bada şeraby,
Sol elinde täze birýan getirdi.

Oýandym ukudan, galdym düýşümden,
Haýran galdym Diwananyň işinden,
Badasyn noş eýläp, gitdim huşumdan,
Gam dideden eşki-girýan getirdi.

Jan hyruşa geldi gaýnap-joşmadan,
Ýüregim möwç urdy dolup-daşmadan,
Bir yşarat boldy oňa düşmedim,
Pähm etmedim, janda arman getirdi.

Aňlamadym, boldum yşka hyrydar,
Bilmedim, istedim Dilberden didar,

Yşk derdine düşdüm, galdym giriftar,
Kimse bu dert üçin derman getirdi?.

Magtymguly, turdum togap etmäge,
Til perman bermedi jowap etmäge,
Yşk ähliniň halyn harap etmäge,
Aklyn alyp, mesti-haýran getirdi.

KÜLAHLY GELDI

Bir gije ýatyrdym, bir ahwal gördüm,
Bir bölek başlary külahly geldi.
Tisginip oýandym, ýerimden turdum,
Gollary tylladan hasaly geldi.

Bir bölek erenler degrämi aýlap,
Al-u ýaşyl geýip, esbabyn şaýlap,
Tutdum birisini baryndan saýlap,
Lebleri şekerden mazaly geldi.

Bir peri sallanyp, seýle çykypdyr,
Gamza birle galam gaşyn kakypdyr,
Meniň janym yşk oduna ýakypdyr,
Başlary tylladan jygaly geldi.

Jepalar çekipdir ýar diýarynda,
Bagda biten alma bile narynda,
Magtymguly, bir periniň zarynda
Hemmesiniň dili senaly geldi.

ŞASY GALANDAR

Aşyklar ähliniň hany, soltany,
Tejelli tagtynyň şasy galandar.
Gezerem ýollary ýitirip ony,
Bilmenem, habar ber, haýsy, galandar.

Men bu ýolda şunça zille bolmuşam,
Mande galyp, ejizligim bilmişem,
Şiblini, Mejnuny alyp gelmişem,
Pähliwan Pirýary, Weýsi, galandar.

Habar aldym bagy-bossan, gülünden,
Reňgi solmuş bady-hazan ýelinden,
Gerdany keç gahba çarhyň elinden,
Menewşe tutarmyş ýasy, galandar.

Hoşlugym ýok oýnamaga, gülmäge,
Rakyp goýmaz dogrulyban gelmäge,
Bir hylwatda ýar habaryn almaga,
Sende bar aşnalyk ysy, galandar.

Gündiziň pikirdir, oýdur agşamyň,
Bu resme geçirdim, wagtyn eýýamyň,
Ýa, Rep, kerem etseň bize bir jamyň,
Gymmatyn aýt, ne bahasy, galandar?

Söýseň ol ýaradan Kadyr Suhany,
Men garyby şat eýlegin pynhany,
Göterdi älemi, tutdy jahany
Aşygyň nalasy, sesi, galandar.

Magtymguly aýdar, ustuhan seniň,
Ten seniňdir, damar seniň, gan seniň,
Gymmat üçin akyl seniň, jan seniň,
Dodagyma tutgul tasy, galandar.

SATAŞDYM

Säher wagty seýran edip gezerkäm,
Ajap menzil, ajap jaýa sataşdym,
Ugrum bilmeý, ýoldan-ýola azarkam,
Hup mekana, hup saraýa sataşdym.

Ussasyz işlenen, kirşsiz gatylan,
Gymmatsyz satylan, elsiz tutulan,
Gol degmeý çekilen, oksuz atylan,
Çillesiz gurulan ýaýa sataşdym.

Niçe dostlar bilen seýranda eken,
Hatardan azaşdym, kerwende eken,
Jandan umyt üzüp, haýranda eken,
Ýyldyzdan ýol umdum, Aýa sataşdym.

Köňlüm gitdi dostlar içen şerbetde,
Olar ýüz sapada, men müň hasratda,
Aýrylyp, nalada, galdym gurbatda,
Çeşmeden suw isläp, çaýa sataşdym.

Ne tende kuwwat bar, ne içde jan bar,

Bu işde ne sud bar, bilmen, zyýan bar,
Ne hasap, ne hesip, ne belli san bar,
Kişi bilmez, ne söwdaýa sataşdym.

Başa baglap diwanalyk kemendin,
Segredip ýetişdim yşka semendim,
Al şeraba el uzatdym, emendim,
Durusyn içmişler, laýa sataşdym.

Magtymguly diýrler meniň adymy,
Älem elin çoýar görse odumy,
Eý ýaranlar, kime diýem dadymy,
Başym çykmaz ne söwdaýa sataşdym.

EÝÝAMY GÖRDÜM

Şükür Haka, biz hem bu ýola düşdük,
Geçirdim, birniçe eýýamy gördüm.
Magrypetiň derýasyna ulaşdyk,
Aryplar sürerler, ýüz gämi gördüm.

Hydyr seýran eder gudrat älemin,
Musa okar hakykatyň kelamyn,
Ýedi gün almamyş Taňry salamyn,
Kutbul-Aktap atly betnamy gördüm.

Täze taban olan ömrüm çyragy,
Gyş hazany degse, gögermez bagy,
Göz eýläp garşyda birniçe saky,
Her biri oýnadar, ýüz jamy gördüm.

Agladym, ýykyldym[1], tutdum elini,
Dört pişwasy bilen Hezret Alyny,
Sanjar han, Selim şa, ýedi welini,
Bir Zähra, on iki ymamy gördüm.

Süleýmany gördüm, ýatyr eýwanda,
Birniçe gaýyplar jem olmuş onda,
Gulzum derýasynda, düýpsüz ummanda
Aly, Hatam salan lejamy gördüm.

Karun bu dünýäni aldy mal bilen,

[1] Ýykyldym – bu ýerde öňünde çöküme düşdüm, ýüzümi aýagyna sürtdüm, alnymy aýagyna syldym diýen manylarda gelýär.

Iblis asy boldy, gelmez ýol bilen,
Semengan şährinde batyr Zal bilen,
Döw bilen jeň salan Rüstemi gördüm.

Magtymguly, perman boldy Alladan,
Ýere inip geldi arşy-agladan,
Jebraýyl getirmiş ulug dergahdan,
Muhammede inen Kelamy gördüm.

KÜRS ÇYKAR

Hakykatda ýola giren derwüşler,
Pelle-pelle Sidre bile Kürs çykar.
Başçysyz, pähimsiz ýola girenler,
Ýolun şeýtan urar, ýoly ters çykar.

Arwah bar hem jyn bar, peleň bar, gurt bar,
Gaýgy bar, gussa bar, ýol daşdyr, dert bar,
Ýola girer bolsaň, niçeme şert bar,
Şertsiz ýola girseň, garşy bars çykar.

Ysrapyl sur çalsa, ýer-gök egilse,
Şeýtan har-har ursa, daglar ýykylsa,
Deçjal dünýä inse, goşun ýygylsa,
Yzy Hintde bolar, öňi Kars çykar.

Çilten, abdal gider, gaýyp galandar,
Dogagöý hiç galmaz, boşanar bender,
Kap dagynyň gädiginde Isgender,
Döw ýoluna goýdurdygy gors çykar.

Magtymguly aýdar, bir zat bilmezem,
Işler bardyr, hötdesinden gelmezem,
Eý, ýaranlar, bu nädendir, bilmezem,
Hydyr diýip el urdugym, hyrs çykar.

ÇYKYP OTURMYŞ

Gaws äre barabar bir kimse ýokdur,
Terki-dünýä bolup, çykyp oturmyş.
Aktap bir menzildir, manzary Hakdyr,
Ol ferşi-aglaýa çöküp oturmyş.

Du ten sag-solunda ymameýn diýrler,

Sagyndaky — göge eýlär tedbirler,
Solundaky — ýere serenjam biýrler,
Ýer enjamy bilen bakyp oturmyş.

Aňladygym işi eýlesem yzhar,
Baby-Hakdan keşf olmuşdyr bu esrar,
Ýene Öwtat diýrler dört kimerse bar,
Dünýäniň dört künjün çekip oturmyş.

Şunça ary, şunça päkdir zatlary,
Jahan içre ýakar andek otlary,
Ýedi är bar, Budeladyr atlary,
Bolajak şer işi kakyp oturmyş.

Hakykat ýolundan habarly ärler,
Bu sözüm eşitgeç, çyn gulak biýrler,
On iki är bardyr, Rukaba diýrler,
Onki işi boýnuna dakyp oturmyş.

Bular jahana jan, jahan göýä ten,
Aýdaýyn beýanyn, gulak bergil sen,
Atlary Nujaba, özleri çilten,
Erbegyn-da mydam okyp oturmyş.

Ýedinji guruhy Nukaba, biliň,
Üç ýüz ärdir, söze bir gulak salyň,
Üç ýüz altmyş alty eren her ýylyň,
Her gününe biri nekip oturmyş.

Bular nazar eden düşerler joşga,
Salar dünýä mestin hakykat yşka,
Efrady-menna diýr bulardan başga,
Halky melamata ýakyp oturmyş.

Magtymguly aýdar, dostlar men gümrah,
Haýran galdym, bir menzilde tapmaý rah,
Üç ýüz gelip etdi özlerne hemrah,
Ýanyk bagrym ýaşyn döküp oturmyş.

SEÝRAN IÇINDE

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Bir gije seýran içinde;
Otuz iki kişi gördüm
Ol Şahymerdan içinde.

Olara berdim salamy,
Sordular saglyk kelamy,
Şyhys-seýit − Möwla Jamy,
Ol ýedi soltan içinde.

Soltan Weýis pähliwany,
Hekim Ata — Süleýmany,
Hoja Ýusup Hemedany
Şol şahy-Kengan içinde.

Türküstan eýesi serwer,
Ymam Käzim, ymam Jafar,
Ýahýa bilen Nuh pygamber,
Baýezit soltan içinde.

Gözel pirler — gözel ýarlar,
Çekdiler bu ýolda zarlar,
Ymam Ryza − şahy-pirler,
Niçe gözel jan içinde.

Magtymguly, syrym çohdur,
Men neýläýin, açan ýokdur,
Ölmek — hak, direlmek hakdyr,
Okadym Gurhan içinde.

BINAMAZ ÇIRKIN

Gulak sal, ýagşyrak diňle,
Sözümi binamaz çirkin.
Jähennem diýerler taňla,
Ýeriňi binamaz çirkin.

Ýylanlar çyrpynyp haşlar,
Melekler jaýyňa taşlar,
Içýanlar öwrülip dişlär,
Gözüňi binamaz çirkin.

Püşeýmanlar kylyp onda,
Aýagyňda agyr künde,
Gara ederler şol günde,
Günüňi binamaz çirkin.

Seriňden köp geçer küýler,
Ýasarlar ataşdan öýler,

Şatlaşyp sokarlar möýler,
Teniňi binamaz çirkin.

Ýüzüňi oda ýandyrlar,
Içiňi zähre gandyrlar,
Çekip kyrk gulaç süýndirler,
Diliňi binamaz çirkin.

Başyň aşaga asarlar,
Iki goluňy keserler,
Köp kynlyk bile soýarlar,
Deriňi binamaz çirkin.

Magtymguly düşer derde,
Olar niçik ýatar görde,
Görer sen tańla magşarda,
Görgiňi binamaz çirkin.

KYLGYL NAMAZY

Adam ogly, seniň ýüregiň dardyr,
Aýlanyp, dolanyp, kylgyl namazy
Bu dünýä salynan bir gury hardyr,
Aýlanyp, dolanyp, kylgyl namazy

Namazyň okagyn göýä pir kimin,
Aýlanyp dolanşaň algyr şir kimin,
Ýalançynyň maly öter sil kimin,
Aýlanyp, dolannyp, kylgyl namazy

Bu dünýäniň zowky iýmedir, içme,
Okagyn namazy, bäş wagtdan geçme,
Hem tamu bar durar, hemdäni uçma,
Aýlanyp, dolanyp, kylgyl namazy

Bu ýere tohumy seperiň bilgin,
Allaga ten berip, biterin bilgin,
Ýalançy bäş gündir, öterin bilgin,
Aýlanyp, dolanyp, kylgyl namazy

Magtymguly, senden jogap soralar,
Munda berilenler, onda alynar,
Kyýamat, magşar gün köpri salynar,
Aýlanyp, dolanyp, kylgyl namazy

BIGÜMAN ÝANDYR

Ertiri okysaň namazy-bamdat,
Roz-u şeb günäni bigüman ýandyr.
Uçmaha ýüzlenseň ýollary abat,
Köwserde dört aryk abyndan gandyr.

Peýşini okasaň üzer sen parzyň,
Kabuldyr Alladan dilegen arzyň,
Behiştiň gapysyn açar dört parzyň,
Gulpun açyp röwşen tagtyna mündir.

Allany ýat edip tursaň säherde,
Hak bilen arada galmagaý perde,
Dört parzy okasaň namaz digerde,
Alymlar namazyň hadysyn ündir.

Agşamy okanda, şeýtanlar aglar,
Göwsüne daş urup, synasyn daglar,
Üç parzyň dowzahyň gapysyn baglar,
Sabyr etseň dowzahyň oduny söndir.

Huftan, witri okap etseň serişde,
Razy bolar senden Kunut perişde,
Eger berjaý kylsaň uşbu röwüşde,
Haýryňy paş edip, şeriňi söndir.

Magtymguly, munda goýmazlar baky,
Subh-u şam ýat edip çagyrgyn Haky,
Bäş wagt namazyňy sen ýagşy oky,
Ataşy-dowzahyň baryny söndür.

BÄŞ NAMAZ

Haktagala buýurgan bendesige bäş namaz,
Bendesiniň nyýazy − bir gündäki bäş namaz.

Haktagala aýdany, bendesiniň tutany,
Her gündäki kylany bir gündäki bäş namaz.

Hak resulyň ymmaty, ymmat kylar sünneti,
Erenleriň yzzaty bir gündäki bäş namaz.

Hak resulyň sözleri, lämekanda ýüzleri,

Her gündäki sözleri, bir gündäki bäş namaz.

Namaz kylan bendeler köprük öterde alar,
Ragt deýin öterler, bir gündäki bäş namaz

Namaz kylsaň, ata:dyr, günä kylsaň hatadyr,
Dilne uzyn setadyr bir gündäki bäş namaz

Erenleriň medeti, köňülleriň kuwwaty,
Iki jahan döwleti bir gündäki bäş namaz.

Alymlaryň muňdaşy, akyllaryň ýoldaşy,
Eziz janyň goldaşy bir gündäki bäş namaz.

Türküstanyň Ahmedi, togsan ýerde söhbeti,
Haknyň oňa rehmeti bir gündäki bäş namaz.

Kylsyn maňa uluglyk, Soltan baba − Aýnyl-mülk,
Hak gaşyda sewiklik, bir gündäki bäş namaz.

Namazdan sütün kylsa, iman tapgaý halaty,
Namaz − Syrat köpri dek, bir gündäki bäş namaz.

Namaz Taňry permany, kylsa artar agmaly,
Ylmy-Gurhan beýany bir gündäki bäş namaz.

Magtym, beýan kyl namaz, günäleriň bolgaý az,
Hak gaşynda müň nyýaz bir gündäki bäş namaz.

BU ROZA

Kadyr Alla bize enaýat etmiş,
Gabr içinde bize ýardyr bu roza.
Külli günälere keffarat etmiş,
Syrat üzre medetkärdir bu roza.

Tutgul muny sydky-yhlasyň bile,
Dowzah içre külli azapdan ýuwla,
Kabul etse zekat, salatyň bile,
Ol kyýn öýlerde ýardyr bu roza.

Hem hoşsurat zyba bolup görüne,
Perwa kylar mömin guluň görine,
Delalat eýleýip ahyr kärine,

Aýşy-eşret hem rahatdyr bu roza.

Eger berseň roza, pitre edasyn,
Magşarda görer sen rahat saýasyn,
Terk eýleseň tutawergil kazasyn,
Behişt içre murgzardyr bu roza.

Parz eýledi bize Kadyry-Jepbar,
Kim terk etse bolar bidin-u betkär,
Ataşy-dowzaha bolar giriftar,
Efgaly-huplara ýardyr bu roza.

Adam ogly gapyl olma tutawer,
Toba eýläp ýaman ýoldan gaýdawer,
Tä ölinçäň Hak gullugyn edewer,
Tutanlara köp rahatdyr bu roza.

Magtymguly terk eýleme edasyn,
Terk eýleseň tutawergin kazasyn,
Manysyna ýetip, bilseň mazasyn,
Ajap pişe, ajap kärdir bu roza.

ZAMANA AHYR BOLANDA

Gökden ýere paýz dökülmez,
Zamana ahyr bolanda.
Birniçe tohum ekilmez,
Zamana ahyr bolanda.

Alymlardan gider yzzat,
Şalardan gider adalat,
Zulmy artar sagat-sagat,
Zamana ahyr bolanda.

Bugdaý tohum göge uçar,
Alymlardan ylym gaçar,
Jahandan bereket uçar,
Zamana ahyr bolanda.

Adam ogly tire-tire,
Bir-birinden bolar hyra,
Mürit hyzmat etmez pire,
Zamana ahyr bolanda.

Sözüň başa bela bolar,
Dünýäň daşy gala bolar,
Il agyzy ala bolar,
Zamana ahyr bolanda.

Ogul ata ýolun gözlär,
Gyz eneden owwal sözlär,
Oba çaşar, hatar bozlar,
Zamana ahyr bolanda.

Patşadan adalat gider,
Derwüşden kanagat gider,
Zenandan haýalat gider,
Zamana ahyr bolanda.

Ata oglundan daş bolar,
Dogan dogana kaş bolar,
Şugul beçjeler baş bolar,
Zamana ahyr bolanda.

Magtymguly, bol kemine,
Şükür et öten demiňe,
Haka yhlasyň kemime,
Zamana ahyr bolanda.

AHYRZAMAN BOLAR

Eý ýaranlar, musulmanlar,
Bir gün ahyrzaman bolar.
Ondan burun köp nyşanlar,
Ýeriň ýüzünde kän bolar.

Adalatsyz bolar hanlar,
Bihaýa bolar aýallar,
Köp döküler nähak ganlar,
Iliň päli ýaman bolar.

Pisat köp bolar, az bolmaz,
Bu öý ol öýe saz bolmaz,
Ýagmyrlar ýagar, ýaz bolmaz,
Bir gün bady-hazan bolar.

Hile eýlär, tapar ýollar,
Süýthorlukdan ýygar mallar,
Din ýoluny taşlap iller,

Ne mekdep, ne azan bolar.

Namaz goýar, sözlär ýalan,
Ata-enä asy bolan,
Çakyr içip, zyna kylan,
Azaby müň elwan bolar.

Emrin tut Taňry dostunyň[1],
Asy bolma, sakla diniň,
Enşalla, Magtymgulynyň,
Din ýoldaşy iman bolar.

AHYRZAMAN GELER

Eý ýaranlar, musulmanlar,
Bir gün ahyrzaman geler.
Kuhy-Kap dagyndan aşyp,
Deçjal ol dem rowan geler.

Uşbu dünýäden geçenler,
Hakyň şerabyn içenler,
Atasyga ýaş beçeler,
Suw göterip, rowan geler.

Hudaýymnyň rehmeti diýp,
Hak buýrugyn kylmady diýp,
Säher Hudaga ýyglaň diýp,
Sekiz behişt huban geler.

Ymmatlara şafkaty diýp,
Muhammediň ymmaty diýp,
Uçmah içre giriňler diýp,
Hudaýymdan perman geler.

Jahandan ötdi ne janlar,
Munda kyl haýyr-yhsanlar,
Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Onda tagty-rowan geler.

Magtymguly, haýrat etseň,
Garyplar göwnün şat etseň,
Pul-Syratdan ötenden soň,
Munda beren gurban geler.

[1] Bu ýerde Muhammet pygamber göz öňünde tutulýar. Çünki onuň Taňrynyň habyby (dosty) diýen lakamy bar.

HAN DÖRÄR

Bir ýyl ol günbatardan,
Belli meşhur han dörär.
Ýüzi mahy-taban dek,
Bilekleri gan dörär.

Görüň Hüseýn mürzäni,
Haka ýazar arzany,
Ýerler urar lerzany,
Ysrapyldan üýn dörär.

Haýwan, ynsan şanynda,
Ajal bardyr ýanynda,
Deçjal dünýä inende,
Başga millet, din dörär.

Aşyklara raý bolmaz,
Dünýä ýüki taý bolmaz,
Gök ýüzünde Aý bolmaz,
Günbatardan Gün dörär.

Deçjal sazyn guran soň,
Aýşy-eşret süren soň,
Dönüp Käbä baran soň,
Arwah bile jyn dörär.

Ýajuj, Mäjuj diýerler,
Bir-birini iýerler,
Birin öldir goýarlar,
Bir ýerine on dörär.

Magtymguly diýr heýhat,
Rozy-magşar − kyýamat,
Eý-a, Kazyýyl-hajat,
Barça işler kyn dörär.

NÄLER BOLDY

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Jahan ýokdy, näler boldy?!
Hak Özi-Özüne tutmuş
Ýetmiş müň perdeler boldy.

Nam-nyşana ýokdy Ýerden,

Asmandan, jennetden, hüýrden,
Onyň iç perdesi nurdan,
Resululla − şolar boldy.

Ol nury guşa dönderdi,
Bir daragt üste mündürdi,
Yzyndan salam gönderdi,
Düründen derýalar boldy.

Gudratdan bir derýa kyldy,
Haýbat bile nazar saldy,
Gök suwundan asman galdy,
Köpüginden ýerler boldy.

Guşy ol ýerden götertdi,
Eltip kandilde oturtdy,
Ol nur özüni tebretdi,
Jümle melaýyklar boldy.

Otdan Azazyl ýaraldy,
Ýedi gat ýerde jaý aldy,
Gulluk eýläp, göge galdy,
Ussady-melekler boldy.

Kadyryň gudratdyr işi,
Ýer myhydyr dagy-daşy,
Sagy erkek, soly dişi,
Şeýle gudrat döwler boldy.

Hak ýaratdy şol pisleri,
Segsen gez boldy pesleri,
Asmana çykdy sesleri,
Elli müň ýyl şowlar boldy.

Magtymguly, aşdyň serden,
Hiç kimse bilmez bu syrdan,
Toprak alnyp ýedi ýerden,
Adam Safyulla boldy.

NIÇE ÝAŞYNDADYR

Ýer göteren sary sygyr,
Bilmen, niçe ýaşyndadyr.
Dört müň dört ýüz aýagy bar,
Hemmejesi döşündedir.

Burnuny permanly tutar,
Guýrugy pelekden öter,
Mekgäni bilinde götär,
Medinäniň duşundadyr.

Ýer ýüzünde bardyr haty,
Dünýäni tutar haýbaty,
Ýer teýinde ýatan Mäti
Şol öküziň gaşyndadyr.

Guýrugy zeminiň ýary,
Göwresi dünýäniň bary,
Magrypdan maşryga sary,
Iki şahy başyndadyr.

Magtymguly, dünýä pany,
Bu jahana gelen hany,
Bir jübte goşa kim ony,
Tomaşa onuň işindedir.

ALNYŇDA

Ne günüňe şat bolar sen, adamzat,
Sansyz hatar, ahy-zarlar alnyňda.
Niçik takat kylar bir gysym toprak,
Ýedi dowzah atly narlar alnyňda.

Biwepada bäş gün bolan şadyňa,
Aldanmagyn, ol gün düşer ýadyňa,
Taňla onda hiç kim ýetmez dadyňa,
Gabyr-lahat diýen darlar alnyňda.

Biler sen, biwepa, ygtybaryň ýok,
Ýaman iş kylmakdan özge käriň ýok,
Eý, bigaýrat, namysyň ýok, aryň ýok,
Howpy-hatar bişumarlar alnyňda.

Zerre-zerre bir-bir sorsalar hasap,
Rusyýa, şermende, berer sen jogap,
Istär seni bermek üçin kyn, azap,
Ýüz müň sansyz hyrydarlar alnyňda.

Eşit pendim eger bolsaň gaýratly,
Halyň bolar günbe-günden haýhatly,
Çakaýyn diýp oturypdyr haýbatly,

Bugra kimin uly marlar alnyňda.

Alym bolup emri-magrup etmeseň,
Bilip durup dogry ýola gitmeseň,
Ahyret ýaragyn munda tutmasaň,
Peýdasyz puşmanlar, zarlar alnyňda.

Magtymguly, neçün gapyl ýörer sen,
Bibaka dünýäde tä keý durar sen,
Niçe söwda bar başyňda, biler sen?
Syrat üzre intizarlar alnyňda.

MAR ÇYKAR

Eý, ýaranlar, ahyrzaman bolanda,
Bäş kişi diýp, Haryş atly mar çykar.
Munda ýaman ýolda gezen gardaşlar,
Magşar güni onda ýeri dar çykar.

Baldandyr, süýtdendir akan bulagy,
Möminleriň Byrag bolar ulagy,
Ýajuj, Mäjuj ýere düşer gulagy,
Dostum, beýle nyşanaly har çykar.

Dünýä bilen dinlerini bozanlar,
Gybat sözläp, ýalan güwä düzenler,
Nämähreme nazar salyp gezenler,
Munda gözli bolsa, onda kör çykar.

Kapyrlaryň daşlar iner serinden,
Aly, Hatam çykmaz jennet töründen,
«Waý, ymmatym» diýip turar ýerinden,
Magşar güni Resul atly är çykar.

Magtymguly, bu ýollardan çykmagyl,
Düzülen rabatdyr, diniň ýykmagyl,
Üzülmez töhmeti boýna dakmagyl,
Haka dogry gelen, belki, şir çykar.

BIR BEÝAN GELER

Dabbetil-arz atly Deçjal soňundan,
Merweden, Safadan bir beýan geler,
Ýedi günden soňra onuň jeňinden,

Üç günden äleme bir nyşan geler.

Ýüzi adam, Gün dek alnynyň agy,
Misli düýä meňzär boýny, aýagy,
Goç dumly, guş tenli, galkan gulagy,
Depesi üstünde bu Gurhan geler.

Az galar kim, şahy göge ýetmäge,
Bir hepdä deň pursat tapar ýatmaga,
Jahan ýyglyp, tomaşasyn etmäge,
Ýagşy-ýaman, barça musulman geler.

Gaçyp ondan hiç kim tapmaz halasy,
Möminler hoş bolar, howl eder asy,
Sol elinde bolar Musa hasasy,
Sag elinde möhri-Süleýman geler.

Niçesine möhri-Süleýman sürer,
Niçesne Musanyň hasasyn urar,
Halk ýary ak bolar, bir nysfy garar,
Gara ýüzli belli biiman geler.

Hor galmaz alanlar bilenden bilik,
Dosty duşman eder bolsa betgylyk,
Ak uçmahlyk diýrler, gara – tamuglyk,
Dünýäniň soňundan şu zaman geler.

Deçjaldan öň diňläň aşygyň sözün,
Bilip bolmaz Gün, Aý, gije, ýyldyzyn,
Kyrk gün gara tütün älemiň ýüzün,
Ýeri-gögi basyp, boz duman geler.

Ol janawar öler, halk ondan dynar,
Ogul, gyz az durar, halk ujy synar,
Adam say on melek asmandan iner,
Aglaşyp, her başdan set pygan geler.

Magtymguly uýar Kelam sözüne,
Ýer-gökler tutaşar, daglar düzüne,
Ysrapyl sur çalsa ýeriň ýüzüne,
Umytsyz häk tene täze jan geler.

EMRI-HAN GELER

Amalan salyhan − ýagşy amal kyl,
Bir gün saňa rowan emri-Han geler,
Ezraýyl gelibän sykar aýakdan,
Agyz tarapyndan eziz jan geler.

Ömrüň ahyr bolsa, tenden jan gider,
Jan durmaz, daýanmaz, seni terk eder,
Ogul-gyzyň munça ahy-waý eder,
Surat ýatar, ne gulaga üýn geler.

Janyňy guş goltugyna salarlar,
Suratyňy ýer öýünde goýarlar,
«Män Repbuk» diýp, Müňker-Nekir gelerler,
Sowalyna jogap ýaman kyn geler.

Amanat − hyýanat bermeseň karzy,
Eda eýlemeseň sünneti, parzy,
Müňker-Nekir urar ol otly gürzi,
Agyzdan, burundan gara gan geler.

Tutawer buýrugyn, eý, Magtymguly,
Jäht eýle gün-günden , eý, Magtymguly,
Dynçlyk söýme munda, eý, Magtymguly,
Gabyr içinde saňa işler kän geler.

AMAN HEÝ

Hadysdan, rawydan bir söz diýeýin,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.
Taňry gullaryna äşgär edeýin,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

Elif ant içende birew gelermiş,
Ady Deçjal, özi kapyr bolarmyş,
Sagyndan, solundan dört dag ýörermiş,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

«Taňrydyr men» diýip eder dalaşy,
Bir är onuň birle eýlär söweşi,
Dört şähre gaçarmyş yslam gardaşy,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

Jaňlar asar merkebiniň boýnuna,

Musulmanlar girmez onuň oýnuna,
Kapyrlar hak bilip girer dinine,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

Deçjal halka urar, Käbe öwrüler,
Bulutlar bögürşip, tupan turular,
Taýran Ebäbilden kapyr gyrylar,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

Isa − sahypzaman geler şol demde,
Adyl gurlar, wezir bolar şol günde,
Tutarlar Deçjaly öldirler şonda,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

Üç mertebe aňňyr Hardeçjal gaty,
Kowup ýete bilmez Mätiniň aty,
Şol gün göteriler Gurhanyň haty,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

Şol üýni eşidip Ýajuj kyrk ýyldan,
Kap dagyny deşip geler bir ýerden,
Ýuwudar, zat goýmaz pany dünýäden,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

Magtymguly aýdar sözüň seresin,
Hakdan özge kiç kim bilmez çäresin,
Ýajuj soňy görer magşar gowgasyn,
Haýhat günden, zulmat günden aman heý.

HARAP EÝLÄR

Mömin bolan müňkür bolmaz sözüme,
Jepbar bu jahany, gör, harap eýlär.
Çoh närseler geler-geçer gözüme,
Bu dünýäni bet-bet kär harap eýlär.

Işi rowaç tapar bet iş tutanyň,
Dilegi duş gelmez Hak diýp ýatanyň,
Ýer ýüzünde bolar güýç-güýç ýeteniň,
Jahany zulm ile zor harap eýlär.

Ylma uýmaz, alymlary jet bolar,
Ýok işler ýol bolar, bar iş bet bolar,
Şerigat nist bolar, bet iş set bolar,

Ülkäni bir niçe töwr harap eýlär.

Balhy bugz derdi, Nişapury — daş,
Amman şähriň − derýa, Basrany — ataş,
Medinäni − açlyk, Mekgäni — hebeş,
Hyrat, Kandahary mar harap eýlär.

Rum şähriň eýleýir sagyka harap,
Ýemeni hulaç ýykar, Mosuly — agrap,
Kufäni türk bozar, Bagdat şähriň — ap,
Reý ülkesin dilnip, ýer harap eýlär.

Sözüme gulak biýr akyl hemişe,
Termize tagun düşer, renç şähri-Kişe,
Öwlady-Sufýanda ady Gumyşa,
Yspyhany Sahypkär harap eýlär.

Samarkanda kybty ýyglar, bek basar,
Buhar şähriň nan gytlygy türk basar,
Sarahsy merg bozar, Merwi rik basar,
Şirazy türk, çogan mur harap eýlär.

Kaşgary, Hotany kapyr hind eger,
Hytaýa asmandan kejdumlar ýagar,
Her kejdum düýe dek bir-birge deger,
Hindistany ab-le, zar harap eýlär.

Aden şahy etgeç Lahora azmy,
Gaýdyp ýurdun tapmaz, dagmy ýa düzmi,
Aby-Jeýhun harap eýlär Horezmi,
Daşynda her mülk, kim, bar — harap eýlär.

Dargana şährine Gökden ses geler,
Ol bir ýowuz sesdir, eşiden öler,
Bulgaryň şährini ol ors alar,
Orsy Deçjal bile nar harap eýlär.

Magtymguly, her kim diňlese jandan,
Bu işler öň geler ahyrzamandan,
Mäti ýerden çykar, Isa − asmandan,
Deçjaly ol iki är harap eýlär.

SALDY DIÝDILER

Ähli-kuhy-Kapdan Dehistan üzre,
Bir mekan leşgerin saldy diýdiler,
Byragyn galgadyp, inip güzere,
Bir damja suw goýman sordy diýdiler.

Bejan harap bolmuş ahy-zar bilen,
Türküstan söweşip ençe mar bilen,
Isa gaçyp gitmiş ýeke har bilen,
Owazy älemge doldy diýdiler.

Dökülip galdylar zarlap beýtinler,
Çykypdyr janlarmyz, boş galyp tenler,
Şöhlesizdir Mahlar, tutulyp Günler,
Asmandan bir bela geldi diýdiler.

Başy boş galypdyr bolan juwanlar,
Tagtyn unudyp şa, ötüpdir hanlar,
Titreşip gara gan olup pälwanlar,
Gül ýüzi sargaryp soldy diýdiler.

Hywa gark bolupdyr gamyň siline,
Tagma basypdyrlar türkmen diline,
Eýran jebir edipdir gözel iline,
Barysy gaçyşyp geldi diýdiler.

Gudratyndan düşüp köp uly pirler,
Daglar ýykylypdyr jünbüşläp ýerler,
Akyllar uçupdyr boş galyp serler,
Bir gudrat göterip çaldy diýdiler.

Özün yrak taşlap sarwansyz mallar,
Söküp gidipdirler köp uzak ýollar,
Ummanda gark bolşup eýesiz sallar,
Gol serip, aglaýyp galdy diýdiler.

Budur seniň jebriň, eý zalym pelek,
Gör, ne gözel janlar eýlediň heläk,
Pyragy, pişeler barysy telek,
Alla nazaryny saldy diýdiler.

ABAT GALSYN

Säher tur, Hudaýa ýalbar,
Yslam öýüň abat galsyn.
Ýamany goý, ýagşa ýol ber,

Şeýtan işi berbat galsyn.

Ýagşy söze gulak salgyl,
Säher wagty bidar bolgul,
Ýagşylardan alkyş algyl,
Ömrüň artyp, zyýat galsyn.

Adamzat gözden sypynça,
Ýatdan çykar gan kepinçä,
Müňde bir rabat ýapynça,
Hakdan dile, öwlat galsyn.

Pis hatyn başa mähnetdir,
Dünýäniň maly nobatdyr,
Ýigide ogul döwletdir,
Mal galynça, zürýat galsyn.

Ýigit hoşy – at-ýaragdyr,
Her işe jürýet gerekdir,
Pis oguldan ýagşyrakdyr –
Pyragy, ýagşy at galsyn.

GALAR, ÝARANLAR

Gel, köňlüm, azm eýle baky dünýäýe,
Kim pany dünýäde galar, ýaranlar.
Bu dünýe o dünýe mülki-Möwlaýa,
Ne kapyrdyr, müňkür bolar, ýaranlar.

Kim galar ölmeýen ajal ýetensoň,
Goýmazlar gezmäge ýakaň tutansoň,
Isa bilen Mäti gelip, ötensoň,
Ysrapyl bir saýha kylar, ýaranlar.

Hakyň gudratyna baksyn gözleriň,
Ýüzleri çöl galar dagyň, düzleriň,
Uçaryň, ýöräriň, dili sözläriň,
Ezraýyl janyny alar, ýaranlar.

Ezraýyl gahr ile iner şeýtana,
Şeýtan ejizleýip, gaçar her ýana,
Biler ki, gutulmaz gaçyp bir ýana,
Serendipde baryp öler, ýaranlar.

Bu günüň hasaby geçer ferdaýa,
Asmany sust eýlär, zemini zaýa,
Gazap donun geýip geler derýaýa,
Derýalar gorkuban, gurar, ýaranlar.

Ýykylar, ýok bolar daglar, saraýlar,
Ýyldyzlar döküler, dolar bu jaýlar,
Gün şuglasyz dogar, tutular Aýlar,
Daglar gurşun kimin erär, ýaranlar.

Adamyň nebsi dek ýagdyr barany,
Ot kimin çygladyp, çykar ynsany,
Ezraýyl hem berer amanat jany,
Dört perişde täze dirler, ýaranlar.

Ysrapyl sur çalar çygyryp her ýan,
Ýok bolan jesetler, aýrylyşan jan,
Kesilen damarlar, gury ustuhan,
Asgyrşyp-asgyrşyp, turar ýaranlar.

Bir ýandan sorag bar, bir ýandan jowap,
Bir ýandan ataş bar, bir ýandan azap,
Bir ýandan mizan bar, bir ýandan hasap,
Eden işiň bir-bir sorlar, ýaranlar.

Dine güwä diýrler parzy, sünneti,
Ýetmiş üç pyrkadyr, görüň, milleti,
On iki guruh bolup resul ymmaty,
Her biri bir jynsda sürler, ýaranlar.

Golsuz gopar goňşa ýaman sananlar,
Doňuz bolup sürler namaz goýanlar,
Zekatsyzyň garny ýylan, içýanlar
Doluban, dag kimin bolar, ýaranlar.

Erte görner bu gün gizlenen syrlar,
Ýalandan güwälik beren ýeserler,
Ýeňsesinden bogazna dek keserler,
Otly çomak bile urlar, ýaranlar.

Jebir eden häkimler bolarlar gözsüz,
Görüp, diýmeýenler galarlar dilsiz,
Zynaçylar başy garnynda, golsuz,
Aýagy başynda bolar, ýaranlar.

Magşar halky bet ysyndan ýigrener,
Günäleri ýerden göge direner,
Süýthor içegesi ýerden süýrener,
Garny dag dek otdan dolar, ýaranlar.

Bu dünýäde menem-menem diýene,
Jebir elin halk üstüne goýana,
Bir ot bolar ýetim malyn iýene,
Rusyýa-şermende bolar, ýaranlar.

Çakyrhoruň gözi, bolmaz ornunda,
Dişi sygyr şah dek durar burnunda,
Dodak synasynda, dili garnynda,
Iýdigi agzyndan geler, ýaranlar.

Ata-ene agyrdanyň günleri,
Içi-daşy otdan bolar donlary,
Halka ryswa, ala bolar tenleri,
Suw ýerine zäher berler, ýaranlar.

On ikinji guruh, görüňler, näder:
Metjit bugra bolup, münübän gider, −
Ymamlary sürer, müezzin ider,
Ýüzleri Aý kimin durlar, ýaranlar.

Bular ýyldyrym dek ýalpyldap geçer,
Ýa hem ýüwrük at dek per baglap uçar,
Egni ýetmiş donly hüýr gyzyn guçar,
Hasrat gidip, eşret geler, ýaranlar.

Kelamda gördügin sözlär dilimiz,
Ahyr ajal üstündedir ýolumyz,
Magtymguly aýdar, biziň halymyz,
Ýa Rep, ol gün niçik bolar, ýaranlar.

BARSA GEREKDIR

Maýyl olmaň bu dünýäge dostlarym,
Barça mundan oňa barsa gerekdir.
Owwal aman, ahyr iman istärem,
Hak gulnuň myradyn berse gerekdir.

Bir gün Kap dagyndan Hardeçjal çykar,

Bezäp, eşegine zümerret dakar,
Ýa Mäti öňünden tuguny diker,
Söweşip, Deçjaly gyrsa gerekdir.

Oşol dagda Deçjal nar ýana döner,
Ýaňy başdan diniň çyragy ýanar,
Medinede Isa asmandan iner,
Sap gurup, meýdanda dursa gerekdir.

Asmandan Jebraýyl olara geler,
Mäti bilen Isa jahany alar,
Medine şährinde patyşa bolar,
Kyrk ýyllap döwrany sürse gerekdir.

Kyrk ýyldan soň olar kylarlar sapar,
Gyýaklar guraýyp derýalar kepär,
Ýajuj-Mäjuj diýrler bir mugjyz gopar,
Magrypdan maşryga ýörse gerekdir.

Paş eýlärem, bir sözüm bar diýmäge,
Dillerim öwrülmez ony aýmaga,
Jahan guryp, närse galmaz iýmäge,
Bir-biriniň ganyn sorsa gerekdir.

Ýagmyr ýagar ýeriň ýüzün suw alar,
Weýran bolup, beýik daglar öwrüler,
Haýwan, ynsan galmaz, barçasy öler,
Zamanyň ahyry bolsa gerekdir.

Ezraýyyl öz janyn özi alarmyş,
Barça gidip, Hakyň Özi galarmyş,
Bu jahana dört perişde gelermiş,
Ysrapyl suruny çalsa gerekdir.

Gögeriban, ýer ýüzüne çykarlar,
Mynapyk, zalymy şol gün ýakarlar,
Hasap eýläp, haýyr-şeriň çekerler,
Ýa Melik mizanyn gursa gerekdir.

Bu pisatlar ýer ýüzüne gelende,
Münkür ýyglap, mömin bary gülende,
Gabyr ýarlyp, taňla magşar bolanda,
Resul «Ymmatym» diýp, tursa gerekdir.

Barçany ýaradan şol gözel Alla,
Diýeweriň lä ilähe illalla,
Günäkär ymmatyn Hak resulalla,
Syratdan başlaýyp ýörse gerekdir.

Ymmat bolan bilgil Syratdan geçer,
Jennet içre Köwser şerabyn içer,
Aldanmaň sopular pirlerňiz gaçar,
Dat edip resula barsa gerekdir.

Magtymguly serden gitmez dumanym,
Men Haka aşygam ýokdur gümanym,
Owwal demde aman, ahyr imanym,
Rozy kylyp bize berse gerekdir.

ALNYMYZA GELSE GEREKDIR

Ämennä, saddaknä, magşar günleri,
Bir gün alnymyza gelse gerekdir.
Heder eýle, öser ajal ýelleri,
Jesetden janlary alsa gerekdir.

Ajal dogry gelse, garşy durar sen,
Gaçyp imkanyň ýok, göwsüň gerer sen,
Ýakasyz, eteksiz dona girer sen,
Tüýnüksiz öýlere salsa gerekdir.

Münker-Nekir sorar, goýmaz hoşuňa,
Hiç haraýyň ýetmez degre-daşyňa,
Ýagşy-ýaman, eden işiň başyňa,
Birin-birin gaýdyp degse gerekdir.

Dabbetil-arz götär başa Gurhany,
Seýr edip gezermiş älem-jahany,
Bir Nil dek suw ýyglyp tutar dünýäni,
Görünmez bidgatlar gelse gerekdir.

Ýüregim joşdurar yşkyň höwesi,
Ýykylar, ýok bolar dünýä binasy,
Yran-jyran düşer magşar gowgasy,
Arasat meýdana gelse gerekdir.

Ynanmasaň habar algyl arypdan,
Ondan soň diňlegil, gel şu garypdan,

Sahara deştine, maşryk-magrypdan,
Melekler zarp urup sürse gerekdir.

Şepagatçy bolar ol gün erenler,
Bir-birini tanar gaçar görenler,
Ynanmaýan kapyr bolar ýaranlar,
Her kim bir suratda gopsa gerekdir.

Agmalyň soralar, diýme ykbaldyr,
Gowgalar çohlanar ne ajap haldyr,
Niçeler güň bolar, niçeler laldyr,
Niçeler dil çeýnäp dursa gerekdir.

Niçeler galkynyp, tura bilmezler,
Melekler zarbyndan dura bilmezler,
Niçeler gözsüzdir, göre bilmezler,
Niçeler it kimin üýrse gerekdir.

Kimsiniň agzyndan akar iriň, gan,
Kimisi süýrener, çykmaz gahba jan,
Niçe ýüzin ýörär, niçeler arkan,
Süýthor başy bilen ýörse gerekdir.

Niçeleriň görer gözün oýdyrlar,
Niçelere zäher-zakgun iýdirler,
Niçelere ataş donlar geýdirler,
Niçeler maýmyn dek dursa gerekdir.

Bir tarapdan geler, mizan gurular,
Bir tarapdan otly gürzi urular,
Bir tarapdan zerre-zerre soralar,
Her kim öz hasabyn berse gerekdir.

Ýylan çykar pil dek, dişleri er dek,
Niçesi gatyr dek, niçesi har dek,
Niçesi bugra dek, niçesi ner dek,
Çyrpynyp-çyrpynyp dursa gerekdir.

Gybatkeş suraty doňuzdyr- hukdyr,
Garny ýere deger, gözleri gökdür,
Zynaçylar beýik zulmatda bekdir,
Sözçini dilinden assa gerekdir.

Ogrynyň, jümriniň tutan ellerin,

Daglarlar, duzlarlar tutup dillerin,
Puşman edip aglar öten günlerin,
Ebedi zyndanda galsa gerekdir.

Resulalla Arşda saýa bolarlar,
Ymmatlar eňreşip zary kylarlar,
Şerigatsyz pirler inek bolarlar,
Sopusy buga dek çüwse gerekdir.

Magtymguly adam galmaz ölmeýen,
Haky ýada salyp gulluk kylmaýan,
Bu dünýäde mestlik bile bilmeýen,
Magşar gün aýylyp, bilse gerekdir.

AGLAŞMAK BARDYR

Nadan köňlüm, bu ne şat olup gülmek,
Taňla gün gam geler, aglaşmak bardyr.
Akyl erseň, älem ählin söýmegil,
Bipeýandyr, aýra boluşmak bardyr.

Dostlar, öser bir gün ajalyň ýeli,
Hazan urup solar ömrüň ter güli,
Eziz jana ölüm urar çeňňeli,
Aýlanyp, aýlanyp, ýazlyşmak bardyr.

Ýer ýuwdar bir güni kaddy-dalyňy,
Hakdan özge hiç kim bilmez halyňy,
Ýelip, ýüwrüp ýygan dünýe malyňy,
Bir-bir hasap edip, paýlaşmak bardyr.

Baky ýurda iliň-günüň gondyrlar,
Ýedi gadam urgandan soň galdyrlar,
Repbiň, nebiň, diniň ýene kim diýrler,
Takat edip, jowap alyşmak bardyr.

Men-menlikdir bar adamyň hyýaly,
Taňla mälim bolar hemmäniň haly,
Mizan terezige salyp agmaly,
Haýren, - şerren azm kylyşmak bardyr.

Taňla gün kyýamat magşar gurular,
Yns-jyns, jan ähli − hemme direler,
Gul, hoja, pil, peşe barabar bolar,

Şa alynda hasap alyşmak bardyr.

Dostlar, bardyr Syrat atly bir güzer,
Gyldan inçe, ki gylyçdan tiz keser,
Müň ýyllyk ýol bolar, ýoly serbe-ser,
Müň ýyl inip, müň ýyl çykyşmak bardyr.

Magtymguly, şol howplardan ötdüňmi,
Iman tapyp, myradyňa ýetdiňmi,
Ýa-ha jennet içre mekan tutduňmy,
Ençe titräp, haýran boluşmak bardyr.

HABARDAR BOLUŇ

Dünýä gelenleriň gitmegi gerek,
Hatar köp möminler habardar boluň.
Dowzah satyn alan şyh Bahaweddin,
Ýene bir dowzah bar, habardar boluň.

Bu dünýä diýeniň bir galmagaldy,
Günde bir müň döräp, bir müňi öldi,
Owwal roza sorap gyssaga saldy,
Ondan hem ötgünçä habardar boluň.

Ertir namaz gelip, ýakaňdan tutar,
Peýşin namaz aýdar meni unudar,
Namaz diger goýan hunaba ýuwdar,
Ondan hem ötgünçä habardar boluň.

Namaz şam telmurup, ýüzüňe bakar,
Huftany terk etseň, dowzahda ýakar,
Salat witir ot bolup arkaňdan kakar,
Ondan hem ötgünçä habardar boluň.

Çaryýarlar aýdar ýüzüňe taba,
Eşiden zalymlar gelsin ynsaba,
Istäp ýörüň haýa bilen hyjaba,
Hudanyň emriden habardar boluň.

Allanyň aldynda sap durar bende,
Eger kylsa magşargähde şermende,
Kyýamat azaby hem köpdür sende,
Jowabyn berinçä habardar boluň.

Magymguly aýdar, ajap bu işler,
Binamaz bende behişde ne işlär,
Namazhona miýesserdir behişler,
Bendeler, behişden umydwar boluň.

ZORY GITMEZMIŞ

Ahatdyr, Samatdyr ol Hakyň ady,
Bir Allanyň güýji-zory gitmezmiş.
Bolmaz Onuň hergiz ýakyny-ýady,
Gurulan bazary, şähri gitmezmiş.

Ol Hakyň ýanyndan bir göwher çykdy,
Gözledi göwhere, suw bolup akdy,
Resul ondan öndi, ozal hiç ýokdy,
Resulyň ýüzüniň nury gitmezmiş.

Ol göwher suw bolup, derýaga döndi,
Elli müň ýyldan soň birje guş öndi,
Ganatyn ýetirip, Resula gondy,
Rafygy kim diýip, gahry gitmezmiş.

Dört togsan ýyldan soň ony bildiler,
Rafyg Alla diýip, Resul galdylar,
Niçe ýyllap Resul şonda boldular,
Ol nuruň şeminiň bary gitmezmiş.

Elli müň ýyldan soň döw gelip doldy,
Niçe ýyllap Hakyň hyzmatyn kyldy,
Kap dagynyň aňyrsynda döw galdy,
Gädiginden ýaman ary gitmezmiş.

Elli müň ýyldan soň ýylky geldiler,
Olar nice ýyllap şonda boldular,
Ol ýylkynyň müddet güni doldular,
Hem ýylkynyň ahy-zary gitmezmiş.

Ol ýylky şalygna bökelek geldi,
Niçe ýyllap Hakyň hyzmatyn kyldy,
Resulyň nurundan Ýer-Gögi saldy,
Ýer-Gögüň melaýyk, hüýri gitmezmiş.

Elli müň ýyldan soň Benijan ötdi,
Adam ata kyrk ýyl palçykda ýatdy,

Ondan soň Şis gelip, leşgerin tutdy,
Dünýä gelen gaýdyp diri gitmezmiş.

Dört togsan müň elli alty dünýäniň bary,
Müň iki ýüz ýyldyr Resuldan bäri,
Magtymguly görünmez Hak didary,
Gören gula Hak didary gitmezmiş.

ÝAŞYL ZÜMERRET

Ilki asman tutmuş ahtardan zynat,
Ady Rafga, asly ýaşyl zümerret.
Perişdesi bardyr sygyr suratly,
Beýikleri bardyr Ysmaýyl atly.

Ikinji gat gögi diýsem bu başdan,
Ady Azklawyndyr, asly kümüşden,
Perişdesi bardyr bürgüt suratly,
Beýikleri bardyr Kabaýyl atly.

Üçünji gök reňi aýynmaz otdan,
Ady Kaýdum, asly gyzyl ýakutdan,
Perişdesi bardyr böri sypatly,
Beýikleri bardyr Gökbaýyl atly.

Dördünji gat asman sorsaň nedendir,
Ady Magun, asly ak injüdendir,
Perişdesi bardyr ak at sypatly,
Beýikleri bardyr Nunýaýyl atly.

Bäşinji gat gögi sorsaň bu başdan,
Ady Ratka asly gyzyl altyndan,
Perişdesi bardyr hüýrler sypatly,
Beýikleri bardyr Saftaýyl atly.

Altynjy gat asman söýlesem ýatdan,
Ady Defna, asly sary ýakutdan,
Perişdesi bardyr wildan suratly,
Beýikleri bardyr Abaýyl atly.

Soraň ýedinji gat gökdäki syrdan,
Ady Ajybadyr, asmany nurdan,
Perişdesi bardyr adam suratly,
Beýikleri bardyr Nurbaýyl atly.

Ýer-u asmandaky bolan serişdä,
Nyzam beren diýrler şol dört perişdä,
Mikaýyl, Ysrapyl, Ezraýyl atly
Dördünjisi bardyr Jebraýyl atly.

Magtymguly, paş eýleseň syryň hem,
Eýesi bar deryanyň hem, ýeriň hem,
Ýeriň beýgi bolsa Sarsaýyl atly,
Derýalar beýigi Garkaýyl atly.

ONDA BAR

Ilki gat zeminiň ady Remkädir,
Akym atly ýowuz ýeller onda bar,
Ýetmiş müň perişde onda saklawdyr,
Müň gaýym burundyk baglar onda bar.

Ikinji gat ýeriň ady Huldadyr,
Guýrugy naýza dek keždum ondadyr,
Asy adam üçin gözi ýoldadyr,
Ner-bugra bilekli möýler onda bar.

Alty ýüz altmyşdyr oňurga daşy,
Her birniň alty ýüz altmyşdyr başy,
Her başda alty ýüz altmyşdyr dişi,
Daglar dözmez bet awular onda bar.

Üçünji ýer ady Arkaýy-Apak,
Oduny demirden, döz gelmez toprak,
Dowzah engury bar dagdan ulurak,
Hakykat imansyz gullar onda bar.

Dördünji gat ýeriň adydyr Hurpa,
Ýylanlarnyň dişi daragty-hurma,
Yssysy köýdürer, öldürer serma,
Ten, jan dözmez, dynmaz waýlar onda bar.

Bäşinji ýer ady Selman zemindir,
Almaz daş urarlar her kim bidindir,
Altynjy gat ýeriň ady Syjjyndyr,
Tamuglyk bolajak janlar onda bar.

Ýedinji ýer ady Garyba dilde,
Dowzahdan gorka gez Hudany bil-de,
Şeýtan ondan inip-çykar her ýylda,

Pyragy diýr, ýaman günler onda bar.

RISMAN DAKARLAR

Ýer astynda mesgen tutan Syrata,
Daglar kimin ýüz müň risman dakarlar,
Azap bermek üçin her namyrada,
Ýedi ýer astyndan ony çekerler.

Ýaradan Alladan perman ýetişse,
Ýetmiş müň sap melek düşer bu gussa,
Her sap yns, jyna ýetmiş müň hyssa,
Alyp gelip, ýer ýüzünde çökerler.

Dört sütün, her sütün otuz müň başly,
Otuz müň dahanly, otuz müň dişli,
Her dişi bu belent daglardan güýçli,
Her dişden otuz müň zynjyr dakarlar.

Daglardan kuwwatly, derýa haýbatly,
Ötgür almaz dişli, näheň sypatly,
Magşar gün Hak ýanda bolsaň uýatly,
Pil, gäwmiş boýunly möýler sokarlar.

Magtymguly, boýun goýgul permana,
Kyýamat gün haýpyň gelse bu jana,
Jähennem kahryndan çekse zybana,
Ner, bugra sypatly uçgun çykarlar.

ÖÝLER GÖRER SEN

Panydan bakyýa barmaly bolsaň,
Tüýnüksiz, gapysyz öýler görer sen.
Namaz kylmaý, bigam ýatmaly bolsaň,
Tamug-dowzah atly jaýlar görer sen.

Özüňe dost bilme pany dünýäni,
Ýalançyda gazanmagyn günäni,
Baş atyp, göz gypyp, etme zynany,
Gabr içinde çygyr, waýlar görer sen.

Namaz bile bäş işiňi jaý etgin,
Toprak bilen öz köňlüňi taý etgin,
Muhammet zamundyr, şonda — waý etgin,

Aždarha, mar atly möýler görer sen.

Terk eýlemäwergin bäş wagt namazyň,
Gör içinde egsik bolmaz owazyň,
Gyşyň eda bolup, tükenmez ýazyň
Aby-Köwser atly suwlar görer sen.

Ol iki çeşmiňi gözüňden akdyr,
Ýoldaşyň imandyr, ýaradan Hakdyr,
Menziller yrakdyr, ýollar uzakdyr,
Ýaşmaz günler, batmaz aýlar görer sen.

Bir gün zaýa eýlär asman-zemini,
Derýalar gark eder suwda gämini,
Iller, beýan etsek ýedi tamugny,
Içinde zekatsyz baýlar görer sen.

Säher turup, diliň senalar sana,
Açlara nan berip, ýalaňaç-dona,
Rahym ýoldaş etse seni imana,
Behişdiň içinde toýlar görer sen.

Asly käri gazanyňda, aşyňda,
Perişdeler oýluşarlar daşyňda,
Hüýr gyzlary gelip durmuş gaşyňda,
Lagly-jöwähirden şaýlar görer sen.

Bende, Magtymguly, çagyr Allany,
Azazyl şeýtana berme pelläni,
Nesip etse jennet içre hülläni,
Münseň, Byrag atly taýlar görer sen.

ÝAÝLARY BARDYR

Gonar mundan, aňlamazlar, göçerler,
Kirişsiz gurulan ýaýlary bardyr.
Ýakasyz, eteksiz bir don biçerler,
Işiksiz, tüýnüksiz öýleri bardyr.

Ahyret öýüne eltip salarlar,
Hak rehmet etsin diýp doga kylarlar,
«Män Repbuk» diýp, Müňker-Nekir gelerler,
Jogabyn bermeseň, waýlary bardyr.

Etmişiň köp bolsa, ýer seni gysar,
Süňňüň lerzan urar, ýüregiň towsar,
Sagyňdan-soluňdan ot-ýalyn öwser,
Binamazyň şundag öýleri bardyr.

«Esfeles-säfilin» oňa derkardyr,
Şeýtan onuň üçin köp medetkärdir,
Jähennem diýilen bir dowzah bardyr,
Gybatkeşiň onda jaýlary bardyr.

Niçe gündür, haramylyk yzlaýyr,
Tapa bilse, pynhan ýerde gizleýir,
Ogry güňdür, mal eýesi sözleýir,
Syjjyn, Weýl atly jaýlary bardyr.

Göre bilmez gardaşyny, ilini,
Geçe bilmez onda Syrat ýoluny,
Tamşana-tamşana çeýnär dilini,
Taňla kyýamatda waýlary bardyr.

Bismilla diýp okap Gurhany − Ýasyn,
Köňlüňden çykarma Hakyň senasyn,
Magtymguly, Hak geçirgeý günäsin,
Jennetil-mäwa dek jaýlary bardyr.

WEPAT BAR

Sopular, sapylar, häzir boluňlar,
Ajal bar-u haýat bar-u wepat bar.
Ýaman işden hemme nazyr boluňlar,
Sorag bar-u sowal bar-u heýhat bar.

Müňker-Nekir dar gör içre gelerler,
«Taňry, pygamberiň kim?» diýp sorarlar,
Bilmez erseň, çoh azaplar bererler,
Gürzi bar-u gahar bar-u haýbat bar.

Ol garaňky gör içinde ýatar sen,
Biçäre sen, Hak buýrugyn tutar sen,
Ysrapyl surunda ýerden çykar sen,
Magşar bar-u mizan bar-u Syrat bar.

Onda mizan terezesin gurarlar,
Agmallaryň oşol ýerde sorarlar,

Asylary dowzah sary sürerler,
Mälik bar-u dowzah bar-u hem ot bar.

Magtymguly, ýaşyň eýlegil girýan,
Ol gün haýbatyndan kylgaý Hak asan,
Ölse ahyr demde hemrahy iman,
Jennet bar-u mähnet bar-u nejat bar.

NURY-IMAN EÝLEDI

Kadyr Eýäm gudrat-le bizni eziz jan eýledi,
Hamdylilla jan berip, hem nury-iman eýledi.

Owwal ol kim Hak ýaratdy barça älemden burun,
Mustapanyň nuruny hurşydy-taban eýledi.

Arş-u Kürsini ýaratdy, kyldy nuruny aýan,
Zahyr eýläp gudratyny, ýedi Keýwan eýledi.

Katra-katra nurudan jemgy meleklerniň bary,
Bir eziz Adam ýaradyp, barçaga han eýledi.

Haktagala emr kyldy sejde kyl diýp Adama,
Barçadan Adam şerip diýp, Taňry perman eýledi.

Ol ki boýun sunmady kim, Taňrynyň permanyna,
Saldy towky-lagnaty boýnuga şeýtan eýledi.

Dürli elwan kyldy Halyk mahlukyn gudrat bilen,
Birge berdi akly kämil, birni haýwan eýledi.

Birni kyldy meshi-melgun suratyn özge kylyp,
Şükri-lilla, özge kylmaý, bizi ynsan eýledi.

Gudraty birle tapawut kyldy ynsan bendesin,
Birni kyldy kapyr-u birni musulman eýledi.

Mähriban Perwerdigärim ryzky-rozy ýetgürip,
Nazy-nygmatlar berip, köp lutpy-yhsan eýledi.

Hiç ajaýyp dünýäde mundag ajaýyp bolmagaý,
Gadyr-gymmat birle daşny lagly-merjen eýledi.

Akyzadur çeşmeleri ýagdyryp ýagmyrlaryn,

Öndürip dürli çiçekler, çöli bossan eýledi.

Sanygy-biçün Eýäm ýerden nebatat öndürip,
Sansyz ol nygmatlaryny çarhy-elwan eýledi.

Gijäni gündiz kylyp, gudrat bile gündiz − gije,
Ýedi gat asmanlaryny çarhy-gerdan eýledi.

Haktagala Mustapany barçadan agla kylyp,
Asy, jafy bendelere rahaty-jan eýledi.

Çaharýary-basapany sakyýy-Köwser kylyp,
Iki älemiň çyragy nury-iman eýledi.

Eý, behamdylla ki bolduk ol Muhammet ymmaty,
Müşgil erdi halymyz, Hak bize asan eýledi.

Niçe ýyllar kowmyga kyldy nesihat Nuh nebi,
«Lä tezer» diýp nalyş etdi, garky tupan eýledi.

Saklady nary-beladan owwal Halylullany,
Nemrut oduny oňa Kadyr gülüstan eýledi.

Gördi Ybraýym düýşüde, Taňrydan perman olup,
Taňry permanyn tutup, ogluny gurban eýledi.

Hezreti Ýakubyň köňlün pyrakyň ody bilen,
Kyrk ýyl zar ýygladyban, beýtil-ahzan eýledi.

Ýusup Syddyk niçe ýyl zähmeti-zyndan çekip,
Akybet berdi nejaty Müsürde han eýledi.

Saklady Musa Kelimi bahrnyň girdabydan,
Tabytyny kyldy dabbe, Pyrgun, Haman eýledi.

Eýýup Sabyr belalar tartdy gurduň zähmiden,
Sabyr kyldy, Hak onyň derdige derman eýledi.

Ol Zekerýa pygamber kim Taňrynyň zäkir guly,
Erre goýdy başyga ol zikri-Rahman eýledi.

Enbiýa-ýu öwlüýä tartdy belalar dünýäde,
Dünýäni mömin gulyga çahy-zyndan eýledi.

Enbiýalaryň nesibi boldy renji-mähneti,
Çün ezelden kysmat erdi, Taňry perman eýledi.

Köp belalar tartdylar müşrüklerden kim olar,
Hak ýoluda ol erenler barçasy jan eýledi.

Bilmedi ol näsezalar enbiýalar gadryny,
Haktagala ol guruhny kör-u nadan eýledi.

Görseňiz, jan-u jandar barçasy tesbyh ilen,
Dünýä bir köne rabat-u ili kerwen eýledi.

Bagzylar dünýä meniň diýp, dawa kyldy Taňryga,
Gahar birle barçasyn ýer birle ýegsan eýledi.

Birge berdi maly-mülki, sahyby-nygmatlary,
Birni hary-zary kyldy, birni haýwan eýledi.

Misgini Magtymguly sen toba birle ýola gir,
Tobaly gullary, bil, jennetde soltan eýledi.

DILLERDE GUÝA

Älem sunguň-le möwjut, wujuda gelen eşýa,
Eşýa hamdyňa zäkir, zikriň dillerde guýa.

Owwalyňa ýok gaýat, ahyryň binehaýat,
Bu barlyga kipaýat, emriň biledir berpa.

Şergyň jahana şaýyg, hökmüň äleme nafyz,
Emriňe permanberdar, arz-u sema mäfihä.

Her zişt-u ziwer-u zib, şahydy-älemi-gaýp,
Sunguň-le boldy lä reýp, es-suflaýy wel-ulýa.

Gelip gerdana gerdun, ýörer mydam sernegun,
Eşýa küll olup Mejnun, wysalyň zowky Leýla.

Men ejiz-u bet nebs-le, mülewwes men ýüz katla,
Her ismiň bir sypat-le, her talyba tejella.

Magtymguly men magmum, howa üzre nebsim şum,
Dermende, bolup mahrum, galdym-la men waweýla.

BOLA ALMAŇ BASYR

Ary bir nusgada gelendir bitiklik şury-şer,
Tä bu suratdan sewa bolmaý, bola almaň basyr.

Hiç kimiň halydan hem hiç kim ägäh imesdir,
Besi almam göze, ger häkimi çün kyldy hamyr.

Eý, gözümiň agy, magşarda şur kylmak gerek,
Üç ýüz ýyllyk tagatyň berhem urar Hak, hakyr.

Mömin-u kapyr seniň dergähiňe başyn urar,
Perdeleri munda ýyrtma ýa Latyf-a, ýa Habyr.

Goluny tut, Ahmed-ä, Magtym erur ýol üstüde,
Ýa, Abulkasym − tamam ymmatlaryga destgir.

GÖRDÜM-Ä

Owwal-a boldum pena, daryl-bakany gördüm-ä,
Jümleden bigäne boldum, aşynany gördüm-ä.

Çarh urup durdum tamamy sury-Ysrapylgaça,
Arşy-Kürsi taý urup, tahty-serany gördüm-ä.

Jümle sap-sap adamynyň häkine kyldym togap,
Heşt jennete baryban, Adam, Howany gördüm-ä.

Alty müň derýany ýuwtdum, dört ýüz kyrk dörtden,
Jebraýylyň ornuny men — müntehany gördüm-ä.

Heştdir jennet ki baryp, jümlesi giren erer,
Örtenip ýören hezaran rusyýany gördüm-ä.

Tagty-hümmete çykyban «Ymmatym, wa, ymmatym»,
Sadkaýy-ruhy bolaý ol Mustapany gördüm-ä.

Çaryýardan hezreti Bu Bekr, Osman, Omar,
Haýdary-Sapdar Aly − şiri-Hudany gördüm-ä.

Kerbela deştide jan beren şehitler gitdiler,
Hem Hasan birle Hüseýin, Kerbelany gördüm-ä.

Gul Magtym, tä pişwa tapmaý şypaýy tapmas kişi,

Tä ki men bir pişwa tapdym, şol şypany gördüm-ä.

DERÝAÝY-HAL

Teşne geldim senden yzlap göwheri-aby-zülal,
Piri-kämil sen, hakykat babyda derýaýy-hal.

Iki älem nagty alnyňda miýesserdir seniň,
Zindeleriň başydyr — ýoluňa bolan paýymal.

Bagty gara patyşahy men, dilimi köwleme,
Kaddy ham bolan, jepa görgen, özüm manendi-dal.

Häkisary-kuhy-yrfanyň erer men rehim kyl,
Asly umydym şudur magşarda görgeý men jemal.

Nowjuwan ömrüm hazan boldy muhabbet derdiden
Ýetmedim maksadyma, dag, eýledi wagty zowal.

Iki dünýäden gözüm ýumdum seniň waslyň bilen,
Kim hudatersdir, oňa derkar imes maly-menal.

Hatyryma hümmeti-Edhemi getirdim bu gün,
Çünki, derýadan jyda boldy gögermesdir nahal.

Ataşy-yşk aldyda hasdyr jähennem gam, iýme,
Ýüz hatardan ötgerür her bendäni kurby-Jelal.

Astanasyga gelip rahy-nowmydy iýmes,
Ýa Abulkasym meniň ymmat diýbän destim al.

Nama oň goludan bergil Magtymy-şuridäge,
Owwaly-ahyrny kylsaň wagty-magşarda sowal.

ROÝY-SYÝADAN GAÝRY

Barmydyr barmaga ýeriň başga, Hudadan gaýry,
Armaganyň barmydyr roýy-syýadan gaýry.

Gezdigiňçe çarhyň astynda jahanda jan çekip,
Ne talap bar saňa bu jebri-jepadan gaýry.

Hak edip, nähak kylyp ýörseň ýürekden gan döküp,
Hasylyň nedir seniň jürmi-günäden gaýry.

Iýip-içip, mahbup guçup, ýatsaň säher rahat bile,
Tagatyň hany seniň roýy-ryýadan gaýry.

Göz gözelde, nebs iýmekde, dil dahy gybat bile,
Şöwketiň − şer, başda ýok beýle howadan gaýry.

Owwaly aňlamadym, aňlan sözüne gitmedim,
Bu belada kimse ýok men binowadan gaýry.

Pikir et Magtymguly, panyýa bak ne görner,
Soňy ýok, aldagy çoh, föwti-penadan gaýry.

SÖZLERIM

Ýandy janym, neýleýin, ol ýara düşdi gözlerim,
Zähr bolupdyr, bilmedim, asal erirdi sözlerim.

Çarhy-pelek aýlanyp, ters güni saldy başyma,
Ýagmyry-barany bilen gyş bolupdyr ýazlarym.

Ötdi bizden döwleti, bir misgini-geda menem,
Diýr Pyragy, urdy laçyn, boldy ýesir gazlarym.

GYZDYR BU DÜNÝÄ

Nesihatym budur, beýan eýlesem,
Jilweli, päkize gyzdyr bu dünýä.
Şikwesini aýdyp, aýan eýlesem,
Äleme äşgäre sözdür bu dünýä.

Deçjal hyruç edip çykar şikara,
Namazhonlar tiz yetişer didara,
Binamaz ýüzüne çekiler gara,
Otuzda, kyrk bäşde aldy bu dünýä.

Niçeler gan ýyglap öter zulmatdan,
Müwekkel perişde kakar Syratdan,
Hiç peýda tapylmaz pir-u ussatdan,
Rast, ýalanyňy bildi bu dünýä.

Hudanyň erkesi hezreti Musa,
Ot iýdi, suw içdi, golunda hasa,
Bibi Meryem ogly hezreti Isa,

Şony kyrk ýyl patşa kyldy bu dünýä.

Bu dünýäde bäş gün sag-u bar olsaň,
Niýeti gysylan, pygly dar olsaň,
Ýoksuzlykdan kaşşak bolup zar olsaň,
Merdi namarda zar kyldy bu dünýä.

Bir niçeler jepa bilen mähnetde,
Bir niçeler gaýgy bilen külpetde,
Namazhona kyrk perişde hyzmatda,
Eşretni size dar etdi bu dünýä.

Ol Syratda ganatlaryň gaýrylar,
Niçeler öte almaý, boýny burular,
Munda rast ýörenler behişde girer,
Bu köňülden gamy aldy bu dünýä.

Niçeleri ýyglap hem bagry gandyr,
Öte almaý, sargaryp duranlar kändir,
Munda kylan işiň bary pynhandyr,
Pynhanyň äşgäre etdi bu dünýä.

Magtymguly sözi tükenmez eda,
Ajal ýakaň tutar, şa bilen geda,
Altmyş üçde ötdi pygamber Huda,
Olary ogulsyz kyldy bu dünýä.

DÜNÝÄDEN

Derdimi kylsam beýan, ýürek armandyr dünýäden,
Kimse namart olsa biliň, derde dermandyr dünýäden.

Bu misginlik derdiden zar ýyglaýyp öter günüm,
Hiç wepasy bolmady, jiger gandyr dünýäden.

Ömrümiň men salyny saldym dünýä Jeýhunyna,
Urdy azm, saldy talaň, mülküm weýrandyr dünýäden.

Ýagşy gardaşlar, görüň, mala gyzyban gitdiler,
Jesedimde gapyl galan gury jandyr dünýäden.

Elmydam matam tutup, Pyragy, galdym ýas bilen,
Haýsy jaýa ugrasam, bary zyýandyr dünýäden.

PENA DÜNÝÄ

Niçäni geda eýlediň, pena dünýä, pena dünýä.
Aşygy jyda eýlediň, pena dünýä, pena dünýä.

Ýagşyny berdiň ýamana, namardy goýduň çamana,
Mert ýigit gitdi gümana, pena dünýä, pena dünýä.

Adyl şany güm eýlediň, ýurt-mekanyn gum eýlediň,
Karuna genç jem eýlediň, pena dünýä, pena dünýä.

Isgenderiň akdy saly, wagt ötdi, galdy ýoly,
Mejnuny sen kyldyň däli, pena dünýä, pena dünýä.

Isaga bir hary berip, altyndan Karun doýuryp,
Aşygy birewden aýryp, pena dünýä, pena dünýä.

Ýamany ilde han edip, namardy çyn merdan edip,
Binalary meýdan edip, pena dünýä, pena dünýä.

Baglar gülüni saraldyp, batyl gözleri köreldip,
Göwrümiň gysyp, daraldyp, pena dünýä, pena dünýä.

Nesimini tygda ýüzüp, aýyrdyň ilinden üzüp,
Uly ile kätip ýazyp, pena dünýä, pena dünýä.

Adamy ýüz hilä goýduň, halala haram harç uýduň,
Amanat janymyz iýdiň, pena dünýä, pena dünýä.

Şeýtan kylyp Azazyly, uzaltdyň ýakyn menzili,
Sende ýok döwran hezili, pena dünýä, pena dünýä.

Soltan Hupby gaýyp boldy, aýt, senden näme aldy?
Bir gün hazan ýeli geldi, pena dünýä, pena dünýä.

Saldyň Jemşidi ýer teýne, Karuny gysdyň öýüne,
Myralyny uýup oýna, pena dünýä, pena dünýä.

Ýagşylary ýaman etdiň, biwepany merde çatdyň,
Humar düzüp, baryn utduň, pena dünýä, pena dünýä.

Gelenler geçdi, durmady, hiç kes hem köňül bermedi,
Gedalar sapa görmedi, pena dünýä, pena dünýä.

Duşmany eýlediň rowaç, gazanda gaýnap garlawaç,
Garyp galdy, gör, ýalaňaç, pena dünýä, pena dünýä.

Ýamanlara kyldyň wepa, ýagşylara berdiň jepa,
Hiç kim-de sürmedi sapa, pena dünýä, pena dünýä.

Ýamany ýagşa güldürdiň, käriňi ile bildirdiň,
Magtymgulyny soldurdyň, pena dünýä, pena dünýä.

SALY, DÜNÝÄ, HEÝ

Suw ýüzünde gezen niçe gämini,
Bir gün agdarar sen, saly, dünýä, heý.
Adam ogly barmaz bolsa yzyňdan,
Munda diýp aldar sen maly, dünýä, heý.

Bilermi sen, haçan tükener demiň,
Gabyr bolar bir gün basan gadamyň,
Döwran gerdişinde gapyl adamyň,
Üstünden salar sen ýoly, dünýä, heý.

Aramyň ýok, kararyň ýok, dynmaz sen,
Gije-gündiz gan içer sen, ganmaz sen,
Ahyr ne belaň bar, soňun sanmaz sen,
Aklyny aldyran däli, dünýä, heý.

Habarsyz geler sen, ýaka tutar sen,
Ýagşy eýläp, ýaman eýläp öter sen,
Bir gün aşymyza awy gatar sen,
Owwal aldap biýr sen baly, dünýä, heý.

Aýlanar, gyş geçer, ýaz, tomus, güýz hem,
Onuň-le ýagşydyr, dag, deňiz, düz hem,
Ahyry ötermiz üstüňden biz hem,
Gugaryp galar sen, haly, dünýä, heý.

Köpleri ýok etdiň, käni ýuwutdyň,
Muhammet – Hak resul jany ýuwutdyň,
Harun, Karun, Süleýmany ýuwutdyň,
Budur seniň işiň, beli, dünýä, heý.

Adam oglun saldyň tükenmez gama,
Ýaş-garry – ýoluňda sergezdan heme,
Bir mada eşek sen gelip sen deme,

Gasygy gam bilen doly, dünýä, heý.

Magtymguly, dünýä syryn duýmaz sen,
Bu gün gördügimiz ertä goýmaz sen.
Niçe wagtdan bäri iýer, doýmaz sen,
Ýykylgyn, ýumrulgyn, loly dünýä, heý.

ÝALAN DÜNÝÄ

Gelgin, senden habar alam,
Sen ezelden ýalan dünýä.
Tükenmez ömrümi tusduň,
Jana talaň salan dünýä.

Kime görsetdiň peýany,
Goýmadyň sudy-zyýany
Dawut ogly Süleýmanyň
Täji-tagtyn alan dünýä.

Niçäge bedew mündürip,
Niçäge zerbap geýdirip,
Niçäge perzent söýdürip,
Aldap, ýola salan dünýä.

Niçeleri urýan etdiň
Gara bagryn birýan etdiň
Didesini girýan etdiň
Şeýle derde goýan dünýä.

Kimseler bil baglar gider,
Synasyny daglar gider,
Saňa gelen aglar, gider,
Kimdir sende galan dünýä.

Magtymguly many saçar,
Her kim öz kysmatyn açar,
Saňa gelen durmaz geçer,
Kim bar baky galan dünýä.

DÜNÝÄ SEN

Eý ýaranlar, musulmanlar,
Gelip-geçmeli dünýä sen.
Gurby ýeten ýigitlere,
Döküp-saçmaly dünýä sen.

Hiç kim munda tutmaz orun,
Saglykda döküp-saç baryn,
Maly ýygnap, nätdi Karun,
Taşlap gitmeli dünýä sen.

Adam ogly, bil, öler sen,
Bu dünýäniň gamyn iýr sen,
Munda düşek gaty diýr sen,
Ýerni guçmaly dünýä sen.

Zulum ýagar başlaryňa,
Awy goşar aşlaryňa,
Munda eden işleriňe,
Hasap bermeli dünýä sen.

Magtymguly okyp Gurhan,
Hudadan dilegil iman,
Her ýigit ölse binyşan,
Orny öçmeli dünýä sen.

BOLDY BU DÜNÝÄ

Kadyr Alla gudratyndan ýaranlar,
Käf-u nundan berpa boldy bu dünýä.
Halk eýledi iki mahy lykany,
Onuň öwladyndan doldy bu dünýä.

Ýok idi, bar etdi bir nury peýda,
Mazhar ol zatyda boldy hüweýda,
Asy, jafy ymmatlara şafkatha,
Ajap türpe, ajap gowga bu dünýä.

Adam ogly taşlaň haýy-howany,
Ykrar bol Resula, bir bil Hudany,
Nuhuň ymmatyna berdi tupany,
Müňkürleri garkap etdi bu dünýä.

Her kim dilär-tapar Hakdan myradyn,
Dakýanus, Pyrguny, Nemrut, Şetdadyn,
Eflatun, Arastu ötdi dünýäden,
Isgenderi ýere saldy bu dünýä.

Biliň munda her kim men-menlik etdi,
Pelek ahyr onuň başyna ýetdi,

Dört kapyr hudaýlyk dawasyn etdi,
Sakar atly jaýa saldy bu dünýä.

Gapyl, magrur olma dünýä malyna,
Seni aldar, işwe bilen alyna,
Golun boýar adamzadyň ganyna,
Gan içip ganmady, biliň bu dünýä.

Tagat kylmaý ömri gapyl ötir sen,
Bizekat mallary munda ýygyr sen,
Taňla barsaň hasabyna ne diýr sen,
Ajap galmagala saldy bu dünýä.

Pygamberler mundan wepa görmedi,
Mähnet çekdi, zowky-sapa sürmedi,
Mal ýygnady Karun zekat bermedi,
Maly bilen ýere ýuwtdy bu dünýä.

Aramy-karary ýokdur, gezegen,
Al-ýaşyl geýinip, özün bezegen,
Bir betnema bikr ýören gyz eken
Adam oglun ýere saldy bu dünýä.

Oýun bilen halkyň köňlün alady,
Gaşyn kakyp gamza bilen güledi,
Her iki gün bir är halap alady,
Ykrary ýok özi loly bu dünýä.

Ynanmagyl adam ogly malyňa,
Pikr eýlegil öten mah-u salyňa,
Bilseň, goýmas bu bendelik halyňa,
Barça gidip, özi galdy bu dünýä.

Möwç urup derýa dek daşyp barady
Niçäge ýetdirmeý gaçyp barady,
Ažar dek zäherin saçyp barady,
Byradarlar, biliň däli bu dünýä.

Ýigit janlar guwanmagyn görküňe,
Gelse jellat − ajal goýmaz erkiňe,
Tutdum diýen çagda girmez eliňe,
Özi gaçgak, çapak biliň bu dünýä.

Alymlaryň sözi − pendi-nesihat,

Pasyk-pajyrlara köp bolma ülpet,
Gurular terezi tańla-kyýamat,
Ol gün seni hasap eýlär bu dünýä.

Eda bolmaz döwletiň bar başyňda,
Ataň-eneň, agaň-iniň gaşyňda,
Ne gapyl sen, daýym köňül hoşuňda,
Aklyň alyp haýran etdi bu dünýä.

Düşünmez sen bu mekgaryň diline,
Gapyllar guwanmaň dünýä malyna,
Golun boýar adamzadyň ganyna,
Adam tohmun ýere gömdi bu dünýä.

Magtymguly, ötdi döwür-döwranym,
Näkesler sözünden köpdür gümanym,
Harman-harman köňlümdedir armanym,
Abatlary weýran etdi bu dünýä.

BU DÜNÝÄ

Maşrykdan magryba dünýäniň ýüzi,
Diýmäň, bize mälim däldir bu dünýä.
Abady-haraby, deryasy-düzi,
Ýüz kyrk alty müň agaç ýoldur bu dünýä.

Bu jahan ýüzünde işler peýdadyr,
Teferrüçdir, tomaşadyr, gowgadyr,
Kyrk alty müň agaç suwdur, deryadyr,
Ýetmiş iki tüýsli dildir bu dünýä.

Bir elli müň agaç ýollar onda bar,
Döw-peri mesgeni, gu:llar onda bar,
Daşlar, daglar, aç arslanlar onda bar,
Ol ýerde adamdan çöldür bu dünýä.

On iki müň agaç jaýy-Hindistan,
Alty müň agaç ýol arzy-Rumystan,
Dört müň Saklap, Senjap, dört müň Zeňistan,
Göýä geçip barýan sildir bu dünýä.

Dört müň parsah Ýemen, bir müň-de Bulgar,
Zemini-Ýunan hem bolar ýek hezar,
Müň agaç ýol dagdyr döwi-merdumhor,

Onda agyp bargan saldyr bu dünýä.

Müň agaç kilim güwşi, ýek dest-u ýek pa,
Bäş müň agaç Ýajuj, müň agaç sähra,
Ýedi müň agaç ýer jezire, derýa,
Müň agaç ýer ýatan maldyr bu dünýä.

Üç müň üç ýüz agaç ähli-yslamdyr,
Yrak, Häzirbeýjan, Müsürdir, Şamdyr,
Horasan, Fars, Burz kuhda tamamdyr,
Ýok bolynça, galmagaldyr bu dünýä.

Magtymguly, adyň döndi Pyraga,
Paryg bolup, çek özüňni gyraga,
Hasap etdim dünýä başdan-aýaga,
Üç ýüz altmyş ýyllyk ýoldur bu dünýä.

ÖTER BU DÜNÝÄ

Hoş gal indi, ýary-dostlar, ýaranlar,
Guwanma, hemmeden öter bu dünýä.
Çäre tapmadylar öten weliler,
Barçanyň başyga ýeter bu dünýä.

Birewi şa eder, berer köp rowaç,
Birniçeler ýyglar, bir pula mätäç,
Kimler çäre tapmaz, öter näalaç,
Her kime ýüz elem goýar bu dünýä.

Nazar etse para eder daşlary,
Birniçäge awy eder aşlary,
Birniçeler alyp eziz başlary,
Bir ýat ülkelere atar bu dünýä.

Nurundan ýaratdy Isany Jepbar,
Erk Özünde, her ne kylsa Biribar
Bir garyp men, Senden özge kimim bar,
Meni köp gammata salar bu dünýä?!

Hezreti Adamy eýlediň haýran,
Howa jyda düşdi, gözleri girýan,
Hudaga raz aýtdy hezreti Lukman:
"Dilegim — duş etme namarda, dünýä!"

Hezreti Isgender, hany Süleýman,
Ahyrynda boldy jaýy görüstan,
Hany Suhrap, Barzu, Rüstemi Dessan,
Agmaly-dönmeli ýeser bu dünýä?!

Magtymguly, köňlümde ýüz külpet bar,
Kazanyň damyga bolduk giriftar,
Ýaradan, har etme, bolgun habardar,
Ýogsa işim arman eder bu dünýä.

GITMEDIŇ, DÜNÝÄ

Bir aýbyň bar, diýrem seniň ýüzüňe,
Hiç kim bilen ýola gitmediň, dünýä.
Öňki gelenlere muhabbet etdiň,
Soňky gelenlere etmediň, dünýä.

Sözle imdi, kimi berkarar etdiň,
Niçe kethudany hary-zar etdiň,
Süleýman tagtyny tary-mar etdiň,
Ýusuby gul diýip satdyrdyň, dünýä.

Neýlediň soltany, öldürdiň hany,
Şahy-Keýkowusy, Rüstem-u Zaly,
Döwlere hökm eden Süleýman hany,
Olar bilen ýola gitmediň, dünýä.

Ýigit gerek, meýdan içre dik ola,
Ýigide ok bile ýaýlar atyla,
Baba Omar gaçdy, belki, gutula,
Ony kowa-kowa sen tutduň, dünýä.

Magtymguly, senden gorkar ýüregim,
Hak ýanynda kabul olsun dilegim,
Hasan, Hüseýn − Arş-u Kürsi geregim,
Kerbalada şehit sen etdiň, dünýä.

DÜNÝÄDIR

Dostlarym, köňlüni berip, ahyretden bihabar,
Gör niçe apat-jezalar, binamys-ar dünýädir.
Galdyrar bir gün ýelide, aglyýar sen hary-zar,
Barçalary weýran kylan aldawçy-haýýar dünýädir.

Gör niçe geçdi weliler derde derman tapmaýyp,

Andalyplar zary birlen güli-reýhan tapmaýyp,
Geçdi Isgenderi birlen Jemşidi döwran tapmaýyp,
Bir ajap surat erer, köňlüňe ýar dünýädir.

Ýygdy bahyl mallaryny barça derýa boýlaýyp,
Däli-mejnun loly gezdi, bakmady soň oýlaýyp,
Ol tagty-Süleýmany aldy, goýmaý täk saýlaýyp,
Asylary zar agladan bir hary-zar dünýädir.

Şa bilen geda ikewe zulmy bir deň ýetişip,
Zarly geçdi barça-bary gezmedi gol atyşyp,
Möminleri dert bilen gezdi birewni tutuşyp,
Kalbyda zähri katyldyr, daşy göwher dünýädir.

Möminleri bir-birewe, kyldy sözde hyrs edip,
Berdi namarda penany, kowdy ile bars edip,
Mert ýigdi tilki kyldy, bahyly ýolbars edip,
Pili peşä, peşäni pile meňzeden bikär dünýädir.

Batyllary kör edip, batylsyzy batyl bilen,
Gaş kakyp, göz güldürip, gör niçeler oýun kylan,
Zatyna göwnün alyp, köp dostlary duşman kylan,
Gollaryna jyza tutan, sözünde tir dünýädir.

Men bu gün matam tutup, Pyragy kyldym ismimi,
Kime aýdyp derdimi, kime diýermen waspymy,
Aldy goldan aklymy, gör kime berdi tesbimi,
Kablydan möjek erer, gözünde nur dünýädir.

PISAT DÜNÝÄDIR

Adam ogly, diňle sözüm bir zaman,
Jan isläp sergezdan, pisat dünýädir.
Bir gün ýaka tutar, bilseň, bigüman,
Emma ki bir zerur hajat dünýädir.

Kime nesip etdi ol aby-haýat,
Derdi aşa geler, bu jandan zyýat,
Bu jahana seýil kylan adamzat,
Ömre daýym kylan lagnat dünýädir.

Hany, bakyň, Karun pälin neýledi,
Özi öter boldy, malyn neýledi,
Nuh nebiniň, görüň, salyn neýledi,
Bahar pasly çykan nebat dünýädir.

Isgender dälmidi jahany alan?
Hany gözläň, diýiň, kim ondan galan?
Bu pany jahanyň teşwüşi ýalan,
Bahyllara uly yzzat dünýädir.

Rüstem Zal ne işiň başyny tutdy,
Gerdişe ser saldy, ol pelek utdy,
Jan matasyn baryp topraga satdy,
Yzynda ýygladan tagat dünýädir.

Çyn-Maçyny goýdy zulum astynda,
Dowzah açar boldy zemin üstünde,
Hindistany ah-u zaryň kastynda
Goýup baran, görüň, pesent dünýädir.

Karun geçer boldy, — pälin gözleýen,
Ýusup öter boldy — kelam sözleýen,
Adam oglun zemin içre gizleýen,
Ömür çykmaz kylan lahat dünýädir.

Guwwasy bent kyldy umman içinde,
Bilbil ýesir düşdi bossan içinde,
Luw bent boldy, bakyň umman içinde,
Her kese ser salan muhbet[1] dünýädir.

Bady-şütri münüp, elwana ýörsem,
Gözüm batyl bolsa, jahany görsem,
Istese ol ýarym, ser bilen ýörsem,
Deştde duşup uran saýýat dünýädir.

Magtymguly aýdar, mejalym bardyr,
Günler öter boldy, ah-zarym bardyr,
Çekdigim jebirdir, pişäm azardyr,
Ýalňyz galyp, baran akbet dünýädir.

DÜNÝÄ, GOLUŇDAN

Ot alyp tutaşdy bu garyp köňlüm,
Bitakat telmuryp, dünýä, goluňdan.
Ýedi gat zemini titreder ahym,
Bitakat telmuryp, dünýä, goluňdan.

[1] Muhbet – bu ýerde muhabbet, söýgi, yşk manysynda gelýär.

Ýowuzlykdan dünýä aklym haýrandyr,
Ýüregimde ýanan yşky-hijrandyr,
Men diýen ärleriň işi armandyr,
Bitakat telmuryp, dünýä, goluňdan.

Bir loly zenan sen, bolmaz ykraryň,
Tanap bolmaz, kimdir seň söwer ýaryň,
Şahy geda kyldy, bilseň azaryň,
Bitakat telmuryp, dünýä, goluňdan.

Hany, kyrk haznany tylla gark eden?
Hany, magşuk diýip, ýurdun terk eden?
Baharlar açylyp, bossan bark eden,
Bitakat telmuryp, dünýä, goluňdan.

Pyragy, sözüňden matamdyr iller,
Sözlemez, lal boldy, gör, asal diller,
Gara göz, güler ýüz, çoh ince biller,
Bitakat telmuryp, dünýä, goluňdan.

DÜNÝÄ HEÝ

Muhannesi eýläp iliň soltany,
Tabşyrdyň goluna maly, dünýä, heý.
Isgenderi kylyp jahan merdany,
Ahyry öldürdiň, loly dünýä, heý.

Aşyklar ah tartyp, magşuga zardyr,
Bir zaman görmese, çoh bikarardyr,
Alyp sen janyny, ne çäre bardyr,
Jisminden göterip saly, dünýä, heý.
Ahym arşy-agla ýeter, benýa heý,
Möminler nä gördi, aldy enýa heý.

Tagty-Süleýmany eýlediň weýran,
Jemşit patyşahy özüňe gurban,
Leýlini ýat edip, Mejnuny perwan,
Karuny idetdi päli, dünýä, heý.

Symrug guş per açdy, ganatyn ýaýdy,
Ne mahluk zynharam, ýarym, ne diýdi,
Derdimi yzharlap, dermanym goýdy,
Ahyry güň eýläp, däli dünýä, heý,
Gül mahbuk sargaryp syndy, dünýä heý,

Gel oýnagyl pelek meni puýa heý.

Perhat Şirin bilen döwran sürmedi,
Seýpelmelek gaýra göwün bermedi.
Aşyk Tahyr Zöhre diýip durmady,
Mahyma bagş etmeý güli, dünýä, heý.

Görogly dek gezsem daglaryň saýyn,
Görsem armanym ýok gülümiň roýun,
Taparmykam gara günümiň aýyn,
Ýa janym aldyňmy däli dünýä heý,
Men olam daglarda, pelek, dünýä heý,
Magtymguly aýdar, däli dünýä, heý.

PANY DÜNÝÄNIŇ

Geldi, geçdi niçeler, hiç bir wepa görmedi,
Aldandylar alyna, dünýä hiç zat bermedi.
Jandan mätäç däl diýip, ykrarynda durmady,
Süleýman dek şalar hem çohdan döwran sürmedi,
Isgendere çagyrdyp, çakylyga barmady,
Niçelere mal berdi, beren maly buýrmady,
Geldi-geçer gidip dur, işi pany dünýäniň.

Dünýä, sen dek binamys görülmedik asyl-ha,
Bir zaman az eglenip, ötüp gitdi Adylşa,
Pisiň çykypdyr seniň sagat-minutdan barha,
Pygamberler geçipdir bermeýip saňa baha,
Sende döwran süredir goç ýigit hem biwepa,
Aman galan görmedim döwran sürüp ol doga,
Terk eýlemek käridir sagat jany dünýäniň.

Seniň bilen şat bolup gürleşenler ýok eken,
Jan ýerine pul berip galyşanlar ýok eken,
Aman galdym diýişip, begenşenler ýok eken,
Nobat ýetip gelende, sagynşanlar ýok eken,
Seni ýeňmek ugrunda üýşüşenler ýok eken,
Müňden aňry agdyryp, ýaşaşanlar ýok eken,
Pyragy aýdar elhewläp akmaz gany dünýäniň.

PELEGIŇ

Bu pany dünýädir, tutmaz binany,
Ger tutsa, dargadar ýeli pelegiň,

Ençeler ýüwürip, ýygar dünýäni,
Jana bir jepadyr maly pelegiň.

Müň tilki ýygylsa, ýeke gurt bolmaz,
Mertler daýym serhoş, janda dert bolmaz,
Niçe nadan diýr watanym ýurt bolmaz,
Men haýranam, bir meluly pelegiň.

Gurhan açyp, ile kelam sözlänler,
Kelamy unudyp, pälin gözlänler,
Haka galat diýip, galat sözlänler,
Jahyl golunda kelamy pelegiň.

Kimseler meýlisde, kim oda bişer,
Agaç uzyn bolsa, kölgesi düşer,
Bir loly öýüne her ýeten üýşer,
Beýle ki ermişdir ýoly pelegiň.

Niçeler ýyglamyş, asydyr ýoly,
Niçe pikir eýlär, köpdür hyýaly,
Jana ýara salsa, bolmaz delili,
Kimlere ajap jemaly pelegiň.

Niçe myrdar dul gözüne bir hüýrdür,
Özün bilmez seg özüne it üýrdir,
Bu pelek, bilmer sen, zäher-zakgundyr,
Zakgun ýaranlar, asaly pelegiň.

Niçe pälin gözlär, dünýäni ýortar,
Kim görüpdir, tilki gurt tenin ýyrtar,
Mert göwnünde daýym namys-ar artar,
Bu panyda bir jahyly pelegiň.

Niçe galat sözlär, ýagmyr ýagmazmyş,
Niçe diýer mertden merdan dogmazmyş,
Mejnun umman içre diýer agmazmyş,
Tomaşa eýläňler, saly pelegiň.

Magtymguly, ýörir panyda gerdiş,
Adama ýaramaz her kylynan iş,
Gün-günden başymda artypdyr teşwiş,
Meger ki, azypdyr päli pelegiň.

NADAN PELEKDEN

Baý ogluna aýdar: «Yzym tutar sen».
Bihabar boluban nadan pelekden,
Gören aýdar: «Myradyňa ýeter sen»,
Unudypdyr geljek arman, pelekden.

Daglar buýsanmagyl daşdan berkiňe,
Nowjuwan, daýanma ýüzde görküňe,
Adam ogly, guwanmagyl erkiňe,
Erte watan bolar zyndan, pelekden.

Ömrüm saly kerwenini ugratdy,
Kimler päle çapyp, iman unutdy.
Pelekden kim aldy mal, gaýta dargatdy,
Kimse geda, kimse soltan pelekden.

Pelek urar boldy, ger tapsa çemin,
Azmyndan lerzandyr, asman-u zemin,
Ol Süleýman, Isa, Mäti hem Emin —
Bary ötdi, görüp zyýan pelekden.

Pelek teşwüşini kimler bildiler,
Köpler aglar boldy, azlar güldüler,
Ýolbars, gurtlar tilkileşip geldiler,
Hak gaşyna, diläp aman pelekden.

Biziň gören dostlar awara döndi,
Baş aparan ärler biçärä döndi,
Ýörgür arap atlar, gör, hara döndi,
Gymmatdan aýrylyp, ýaman pelekden.

Duçar gelen bilen ol söweş kyldy,
Mejalsyz adama, bak, döwüş kyldy,
Birniçe bahyllar barş-geliş kyldy,
Geler diýip gola döwran pelekden.

Akyl kesmez, dür ýasalmaz ussatsyz,
Adam ogly, öter bolduň sen atsyz,
Munda gelip, galar boldy ganatsyz,
Tomaşa eýläňler, perwan pelekden.

Paý astynda, agyr jismim göterip,
Bir pata almadym, işin bitirip,
Magtymguly, dile dessan getirip,

Çeker boldy ahy-pygan pelekden.

ÝOL ETDI

Eý ýaranlar, göz güldürip bu pany,
Dag başyny, bakyň, uly ýol etdi.
Ençelere gurup bazar-dükany,
Toprak alyp, göwher, tylla − mal etdi.

Kimler nalyş eýlär azmy-hijrandan,
Kimler hums bolar pany jahandan,
Kimse datmaz bir lezzetli tagamdan,
Kimleriň haramyn ol halal etdi.

Aýlandyrdy pelek ajal harazyn,
Gymmatyna tutup barmyş nazaryn,
Kimseleriň kabul etmän namazyn,
Gaýta başdan baryn ol webal etdi.

Çeker bolduk bu pelegiň derdini,
Ömür ötdi görmän bardyk mährini,
Adamlar asalyn, pelek zährini,
Handan kylyp, zakgunyny bal etdi.

Magtymguly döker gözüň silini,
Tapa bilmen nadan pelek ilini,
Kimseleriň asal eýläp dilini,
Kimleri gör, pelek bu gün lal etdi.

BARGAÝ MEN-Ä

Halyg-a, bihuda ömrüm, bada geçdi, bilmedim,
Almadym toba-nasuh, zulmat ýaragyn kylmadym.
Uşbu ýalan dünýede ruhumy otdan almadym,
Ol kyýamatda ne ýüz birlen Saňa bargaý men-ä.

Haýry-yhsan mende ýokdur jürmi-usýandyr işim,
Batmyşam gam laýyna weýranadyr muňly başym,
Kylmadym owwal ýaragyn, çarh urup uçar guşum,
Ol kyýamatda ne ýüz birlen Saňa bargaý men-ä.

Gagşaşyp agzalarym, haýbatda alsa janymy,
«Repbiň kim?» diýp sorsalar Münker-Nekir agmalymy,
Munda hasyl kylmasam hemra nury-imanymy,

Ol kyýamatda ne ýüz birlen Saňa bargaý men-ä.

Asy, jafy bende men, köpdür günähim biadet,
Kyl kerem pazlyň bile «Kulhuwallahu ahat»,
Taňla perýat eýlesem bir kimseden bolmaz medet,
Ol kyýamatda ne ýüz birlen Saňa bargaý men-ä.

Gel bu gün Magtymguly hem sözlegil efgan bile,
Çarhy-efläk gerdişinden boldy bagrym gan bile,
Azygymy almaýan barsam eger usýan bile,
Ol kyýamatda ne ýüz birlen Saňa bargaý men-ä.

ÝAŞYM MENIŇ

Eý ýaranlar, dünýäde pysk-u pyjur işim meniň,
Demme-dem hasrat bilen gözden akar ýaşym meniň.
Kim ki jan içre bolar bu ýolda ýoldaşym meniň,
Ýoluda gurban olar bu jan ile başym meniň.

Ýüz gam-u hasrat bile reňňim meniň solmuş durur,
Akybet haý-waý ile destgirsiz olmuş durur,
Nebsimiz baş göterip, köňlüm dagy ölmüş durur,
Kibr ile, hasat ile dolmuş iç-u daşym meniň.

Ýokdur armanym eger ötsem eger iman bile,
Gaýgy-ýu hasratda men dildardan hijran ile,
Gije-ýu gündiz işim-güýjüm erer usýan ile,
Wadagyr-a, haýp olup ötdi taky ýaşym meniň.

Kahça görünmez meniň asla gözüme bu jahan,
Aklyny zaýyl kylyp, eýlär junun dek her zaman,
Köp hararatlar düşer bu janyma, eýlär pygan,
Tä bolup ryswa men-ä, gitdi akyl huşum meniň.

Bu zelil Magtymguly özün günähe gark edip,
Ýyglaýyr ol, çün özgeler ýyglamazlar ryzk edip,
Uçsa janym bu kapasdan uşbu dünýä terk edip,
Ýa Rep, lutp eýlemesmi ol şahynşahym meniň.

MAHYM MENIŇ

Ýa Rep, lutp eýlemesmi ol şahynşahym meniň,
Barçalar aşyk bolan, ol ýüzi mahym meniň.
«Tapsam ol zyba jemalyn» diýp, erer köýüm meniň,
Işigiňde gelip ölsem ýok turar hunum meniň.

Magrypet seýranyda aşyklaryñ köp gulguly,
Gördüm, onda her birisi, ýar, jemalyñ bilbili,
Eý, dilber, arzuw kylar men ol jemalyñ görgeli,
Sözlemäge dergähiñe ýok turar roýum meniñ.

Ýok durur älemde bir, ýar, ylmy-hal bildirgeli,
Jäht edip, ýol ýöredip destin tutup galdyrgaly,
Ol jananyň yşk-köýünde bir nepes köýdürgeli,
Barmazam hiç bir başa dogry imes rahym meniñ

Çytmañyz ýüzüňizi Hakdan gelen bela üçin,
Mert olup, bil baglañyz, hamuş olup nalan üçin,
Halysan lillä kylyp, her iş ediñ Möwla üçin,
Hal bolsun diýseñiz, hal içre ol halym meniñ,

Haktagala eýlemiş kim, ezelden jümle guly,
Barça dünýä halkyny gör, uşbu dünýä bilbili,
Jaýyň ol Firdöwsi aglada erer Magtymguly,
Şafk eýläp, ol resul, fazl etse Allahym meniñ

BITMEK GEREK

«Elip» Alla ýoludyr, dogry durup gitmek gerek,
«Bi» Hudanyň birligin berhak bilip bitmek gerek.
«Ti» toba eýleýip, dünýäni terk etmek gerek,
«Si» sähwen eýleseň, dönüp ýaka tutmak gerek,
«Jim» jaýyzdyr hoja-gul gullugyn etmek gerek.

«Hi» hamdyn ýat edip, hökm ile kimni eýledi,
«Hy» Huda men men diýdi, iki jahany eýledi,
«Dal» delalat diýibän, Mustapany eýledi,
«Zal» zelillik, çekmesin diýp, basapany[1] eýledi,
«Ri» rehmet bahrydan yhlas umyt etmek gerek.

«Zi» zyýada nebsiňi dünýä üçin aldyrmagyn,
«Sin» Suhanyňy ýat et, gaflata ýeldirmegin,
«Şin» şeýtan ýoluna gül köňlüňi uýdurmagyn,
«Sad» sabyr eýle, sogabyň ataşa ýandyrmagyn,
«Zad» zabt birle sorasa, ne jogap etmek gerek.

«Taý» tama birle köňlüň nebis ýoluna salmagyl,

[1] Bu ýerde dört Çaryýarlar göz öňünde tutulýar. Nusgawy edebiýatda «Çaryýary basapa» (Sapaly Çaryýarlar) diýen düşünje meşhurdyr.

«Zaý» zulum eýläp o gün dowzahda galyp ýanmagyl,
«Aýyn» älem düzdi kerwen, sen hem ondan galmagyl,
«Gaýyn» gany maly-mülküm bakydyr diýp sanmagyl,
«Fi» feragat wagt eken, nebsiňi ram etmek gerek.

«Kap» karabet isteseň, bu ýolda biliň baglagyl,
«Käp» günähiň ýat edip hem tur säherler ýyglagyl,
«Lam» lutpun kyl umyt, şeýtandan özüň saýlagyl,
«Mim» myradyň isteýip, ejizligiň ýat eýlegil,
«Nun» nury-rehmetinden çyn umyt etmek gerek.

«Waw» wasly rütbesin bir gizli bazar eýledi,
«Hi» heläketlik bilen aşyklaryn zar eýledi,
«Lä» Ilähe illalla diýp, özün äşgär eýledi,
Berdi ýere mesgenet, asmany döwwar eýledi,
Mert olanlar yşk ýolunda janyn unutmak gerek.

«Ýa» Ýaradan ýoluna nanyňy berseň az heniz,
Ten berehne oturyp, donuňy berseň az heniz,
Reňňi surhun solduryp, ganyňy berseň az heniz,
Çäk edip, Magtymguly, janyňy berseň az heniz,
Ne üçin janany islän, janyn unutmak gerek.

DUŞSAŇ DERDI-BELAGA

«Elip», owwal-ibtida, hamdyň ýetir Hudaga,
«Bi», boş ýörme gullukda duşsaň derdi-belaga.
«Ti», tur haby-gaflatdan ömrüň gelmiş oraga,
«Si», sakar bar, häzir bol, «Jim» jäht eýle ýaraga,
«Hi», helmiň hormaty çün rehm et men binowaga.

«Hy», hasratly elemi Senden özge kim eýlär,
«Dal», derdime dowany Senden özge kim eýlär,
«Zal», zümreýi-günähe «ri» rehmiň melhem eýlär,
«Zi», zor eýlese haşmyň, küllüsin berhem eýlär,
«Sin», säherler bidar et, sal çeşmimi oýaga.

«Şin», şowkuňa düşenler, «sad» sabr edip durmazlar,
«Zad», zyýaňy aňlaňlar, haý, ýörirler, armazlar,
«Taý», talaby-didaryň aram-karar kylmazlar,
«Zaý», zahyrdyr, «aýn» ylmyň bildirmeseň bilmezler,
«Gaýn», gaflat içinde goýma meni pyraga.

«Fi», pikiriň kylana, «kaf» gudratyň bes dälmi,

«Käp»-«kün» diýen binaňa, «lam» lemgatyň bes dälmi,
«Mim», many aňlagana, «nun» nygmatyň bes dälmi,
«Waw», waslyňa ýetinçä, «hi» hijretiň bes dälmi,
«Lam-elip», ýok ygtybar dünýeýi-biwepaga.

«Ýa», ýalançy dünýäniň pişesi al bilendir,
Alyn görüp guwanma, düýbi zowal bilendir,
Çarhyň işi her zaman bir aýry hal bilendir,
Magtymguly, bir köňlüm ýüz müň hyýal bilendir,
Işim asan etmeseň, döner, alas-sabaha.

DIÝDI: «HABAR ÝOK SIZDEN»

Diýdim: «Pelek, sowal bar». Diýdi: «Adalat bizden».
Diýdim: «Dünýä giň olar». Diýdi: «Habar ýok bizden».
Diýdim: «Ol ne don erer?». Diýdi: «Köpendir bi:zden».
Diýdim: «Tende ýaram bar». Diýdi: «Gizläp gez gözden».
Diýdim: «Yşka diwana». Diýdi: «Ýüz tut permana».
Diýdim ki: «Ne permandyr?». Diýdi: «Geldi Töwrizden».

Diýdim: «Ne çarh aýlanýar?». Diýdi: «Dünýä elidir».
Diýdim: «Adam ne gülmez?». Diýdi: «Janly ölüdir».
Diýdim: «Ol ne egrelmez?». Diýdi: «Yslam ýoludyr».
Diýdim: «Aldym permana». Diýdi: «Ýüz tut Gurhana».
Diýdim: «Ol ne gapysyz?». Diýdi: «Şeýtan pälidir»[1].

Diýdim: «Ol ne şäherdir?». Diýdi ki: «Ýalan jahan».
Diýdim: «Kimler şa erur?». Diýdi: «Gury jeset, jan».
Diýdim: «Ol kim aglaýyr?». Diýdi: «Ulug Süleýman».
Diýdim: «Hak ne isteýir?». Diýdi: «Bagda gül-reýhan».
Diýdim: «Bagban aglaýyr». Diýdi: «Bagryn daglaýyr».
Diýdim ki: «Alaç eýle!». Diýdi: «Lukmaň ezizden».

Diýdim: «Bir gözel gördüm». Diýdi: «Mahy-tabandyr».
Diýdim: «Kimse jan bermez?». Diýdi: «Bir Hak amandyr».
Diýdim: «Kim sürer jahan?». Diýdi: «Şa hökmi-rowan».
Diýdim: «Perzent öledir». Diýdi: «Haka rowadyr».
Diýdim: «Bize ýetirgil». Diýdi: «Hak diýp oturgyl!».
Diýdim: «Kimde ýok uýat». Diýdi: «Juwanda-gyzda».

Diýdim: «Pyragy ismim». Diýdi: «Pyrkat çeke sen».
Diýdim: «Gol-aýak ysmaz». Diýdi: «Daglar çyka sen».
Diýdim: «Namart ozadyr». Diýdi: «Mar sen, çaka sen».

[1] Golýazmada bu bendiň ahyrky setiri ýok.

Diýdim: «Gitdi agmalym». Diýdi: «Garryp çöke sen».
Diýdim: «Haka arzym bar». Diýdi: «Oldur saňa ýar».
Diýdim: «Gyşym geçedir». Diýdi: «Habar al güýzden».

GÖRGEN GÖZLERIM

Lutpy-Hakdan bihasap yhsany görgen gözlerim,
Ýüz otuz dört öýde bir myhmany görgen gözlerim.
Egninde dört muhtalyp jamany görgen gözlerim,
Hem öňünde dört tagam elwany görgen gözlerim,
Dosty iki, bihasap duşmany görgen gözlerim.

Fazly-Hak duçar olup,wahdat şerabyndan içip,
Silkinip dört ganat bile, ol mekanyndan uçup,
Üç müň iki ýüz, ýene hem elli perdeden geçip,
Taňrynyň permany birle bu iki gözi açyp,
Agtaryban uşbu sergerdany görgen gözlerim.

Müňde segseniň içinde tapmyşam şirin-şeker,
Üç müň iki ýüz ýene kyrk bagy gezdim serbe-ser,
Bagbanyndan eşitdim bir ajaýyp hoş habar,
Biri ýedi, biri bäş derýa ger istär sen göwher,
Bahr ile handa (?), arşda käni görgen gözlerim.

Ýüzde on dört derwezeden çoh çapyp gezdim rowan,
Dört bazary gezip, bir göwheri aldym bigüman,
Üç bölek akrap gelip aldy daşymy nägehan,
Dört pudakly bir şejere gaçyban çykdym rowan,
Şol daragt üstünde köp nygmany görgen gözlerim.

Eý Pyragy, ötdi ömrüň, kylmadyň ýagşy amal,
Ýol uzakdyr, ýük agyr, tiz ur gadam, kylma haýal,
Ýedi ýüz çyragy sen röwşen eýläp gola sal,
Elli dört perli guşuň uçgaý kemal ýetmeý mahal,
Ol guşuň çyn ýoldaşy imany görgen gözlerim.

DALYM MENIŇ

Eý ýaranlar, sormaýyrlar bir kişi halym meniň,
Bolmady kaddym elip dek, öwrüler dalym meniň.
Ötdi arman birle dostlar panyda salym meniň,
Neýleýin eý dostlarym, ganym döker zalym meniň,
Bilmenem men haýsy ýerde açylar alym meniň.

Ötdi ömrüm dostlar-a bu dünýäge maýyl bolup,
Il-u günden aýrylyp, düşdüm jyda saýyl bolup,
Kylmadym Haka ybadat daýyma jahyl bolup,
Her ne beren günüge şükür eýledim kaýyl bolup,
Eý Hudaý-a Sen agyr kyl onda agmalym meniň.

Jahylyň köňli bozukdyr, har olurmyş bilmedim,
Il-u gün deň-duşlaryga zar olurmyş bilmedim,
Uşbu dünýä giň diýr erdim, dar olurmyş bilmedim,
Kim ki ilden aýrylar, bimar olurmyş bilmedim,
Diýiň, bizi ýat eýlesin deň-duşumyz, ilim meniň.

Gije-gündiz ah urup, çekdim meger efgan-u zar,
Isteýip gezdim, özüme tapmadym wepaly ýar,
Dünýä bir şamar gelindir, zülpün eýläp tar-tar,
Ötgün eýläp «Bäri gel» diýr, telmuryp, her ýan garar,
Dostlar-a, men ne kylaý, şonda gider meýlim meniň.

Örtenir Magtymguly, ýada düşende illerim,
Göýä bir derýa durur çeşmimden akan sillerim,
Dostlar-a, bir ýyl durur göýä maňa her günlerim,
Ýüregim takat getirmez, sözleýir bu dillerim,
Lutp edip kylsyn terahhum keremli Soltanym meniň.

DOSTLARYM

Wah, meni renj-u elem efgar kyldy, dostlarym,
Atmaga mähnet okun taýýar kyldy, dostlarym.
Gaýgy birle bizleri bimar kyldy, dostlarym,
Il-gün, deň-duşlaryma hem zar kyldy, dostlarym,
Şum pelek aýra salyp, naçar kyldy, dostlarym.

Joşgunym kem, pyrkat içre galmyşam bu jaýda men,
Aýralygyň hasratyndan gije-gündiz waýda men,
Düşmüşem bir ýar elige, roz-u şeb huw-haýda men,
Ýylda bir hyştym düşer men, egsilem her aýda men,
Uşbu ýaryň hilesi hem har kyldy, dostlarym.

Bir zaman rehm eýlemes aşufta halyma meniň,
Roz-u şeb men ýyglaram geçen bu salyma meniň,
Neýleýin, işim düşüpdir uşbu zalyma meniň,
Gussa-gamdan gaýry zat gelmez hyýalyma meniň,
Bize zülpün görsetip, hem mar kyldy, dostlarym.

Eý köňül, gel şükür kylgyl, bolmagyl zar-u zebun,
Bolawer merdana köňlüm, bil, öter senden bu gün,
Joşawergil, eý köňül, gir bezmime menden şu gün,
Bir niçe mähnetde ýatdyň, imdi gel rahat şu gün,
Yşk sergerdanlygy awara kyldy, dostlarym.

Sözleýip, Magtymguly, munça pygan çekmek nedir,
Gözde ýaşyň akyzyp, hunabalar dökmek nedir,
Gussany jan şährige tohum edip ekmek nedir,
Dähr era ryswa bolup, göwsüňi çäk etmek nedir,
Meni yşk söwdasyga giriftar kyldy, dostlarym.

ŞONDADYR

Ýagşylar tutmyş bina, bir şähri gördüm – şondadyr,
Yşk matagy satylan bazary gördüm – şondadyr.
Reňbe-reň güller açylmyş hary gördüm − şondadyr,
Hup şejerler boý çekipdir, bary gördüm – şondadyr,
Ýüz kereşme-şiweli dildary gördüm – şondadyr.

Gaýym olsaň istemezler, gitseň ki, owaz eýleýir,
Sözleseň bermez seda, sözlemeseň raz eýleýir,
Köňlüňi bent eýleýip, özüňi perwaz eýleýir,
Bir peri pynhan oturmyş, «Gelme» diýp, näz eýleýir,
Ol peri-peýker sypatly ýary gördüm – şondadyr.

Ol Hydyr, Ylýas bilen Ahmet, Süleýman onda bar,
Ol Selim şah Mekke hany ibni-Soltan onda bar,
Baýezit, Soltan Weýis − hyrkany geýen onda bar.
Bir niçe Mejnun kibi çäki-giriban onda bar.
Daýanar Musa hasasy – mary gördüm – şondadyr.

Bahr era balyk içinde rahat eýläp uklanan,
Imtihan eýläp oňa kermi-kelanlar beklenen,
Dost olup Allahyna duşman elinde saklanan,
Manjanyga baglanyp bir ataş içre oklanan,
Käbe binýat eýlegen mygmary gördüm − şondadyr.

Ýüz ýigrimi dört müň ýene ýedi ýüz pygamberi,
Üç ýüz on üç mursalyň − anlar dahy, täji-seri,
Ýüz ýigrim dört müň dürdäniň sen-sen baş göwheri,
Ymmatynyň şafygy, Magtymgulynyň manzary,
Ol Muhammet Ahmedi-Muhtary gördüm – şondadyr.

ONDADYR

Eý ýaranlar gapyl olmaň, jany-janlar ondadyr,
Awy-zäher, şähdi-şeker türpe ballar ondadyr.
Ol ýowuz magşar, musallat, galmagallar ondadyr,
Ol ýowuz ah-u nedamat, kyl-u kallar ondadyr,
Türpe begler, türpe hanlar, türpe iller ondadyr.

Her kim zulum eýlese, Hak dowzahyň odun saçar,
Her kime lutp eýlese, jürm-u günäsin Ol geçer,
Pul-Syratdan asy gullar bir gadam ýoldan geçer,
Kimi bäş ýyl, kimi on ýyl, kimi ýüz ýylda geçer,
Beýik daglar, uzak ýollar, suwsuz çöller ondadyr.

Her kim öz halyna aglar, ne ata ogla bakar,
Kükreýir hem titreýir gahr-gazap birle Sakar,
Çoh ýylanlar haşlaşyp, bugra sypat möýler sokar,
Roza tutmaz bendeleri Hak jähennemde ýakar,
Suraty hynzyr sypat nakşy bedenler ondadyr.

Taňla ol towfykly gullar mürşidine daldadyr,
Her kişi yhsan eder, yhsany onuň aldadyr,
Kimi şatda, kimi otda, her kişi bir haldadyr,
Maly-dünýä yssyg bermez, bazygärdir, aldadyr,
Ol eýerlenmiş Byraglar, hülle donlar ondadyr.

Rusyýa Magtymguly, saky ajal içseň gerek,
Hany-manyň, maly-mülkiň barydan geçseň gerek,
Niçe gybat, niçe ýalan sözleri açsaň gerek,
Taýynyp, gyl köprüden zawyýa uçsaň gerek,
Ol gylyçdan ýiti, gyldan inçe ýollar ondadyr.

GALMAGALY NEÝLEREM

Ähli-Hak bolsam, diýer men: «Özge haly neýlerem»,
Bu sowulmaz derdi, sansyz galmagaly neýlerem.
Owwaly zowky-surur, hasratly maly neýlerem,
Ahyry möwt-u gubur, bu boş hyýaly neýlerem,
Bolmuşam men zowk ähli, esbap-melaly neýlerem.

Düşdi yşkyň ataşyga, gylça janym köýdi, ýar,
Gury jismim odun eýläp oda ýakmakda ne bar,
Gamda köňlüm bikarardyr, başda derdim set hezar,

Onuň üçin dähr era bir köşe kyldym ygtyýar,
Ygtyýarym ýok turur, jeňňi-jedeli neýlerem.

Görnüşiň eşretnema, görküň üçin köňlüm güdaz,
Gysga − ykbalym goly, dost, dameni-waslyň − deraz,
Pür hatar, ol ýol yrak, yşkyň geran, kuwwatym az,
Düşmüşem bir müşgile, sen-sen bu işe çäresaz,
Iltifatyň imdi kyl, ötgen mahaly neýlerem.

Her zaman, Magtymguly, halk içre gezme lap edip,
Sakla gybatdan diliň, ugrunda gez ynsap edip,
El uzatma köp pisada, ýör Hudadan howp edip,
Sopulyk esbaby hoşdur, geý içiňi sap edip,
Bolsa möý-möjek içim, bu eski şaly neýlerem.

DIDAR BAR

Bende bolsaň Hak emrin tut, tutmasaň Jepbar bar,
Rast ýören bendelere ýagşylyg-u didar bar.
Kim ýamanlyk eýlese, hem Bilgüji Gapbar bar
Gyly kyrk aýyrmaga Münker-Nekir taýýar bar,
Munda bir azar berseň, onda müňläp azar bar.

Iki älemi ýaradan Kadyry-Gapbar, Ahat,
Bir adyňdyr Kulhuwalla, biri Allahussamat,
Tur säher, ýat et Hudany, irte turmak kyl adat,
Asy ymmatlara bergil, ýa Muhammet sen medet,
Ezraýyldyr, Jebraýyldyr, jellat hem Setdar bar,

Bellisi Deçjal çykar, budur kyýamatdan nyşan,
Kimseler ýeldi, ýüwürdi kimiň boldy bagry gan,
Ol Hudanyň emriden hem bihabar bendesi kän,
Binamazyň hemdemidir ol ýylan birle içýan,
Uzak ýollar beýik daglar, onda suwsuz çöller bar.

Ol Pygamber ýedi dowzahdan atasyn almady,
Patyşalarda adyllyk, ýurtda rastlyk galmady,
Namazhon alymy Alla dowzah içre salmady,
Binamaz bendeleri ol jennet içre girmedi,
Gyldan ince gylyçdan ýiti, onda niçe ýollar bar.

Niçeler oýda-pikirde, niçeler iman talap,
Niçeler dünýäsige magrurdyr, akylsyz jelep,
Binamazy müň güzerlerden ötgürirler aýlap,

Ol müwekkeller külüni sowurarlar hem eläp,
Binamaz bendelere onda zakgun suwlar bar.

Binamazyň agzydan hem gan ile iriň akar,
Hem ýylanlar haşlaşyp, gurtlar bile murlar sokar,
Arkadan gelse müwekkel, jaýydyr dowzah Sakar,
Binamazlar çar tarapga telmuryp, her ýan bakar,
Binamazy bendelere otdan lybas-donlar bar.

Binamaz çeken azaba dag bile daşlar erir,
Binamazlar suw dilese, suw ornuga zäher berir,
Arkadan gelse müwekkel, dowzaha sudräp gelir,
Binamaz, birozalaryň haly onda bilinir,
Binamazy bendelere onda iriň, zäher bar.

Gol-aýagyň baglaban, buzdan saňa kepen biçer,
Binamazy bendeler onda baryp, zäher içer,
Kimse ger biperzent ise, öldi, onuň orny öçer,
Müň azapdyr başlaryda, niçeler her ýan geçer,
Binamazy bendäge gazap bilen gahar bar.

Ol Hudanyň gudratyn gör, ýedi dowzah bar imiş,
Binamazlar dat eder: «Alla, Hudaýym bu ne iş»,
Namazhon bendelere miýesserdir sekiz behişt,
Hüýr-u gulmanlar gaşyda aşydyr nurdan iýmiş,
Namazhon bendelere sekiz behişt taýýar bar.

Sözlesem, Magtymguly, sözüm ajaýyp dür bolar,
Ol Huda emrinde çyn bende behiştde gül bolar,
Rast ýörigen bendeler arş üstünde bilbil bolar,
Binamaz-pasyk Hudanyň aldyda müňkür bolar,
Otly gürzi, otly kesew, onda iki aýýar bar.

GURULMASDAN BURUN

Jismi-kanundan nepes tary üzülmesden burun,
Başyňa döwri-kaza bezmi gurulmasdan burun.
Jüpbeýi-jan tiri-ryhletden sökülmesden burun,
Eý, köňül, kasryň esasy – ten bozulmasdan burun,
Taky-abraý küresi – dendan dökülmesden burun.

Kyl nazar asary-sungullaga çeşmi did ile,
Gir hakykat ýoluga bu jezbeýi-temhid ile,
Gurby-wahdet isteseň, bolgul wasfy-temjit ile,

Ukdaýy lebden gire aç nuktaýy-towhyt ile,
Göz açyp saňa diýeýin herze gülmesden burun.

Bibakadyr galp kobluň, baglama ykbal oňa,
Bolma garra ariýet dünýäde mülk-u malyňa,
Ýat edip gö:r-u kyýamat, ýygla daýym halyňa,
Bir nazar sal, magmenden geçip, öz ahwalyňa,
Aç gözüň ybrat bile topraga dolmasdan burun.

Baky ömrüňi ki, sarp et, merdumyň pähmide bol,
Makdadyma baş goýup, magýusy-merdum dide bol,
Sarp kyl päk diliňi, hulky hoş beňzede bol,
Kyl duta puştuň amalny, biriýa subhyda bol,
Haşrda mizan terezisi gurulmasdan burun.

Bibaka pany jahany bilmegi sen jaýy-bud,
Erte-ýu agşam gider sen sil-u bark-u bady-zud,
Kyl bu gün taňla işin, kylmaz puşeýman onda sud,
Kyl duta puştuň rukugda jebheýi-jandan sujud,
Tä ajalyň badydan kaddyň bükülmesden burun.

Syndyryp usýan tohumyň, dök nedamat eşkini,
Getir Allaga bu gün bikadar gyýmat eşkini,
Jary eýleýip barha çeşmi-dowamat eşkini,
Gözleriňden akyzyp şory kyýamat eşkini,
Toba jamyn noş kylgyl, peýmana dolmasdan burun.

Gijeler, Magtymguly, ýörgül agtaryp bir rahber,
Goýma biýoldaş gadam, menzil uzakdyr, ýol hatar,
Gözleriňden ýaş ornuga dökübän huny-jiger,
Sagý kyl, algyl bahar-u paýyz hakdan bir semer,
Bady ryhletden nahalyň bergi solmasdan burun.

BOLMASDAN BURUN

Eý, köňül, bidari bol bimary bolmasda burun,
Bu eziz başyň düşekde hary bolmasdan burun.
Gözüňe bu ýagty älem dary bolmasdan burun,
Janyňa şiri-ajal hunhory bolmasdan burun,
Jismi-azadyň lahatda zary bolmasdan burun.

Taşlaban ýalňyz başyňy gabyr içinde şol zaman,
Kowmy-gardaşyň bary gaýdyp gelip, çekse pygan,
Leýk senden ne öteri bilmegeý hiç kim aýan,

Bes bu dem kyl pikrini ol öý saňa bolmaý mekan,
Ondaky halat saňa duçary bolmasdan burun.

Bir özüňden özge bilmes ondaky ahwalyňy,
Barçadan eliň ýuwup gitgendäki emwalyňy,
Kim biler iki perişde birle kyl-u kalyňy,
Eýleýir galanlaryň taraç ýygan ol malyňy,
Kyl tefekkür beýle iş yzhary bolmasdan burun.

Neýleýüňdir gabr azabyndan yetişse har-u har,
Gelseler azada jismiň iýmäge ol mur-u mar,
Kim olar paýymal kylgaýlar seni zar-u nezar,
Ýagşylygy hemra kyl bu dem goluňda ygtyýar,
Tire toprak astynda naçary bolmasdan burun.

Bir zaman endişe kyl, başyňda söwda köp durur,
Haşr bazarynda ýüz müň şury-gowga köp durur,
Kimsäniň jenneti-mäwasy mugalla köp durur,
Niçe bolan wezni agmalyňda ryswa köp durur,
Ýygla bu gün halatyň duşwary bolmasdan burun.

Dide hunbar eýläýibän howly-kyýamat ýat kyl,
Tur, säher ýat et Hudany, uýkyny berbat kyl,
Ahyret mäwasyny yhsan bile ki abat kyl,
Ger goluňdan gelse, bir gamgyn köňüli şat kyl,
Kim saňa taňla ýürek efgary bolmasdan burun.

Ýyglaban wagty-sapar − rihlet çagy taýýar bol,
Yhtyraz etgil ýamandan ýagşylara ýar bol,
Pany eýläp özlügiňi wakyfy-esrar bol,
Haby-gaflatdan gözüň aç daýyma huşýar bol,
Gözleriň rozy-jeza hunbary bolmasdan burun.

Ygtyýaryňy alyp, şeýtan bile nefsi-howa,
Saldy başyň käsesige hiç tükenmes majera,
Eýlemes sen sagaty endişeýi-rozy-jeza,
Galgusy her nice tutsaň dost, bul daryl-pena,
Haýyr kyl sahyp oňa agýary bolmasdan burun.

Nägehan ýetse ajal bermes oňa bir dem aman,
Bu şirin jan ajygydan kylgaý sen ahy-pygan,
Maly-mülküň eýlemes bähbit ol dem bigüman,
Bu haýatyň içre hasyl kyl ryzaýy-Mustegan,
Her nepes tä ah-u ataş ýary bolmasdan burun.

Eýle pikri kim, seniň hyş-u tebaryň kaýdadyr,
Her ne iş içre seniň hemrahy-ýaryň kaýdadyr,
Raz dilleri diýişen razdanyň kaýdadyr,
Barçasy bolan ölümden dilefgaryň kaýdadyr,
Pikir kyl, andag saňa gir-dary bolmasdan burun.

Tä olar dek bolmaýan ukba işin agaz kyl,
Istäbän ähli-sapany özüňe demsaz kyl,
Ähli-dil jemgyny tapgyl terki-hyrs-az kyl,
Ähli-dünýä jümlesinden özüňi mumtaz kyl,
Tä saňa gam harmany harwary bolmasdan burun.

Pygly-zişţiňden ýanyp, daýym puşeýman eýlegil,
Ýat edip rozy-kyýamat gözi girýan eýlegil,
Ahy-ataşbar ile çäki-giriban eýlegil,
Gadry-wazgyňa mynasyp haýry-yhsan eýlegil,
Kylganyň magşar era yzhary bolmasdan burun.

Jürm-u usýan ählide barmy meniň dek, ýa Ylah,
Daýyma älemde kylgan işlerim bary günäh,
Magsyýet deryasy içre gark men, halym tebah,
Leýk bilmiş men Seni köwneýn era puşty-penah,
Rehm kyl janym haryky-nary bolmasdan burun.

Weh ki kylmyşdyr meni jamy-jahalat esr-u mest,
Çünki eýläpdir howa zynjyry birle paýy best,
Her but elide kylyp men sejdäge kaddymy pest,
Gutaryp ondan meni, bergil Öz eliňde nişest,
Tä ki bilim potasy zünnary bolmasdan burun.

Lutp edip bergil Huda-ýa, ýagşylar içre watan,
Tä düzeý bir dem olar birle mübärek enjümen,
Gutlug enfasy birle refg eýlegeý men mämen,
Gerdeni-nefsime düşsün tä şiken üzre şiken,
Hemneşinim kapyry-deýýary bolmasdan burun.

Zaýykam, tapmaý hakykat lezzetinden çaşny,
Goşmadym hiç bir kesufat ähli birle başny,
Kuhy-hasratdan alyp, göwsüme ursam daşny,
Kim kylar men halk era ýüz müň kaş-u perhaşny,
Ber maňa towfyk ulus azary bolmasdan burun.

Kyldylar nefsi-howa bihet maňa mekr-u ferip,

Kim nazar kylsam özüme düşmüş ahwaly ajip,
Eýle dostuňdan şepagaty maňa ýa Rep nesip,
Kyl doga Magtymguly, etsin dogaňy müstejip,
Taňla kylgan işlerim yzhary bolmasdan burun.

ÖLMESDEN BURUN

Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmasdan burun,
Hastalyk şükrüni kylgyl, täki ölmesden burun.
Düz ýeriň gadryny bilgil, derýa dolmasdan burun,
Gämide hüşgär oturgyl, girdaba gelmesden burun,
Ýaşlygyň gadryny bilgil, tä ulalmasdan burun.

Ulaldyň – köňlüňdedir ýalan jahanyň söýgüsi,
Gözleriň gözel görüp, seni günähe goýgusy,
Dilleriň gybat kesip, lap-ýalan sözler aýgysy,
Hatyryň ýüz-müň perişan, kethudalyk gaýgysy,
Ne ajap hoş hal idiň, özüňi bilmesden burun.

Ýaradan ýadyňdadyr, başyň ýowuz halda eken,
Ötse ýüz ýyl, ýada düşmez, belli hoş halda eken,
Ömrüňi bihuda tutma, pursatyň elde eken,
Degse bir bady-hazan, soldyr seni gülde eken,
Gülni ýadyňdan çykarma, täki solmasdan burun.

Akly-huşuňa ýetişdiň, eýlediň seýrany sen,
Istär idiň jem edem, bu küllühüm Eýrany sen,
Iýmediň bir dem parahat Taňry beren nany sen,
Heý, habaryň barmydyr, bu jahanyň myhmany sen,
Azygyň taýýary kyl, kerwen çekilmesden burun.

Galmamyş bu köne dünýä Rüstem ile Zalyňa,
Garra bolma iki günlük iýgu-içgu, malyňa,
Hakykat arypy gör, atlasy berdi şalyňa,
Tur säher, Magtymguly, ýygla bu gün öz halyňa,
Taňla, ol magşar güni derläp uýalmasdan burun.

ŞALYK BILE

Deň bolar diýp saýmagyl, işiň bet efgallyk bile,
Hiç haçan deň bolmagaý eşek bedew şalyk bile.
Gardaş olma hyz-haramy, pitne-ryswalyk bile,
Başyňy gowgaýa salma maly-dünýälik bile,
Tur, säher ýat eýle Haky, ýygla tenhalyk bile.

Bardy Turuň dagyna, Hak birle boldy ol Kelim,
Ötdi anlar, galdy dünýä, geçdi eýýamul-kadym,
Ýatsa ýer boldy düşek, örtünjesi parça kilim,
Bakdy goýnun Şugaýbyň ýedi ýyl Musa Kelim,
Çölde gezdi daýyma raz aýdyşyp Halyk bile.

Eý, aty ýüwrük ýigit, özi goçak, gülgün kaba,
Munda jebr eden kişi, ol günde bolgaý rusyýa,
Her kişi zor eýleýip, alsa bu gün, bergeý saba,
Ol weliler serweri Soltan Weýis dek öwlüýä,
Düşegi, örtünjesi boldy gara halyk bile.

Ýakup ogly ol Ýusubyň käkilinden tutdular,
Urdular, aglatdylar «Gurt iýdi» diýip satdylar,
Niçe ýyl Eýýup pygamber tenni gurt iýp ýatdylar,
El-aýagyn baglaýyp, Ýunusy derýa atdylar,
Niçe wagt tagat çekip, «Huw!» diýdi bir balyk bile.

Sen niçik, Magtymguly, ýamanlygyň unutmadyň,
Gähi-gähi zalym olduň, görgeniňden gaýtmadyň,
Gähi-gähi sopy bolduň, hiç haramdan datmadyň,
Bilmedim, sen haýsy bolduň, belli bir iş tutmadyň,
Ne sypagärlik bile bolduň, ne mollalyk bile.

DÖNDI DÖWÜR ÝAMANA

Eý, aşyklar, aglar men, geldi, geçdi zamana,
Ýagşa gadyr bolmaýyn, döndi döwür ýamana.
Ýaman aldy jahany, dönmez dili imana,
Köp pakyrlar aglaşyp, geler ondan amana,
Istäri bar az wagtdan derhem bola zamana.

Ne sapaly günmüşdik, deň-duş bile baş goşman,
Başyň aldyň garyldyň, ne dost bildiň, ne duşman,
Eý, ýaranlar, sud etmez imdi etseň müň puşman,
Dünýäsine dolaşman, ogul-gyza bulaşman,
Ne hözirli günmüşdik bolup gitsek diwana.

Düşmegin ham hyýala – dünýä gelen ölmezler,
Gelen geçer dünýäden, biri aman galmazlar,
Janlar çekip çagyrsam, dogry ýola gelmezler,
Her ne bolsa ýuwdarlar, halal, haram bilmezler,
Diýrler: Hakdyr Muhammet, uýupdyrmyz Gurhana!.

Döwran, niçik döwran sen, garyp aglar, il dynmaz,
Zulmy artar zalymyň, hiç köňlüne rehm inmez.
Jahany ýakdy gitdi, ýamanyň ody sönmez,
Bir Muhammet hatyrna ýer ýarylmaz, gök inmez,
Çarh guwanyr bu işe, bolmaz ahyrzamana.

Gapyl galdym, ýaranlar, öz-özümden rişt̀im ýok,
Hakdan gaýry hiç ýerde penahym ýok, puştum ýok,
Pikir bahryna girdim, ýelkenim ýok, kiştim ýok,
Magtymguly, men mundan çykar ýaňlyg deştim ýok.
Elim bersem tutan ýok, düşdüm düýpsüz ummana.

ENEDE BIZI

Bir yşykly suw eýläp, owwal atada bizi,
Surat eýläp jan berdiň soňra enede bizi.
Hoşwagt eýläp gezdirdiň daryl-penada bizi,
Her işe maýyl etdiň nefsi-howada bizi,
Kim biler ki, neýlär sen, daryl-bakada bizi?

Gäh dünýä talap eýläp, hem ýortar men, ýeler men,
Gäh ýyglap öz halyma, gäh şoh olup, güler men,
Men bir ejiz bende men, Saňa arzym kylar men,
Hudaý-a, kylma ryswa, keremiňden tilär men,
Bu dünýäýi-kyýamat goýma, uýada bizi.

Asy bolup ýüwir sen, köp güle-güle bu dem,
Azap çekip ýatar sen ýeriň astynda bi dem,
Ýyglaýyp ýeke galsaň, kim saňa ola hemdem?
Ýer saňa aýdar muny: «Eşit, eý, gapyl adam!»
Goýmazlar hoş gezmäge ýalan dünýäde bizi.

Tutsalar gyl köprüde, durmasa onda daban,
Soralan wagt haýr-u şer, «Ýessirlenä hasaban»,
Mömine hoş wadadyr «Wesakahum şeraban»,
Diýse ol wagt kapyrlar: «Ýa, leýteni turaban»,
Ýa, Rep, ol gün lutp eýläp, atmagyn oda bizi.

Hakykatyň ýoluny rahbersiz gezmek olmaz,
Jemal istegen aşyk görmeýen gyzmak olmaz,
Aşyklygyň belasyn çekmeýen syzmak olmaz,
Wysala doýmak olmaz, hijrana dözmek olmaz,
Örteme yşk oduna mundan zyýada bizi.

Gel, köňül, sabr eýlegil, munçakly oda düşme,
Az bilip, köp sözleýip, gam çeşmesini içme,
Bitap olup döker men, gözýaşym çeşme-çeşme,
Ýagşy-ýaman işime ýa, Biribar, galyşma,
Günähim güzeşt eýläp, ýetir myrada bizi!

Magtymguly, binowa, biçäre-andalyby,
Bir parça gam döwrany, bolmuş onuň nesibi,
Ýygylsa, kylmaz çäre, oňa dehriň tebibi,
Her mejlisde söhbetde şat eýläň biz garyby,
Eý, ýaranlar, ýat ediň haýr-u dogada bizi.

JAHAN GÖRDÜM

Ata sulbundan indim men, ene rehmide jan gördüm,
Dokuz aý-u dokuz günde gelip ýagty jahan gördüm.
Zemin-u ab-u ataş, bad-u häki, agşam gördüm,
Fasyh dil berdi Rahmanym kelimeýi-iman gördüm,
Gezip, yklym ýörip, alym bolup müň dessan gördüm.

Halal ile haram-u şübhäni men köp ýene parh etdim,
Ki ondan soň özümi yşk deryasynda gark etdim,
Özümi Arş üzre men bişek-u hem bigüman gördüm,
Tamamy ýagşy ýerde hem ýörip men jawydan gördüm,
Hemmesi Çaryýary-basapaýy-ryzwany gördüm.

Negini-magrypetiň jiddeýi-närijdesin aldym,
Behamdylla, makamy şerefulla müjdesin aldym,
Süleýman boluban elime çün engüşterin aldym,
Girip Idris jennete, ki men jaý inçenin aldym,
Resulalla tutup elimni girdiler jenan gördüm.

Hudaýa ýüz tümen − müň şükür tapdym faýzy-Suhany,
Salam berdi gelip tagzym eýläp hüýr-u gulmany,
Baryban aldyma getirdiler nygmaty-ferawany,
Uzadyp elim oňa tutdular hezret oşol ony,
Diýdiler tañla gelseň bu seniňdir kim nahan gördüm.

Iki ýüz ýyl seýir eýledim jenneti men hälä,
Nesip etse men öz jaýymy gördüm barçadan agla,
Diýdim: «Mundan öter jaý barmy?», Hezret diýdiler: «az-la»,
Şunuň dek çadyry her kimde bolsa ýagşy nagma-la,
Weli, dowzahy kapyrlara bir mary-içýan gördüm,

Bu dünýä mahz bir möminlere mähnet-saraý erken,
Neçün ähli bu gün baý, ertesi görsem geda erken,
Huda rehm etse, hezret söýse piriň rahnema erken,
Garaz söz muhtasar, jenneti gördüm ýagşy jaý erken,
Domagym bar idi sözläre leýk men sözi kän gördüm.

Neteý Magtymguly ötdi, jahandan köp suhanwerler,
Guçup häki-mezelleti ýatdylar köp näzperwerler,
Galypdyr maňa ogşaş akly kem bipaý-biserler,
Keşufat-u makamat islemäň menden byraderler,
Çenançe men özümi pitneýi-ahyrzaman gördüm.

JAN EÝLEDI

Eý, ýaranlar, yşka düşdüm, ýüregim gan eýledi,
Günde ýüz wagt jan alyp, her günde ýüz jan eýledi.
Täji-tagty-bagtymy, mülkümi weýran eýledi,
Mertleri pynhan kylyp, namarda döwran eýledi,
Aýryp gardaş, atadan, gönümde arman eýledi.

Dillerim lal boldy meniň, gol bilen söz olaram,
Ker boldular güwşlerim, düşmeýin, zar galaram,
Geldi pyrkat at salyp, açylmaý gül-solaram,
Günde ýüz müň ýalbaryp, gaşga tagat kylaram,
Iki didäm zary-gyrýan, sili-rowan eýledi.

Her kes görüp halym meniň, zary-girýan ýyglaýyr,
Her gijeler "hüw" çeker men, mahy-taban ýyglaýyr,
Derdime bir çäre tapman, gelip Lukman ýyglaýyr,
Maly-mülküm boldy weýran, gör, Süleýman ýyglaýyr,
Gaýta başdan gahba pelek dünýäni zyndan eýledi.

Görse bu zebun halymy bady-saba daň-säher
Ösmeýer ol pany-jahan işine kylyp gahar,
Paslymyz gyş içre galdy, ýat bolupdyr ol bahar,
Geýgenimdir kepen meniň iýgenim oldy zäher,
Şat bolupdyr ol pelek, her günde seýran eýledi.

Dowzah görüp bu narym, behişt bolupdyr şol zaman,
Ýagşylar ornyga eýe bolup galandyr ýaman,
Hemra bolup ýören iller, barysydyr arguman,
Bu ne nälet jaýydyr, bes, ne külpet oldy zaman,
Gaýyp olan ol erenler özün gurban eýledi.

Degre-daşym sil alypdyr, galmyşam ýowuz menem,
Pederim Azady ötdi, galmady käbäm enem.
Mat bolupdyr, saýramaz, bag içre ýesirdir senem,
Ybraýym dek nar içre merdi-merdan sermenem,
Bizleri oda atyp, gör, nary reýhan eýledi.

Magtymguly, bu sözümi ile äşgär kylsaňyz,
Bir nesihat bererem men, ger ki gulak salsaňyz,
Budur nesihatym meniň, pikr eýleýip alsaňyz,
Kylmaňyz bu syry äşgär, bize hemra bolsaňyz,
Ol Süleýman tagta çykyp, şuny perman eýledi.

BAZAR EÝLEDI

Bu pelek handan kylyp, ýagşa-ýaman ýar eýledi,
Her kimi bir köýe salyp, älemi bazar eýledi.
Misgin eýläp baýlary bir mala zar eýledi,
Mertleri gussa bilen namartlara ýar eýledi,
Maral inen gözel çaýy ýolbarsa güzer eýledi.

Gaşyda raks kylyp, älemi weýran kyldy ol,
Daglary ýegsan edip, zemini lerzan kyldy ol,
Buzahor namartlary ile şa-han kyldy ol,
Mertleri ýesir alyp, baryn pynhan kyldy ol,
Togap eýläp, tora salyp, jahany nar eýledi.

Gapyl eýläp möminleri, saldy girdap gahryna,
Ekser eýläp mert ählini, sardy pelek çarhyna,
Sahypjemal magşuklary urdy gelmeý parhyna,
Üç ýüz altmyş gaýyp erenleri basdy bagryna,
Ýalňyz galan zemin içre tikeni enar eýledi.

Imtiýazy ýok onuň, kyldy weýran barçasyn,
Sud isteýip aldy ol bu dünýe a:my-hasyn,
Girip adam suratyga, tutdy şeýtan waswasyn,
Har eýleýip berdi zaga andalyp gül dessesin,
Bag içinde bagbanlara ençe açar eýledi.

Asman üzre tagty uçan Süleýmany neýlediň,
Barça ähliniň emini ol Lukmany neýlediň,
Isa, Mäti, Ýakup, Eýýup, Weýsil Karany neýlediň,
Şahymerdan, ol Muhammet Murtazany neýlediň,
Tora salyp, baryny lahatda ýesir eýledi.

Kimse uçdy, kimse gondy, kimseler paý astynda,
Perwaz kyldy oýunlar şehitleriň üstüde,
Gardaş olup ýörir boldy emma ki jan kastyda,
Ençe janlar boldy ýesir bialaç, gör, destide,
Günde galyp, ençe nahak gana nazar eýledi.

Magtymguly, sözlediň sen bu pelegiň kärini,
Häkister kyla bilmän galdyň onuň naryny,
Gojaldykça çeker bolduň dünýäniň azaryny,
Kylmaýan birini pynhan, äşgär etdiň baryny,
Söýlemeý men neýleýin , ol bikarar eýledi.

SÜLEÝMAN NEÝLESIN

Jan şährine düşdi talaň, bu ýowuz jan neýlesin,
Ötdi ömri bipermandyr, ol Süleýman neýlesin.
Hakyň beren bu derdine, diýiň, Lukman neýlesin,
Ötüp baran ömrüme agy-girýan neýlesin,
Yşk odundan kül bolup men, dowzah-suzan neýlesin.

Saýýat bolup girdi pelek, kaýda jan pynhan kylaý,
Kimlere derdimi aýdyp, kimlere hemra bolaý,
Kimler bilen döwüş kylyp, kimlere gylyç salaý,
Derdim äşgär kyla bilmän, il-günümden uýalaý,
Meniň kibi bir awara pelek − zyndan neýlesin.

Gaýybana aşyk bolup, yşky bilen ýanaram,
Diýerler döwlet murgy men hijrana gonaram,
Leýli ýarym bolmasa hem, özüm Mejnun sanaram,
Günde bir wagt nalyş eýläp, yşky-meýden ganaram,
Meniň kibi bir serhoşy uly Suhan neýlesin.

Şanyna dessan düzüp men yşkynyň mekanyda,
Külli aşyk sergerdandyr ol ataş haýranyda,
Men kibi bir Mejnuny görmez pany eýwanyda,
Men kibi bir misgin geda ýokdur Nuh zamanyda,
Yşk ataşyna geda men, döwleti kän neýlesin.

Aýdadyr Magtymguly, aýyp görmäň, illerim,
Göwnüm raýyna garaman, ýaňraýypdyr dillerim,
Gojalygyň pasly bilen nuna dönmüş billerim,
Bilbilleri ýesir kylmyş bag içinde güllerim,
Ger ki halas eýlemesem, pakyr bagban neýlesin.

BILBIL NALASY

Mesgeni Mekke, Medine sekiz uçmah lälesi,
Her sözüň yzynda ýüz müň gumry, bilbil nalasy.
Şamçyragdyr äleme ol gül ýüzüniň şuglasy,
Kaddy-kamaty belent, eý nury-Hakyň balasy,
Seýr eden dokuz pelek asmany sen sen, eý peri.

Mekgeden keşt eýlediň şähri welaýat käne sen,
Refrefil-Kufe, Tary, Basra, Halap, Şirwana sen,
Hem Müsür hem Kaýsar-u Şiraz-le Yspyhana sen,
Haýbar-u Hyrat ile, Lekleheri, Sekwana sen,
Rahbin, bu älemiň soltany sen sen, eý peri.

Mugjyz ile Salyhyň daşdan çykypdyr maýasy,
Nuh tupanynda ýalňyz galdy Nuhuň daýasy,
Ýa Muhammet Ahmedim, ýa, dini-yslam paýasy,
Geldiler ykrar edip ol şiri Düldül eýesi,
Bagş eden Düldül bile kamkamy sen sen, eý peri.

Şähri-Ferhar, gorsy-Tiflis, Rum, Bagdat, Süfliýan,
Ýezd, Kerman, Şam-u, Mosul başda bolardy Bagyýan,
Gaýrasy Krym, Hytaý, Gypjak, Fereňgi, Jamyýan,
Şark, Garb, Hind-u Sind, Dekendir döwri-jahan.
Dört taryknyň jem olan ummany sen sen, eý peri,

Peýrewiňde kafy-Şakşak, döwsaraýy-Luwluwy,
Ol aşagy Gäwgaladyr, gaýrasy ot mahfaly,
Ýokarsy Şährizenan, Katnak, Saraýdyr ol beli,
Aýdyýar Magtymguly, sen sen jahanyň jan güli,
Dine salgan Pars ile Eýrany sen sen, eý peri.

BIRNIÇE MYSAL

Ugradym Ylýasa, duşdum Hydyra,
Köňlüm içre geldi birniçe mysal.

Gol göterdim, durdum nyýaza, nezre,
Diýdim: «Rugsat bolsa, aýdaýyn sowal».

Diýdim: «Nedir bu dünýäniň dirligi?»,
Diýdi: «Ýatsaň düýşdür, turaňda − hyýal».

Diýdim: «Ýa, Rep, dünýä näge meňzeýdir?»

Diýdi: «Garry zendir, ýüzünde ýüz hal».

Diýdim: «Nedir mülki-jahan söýgüsi?»
Diýdi: «Derdeserdir, ýa boýna webal».

Diýdim: «Dünýä üçin nedir bahsy-jeň?»
«Bihuda bogaz ýyrtmak, ýersiz galmagal».

Diýdim: «Ähli-zaman näge bent olmuş?»
«Ogul, gyz söýgüsi, jem etmäge mal».

Diýdim: «Bu söýgüden, maldan ne hasyl?»
«Ýygmagy gaýgydyr, gitmegi melal».

Diýdim: «Ähli-zalym ne taýpa durur?»
Diýdi: «Gurtdur, itdir, pişikdir, şagal».

Diýdim: «Ondan nefsim niçe ram olur?»
Diýdi ki: «Pir olan ile güwşmal».

Diýdim: «Bende jähdi başa bararmy?»
Diýdi: «Barmaz, istemese Züljelal».

Diýdim: «Ýa, Rep, kethudalyk niçedir?»
Diýdi: «Hepde − eşret, gaýgy − galan sal».

Magtymguly, sözi dürdir bilene,
Başda huşuň bolsa, söze gulak sal.

BILMEZMIŇ

Galam alyp, namany gönderdigim bilmezmiň?
Efsun urup, hüthüti inderdigim bilmezmiň?
Arş üstüne galdyryp, mündürdigim bilmezmiň?
Dört gije, üç gün aglap, diňdirdigim bilmezmiň?
Eşek münüp Isa dek, ýeldirdigim bilmezmiň?

Mejnun kibi sährada ýyglaý-ýyglaý gezdigim,
Warka kimin Gulşadan ölüp, umyt üzdügim,
Joşgun berip yşk ody, gaýnap-gaýnap gyzdygym,
Gözüm ýaşyn merjen deý düzüm-düzüm düzdügim,
Şibli kimin bir dagy ýandyrdygym bilmezmiň?

Hüthüt kimin Pereňden Çyn-Maçyna bardygym,

Bag içinde Bylkysyň saçyn açyp gördügim,
Süleýmanyň tagtyndan sözläp habar berdigim,
Guş gonsun diýp başyma bilbil heňin gurdugym,
Çarşenbe gün çäşt wagty gondurdygym bilmezmiň?

Surahyň arkasynda Mejnun gurdy jadyny,
«Bismilla» diýp başlady, çagyrdy ussadyny.
Hakdan gaýry bir kimse eşitmedi dadyny,
Kyrk aşyk nagra çekip, şugla urdy oduny,
Gözýaşymdan suw alyp, söndürdigim bilmezmiň?

Şirwan hanyň söwdasy ne ajaýyp söwdadyr,
Gyldan bu ýan agdyrsa, kyýamat gün ryswadyr,
Ýüz ýigrimi sap gurlup, her sapda müň gowgadyr,
Aşyklyk bir joşgunlyk, akmaz uýgun derýadyr,
Bir jurgadan kyrk aşyk gandyrdygym bilmezmiň?

Ýetilmemiş şunkarym, gamyş ganat ak türpek,
Dünýä meni taýdyrdy, bir ýanym etdi gurpak,
Pelek albaýyn bular, tartar, gan goýmaz torpak,
Her tikenden ýüz gussa, her kyrk gülden bir ýarpak,
Dagy-daşy elenip, öndürdigim bilmezmiň?

Magtymguly, aýydýar, dokuz pelek Zöhresi,
Ýedi ýyldyz gardaşy, Aýyň, Günüň parasy,
Nury didäm ýagtysy ak gözümiň garasy,
Aby-Zemzem çeşmesi, Safa, Merwe arasy,
Süleýman dek ähdimi syndyrdygym bilmezmiň?

BOLMASYN AHYRZAMAN

Niçe iş geldi, eý-ä gapyl, kyýamatdan nyşan,
Daýyma zalymlaryň içgenleri göýä ki gan,
Her pakyr ahwalyny sormas adalat birle han,
Harsy-dünýäge boluban ýagşylar boldy ýaman,
Eý ýaranlar, bes, niçik kim, bolmasyn ahyrzaman.

Pehm ediň bu halk era hiç bir kanagat galmady,
Çün bahyl oldy sahylarda sahawat galmady,
Pygly-betbapdan pakyrlara kipaýat galmady,
Iýp haram lukmalar derwüşlerde tagat galmady,
Eý ýaranlar, bes, niçik kim, bolmasyn ahyrzaman.

Getirer alym sözige uşbu jahyllar bedel,

Birniçe alymlar öz ylmyga kylmaslar amal,
Nebs işige jäht edip, eýlär namazyga haýal,
Kimseler sanmas byradar, geldi diýp nobat meger,
Eý ýaranlar, bes, niçik kim, bolmasyn ahyrzaman.

Ýortup kesbi-harama, haýr işigin ýapmak bile,
Pygly betler artadyr, bihet bela tapmak bile,
Ýat bolup iki musulman bir-birin çapmak bile,
Geldi müň dürli bela şer işlere gopmak bile.
Eý ýaranlar, bes, niçik kim, bolmasyn ahyrzaman.

Bir niçeleriň işi içgeý arak döwri-mydam,
Bir niçeleriň işi zowky-zynadyr subh-u şam,
Bir niçeleriň işidir kada bir keýpi-haram,
Ol sebäpden egsilipdir hormaty-ylmy-Kelam,
Eý ýaranlar, bes, niçik kim, bolmasyn ahyrzaman.

Zalym-u süýthorlar bolmuş giriftary-bela,
Nebs üçin awaradyr dünýä ýolunda mübtela,
Bagzy adam bir-birisi misli beg dekdir göýä,
Galmamyşdyr bagzy adamlarda hiç şerm-u haýa.
Eý ýaranlar, bes, niçik kim, bolmasyn ahyrzaman.

Zalym-u süýthorlar bolmuşlar Hudadan bihabar,
Pany dünýäni baka diýip, ýygnaýyrlar sim-u zer,
Pasyk-u gümralary metjit sary kylmaz güzer,
Eýlemez alyma yzzat hem şerigata nazar,
Eý ýaranlar, bes, niçik kim, bolmasyn ahyrzaman.

Diýdi bu Magtymguly köp günä gark etmiş meni,
Emri-magrup işlerin etsem diýip jähdim kany,
Kimse ýagşy, kim ýamandyr, kimse bilmes kimsäni,
Kethuda ogul atadan, gyz eneden keýwany.
Eý ýaranlar, bes, niçik kim, bolmasyn ahyrzaman.

KÖŇLÜM

Oýan haby-gaflatdan, ajalsyz ölen köňlüm,
Umyt üzüp älemden, dergahdan dilen, köňlüm.
Mert gerekdir almaga bu garyp galan, köňlüm,
Düýpsüz derýaýa düşdi görenne gülen köňlüm,
Jan pany, jahan pany, kepene çolan, köňlüm,
Söz bilen için egser, gabz olup, dolan köňlüm.

Alymlar sözün diňle, nesihatyn al-göter,
Tur, Hakyň dergahyna mynajat kyl, gol göter,
Ryýazatyň ýüküni arkan ýüpün sal göter,
Bu iş merdiň işidir, merdana dur, gal, göter,
Kämil aýagna baş goý, ýalançydan el göter,
Toba kylyp, bir piriň topragna bulan, köňlüm.

Yşkym bardyr Mejnundan altmyş esse zyýada,
Kyrk ýyl kuwwatym bardyr ders aýdara Perhada
Ýüregim ýakyp oda, Hojama barsam dada,
Kerem derýasy joşup, ýetirgeými myrada,
Galsa köňül tapylmaz, çyksa bu jan dünýäde.
Mert gerekdir almaga bu garyp galan köňlüm.

Säher turup, doga kyl, «Ämin!» diýsin perişde,
Ne bardyr gapyl ýatyp, bihuda oturyşda,
Mülki-jahan tutdurmaz eýleseň müň serişde,
Abdal örtüsin geýip, git diwana garyş-da,
Ýogsa galar sen tenha sergeşte-ýu gamgeşde,
Aýgan sözüňe pyglyň bolmasyn ýalan, köňlüm.

Magtymguly, noş etdim gam badasyn iki tas,
Üç içere ragbat ýok, çün jandan boldum halas,
Serimde sansyz söwda, içde waswasul-hannas,
Geliň, bir tedbir eýläň, bu derde eýýühannas,
Dyz çöküp dem ursalar Isa, Hydyr hem Ylýas,
Galynmaz, zinde bolmaz, hut murda bolan köňlüm.

ÝÜREGIŇ GAN IÇINDE

Köňül, ne iş bitirdiň, geldiň, jahan içinde,
Galdyň dünýä gamynda, ýüregiň gan içinde.
Abat diýip, el sunduň, düýbi weýran içinde,
Ten toprakdyr, eglenmez jöwheri-jan içinde,
Rüstem guma garylyp, galdy ýegsan içinde,
Sen olaryň ýanynda gelmez sen san içinde.

Dünýälik diýp ýügir sen, tä içiňde dem bardyr,
Dem içiňden çykynça, başyňda müň gam bardyr,
Gam astynda ýatar sen, ne oňa melhem bardyr,
Doýmaz gözüň dolmaga bir goşawuç gum bardyr,
Bu jahanda, adamzat, senden gapyl kim bardyr,
Gurda, guşa nazar kyl, külli perman içinde.

Eý, ýaranlar, ol dünýä baran bar-da, gelen ýok,
Öli-diri halyndan habar, hatyr bilen ýok,
Çarhy-pelek elinden aglan bar-da, gülen ýok,
Akyl ediň, gardaşlar, könelerden galan ýok,
Ýalançynyň wepasy ýokdur diýsem, ýalan ýok,
Dünýäge bil baglagan, galdy zyýan içinde.

Ýa, Ylah-a, Sen sakla garakçydan ýollarda,
Sagda-solda çagyrlar «Byrakmagyn çöllerde»,
Köňül dünýä yşkynda, haram sözler dillerde,
Men bir ejiz bende men, kemine men gullarda,
Köp günäler gazandym, az pursatly ýyllarda,
Hyjalata goýmagyl ýagşy-ýaman içinde!

Magtymguly, aldaýyr gahba dünýä bezenip,
Köňlüňi maýyl kylma oňa garşy düzenip,
Ne parahat ýatyr sen el-aýagyň uzanyp,
Ajal ýatyr keýniňde okun-ýaýyn gezenip,
Magşar güni barawer imanyňy gazanyp,
Gury geldiň, boş gitme ahyrzaman içinde!

DUMAN PEÝDA

Gelse nowruz äleme, reň kylar jahan peýda,
Ebrler owaz urup, dag kylar duman peýda.
Bijanlar jana gelip, açarlar dahan peýda,
Gögermedik gyýalar, gögerip rowan peýda,
Ederler haýwanata hem sud-u zyýan peýda,
Ýer ýüzünde ýaýylyp, ýörirler nahan peýda,
Wabeste dahan guşlar kylarlar zyban peýda.

Çöl tarapyn berk edip, der açar suwa harçeň,
Zemin sebzewar olup, teninden aýrylar zeň,
Jünbendeler mest olup, göýä içmiş arak, beň,
Her eşýanyň özüne öz owazy bolar geň,
Sebze içre sandywaç ýüz dilde kylar äheň,
Zemin hazarpuş olup, gül bitirmiş reňbe-reň,
Hyruja gelip älem, kylarlar pygan peýda.

Surud-u seda birle, jahan ýüzi abatdyr,
Olma suruda magrur, paýanasy bibatdyr,
Hak yşkynda zinde jan, biliň, baky haýatdyr,
Her tende yşk olmasa, rozy-ezel mematdyr,
Ýaz ötinçä ýer-u gök, günden-güne zyýatdyr,

Bir haşry-kyýamatdyr, bir ýowmy-arasatdyr,
Dähr içre bolar her dem, jahan içre jan peýda.

Zerbaba zowkun olma, baka ýokdur döwletde,
Ömrüňi bada berme, sen bu daryl-mähnetde,
Ýeter saňa ir-u giç, ne ýazylsa kysmatda,
Janyňa jepa eýläp, munça gezme hasratda,
Sowap ýagşy amalda ýa jud ýagşy niýetde,
Älem barça hyzmatda, adam ýatyp gaflatda,
Hasylyň ataş bolgaý, eýleseň ýaman peýda.

Magtymguly, ýyglar men bu bagty-syýahymdan,
Gorkaram jan apaty, el-aýak güwähimden,
Umydym hasyl olmaz, bu ömri-tebahymdan,
Jan köýdi jeset içre bu ataşy-ahymdan,
Golum sunup, dilär men hajatym Allahymdan,
Bende men, umydym köp ol keremli Şahymdan,
Eýlegeý arasatda gül kibi iman peýda.

DOLUP ÖTDI

Dünýä ýassanyp başyma saýa salyp ötdi,
Söz nobatynda käseýi-döwran dolup ötdi.
Tä magryb-u maşryk betamamyn alyp ötdi,
Bir nagmakäri niçe nowalar çalyp ötdi,
Mejnuny görüň, çäki-giriban bolup ötdi,
Leýlini görüň, gunçaýy-handan bolup ötdi.

Bir niçeleriň aşyga, gör, awy gatyldy,
Takdyr ezel kätibe neden beýle ýazyldy,
Mansur: «Enel Hak!» diýip, gör, ol dara asyldy,
Magryp şahynyň gyzy bu Kengana çatyldy,
Ýusuby gul diýdiler, görüň, kanda satyldy,
Ahyrda, görüň, Müsürde soltan bolup ötdi.

Dünýäýi-peläket elinden dat ile bidat,
Sen tüýs ki, aldagujy jilwegeri, perizat,
Pyrgun-u Ýezit ötdi, sürüp Nemrud-u, Şetdat,
Hysrow okady niçe gazal, birniçe ebýat,
Şirini diýdi, çekdi jepa aşyky-Perhat,
Daglar ýüzüni läle-ýu reýhan kylyp ötdi.

Men gamzedäniň göge çykyp düd ile ahy,
Ýüz jebr-u jepa kyldy meniň reňňime gähi,

Bir nagmageri − jan keşwerini bozdy sypahy,
Şerhine galam ýazdy mürettep ki syýahy,
Zyba boýuga geýgüzibän hylgaty-şahy,
Bagzyny görüň, bi ser-u saman bolup ötdi.

Haýp ötdi ömür, beçjeligim – pasly-gülüstan,
Haý-haý, bu ne takatdy-ýu toty şekeristan,
Nowşirwan adyl, Hatamy-Taý, Rüstemi-Dessan,
Ol periler mesgenidir bu şähri-Şebistan,
Garrylygyň apatydyr bu gahry-zemistan,
Her kimse bir iş ile puşeýman bolup ötdi.

Magtymguly, dost tutma, ki, sen dünýäni ýalan,
Hälä güle sen, tańla kyla sen niçe puşman,
Aldyňda howatyry-barnama, Syrat köprügi, mizan,
Sen etme jahan nagşyna ki aklyňy haýran,
Ahyrda ajal goýmady, köp ýaşady Lukman,
Köp bendeleriň mülküni weýran kylyp ötdi.

NAZAR EÝLE

Ten kapasna giriftar, gel, jana nazar eýle,
Bak, köňül gözgüsine, janana nazar eýle.
Ybrat gözüni açyp, jahana nazar eýle,
Iki gämi tutmagyn, bir ýana nazar eýle,
Hiç kime baka bermez, döwrana nazar eýle,
Döwranyna daýanan ynsana nazar eýle,
Bu gonup-göçüp baran kerwana nazar eýle.

Bu döwran içre köňül guşlary eýlär perwaz,
Göýä murgy-säherdir, şeb suhan eýlär agaz,
Bag içre bilbil olup, okar nagma hezar saz,
Hudaýa toba eýläp, dergähiňe döndüm baz,
Ömür az, döwran deraz, ne roza bar, ne namaz,
Oýan haby-gaflatdan, haşra meňzär pasly-ýaz,
Älem ne tesbih okar, her ýana nazar eýle.

Ölmes men diýp düşmesin, köňlüň bu güman içre,
Ömre ýokdur ygtybar, ötegçi zaman içre,
Ajal goýmuş ok-kezin, kirişe keman içre,
Bendäge ne armandyr, jan berse iman içre,
Sözle, sözüň ýaýylsyn bu ýagşy-ýaman içre,
Az ömre agyr işler gurup sen jahan içre,
Mukym işini tutan myhmana nazar eýle.

Ne hoş gündür aşyga hylwat ýara ulaşmak,
Hal-ahwalyn soraşyp, gol boýuna salyşmak,
Magşaryň neşri ýaňlyg ten, jan kimin buluşmak,
Bir-bire derdin döküp, sergüzeştin kylyşmak,
Tow berilen rişte deý çyrmaşyban-çolaşmak,
Dostlar ne müşgil işdir, gowuşyp, aýrylyşmak,
Wysala magrur olma, hijrana nazar eýle.

Magtymguly, sözlemeý goýmaz durmaga derdiň,
Ýalançyda ýaýlanyp, altmyş ýana el gerdiň,
Panyny baky bildiň, ýeldiň − ösdüň, ýüwürdiň,
Dostuňa azar berdiň, duşmana ýüz öwürdiň,
Bildiň ki biwepadyr, bahasy ýok bu ýurduň,
Otuz dört ýaşa geldiň, bu jahanda ne gördüň,
Gurhana gulak goýup, permana nazar eýle.

SEDA BOLDUM

Sandywajy-sermestem, bergimden jyda boldum,
Bergimi hazan çaldy, bisowt-u seda boldum.
Bir gülçehre ýolunda bihuda pida boldum,
Bet işlere baý boldum, haýr işe geda boldum,
Pyrkat, waslat, her ne ki – aslyn ez Huda bildim,
Barçany bidar gördüm, özüm uýkuda bildim,
Dünýäge dura gelen, eglenmeý gidä bildim,
Iýenim awy sandym, geýenim reda bildim,
Köýdüm, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

Ýaranlar, ýoldaş boldum nebsi-howa zalyma,
Keýik deý gaçar, barmaz, nesihatgöý alyma,
Serkeşligin Suhana meşhur etdi äleme,
Men näteýin, ýa, dostlar, ugursyz ykbalyma,
Goýmady öz halyma, ýörirge mejalyma,
Ne gazanja guwanjym, ne hoşwagtlyk malyma,
Jöw mukdaryna geçmez bu jahan hyýalyma,
Bilmen, älem ne köýde, men haýran öz halyma,
Köýdüm, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

Jähl işine çapyk men, Alla emrine suster,
Garky-zalalat boldum, hidaýaty Sen göster,
Ne derwüş men, ne molla, ne sopy ähli-dester,
Gardaşlar gulak berse, aýtsam sözümi raster,
Pikir eýläň, kim bardyr Eýämden özge doster,
Bendelikde bolmasaň, bolganyň ýagşy nister,

Görmedim Gün astynda hergiz özümden pester,
Ataşa laýyk bolmaz eda bolan häkister,
Köýdüm, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

Sährasyna Süleýman ger sürse set syýasat,
Gelse peri patyşahy-Aktemir-u Janpolat,
Ýüz-müň döwe baş bolan döw töresi Demirbat,
Meges şasy Turtarus hemralyk etse, heýhat,
Mur mäligi Münzere gelse bihet, begaýat,
Musa nur golun açyp, Isa okyp ýüz aýat,
Hydyr doga eýleýip, Ylýas etse mynajat,
Mundag murda jesede muhaldyr tapmak nejat,
Köýdüm, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

Magtymguly, misginem, köňlüm öýi nämagmur,
Söze ýakyn bende men, haýrym kem-u şerim zor,
Özüm halka näkabyl, ykbalym keç, bagtym şor,
Näşaýeste agmalym, göýä gadam urar kör,
Meger Eýäm istese, bolgaý nuran ala nur,
Ýeter tarfatyl-aýnda mehjur bolup düşen dur,
Betgylyk birle boldum jahan içinde meşhur,
Degirmen deý bańgir men, semender deý ataşhur,
Ýandym, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

DAG-U HASRATDAN NYŞAN

Tapdy şöhrat halk içinde bu jahalatdan nyşan,
Galdy derwüşler dilinde dag-u hasratdan nyşan.
Galmady mazlumlara desti-nusratdan nyşan,
Serbe-ser doldy jahana bu bet apatdan nyşan,
Degdi älem ählige ýüz müň hyjalatdan nyşan,
Är bilerler kimde bolsa ol şeraratdan nyşan,
Ýada salmaz haýr işi tapan zalalatdan nyşan,
Ne mürewwetden eser bar, ne adalatdan nyşan,
Şek degildir, dostlarym, geldi kyýamatdan nyşan.

Her kişi bidgata batyr, ony ki är bildiler,
Magşara müňkür bolup, ýok dünýäni bar bildiler,
Şerg işin bet aňlaýyp, bet işi hup kär bildiler,
Rastlary haýyn bilip, haýynlary ýar bildiler,
Tamyga kanyg diýip, kanyglary zar bildiler,
Kim şerigat ähli bolsa, hejw edip, har bildiler,
Müňküri mürşit bilip, ýalany ykrar bildiler,
Gümrahy takwa sanyp, takwany inkär bildiler,

Şek degildir, dostlarym, geldi kyýamatdan nyşan.

Hormat ähli boldy ol kimiň elinde sazydyr,
Kim Kelam okasa halk ýanyda, har owazydyr,
Wirdleri derwüşleriň hylwatda halk enbazydyr,
Ortada gyz-u juwan, diýr sen ki toýdur, bazydyr,
Syçraşar gyz-u gelin üstüňe, göýä tazydyr,
Hak işinden bihabar halk içre bagzy kazydyr,
Tabygy jyndyr onuň, hakkan ki, şeýtan özüdir,
Tamugyň tykanjydyr, her kim bu işe razydyr,
Şek degildir, dostlarym, geldi kyýamatdan nyşan.

Taňry, pygamber sözünden bihabardyr bu pirler,
Pasygy kazy bilip, zalyma naýyp diýrler,
Her kişi owwal gelip görse, ki rişwet biýrler,
Baglaýyp böhtan ile fakr ähline tagsyrlar,
Selle baglap başyna aç böri sopy-pirler,
Eýleýip halk üstüge köp hileýi-tezwirler,
Ger halal-u ger haram tapsa dykarlar-iýrler,
Rozy-magşar Hak-resula ne jogabyn biýrler,
Şek degildir, dostlarym geldi kyýamatdan nyşan.

Egsewer, Magtymguly, söz birle derdiň her zaman,
Ne üçin zalyma nobat berdi bu döwri-zaman,
Onuň çün göz gören – eşdenden öte geçdi güman,
Eýleýip bir-birine dagwaýy-batyly heman,
Bir şaýylyk mal üçin, takyk, berer elden iman,
Özüni är saýynar kim, artyk iş etse ýaman
Çün nähakdan kişi ýüz şowk eder dökmäge gan,
Güýji ýetse gürbäniň, gaplaňa hiç bermez aman,
Şek degildir, dostlarym, geldi kyýamatdan nyşan.

GULUŇ BOLDUM

Ýokdan bara getirdiň, men onda guluň boldum,
«Elestu bi Repbikum!» diýeňde guluň boldum.
Erada diýarynda ademde guluň boldum,
Ger pany-ýu, ger baky, her kanda guluň boldum,
Muşty-häke jan berdiň, bir zinde guluň boldum,
Jany tenden aýyrsaň, bir murda guluň boldum,
Her hepde, her sagatda, her demde guluň boldum,
Her ýylda-ýu, her aýda, her günde guluň boldum,
Ger eşret bile ýördüm, ger gamda guluň boldum,
Hudaý-a, men ne asy − şermende guluň boldum.

Bu diýary-penada, ýokdur menim deý betkär,
Barça Saňa aýandyr, ne hajat kylam yzhar,
Ýagşydan yrak galyp, ýaman bile boldum ýar,
Barmy günä derdine, ýa, Rep, men deý giriftar,
Bu jürm ile gelip men dergähiňe, ýa, Gapbar,
Ýüzüm ýokdur aýdara halymy men şermisar,
Sen bolmasaň nigehdar, kimdir maňa medetkär,
Seniň deý Gapbarym bar, jahanda ne gamym bar,
Ne ýüregimde aram, ne köňlüm içre karar,
Hudaý-a, men ne asy − şermende guluň boldum.

Göýä ki bir sarwan men, kerwen yzyn ýitiren,
Ugrum, ýönüm bilmeýin, ýol üstünde oturan,
Ýa, Rep, meni bolgaýmy bir menzile ýetiren,
Başym ýolunda görsün bu işleri bitiren.
Men ermes men Hojama gulluk berjaý getiren,
Özi erer bendäni oýatgan-u ýatyrgan,
Şenawerlik bilmes men, tereň derýa batyran,
Ýa, Rep, tanap atgaýmu bir kenarda oturan,
Ýokmuş men deý jahanda ömrün gapyl ötüren,
Hudaý-a, men ne asy − şermende guluň boldum.

Dünýä gaýgysy birle boldy gara bagrym gan,
Ahyreti unutdym, ýeldim, ýügürdim her ýan,
Bir derde ulaşyp men, synamda erer pynhan,
Tapylgaýmy soraşsam, ýa Rep, bu derde derman,
Bilen dowasyn etdi, her bendeýi-musulman,
Bildim, kylmaz alajyn, kyrk ýyl otursa Lukman,
Dilim barmas dilege, köňül ýüz müň perişan,
Lutp eýlegin ýa Suhan, hesret bile bardy jan,
Barça müşgil işlerim Sen Özüň eýle asan,
Hudaý-a, men ne asy − şermende guluň boldum.

Magtymguly hatadan gaýry, elden iş gelmez,
Çümdüm günä çeşmine, ýürek gaýnap joş gelmez,
Haýyr yrak hyýaldan, şer köňlümden daş gelmez,
Mesti-dünýä bolup men, akyl gider, huş gelmez,
Gorkaram, ol dergähe zary kylsam, hoş gelmez,
Bagrym andag gaýymdyr, öhdesinden daş gelmez,
Daşdan beter gatyp men gözlerimden ýaş gelmez,
Ejabet nyşanyna nyýaz okum duş gelmez,
Hudaý-a men ne asy − şermende guluň boldum.

EGLENMEZ

Aşyklar, seýil eýläň, älem-jahan eglenmez,
Bilbiller, nagma baglaň, bagda reýhan eglenmez.
Gapyl galma, adamzat, bäş gün döwran eglenmez,
Ýer, guwanma deňziňe, derýa-porhan eglenmez.
Saýraň, toty, gumrular, sizde zyban eglenmez,
Meýlis guruň, ýigitler, bedew-messan eglenmez.
Eý gojaman beýik dag, sizde duman eglenmez,
Höküm ýörüden şalar, golda perman eglenmez.
Öter ýeke-ýekeden, ýagşy-ýaman eglenmez,
Ynanmazlar kitaba, ilde Gurhan eglenmez.
Aýdar Pyragy zarlap, bizde iman eglenmez.

POEMALAR
AK IT

Hamt aýdaýyn ol ýaradan Hudaýa,
Ol bizi ýokdan bar kyldy ýaranlar.
Özi zynat berdi Gün bilen Aýa
Gudratyny äşgär kyldy ýaranlar.

Barçanyň atasy ol Adam safy,
Ondan peýda boldy sansyz müň nebi,
Hasyl bolmaý hiç biriniň dilegi,
Dünýä gelip, aglap ötdi ýaranlar.

Pygamber barynyň owwally Adam,
Ahyry Muhammet olardyr hatam,
Çaryýarlar boldy olara hemdem,
Resula köp hyzmat kyldy ýaranlar.

Çaryýarlar Hak diýp gözden ýaş etdi,
Olar ýamanlykdan özün daş etdi,
Aly bir ilde ýok ýagşy iş etdi,

Garyp Magtymguly aýtdy ýaranlar.

Alynyň işigne bir gedaý geldi,
Gol gowşuryp haýry-dogalar kyldy:
«Bir hatynym bardy hassalap öldi,
Bir gyzym ýaş galdy» diýdi ýaranlar.

Diýdi: «Şol maksadym, saňa arzym bar,
Musulman men, sünnetim bar, parzym bar,
Bir jöhitden kyrk müň tylla karzym bar,
Maňa bir haýr ediň» diýdi ýaranlar,

Şol zamanda bir baý jöhit bar erdi,
Aly şol jöhidiň ýanyna bardy:
«Sen maňa bir kyrk müň tylla ber» diýdi,
Iki oglun girew goýdy ýaranlar.

Jöhit berdi oňa kyrk müň tyllany,
Aly Şiri Huda ýatlap Allany,
Hasan ymam bilen ol Hüseýn şany,
«Üzinçäm girew al» diýdi ýaranlar.

Jöhit oglanlary aldy-da gitdi,
Iki şazadany öýlerne eltdi,
Aly alan pullarny gedaýa berdi,
Gedaý doga kylyp gitdi ýaranlar.

Bu işi eşitdi kapyr, musulman,
Eşidenler hemme boldular haýran,
Hudaýymyň şiri ol Şahy-merdan,
Eşiden il täsin galdy ýaranlar.

Bir jöhit bar erdi işbu zamanda,
Baýlygy köp, gamsyz erdi jahanda,
Il eşidip hemme tassyk kylanda,
Uşol jöhit müňkür boldy ýaranlar.

Müňkür bolup gije öýünde ýatdy,
Gijesi agşamdan sähere ýetdi,
Gudrat bilen Hak ukudan oýatdy,
Bir akja it bolup turdy ýaranlar.

Ak it bolup ilden-günden saýlanyp,
Adam suratyndan ite aýlanyp,

Akyly ýerinde bir ak it bolup,
Işikden çykmaga bardy ýaranlar.

Kellesin süsnedip gapyny açdy,
Munyň müşgil işler başyna düşdi,
Püşeýmanlar edip göz ýaşyn saçdy:
«Waý meniň halyma» diýdi ýaranlar.

Çäre tapman ýene işikden girdi,
Oglan-uşak hemme ukuda erdi,
Jöw-jöwläp aýalnyň ýanyna girdi,
Mańlaýyna ýüzün goýdy ýaranlar.

Aýaly howp bilen tisginip turdy,
Oglan-uşaklary ukuda erdi,
«Öýde it bar» diýip, barysy turdy,
Her haýsy bir taýak aldy ýaranlar.

Uşol iti taýak bilen urdylar,
Ýerli-ýerden köpläp azap berdiler,
Tä gollary ýadaýança urdular,
Muşakgat azaplar tartdy ýaranlar.

Ahyr alajy ýok, ol öýden çykdy,
Gözünden gan bilen ýaşlaryn dökdi,
Özge ýere gitmeý aýalna bakdy,
Aýal haýran bolup galdy ýaranlar.

«Niçik it eken» diýp onda ol zenan,
Ol ite rehm edip berdi oňa nan,
Nan berseler daşa döndi şol zaman,
Il görmegen azap gördi ýaranlar.

Suw berip gördüler oňa ol zaman,
Bogazdan ötmeýen boldy oňa gan,
Hemme gören oňa galdylar haýran,
Köp ýaman azaplar tartdy ýaranlar.

Ýene ony kowladylar, urdylar,
«Ýit-ýit» diýip köp azaplar berdiler,
Ony kowlap oýan-byýan sürdülar,
Bir çöl beýewana çykdy ýaranlar.

Ol gitdi çöl bilen gözleri girýan,

Bir sansyz köp ite ýolykdy ol zaman,
Ara alyp azap berdiler çendan,
Agzasy gara gan boldy ýaranlar.

Köp azaplar tartdy ol it biçäre,
Bolup agzalary hem para-para,
Endamyna düşüp sansyz bir ýara,
Itlerden gutulyp gitdi ýaranlar.

Bir çöl bardy ady ol Berrimežnun,
Ýollar gumlyk howa yssy erdi çün,
Beýewana baryp haly köp zebun,
Dilleri agzyndan çykdy ýaranlar.

Ol it müňkür bolup jezasyn tapdy,
Suwsyzlykdan agyz burny hem kepdi,
Meýdan görse suw diýp salgyma çapdy,
Köp wagt dilin sallap ýördi ýaranlar.

Aýalyň köňlüne köp pikir düşdi,
Diýdi: «Meniň ärim ne ýerge gaçdy,
Aýlarym tutuldy, günlerim ýaşdy,
Ärimden derek ýok» diýdi ýaranlar.

Şol eýýamda garry mama bar erdi,
Pal, gurradan, her bir işden bilerdi,
Bir gün gidip aýal ony çagyrdy,
Arzy-halyn beýan etdi ýaranlar.

«Birniçe gün boldy ýitipdir ärim,
Haýsy ýana gitdi ýokdur habarym,
Deregin tapmasam ýokdur kararym,
Maňa bir pal atgyn» diýdi ýaranlar.

Mama aýtdy: «Äriň ak it bolupdyr,
Berrimežnun diýgen çöle barypdyr,
Suwsyzlykdan dilin sallap ýöripdir,
Sebäbi müňkürlik» diýdi ýaranlar.

«Alynyň işigne bir gedaý gelmiş,
Kyrk müň tylla karzym bar diýp ýalbarmyş,
Aly iki oglun çün girew goýmyş,
Halk eşidip haýran galdy ýaranlar.

Hemme halk ynanyp tassyk kylypdyr,
Hezreti Alyga haýran galypdyr,
Seniň äriň oňa müňkür bolupdyr,
Şol sebäpden ak it boldy» ýaranlar.

Aýal aýtdy: «Maslahat ber, mama sen,
Ne iş bilen ärim ýolga salar men,
Ärim tapman niçik karar kylaý men,
Mama jan geňeş ber» diýdi ýaranlar.

Mama aýtdy: «Berrimežnuna bargyn,
Äriň bir ak itdir tanygyn, görgün,
Ol çölde özge it ýok turar bilgin,
It görseň äriňdir» diýdi ýaranlar.

«Tanysaň golyňa bir ýüpi algyn,
Ol ýüpi ak itiň boýnyna salgyn,
Süräp Medinäge sen alyp gelgin,
Pygambere görkez» diýdi ýaranlar.

Ol palçy mamadan bu sözi eştdi,
Öýden çykyp Berrimežnuna gitdi,
Muşakgatlar bilen ol çöle ýetdi,
Ak itini gözläp ýördi ýaranlar.

Ýoly gumlyk yssy erdi howasy,
Dowzahdan zyýada çölüň belasy,
Ol ak iti tapdy ahyr ol asy,
Boýnuna ýüp salyp tartdy ýaranlar.

Azap bilen Medinäge getirdi,
Ýolda ýadap niçe pille oturdy,
Pygamber ýanyna ärin getirdi,
Resul: «Bu nä syr» diýp aýtdy ýaranlar.

Hatyn aýtdy: «Bu ärimdir bet boldy,
Munuň bet bolmagy ile set boldy,
Murtazaga müňkür bolup it boldy,
Sizge alyp geldim» diýdi ýaranlar.

Resul aýtdy: «Hatyn bu ýerden gitgin,
Her bir işiň boljak ýerine ýetgin,
Müňkür bolan bolsa Alyga eltgin,
Ne kylsa ol kylar» diýdi ýaranlar.

Ol hatynyň jany galdy belaga,
Süreý-süreý iti eltdi sähraga,
Ahyr alyp bardy Şiri Hudaga,
Şiri Huda iti gördi ýaranlar.

Hatyn aýtdy «onda Şiri Hudaga:
«Bul meniň ärimdir özüme hemra,
Size müňkür bolan bu asy-gümra,
Indi alyp geldim» diýdi ýaranlar.

«Indi alyp geldim ýa Şahamerdan,
Garadyr ýüzleri mundadyr usýan,
Günäsin bagyşlaň ýa Şiri Subhan,
Ygtyýar sizdedir» diýdi ýaranlar.

Aly bu hatyndan sözni eşitdi,
Oňa rehmi gelip günäsin ötdi,
«Eý müňkür» diýp şapbat bilen berdi,
Urdy adam syratyna geldi ýaranlar.

Kerem eýläp oňa ol Şiri Subhan,
Keramat görkezdi ol Şahy-merdan,
Jöhit bolup öz işinden puşeýman,
Ahyr ýagşylygy döndi ýaranlar.

Är, hatyn ikisi keleme aýdyp,
Musulman boldylar raýyndan gaýdyp,
Bular bu iş bilen myrada ýetip,
Hudaga köp şükür kyldy ýaranlar.

Garyp Magtymguly asy günäkär,
Günähim bagyşla ýa perwerdigär,
Okygan bendeden köp umydym bar,
Doga kylsyn diýip aýtdy ýaranlar.

ÇAKYR KELLE

Ýaradan Hudaýyň hamdyn aýdaýyn,
Ol bize köp nygmat berdi dostlar heý.
Ýer-u asman, behişt, dowzah ýok erdi,
Jümlesin ýokdan bar kyldy, dostlar heý.

Adam mahlukatyň ýagşysy boldy,

Alla derejesin köp belent kyldy,
Pygamber ýaradyp kitap iberdi,
Adama köp hormat kyldy, dostlar heý.

Owal bize ten ýaratdy, jan berdi,
Akyl berdi, göz-gaş bilen jan berdi,
Haýwana ot berip bize nan berdi,
Köp dereje ata kyldy, dostlar heý.

Gözi berdi bu jahany görsün diýp,
Aýak berdi ýagşy ýola ýörsün diýp,
Nygmat berdi şükrün berjaý kylsyn diýp,
Garaz bize hormat kyldy, dostlar heý.

Jümle pygamberiň Adam owwaly,
Muhammetdir barysyndan abraýly,
Abu Bekir, Omar, Osman-u Aly,
Onuň çaryýary boldy, dostlar heý.

Ol är patşa bolup, aldy jahany,
Her kim müňkür bolsa ýokdyr imany,
Onyň pygamberlik süren zamany,
Köp ajaýyp işler boldy, dostlar heý.

Bir gün pygambermiz metjitde erdi,
Ähli eshabalar bakyp oturdy,
Şol wagtda takyrdap bir kelle geldi,
Mesjit işiginde durdy, dostlar heý.

Ol Selmany Parsy uşbu zamanda,
Çadyr sakçy erdi bilseň ol onda,
Uşol pygambermiz, ol ýagşy bende,
«Eý Selman, çykyp gör» diýdi dostlar heý.

Selman çykyp gördi şol aýdan pelle,
Gördi kim işikde bir gury kelle,
Bu zatlar hemmesi gudraty Alla,
Owaz bilen ýyglap durdy dostlar heý.

Ýene Selman Parsy işikden girdi,
Gelip pygambere baş egip durdy,
Kelläni görgenniň beýanyn kyldy,
Pygambermiz haýran galdy, dostlar heý.

Pygambermiz ol Selmany çagyrdy,
Uşol başy alyp gel diýp buýurdy,
Selman baryp derhal ony getirdi,
Kelle ýyglap salam berdi, dostlar heý.

Kelle pygamberiň jemalyn görüp,
Syryn beýan etdi ýyglaýyp durup,
Başa düşen işiň habaryn berip,
Uzur bilen sözün aýtdy, dostlar heý.

Diýdi: «Ýa pygamber, men kapyr erdim,
Bir gije men sizi düýşümde gördüm,
Ukudan oýanyp musulman boldum,
Köňlüme iman jaý boldy, dostlar heý.

Oglan-uşaklarym barysyn alyp,
Barçasyn yslama delalat kylyp,
Hemme keleme aýdyp musulman bolup,
Ony hem zalymlar bildi, dostlar heý.

Gazgyrypben atly bir döw bar erdi,
Ýurdumyzda ol döw patyşa erdi,
Zalymlar ol döwe aýdyp bildirdi,
Ol bize köp gazap kyldy, dostlar heý.

Gazap bilen bize adam iberip,
Biziň barçamyzny ýanyna alyp,
Ol bize köp ýaman azaplar kylyp,
Barymyz zyndana saldy, dostlar heý.

Meniň öz jesedim ol zalym iýdi,
Göwrämi tamam iýp kellämi goýdy,
Perzentlerim bardy barny ýuwutdy,
Aýalym hyzmatkär goýdy dostlar heý.

Aýalym ol döwe boldy hyzmatkär,
Zalymyň bitini gözledi naçar,
Her bir biti göýä pyşbagaça bar,
Bizi köp azaba saldy dostlar heý.

Gury kelle bolup özüm gutuldym,
Hudaýa gan ýyglap, mynajat kyldym,
Çaýdan çykyp seniň ýanyňa geldim,
Bize kerem kylyň» diýdi, dostlar heý.

«Eger meniň sözüm bawer kylmasaň,
Şol zalymdan meniň arym almasaň,
Men garyp men maňa gamhor bolmasaň,
Dawagärim siz» diýp aýtdy, dostlar heý.

Resul aýtdy: «Eý eshaplar baryňlar,
Bu zalymdan onyň aryn alyňlar,
Huda üçin janpidalyk kylyňlar»,
Diýip eshaplara aýtdy dostlar heý.

Resul muny aýtdy üç ýola tekrar,
Eshaplardan ne owaz bar, ne söz bar,
Uşol ýerden turyp ol Şiri-Jepbar,
Resula: «Men baram» diýdi, dostlar heý.

Resul aýtdy: «Onda ýa Şiri-Jepbar,
Niçe adam gerek öziňe derkar»,
Bäş ýüz adam diläp Haýdary-kerrar,
Kimi saýlap alsa diýdi, dostlar heý.

Halaganyn saýlap Haýdary-kerrar,
Bäş ýüz sahabany kyldylar taýýar,
Kelläni baş edip serdar kyldylar,
Bular ýola rowan boldy dostlar heý.

Ýol bilen ol kelle baş bolup ýördi,
Aly-Şiri-Huda Düldüli sürdi,
Kelle hem takyrdap ýol bilen bardy,
Düldülden hem gaty ýördi, dostlar heý.

Aly Düldülini rowana etdi,
Kesik baş ol ýolda Gurhan hatm etdi,
Hemme baryp ahyr bir ýere ýetdi,
Şol ýerde bir jaý bar erdi, dostlar heý.

Aly-Şiri-Huda oňa bardylar,
Hemme görip haýran bolup durdylar,
«Niçik jaý diýp» ol kelleden sordylar,
Döwüň jaýy diýp aýtdy dostlar heý.

Aly aýtdy: «Meni jaýa salyňlar,
Bilime ýüp salyp rowan kylyňlar,
Ahyr takdyr niçik bolsa görüňler,

Töwekgel Hudaga» diýdi dostlar heý.

Biline ýüp salyp Şiri-Hudany,
Salladylar ol jaýa Murtazany,
Murtaza garaňky gördiler ony,
Hudaga mynajat kyldy, dostlar heý.

Garaz, Şiri-Huda ol jaýa girdi,
Ol zamanda döwi ukyda gördi,
Döwüň şeklin görüp haýranlar galdy,
Ony görüp ajap galdy dostlar heý.

Aly aýtdy: «Muny men öldürer men,
Ukyda öldürsem namart bolar men,
Enşalla döwüň başyn alar men»,
Diýip oýatmaga bardy, dostlar heý.

Döwi görüp kyldy Hudaga zary,
Kellesi gümmez dek, göwre-minary,
Her bir gyly göýä-şahy çynary,
Barmaklary pil boýny erdi dostlar heý.

Her wagt ol döw horruk tartyp ýatanda,
Tozanlar içine girerdi onda,
Tozanlar çykardy daşa tartanda,
Aý Günler görünmez erdi, dostlar heý.

Şiri-Huda döwüň ýanyna bardy,
Zülpükaryn gylapyndan sogurdy,
Gylyç aýagyna dört barmak girdi,
«Çybyn ýaman eken» diýdi, dostlar heý.

«Çybyn bar» diýp gars-gars gaşandy,
Aýagyn uzadyp, ýene ýygyrdy,
Ol gylyçdan hiç habary ýok erdi,
Ýene hem ukyga bardy, dostlar heý.

Aly-Şiri-Huda bu syrny görüp,
Ýaňadan ol döwüň ýanyna baryp,
Diýdi: «Bir synansam bu döwni urup»,
Urmak üçin hyýal kyldy dostlar heý.

Baryp şapbat bilen urdy ol zaman,
Güýç bilen çaldylar ol Şahymerdan,

Gözleri açylyp ol döw betnyşan,
Hezreti Alyny gördi dostlar heý.

Ukydan oýanyp ol döw betnyşan,
«Dişimiň dermany, geldi» diýp ol zaman,
«Agzyňa sygmaz men» diýp Şahymerdan,
Döwe bir syýasat kyldy dostlar heý.

Gazgyrypben onda sersebe bolyp,
Bir degirmen daşy eline alyp,
Müň batman daşny Alyga salyp,
«Indi gutulmaz sen» diýdi dostlar heý.

Ol daş gürläp geldi onda ol zaman,
Daş gelgenin görüp ol Şahymerdan,
Derhal sowlup gaçyp ol Şiri Ýezdan,
Özün başga ýana aldy, dostlar heý.

Ol daş gaýdyp onuň özüne degdi,
Daş degenden ol döw biperwaý erdi,
«Bismilla» diýp Aly zülpükar saldy,
Uşol daşy iki böldi, dostlar heý.

Daşy iki bölüp döwi ýaralap,
Döwi bölüpdir ol görse paralap,
Myradyn-maksadyn Hudadan diläp,
Gylyjyny tartyp aldy dostlar heý.

Aly gylyjyny tartyp alypdyr,
Görse gylyç daşy iki bölüpdir,
Ol döwüň hem işi tamam bolupdyr,
Aly Haka şükür kyldy dostlar heý.

Melgun döw urunyp uşol zamanda,
«Ýalat-ýalat» diýip jan berdi onda,
Murdar ölüp galdy jaýyň içinde,
Aly görüp haýran galdy dostlar heý.

Ol kelle begenip ýanyna gelip,
Alydan şol zaman köp razy bolup,
Zalym betbagt döwüň ölenni bilip,
Hudaga mynajat kyldy dostlar heý.

Kelle diýr Alyga: «Ýagşy iş kyldyň,

Hak seni hoş kylsyn meni hoş kyldyň,
Ol zalymdan meniň arymy aldyň,
Zorlygyň äşgäre boldy», dostlar heý.

Kelle diýr: «Ýa Aly garnyny ýargyn,
Süýeklerin bir-birinden aýyrgyn,
Tamam agzalaryn paralap görgin,
Perzendim ýuwutdy» diýdi dostlar heý.

Aly ol zalymyň garnyny ýardy,
Onda kesik başyň bir oglun gördi,
Hakyň gudratyndan salamat erdi,
Ol kelle şat bolup güldi, dostlar heý.

Zalymyň agzasyn ýene hem dildi,
Süňklerini aýryp çileçä bardy,
Onda çileçäniň garnyny ýardy,
Kelläniň bir gyzy çykdy dostlar heý.

Çep elini dilip, gördi bagz, zaman,
Ýene bardy çilçeläge ol zaman,
Kelläniň bir ogly ondan sagaman,
Tirik eken gülüp çykdy dostlar heý.

Ýene nä bar diýip gözleýip ýördi,
Tapyp kesik başyň aýalyn gördi,
Ondan bäri döwüň bitin gözlärdi,
Bu zalymdan ol hem dyndy dostlar heý.

Aly diýr: Eshaplar bäri geliňler,
Men kime ýüp daksam tartyp alyňlar,
Şu gün dostlar maňa ýary bolyňlar,
Salamat çyksynlar» diýdi dostlar heý.

Eshaplar Alynyň ýanyna geldi,
Sahabalar ýüpüň bir ujyn aldy,
Murtaza bir-birinden ýüp dakyp berdi,
Sahabalar tartyp aldy dostlar heý.

Iň soňynda çykardylar kelläni,
Aly-Şiri-Huda ýatlap Allany,
Äri, hatyn, oglan-uşak, zenany,
Barysy salamat çykdy dostlar heý.

Hemmeden soň tapyp jeset-göwräni,
Ýüp dakyp aldylar ol demde ony,
Dolan aý dek bolup çykdy nurany,
Sahabalar haýran galdy dostlar heý.

Aly-Şiri-Huda tähäret kyldy,
Hakdan hajat diläp namaza durdy,
Hudaga ýalbaryp namazyn boldy,
Kelläni göwräge goýdy dostlar heý.

Kelläni göwräge goýyp Murtaza,
Hudaga ýalbaryp kyldylar doga,
Sen-Sen Patşahym Saňa men geda,
Janyn bagyşla diýip aýtdy dostlar heý.

Barça sahabalar «omyn» diýdiler,
Dowada Alyga kömek berdiler,
Şol zaman kelläni tirik gördüler,
Ol göwre asgyryp galdy dostlar heý.

Şol zaman ol göwre asgyryp galdy,
Hezreti Alyga tagzymlar kyldy,
Aly ol zalymdan arlaryn aldy,
Barçasy şadyman boldy dostlar heý.

Uşbu işler pygamberden şepagat,
Hezreti Alydan boldy keramat,
Aýyrlanlar hemme gowşup salamat,
Hemmesi şadyman boldy dostlar heý.

Aly eshaplary çagyryp aldy,
Barçasyna bir-birden geňeşler saldy,
Sahabalar sözi Alyga goýdy,
Baralyň Medinä diýdi dostlar heý.

Kelle birlen oglan-uşak, zenany,
Aly birlen hemme ýoldaş-ýarany,
Öňlerine salyp Şiri-Hudany,
Medinäge rowan boldy dostlar heý.

Bular mundan Medine diýp ýördüler,
Çöl kesip, ýol kesip ahyr bardylar,
Pygamberiň jemalyny gördüler,
Bary tekbir aýdyp girdi dostlar heý.

Barçalary gelip salamyn berdi,
Kelle pygambere tagzymlar kyldy:
«Aldyňyz arymy ýa Resul» diýdi,
«Size rehmet bolsun» diýdi dostlar heý.

Baş bolup geldiler ol Şahymerdan,
Kelle birlen oglan-uşak hem zenan,
Resulyň ýanynda durup ol zaman,
Barysy musulman boldy dostlar heý.

Resulyň ýanynda getirip iman,
Barça keleme aýdyp boldy musulman,
Bu dünýäge gelip ol Şahymerdan,
Tükenmez işleri kyldy dostlar heý.

Bularnyň barçasy myrada ýetdi,
Görüň Şiri-Huda köp işler etdi,
Garyp Magtymguly bir dessan aýtdy,
Dogadan umydgär boldy dostlar heý.

ATLY, ÝARANLAR

Depderler içinde bir kitap gördüm,
«Kasasyl-enbiýa» atly, ýaranlar.
Hezreti Ýusuby beýan eýläli,
Kyssasy şekerden datly, ýaranlar.

Renji azym, rahaty köp, şeýle bil,
Sözleri hadysdyr, aýaty-delil,
Beni Ishak ibni Ybraýym Halyl,
Ýalawaç urugy zatly, ýaranlar.

On iki ogly bar, altysy hatyn,
Habar sorsaň, budur bu asylzatyn,
Illalla Taňrynyň ol mugjyzatyn,
Ýakuby kör basr etdi, ýaranlar.

Ýedi ýaşda Ýusup gördi bu düýşi,
Ýaranlar tagajjup Allanyň işi,
Şemgun, Rubil atly ondur gardaşy,
Ýusuby bir çaha atdy, ýaranlar.

«Ýusup jany böri iýdi» diýdiler,

Bir börini tutup baglap geldiler,
Hezreti Ýakup bir doga kyldylar,
Böri öz halyny aýtdy, ýaranlar:

«Bir balam bar, ýitirip men ýanymdan,
Üç gün boldy, istäp tapman ýabandan,
Dilegiň kabuldyr seniň Suhandan,
Doga kyl» diýp, umyt etdi, ýaranlar.

Ýusuby saldylar tehi-zemine,
Onuň dagly köňli boldy kemine,
Hak emr etdi ol Jebraýyl emine,
Bir demde Ýusuby nätdi, ýaranlar.

Çah içinde ýatdy üç gije-gündiz,
Hezreti Jebraýyl saklady tämiz,
Bir aý bile bir gün ol on bir ýyldyz
Ýusuba köp tagzym etdi, ýaranlar.

Bir kerwen geleýdi Müsürden Şama,
Nägehan geldiler uşbu makama,
Beşir, Beşer atly iki gulama,
Birgip gowalaryn tartdy, ýaranlar.

Gowalaryn çykardylar daşyna,
Ýusup çykdy aý dek bolup nyşana,
Ýüz müň şükür kyldy ol dem Suhana
Gullara iman arz etdi ýaranlar.

Allanyň emrine sunup boýnuny,
Begler görüň, bu şum pelek oýnuny,
Hezreti Ýakubyň nury-aýnyny,
Gullar hojasyga aýtdy ýaranlar.

Mälik Dinar alyp bardy Kengana,
Habar tapdy baky on tört diwana,
Ýusup Syddyk «Gul men» diýdi merdana,
On sekiz ýarmakga satdy ýaranlar.

Patyşanyň ady Mälik Ryýýandy,
Weziriniň ady Eziz Gerendi,
Olar boldy − Züleýhaga derekli,
Mälik Dinar oňa satdy, ýaranlar.

Dellallar ýygnalyp, baha goýdular,
«Boýy deňi altyn-kümüş» diýdiler,
Lagly jöwahyrdan ança oýdular,
«Hälem bolsa arzan!» aýtdy ýaranlar.

Şäher ortasynda bir tagt gurdular,
Ýusup Syddyk: «Gul men» diýip durdular,
Gymmat goýup, Züleýhaga berdiler,
Ahyr myradyna ýetdi, ýaranlar.

Aşyk oldy är Ýusubyň görküne,
Saldylar ýedi gat ýeriň berkine,
Alty hatyn goýmadylar erkine,
Ýusup hem olara nätdi, ýaranlar.

Hatynlar mekrinden gaçdy, gutuldy,
Etegin kesdiler, daşda tutuldy,
Niçe ýyllar zyndan içre ýatyldy,
Ýusup hem tamamyn ötdi, ýaranlar.

Ýusup Syddyk ýatyr zyndan içinde,
Patyşa bir waka gördi düýşünde,
Müneçjimler bes bar idi gaşynda,
Her kaýsy bir tagbyr aýtdy, ýaranlar.

Elkyssa, bu tagbyr Ýusuba ýetdi,
Ýusup hem ol düýşüň beýanyn etdi,
Ybrat alyp, patşa raýyndan gaýtdy,
Tamamyn musulman etdi, ýaranlar.

Ýusup tagta münüp, patşa boldular,
Tamam Müsür halkyn satyn aldylar,
Agalary gelip, tagzym kyldylar,
Külli günälerin ötdi, ýaranlar.

Magtymguly sözlär Hakyň sungatyn,
Bende sen, hatybyň emrine köýgün,
Kime bäş gün berer, kimsäge on gün,
Sürewerіň, döwran ötdi, ýaranlar.

GÖKJE KEPDERI

Ýaranlar, musulmanlar,
Görüň, hökmi-daweri.

Metjitde olturmyşdy
Bir gün Murtuza Aly.

Arka goýmuş mähraba,
Ýüzün bermiş kitaba,
Ulug-kiçik, sahaba
Ýygylmyşdy hem bary.

Ol şahy-sapdar gördi,
Bir gökje kepder geldi,
Oturyp, tagzym kyldy:
«Salam aleýk, ýa, Aly.

Sen-sen dinim-imanym,
Saňa gurban bu janym,
Pylan ýerde aşýanym,
Ýaş çagam bar, ýa Aly.

Ýer-gögüň arasynda,
Harmanlar gyrasynda,
Hudanyň penasynda
Gezerdim sähralary.

Taýr ederdim her ýana,
Şükr ederdim Suhana,
Ýygdygym, eltem däne,
Baram aşýanym sary.

Duşmandan gapyl idim,
Horram-u hoşal idim,
Çagama meşgul idim,
Gördüm ki, bir şaperi.

Gördüm bir laçyn geler,
Howada howalanar,
Bildim ki, janym alar,
Aman bermez, ýa Aly.

Gorkup, bitakat boldum,
Şirin jandan el üzdüm,
Seniň gapyňa geldim,
Gutar meni, ýa, Aly».

Aly çün wakyf oldy,
Kepderiň halyn bildi,
Lutp ile kerem kyldy,
Diýdi: «Kepder, gel bäri».

Kepder geldi öňüne,
Bermän laçyn çeňine,
Gol uzatdy, ýeňine,
Saldy kepderni Aly.

Şol demde laçyn geldi,
Hezrete arzyn kyldy,
Lutp ile tagzym kyldy:
«Salam aleýk, ýa, Aly.

Her säherler awlardym,
Dagy-daşy elärdim,
Bir kepderi kowlardym,
Gelipdir siziň sary.

Dermendeýem, mätäjem,
Şermendeýem, gallajam,
Bu gün üç gündür, ajam,
Awum bergin, ýa, Aly!»

Ol şiri-Perwerdigär,
Ol sahyby-Zülpükar,
Ol şahy-Düldül suwar
Nida kyldy Ganbary.

Ganbar çün häzir boldy,
Lutp ile kerem kyldy,
Diýdi: «Hyzmat ne boldy,
Çagyrdyňyz bizleri».

Diýdi çarhy-çenbere,
Müşk gatylmyş anbara,
Aly diýdi Ganbara:
«Alyp gelgil hanjary».

Görüň imdi ne kyla,
Istär – ol kerem kyla,
Laçyn diýdi Alyga:
«Siz nädersiz hanjary?»

«Eý, laçyn, men Haýdaram,
Sahyby-lutpy-kerem,
Öz budumdan et berem,
Sen dileme kepderi».

Hanjar çykdy gynyndan,
Tä et kese budundan,
Laçyn tutdy golundan,
Diýdi: «Kesme, ýa, Aly.

Seniň işiň keremdir,
Gollaryň muhteremdir,
Bu et bize haramdyr,
Eý-a, saky-köwseri.

Laçyn saýmaňlar meni,
Kepder diýmäňler ony,
Synamak üçin seni,
Gelipdik siziň sary».

Şadan rugsat aldylar,
Aýak üzre galdylar,
Uçup, perwaz kyldylar,
Gitdiler asman sary.

Tamam boldy bu sözler,
Etseler gerek eser,
Magtymguly-häkisar,
Şahymerdan çäkeri.

WAGYZ

Gulak salyň, gardaşlar,
Bir ajaýyp sözüm bar.
Ne ezmaýyş eýleýir,
Dostlarna Perwerdigär.

Jahan işidir jepa,
Kim gördi ondan wepa,
Hakyň dosty Mustapa,
Galmamyş bu rozygär

Pygamber ýok yzyndan,

Nur döküler ýüzünden,
Älem onuň sözünden,
Tapdy nyzamy-karar.

Eý, din isteýen dostan,
Bolma maldan meý-mestan,
Aýdaýyn bir hoş dessan,
Eger bolsaň hyrydar.

Ses düşgeç zeminlere,
Ýol ýok boldy dinlere,
Metjitde möminlere,
Wagz aýdardy pygamber.

Resul münbere galmyş,
Otuz üç müň ýygylmyş,
Juma üçin jem olmuş,
Sahabalar nä kim bar.

Ýaranlar haýran ola,
Söz ýetişgeç bu hala,
Hak üçin berlen mala,
Her birine on taýýar

Diýdi Aly: «Baraýyn»,
Ne bar eken, göreýin,
Alla üçin bereýin,
Az-u köp her ne kim bar».

Geldi diýdi: «Ýa, Zähra»,
Köňlüň uýdurma gahra,
Berip, alaýyn bähre,
Ger teňňe bolsa taýýar».

Patma diýr: «Bolsa dirhem»,
Barsam, tagama bersem,
Bu iki nury-didäm,
Gün ýarym açdyr, aglar».

Diýdi Aly: «Ŷa Suhan»,
Telmurup bakyp her ýan,
Çykdy gapa, nägehan,
Geldi bir saýyl duçar.

Diýr: «Kylmagyn näşat sen,
Eýle başym azat sen,
Sen bir müşgil kuşat sen,
Kyrk müň tylla borjum bar.

Hatynym bardy, öldi,
Şirhara gyzym galdy,
Öýüm hem weýran boldy,
Şunça boldum men ebgär».

Gedaýa: «Sen gal» diýdi,
Oglanlarna: «Gel» diýdi,
Bir jöhide: «Al» diýdi,
«Oglanlarymy, zynhar.

Puluň eder men garaw,
Öýüme gelmiş birew,
Oglanlar bolsun girew,
Puluň bolgynça taýýar».

Jöhit saklap du gülni,
Alyga berdi pulny,
Saýyl hem tutdy ýolny,
Gitdi hoş, horramywar.

Patma oturar öýde,
Oglanlary girewde.
Inisi görüp, jöhide,
Diýdi: «Nedir oglanlar».

Agasy diýr: «Olary,
Satdy Aly bulary,
Goldanyr men gullary,
Pulum bolgynça taýýar».

Diýr: «Aga, aman-nurbat,
Tä gelginçä ol Hezret,
Sakla bulary hormat»,
Gör, nä bolar ahyr kär.

Ol ulug jöhit etmez,
Inisniň sözün tutmaz,
Otuz gulaç ýüp ýetmez,
Kyrk gulaç guýusy bar

Jöhit aýdar gullara,
«Düşüň guýy ýollarna»,
Ýüpsüz küýze gollarna,
Berdi, diýr: «Suw çekiňler».

Göterdiler küýzäni,
Gördi Jebraýyl ony,
Mikaýyl sykdy ýerni,
Akdy guýy çeşmewar

Küýzäni galdyrdylar,
Çeşmeden doldurdylar,
Durmaýyn geltirdiler,
Bildi jöhit gudrat bar.

Küýzäni huma dökdi,
Tükenmez aryk akdy,
Çaý daşyp, düze çykdy,
Jöhit gorkup etdi zar.

Jöhit eýleýip hyzmat,
Getirdi nazy-nygmat,
Tutdy bulary hormat,
Diýdi: «Bolmaň bikarar».

Şazadalar salamat,
Köňülleri ymarat,
Aly eýläp tähäret,
Köňlünde gamy bisýär.

Haka eýleýip nyýaz,
Diýdi: «Eý-a, Çäresaz»,
Kyldy du rekagat namaz,
Gördi bir guş, zernigär.

Boýny merwerden hünji,
Bahasy älem genji,
Şazadalar guwanjy,
Diýip tutdy beýekbar.

Guş rowan ganat çaldy,
Alyny göke aldy,

«Berk tut» diýp owaz geldi,
Gitdi Aly bar-ha bar.

Ol murgy-zerrin nakgaş,
Asmanlara urup baş,
Alyny ülkeden daş,
Eltip saldy bir diýar.

Ýetişdi bir diýara,
Haýran boldy bul käre,
Istär ýer adyn sora,
Hiç erkek ýok, aýal bar.

Diýr: «Ne bihasap kän siz,
Ne hoş sypat hoş jan siz,
Neçün tamam zenan siz,
Garybam, beriň habar».

Diýdi: «Aýd mahalydyr,
Halk içerde doludyr,
Hums, üşür malydyr,
Metjitler harwar-harwar».

Aly muny eşitdi,
Täze tähäret etdi,
Halkyň jemine gitdi,
Tutdy bir künçde karar.

Wagyz çykdy münbere,
Halka nesihat bere,
Sözün tapmady syra,
Ýyglap oturdy naçar.

Nesihatyň dilpezir,
Tapyp senden halk hözir,
Halklar aýdar, şa, wezir,
«Il sözüňe intizar».

Wagyz diýr: «Boluň ägä,
Ýadyma gelmez näge,
Eý wezir, eý patyşa,
Munda Muhammedi bar».

Diýrler: «Tapsak Ahmedi,
Eýlärmiz oňa bedi,
Bar bolsa, Muhammedi,
Paralarmyz set hezar.

Şirin eýläp dillerni,
Aldap almyş illerni,
Ata-baba ýollarny,
Terk edip bolmuş bizar».

Wagyz aýdar: «Eý merdan,
Köňlüm gorkar ol ärden,
Çagyraýyn münberden,
Ol özün eýlär äşgär».

Wagyza gulak salyp,
Yşbu pendini alyp,
Barçasy razy bolup,
Oturdylar intizar.

Wagyz diýr: «Hak gudraty,
Pygamberiň hormaty,
Özüň bildir, eý feti,
On iki sowalym bar.

Eger özüň bildirseň,
Garşymda gelip dursaň,
Sözüm jogabyn berseň,
Mal bereý harwar-harwar».

Gahry gaýnap başyndan,
Turdy Aly joşundan,
Bardy wagyz pişinden,
Diýr: «Menem Ahmede ýar».

Gul bolarmyz takdyra,
Bilmes biz bu ýer nire,
Ne sözüň bolsa sora,
Soňra üç sowalym bar.

Metjit içre zuha dek,
Halklar diýdi Suha dek,
Aly bir aždarha dek,
Sürnüp durdy sütünwar.

Howpa düşer tende jan,
Lerzana geler jahan,
Wagyz diýer: «Eý juwan,
Gelmesin gahryň, zynhar».

«Aýdyşara ýok tabym,
Okara ýok kitabym,
Wagyz aýtsa jogabym,
Men sorar men beýekbar».

Şir sözün tamam etdi,
Dürs alan kelam etdi,
Nobat kapyra ýetdi,
Görüň, sowalyn sorar.

«Bir nedir, iki bolmaz,
Iki nedir, üç bolmaz,
Üç hem nedir dört bolmaz,
Bäş alta ýok barabar.

Bäş nedir, alty bolmaz,
Alty bar, ýedi bolmaz,
Ýedi hem sekiz bolmaz,
Dokuzdan sözle ahbar.

On nedir, on bir bolmaz,
On bir hem onki bolmaz,
Onkiden on üç bolmaz»,
Diýp, tamam etdi küffar.

Aly Hakyň Kitabyn,
Açyp magryfet babyn,
Aýdaý Wagyz jogabyn,
«Diňleýiň, eý şähriýar.

Taňry bir, iki bolmaz,
Iki − Aý, Gün üç bolmaz,
Üç witir hem dört bolmaz,
Dört anasyrdyr çahar.

Bäş namazdyr bil, bäş wagt,
Altydyr alty jähet,
Ýedi dowzah, sekiz jennet,

Dokuzdan jümle karar.

On hajyýan işi hup,
On bir piseri-Ýakup,
On iki aýdyr mergup,
Diýr dahy ne sözüň bar».

Rastdyr diýp, açdy agyz,
Hat edip ýazdy kagyz,
Kabul eýledi wagyz,
Hem barça halaýyklar.

Wagyz durdy belige,
Kaýyl boldy welige,
Halklar aýtdy Alyga
«Sen sora ne sözüň bar».

Aly açdy kitabyn,
Döküp gözünden abyn,
«Aýtsa wagyz jogabyn,
Barça birden aýdyňlar».

Aly diýr: «Wagyz diýsin,
Wagyz sözün şa diýsin,
Şa diýdigin halk diýsin,
Men hem sorar beýekbar».

Halk ondan bolyp ägä,
Kabul etdiler nägä,
Wagyz, wezir, halk-u şa,
Barça etdi ygtyýar.

Şiri-Huda şat bolup,
Hudaga şükür kylyp,
Nobat Alyga gelip,
Sorasyn şiri-Jepbar.

«Nedir Arşa bitilmiş,
Bergi-Tuba bitilmiş,
Behişt gapa bitilmiş»,
Diýp, tamam etdi güftar.

Wagyz eýledi pikir,
Kylmak gerek diýp zikir,

Wagyz gördi, iş çukur,
Aýtmakçy boldy, eý, ýar.

«La ilähe illalla,
Muhammet resulalla»,
Üç diýp muny halk-u şa,
Musulman boldy küffar.

Şa, wezirdir özlerge,
Hor tutmadyk gözlerge,
Aýtmak wajyp bizlerge,
Diýdiler bolduk ykrar.

Halka yglam berildi,
Küpürden din öwrüldi,
Dine taglym berildi,
Kyldylar gusul küffar.

Hak ondan rehmet saçyp,
Nur gelip, zulmat gaçyp,
Şa Aly boýnun guçup,
Köp ýyglady zary-zar.

Diýr: «Eý şahy-welaýat,
Biz hoşwagt olduk gaýat,
Senden tapdyk hidaýat,
Sen yslam etdiň äşgär».

Soradylar gelgenin,
Ol hem aýtdy bolganyn,
Her ne zer ýygylganyn,
Etdiler oňa nisar.

Ýüz müň altyn biýr nagty,
Çep goýnuna byrakdy,
Aldy, galadan çykdy,
Geldi ak guş zernigär.

Owwalky kimin etdi,
Guş aýagyn bek tutdy,
Guş uçup, howa gitdi,
Eýledi dahyly-dar.

Jöhitler garşy gelip,

Ygzaz-u ekram kylyp,
Barçasy razy bolup,
Mal berdiler bişumar.

Hakga eýläp zarlaryn,
Bile alyp barlaryn,
Getirdi oglanlaryn,
Patma ondan bihabar.

Şek eýleme bu köýde,
Artygyn goýup öýde,
Kyrk müň altyn jöhide,
Berdi ol şahy-sapdar.

Jöhit hem pulun aldy,
Aly metjide geldi,
Ol pygamberi gördi,
Salam eýledi eý, ýar.

Bu iş hezrete laýyk,
Resula bolmuş aýyk,
Resul aýdar: «Halaýyk,
Ne kylmyş şiri-Jepbar

Aly metjitden gitdi,
Gör, niçe işler bitdi,
Bir şähri musulman etdi,
Halk namaza intizar.

Işler gördi hakyda,
Geldi durdy gapyda,
Resul aýdar: «Alyda,
Soraňlar, köp habar bar».

Aly ol tutan guşun,
Hak üçin eden işin,
Bir şähr musulman edişin,
Jümläge berdi ahbar.

Habaryn berdi Haýdar,
Diýrler: «Allahu ekber»,
Täsin galdy pygamber,
Soň namaza durdular.

Hak diýp gözden döküp hun,
Her kim munda berse don,
Bu dünýäde bire on
Berer ol Perwerdigär.

Bir uftada-düşgüne,
Köňül gelse joşguna,
Hak üçin Aly yşgyna,
Bir berene on taýýar.

Aly ger muny ýazdy,
Möminler köňli gyzdy,
Bolar ahyret muzdy,
Bihasab-u bişumar.

Janym jurga mestidir,
Köňlüm Hak peýwestidir,
Dostum Aly dostudyr,
Ger yhlasyň bolsa bar.

Magtymguly, men jana,
Ynanmas men jahana,
Dogada ýat kylana,
Eýäm bolsun medetkär.

JAN IÇINDE

Pikir kyldym ýer-gögi
Akylsyz jan içinde.
Gördüm, jan hem «Alla!» diýr,
Et, siňir, gan içinde.

Gider ýoluň bilmeseň,
Dogry ýola gelmeseň,
Haky ýada salmasaň,
Galdyň arman içinde.

Ýerden çykan nebatlar,
Gyzyl güller, gök otlar,
Gapyl adam, bu zatlar,
Külli perman içinde.

Nebsiň aýdar: «Hoş bolsam,
Gökjeklere duş bolsam,

Iýsem-içsem, hoş bolsam,
Ýatsam eýwan içinde».

Köňül, sen bir bazar sen,
Her işe bir gyzar sen,
Dönsem diýer gezer sen,
Jürmi-usýan içinde.

Ýaýylar ganat-perler,
Hup açylar depderler,
Bölek-bölek kepderler,
«Hüw!» diýr harman içinde.

Bilbil aýdar: «Keşigem,
Bahara gözleşigem,
Gülzar üçin aşygam,
Bagy-bossan içinde»

Aşyk aýdar: «Illalla!»
Garynja «Alhamdililla!»
Leglek diýr: «Kulhuwalla!»
Hannan-Mennan içinde.

Ýarasa aýdar: «Ýa, Möwla,
Saldyň meni bu ýola,
Berme, Aý, Güne, ýele,
Sakla pynhan içinde!».

Anka aýdar: «Ýolçyýam»,
Hüthüt aýdar: «Ilçiýem,
Süleýmana sawçyýam
Ýalan-jahan içinde».

Bezgek galyp haýrana,
Haýran bakyp her ýana,
Dummuý çykyp seýrana,
Gezer döwran içinde.

Durna diýr: «Per açar men,
Bagdat suwun içer men,
Gyş Hindistan göçer men,
Lälezaran içinde».

Baýguş aýdar: «Derdim bar,

Tesbihim bar, wirdim bar,
Weýranada ýurdum bar
Zary-girýan içinde».

Yshak aýdar: «Pakyr men,
Gullugymga hakyr men,
Hak ýadyny okyr men,
Şam-şebistan içinde».

Musyja diýr: «Gider men,
Geldim, bildim – öter men,
Üç agajny çatar men,
Guzlap, weýran içinde».

Laçyn aýdar: «Joşumdan,
Mest boldum öz huşumdan,
Galdym Taňry işimden,
Bendi-zyndan içinde».

Turaç dili senada,
Ördek dili dogada,
Gazlar galkyp howada,
Gözi umman içinde.

Gumrular owaz bilen,
Tawus işi näz bilen,
Kaknus guş müň saz bilen,
Şol Hindistan içinde.

Toty guşlar razlaşyp,
Emri-Haky gözleşip,
Adam dilin sözleşip,
Gezer ynsan içinde.

Torgaý hezar Eýäm diýr,
Ajaýyp hoş eýýam diýr,
Dowzah ody haram diýr,
Ahyrzaman içinde.

Bilmez pelegiň ferjin,
Ýeldir, tutmuş Gök burçun,
Bir bölejik gögerçin,
«Hüw!» diýr harman içinde.

Keýik aýdar: «Aglar men,
Haka sydkym baglar men,
Balalarmyň derdinden,
Ýüregim gan içinde».

Gurt aýdar ki: «Üzer men,
Nirden kylsam güzer men,
Ryzkym arap gezer men
Çöl-beýewan içinde».

Ýedi ýer bolmuş bina,
Her zat okar bir sena,
Otlar hem diýr: «Repbena!»
Nowruz-baran içinde.

Kyýamat gün eliňden,
Habar biýrler halyňdan,
Gaýtgyl ýaman ýoluňdan,
Gördüň Furkan içinde.

Umytly bol Ýusup dek,
Sabyrly bol Eýýup dek,
Ger ugraşsaň Ýakup dek,
Derdi-Kengan içinde.

Nebsim aýdar: «Hoş eýle,
Jamy-jurga noş eýle,
Keremiňe duş eýle,
Taňla diwan içinde».

Magtymguly, özüňe
Bak, ýaş getir gözüňe,
Aýyplaşmaň sözüme
Ýar-u ýaran içinde.

IÇINDE

Imanym erkanadyr,
Bu gözel jan içinde.
Namartlar döwranadyr
Akmak soltan içinde.

Ykbal atyn sürmedim,
Ajap zaman ýörmedim,
Leýli diýer görmedim

Sen dek Mejnun içinde.

Ýüregim oda dagly,
Yzym gördüm soragly,
Kuýaşym huna bagly,
Jigerim gan içinde.

Diýer kebap ol nara:
— Goýduň sen çoh azara.
Dahan içre awara
Ýyglap dendan içinde.

Daşlar diýer: «Gallajam»,
Kemer diýer: «Men ajam»,
Daglar diýer: «Nalajam,
Başym duman içinde».

Haýwan içre ymmatam,
Ne ajaýyp suratam,
Bedew diýer: «Gymmatam,
Bardyr çaman içinde».

Balyk aýdar: «Ýüzerem,
Deştden golum üzerem,
Men erkana gezerem,
Uly umman içinde».

Gül diýer: «Boýalmyşam,
Bilbilden uýalmyşam,
Indi, neýleý, solmuşam,
Gyşda hazan içinde».

Bilbil diýer: «Jan-tenim,
Bag içinde her günüm,
Meýlisdedir mesgenim,
Saýrap, reýhan içinde».

Bars diýer: «Toba kyldym,
Tabana hemra boldum,
Daýym bendi men galdym,
Mahy-taban içinde».

Meý diýer: «Men içildim»,
Güller diýer: «Açyldym»,

Anbar aýdar: «Saçyldym,
Bagy-bossan içinde».

Kelam aýdar: «Sözlerim,
Ýüzleşipdir ýüzlerim».
Diýer gördüm: «Gözlerim
Ýary-jenan içinde».

Mal aýdar: «Men ykbal men»,
Düýşler diýer: «Ahwal men»,
Güftar aýdar: «Asal men,
Şirin zyban içinde».

Namart her dem diýr: «Aman.»
Diýer mert: «Bergil duşman»,
Aýdar ol şirin zyban:
«Jaýym dahan içinde».

Aşyk diýer: «Perwan men»,
Yşk aýdar: «Suzan men»,
Magtymguly, haýran men,
Pany jahan içinde.

MAGŞARNAMA

Gardaşlar, gün-günden beter bolupdyr,
Ýyl-ýyldan bidgatlar gelse gerekdir.
Hamr içen-u, zyna kylan, jahana,
Belli meşhur bolup dolsa gerekdir.

Musulman gardaşlar, dönmäň bu ýoldan,
Geçer siz Syratdan, inçedir gyldan,
Deçjal geler diýrler bir niçe ýyldan,
Äleme bir gowga salsa gerekdir.

Gözi birdir, gara geýmiş kaddyna,
Garyp ýanar haramynyň oduna,
Şam şerif-u Ruma, Mekge, Medinä,
Musulmanlar gaçyp, dolsa gerekdir.

Isa, Mäti gelse, adyldyr, datdyr,
Ýajuj, Mäjuj gelse, zulum-haýhatdyr,
Gulagy ýer südrär, bir ýowuz zatdyr,
Kap dagyny deşip, gelse gerekdir.

Galam titrär ýetimleriň zaryndan,
Joşgun geçer aşyklaryň serinden,
Gök opurlyp, daglar sarsar ýerinden,
Ysrapyl suruny çalsa gerekdir.

Derýalar gurarlar, suwlar çekiler,
Aý, Gün hem tutular, ýyldyz döküler,
Beýik daglar erär, Ýer, Gök ýykylar,
Ýalňyz Möwlam Özi galsa gerekdir.

Ajal gelse, bende hany-manyndan,
El üzer il-günden, şirin janyndan,
Allanyň emrinden, Hak permanyndan,
Ezraýyl öz janyn alsa gerekdir.

Hakdan gaýry janly-jandar galynmaz,
Ysrapyl jan tabşyr, sur hem çalynmaz,
Kyrk gün ýagmyr ýagar, ýer-gök bilinmez,
Ýaňydan gögerip galsa gerekdir.

Bir Byragy hülle bile bezärler,
Altyn-kümüş, gyzyl-ýaşyl düzerler,
Dört perişde dirilibän gezerler,
Muhammet gabryna gelse gerekdir.

Seda çykar perişdäniň perinden,
«Lepbeýk!» diýip turup geler ýerinden,
Gabr ýarylar, gum döküler serinden,
«Waý, ymmatym!» diýip galsa gerekdir.

Köňül gaýga düşer magşar gamyndan,
«Hany ymmatym?» diýp sorar Eminden,
Başyn sejdä goýar, galmaz zeminden,
«Gal!»diýp, Hakdan ylham bolsa gerekdir.

Ysrapyl suruny alar goluna,
Gözün diker Kadyr Hakyň ýoluna,
Çygyr, seda çeker sagy-soluna,
Jümle-jandar jana gelse gerekdir.

Asgyrşyp-asgyrşyp, görden çykarlar,
Turarlar, asmana gözün dikerler,
Boýurganşyp, degre-daşa bakarlar,
Kyrk gün haýran bolup, dursa gerekdir.

Görerler, gurt-guşlar gaçmaz ýanyndan,
Deryalar gyzdyrlyp gelmiş şanyndan,
Her kimse öz söwdüginiň ýanyndan,
Bile-hemden bolup, gopsa gerekdir.

Zebanyýa melekler gürzini tutmuş,
Terezi gurulmyş, Gün nury gitmiş,
At beren — Byrag müner, don yhsan etmiş,
Dony hülle bolup, gelse gerekdir.

Beýik diwan gurlar, bir iş düzüler,
Gün ýüzi çöwrüler, älem gyzylar,
Beýniň jygyr-jygyr gaýnap syzylar,
Beren nanyň saýa bolsa gerekdir.

Pyrgun, Haman, Şetdat, niçe kapyrlar,
«Ölüpdik!» diýp, haýran bolup durarlar,
«Bizi kim direltdi?» diýip sorarlar,
Mömin gullar jogap berse gerekdir.

Şatlyklary gaýgy bilen dep bolar,
Ot çakylar, gowgalary köp bolar,
Ahyrynda ýüz ýigrimi sap bolar,
On iki guruh edip, sürse gerekdir.

Bir guruhy hynzyr bolup gezerler,
Bir guruhy maýmyn bolup azarlar,
Bir guruhy kör-ker bolup gezerler,
Etmişi alnyna gelse gerekdir.

Kimsäniň teninde ot-ýalyn oýnar,
Kimsäniň agzynda gan, iriň gaýnar,
Amalsyz mollalar dillerin çeýnär,
Ony Repbim şeýle kylsa gerekdir.

Kimse ot tammanly jöwrener öter,
Kimisi mest bolup ýykylar ýatar,
Kimsäniň aýagy alnynda biter,
Başy bilen ýöräp, gelse gerekdir.

On gat gyzgyn demir düşek ornuna,
Nowhageriň başy düşer burnuna,
Dili süýner, düşer ýeter garnyna,

Emelne çolaşyp galsa gerekdir.

Mömin perman bulur, kapyr iç egser,
Ner, bugra boýunly ýylanlar towsar,
Halaýyk aglaşar permanda − ýekser,
Muhammet tuguny gursa gerekdir.

Gorky düşer pygamberler janyna,
Ogul gelmez atasynyň ýanyna,
Muhammet başlaýyp mizan düýbüne,
Ýaşyl alam gurup dursa gerekdir.

Gujaklar «Oglum!» diýp, Adam pygamber,
Ybrahym Halyl diýr: «Eý-ä, Biribar!»,
Musa, Isa aýdar: «Ýaradan Jepbar!»,
Her kim özün diläp alsa gerekdir.

Niçe pygamberler dogasy makbul,
Ne sagyny tanar, ne soluny ol,
Ýaşyn saçyp aglar Muhammet resul,
«Waý, ymmatym!» diýip, dursa gerekdir.

Halaýyklar sylmaz gözde ýaşyny,
Danyşar, soraşmaz kowum-hyşyny,
Meýdanda gurulan mizan başyny,
Ysrapyl tutuban dursa gerekdir.

Kapyry bezärler ataş donuna,
Sürerler, elterler dowzah ýanyna,
Palanly gatyr dek bolup şanyna,
Bugra boýun möýler soksa gerekdir.

«Haraý!» diýr, ýetişmez kimse haraýy,
Eşek dek aňňyryp, doldyr saraýy,
Iýmişi zäherdir, içgisi awy,
Ebedi zyndanda galsa gerekdir.

Imdi geldik, mömin gullar nädermiş,
Haýsy işe, haýsy ýola gidermiş,
Muhammet hatyrna ýalkaw edermiş,
Bilmeýenler muny bilse gerekdir.

Mömin gullar geçip giderler ýol dek,
Kimi ýyldyrym dek, kimisi ýel dek,

Kimi ýüwrük at dek, kimisi sil dek,
Kimi uçar guş dek geçse gerekdir.

Üç müň ýyllyk ýoldur, müňi çykyşdan,
Bir müňi hemwardyr müňi inişden,
Garadyr gijeden, ýiti gylyçdan,
Kim gije-gündizde geçse gerekdir.

Kim on günde geçer, kimi bir aýda,
Kimi gulan ýaňlyg kyçgyr saraýda,
Kim bir ýylda geçer, kimi kyrk aýda,
Soňy bäş müň ýylda ötse gerekdir.

Munça müň ýyl ganlar ýyglap geçensoň,
Syrat köprüsinden aňry geçensoň,
Köwser sakysyndan şerap içensoň,
Ýigit-goja bir ýaşa gelse gerekdir.

Ýigitler ýaşyl täç goýar başynda,
Ýusup jemalynda, Isa ýaşynda,
Dawudyň ornunda otuz bäşinde,
Her kim öz söwdügin alsa gerekdir.

Ýetmiş hülle geýip, tagta gonarlar,
Zeberjet uýanly Byrag münerler,
Iýerler, içerler seýran kylarlar,
Ölmez-ýitmez, jawdan galsa gerekdir.

Ýetmiş hüýr gyz düşek düşär astyna,
Ýetmiş hüýr gol gowşyr durar kasdyna,
Tuba agaç saýa salar üstüne,
Hakyň jemalyny görse gerekdir.

«Dünýä bu dünýä» diýr ýatan serhoşlar,
Ynanmaýan kapyr bolar gardaşlar,
Magtymguly aýdar, geler bu işler,
Kyýamat gün gullar görse gerekdir.

ARTSA GEREKDIR

Haçan ýakyn bolsa ahyrzamana,
Pisat iş gün-günden artsa gerekdir.
Halkyň eýlegeni pygly ýamana,
Haýratdan ellerin tartsa gerekdir.

Alymlar, derwüşler sözlärler sagy,
Raýatlary bolar patyşa bagy,
Musulmanlar bolup bir-birge ýagy,
Oglan-uşaklaryn satsa gerekdir.

Dürli-dürli bela äleme dolgaý,
Medresede ylym okymak galgaý,
Alymlar hamr içip, zynalar kylgaý,
Zelalat bahryna batsa gerekdir.

Deçjal diýen ýaman kapyr bolarmyş,
Yspyhan şährinden hyruç kylarmyş,
Uzakdan ýer ýüzün tamam alarmyş,
Isa, Mäti heläk etse gerekdir.

Nuhuň ogly Ýafes ol hem öwlatdyr,
Musulmanlar işi ahy-perýatdyr,
Ýajuj-Mäjuj diýgen bir turpa zatdyr,
Kap dagyny deşip gelse gerekdir.

Ýer oýular diýrler ýene üç jaýdan,
Dabbetil-arz çykar niçe ýyl-aýdan,
Şerigat göterler pakyrdan, baýdan,
Ýüz ýyllyk jahany tutsa gerekdir.

Älem titrär zalymlaryň zulmundan,
Hiç kimse soramaz mazlum halyndan,
Bir uly ot çykar Ýemen şährinden,
Has-u a:am, barçany sorsa gerekdir.

Muny Ysrapyla perman eýlegeý,
Ysrapyl hem şol dem suruny urgaý,
Barça jandar eşdip, birden jan bergeý,
Möwlam ýalňyz özi galsa gerekdir.

Kyrk gün ýagmyr ýagar, Aý, Gün bilinmez,
Howanyň ýüzünden duman aýrylmaz,
Suw çekiler jahan gurar, nem bolmaz,
Kyrk ýyl şeýle bolup dursa gerekdir.

Ysrapyl hem galmaz, ýene Jebraýyl,
Mikaýyl-u Garkaýyl-u Rewaýyl,
Barçasynyň janyn alyp Ezraýyl,

Ýene öz janyny alsa gerekdir.

Kyrk ýyldan soň ýene Halykyl-eşýa,
Ysrapyly ýene eýleýip yhýa,
Urgul suruňy diýp eýleýir nida,
Ysrapyl suruny ursa gerekdir.

Gurt-guş bilen barça adam direler,
Dört mukarrap melaýyga buýrular,
Bir Byraga tylla eýer goýular,
Muhammede engam bolsa gerekdir.

Dört mukarrap melaýyklar gezerler,
Bir Byragy turpa ajap bezärler,
Tylla eýer, lagly-göwher düzerler,
Muhammet gabryna gelse gerekdir,

Seda çykar perişdäniň birinden,
«Turgul Muhammet» diýp, «ýatan ýeriňden»,
«Lebbeýk» diýip turar ýatan ýerinden,
«Waý, ymmatym» diýip dursa gerekdir.

Resul Jebraýyldan ol dem soragaý:
«Ymmatymyň haly ne boldy» diýgeý,
Ýer üzre başyny sejdede goýgaý,
Soňra Hakdan ylham bolsa gerekdir.

Maksadyň ymmatyň bolsa Habybym,
Berdim bolsa laýyk haýsy behişdim,
Behişt içre baryp boluňlar mukym,
Taňry beýle yhsan etse gerekdir.

Yusup jemalynda täç zer başynda,
Ýigit-garry hemme on bäş ýaşynda,
Zowky-tomaşalar sürerler onda,
Gaýgy-gam, gussalar galsa gerekdir.

Ýene göz görmegen nazy-nygmatlar,
Köňlüňe geçmegen aýşy-eşretler,
Bäş ýüz ýyllyk belent, ajaýyp tagtlar,
Mömin gullar oňa münse gerekdir.

Oşol gaýgy-gamly, hasratly günde,
Taňry − kazy, resul şafkat kylanda,
Magtymguly asy, kemine bende,
Şepagatdan umyt etse gerekdir.

ÖTGÜL, PYRAGY

Goluňa alyp sen dünýe zynatyn,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.
Pynhan kylma ýagşy-ýaman, bar zatyň,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Gaýry il zar bolup etrapdan baksyn,
Jeýhun bahry joşup, Gürgene aksyn,
Gözel iliň seniň gaflatdan çyksyn,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Neýlär sen, köp namart hata eýledi,
Mürewwet kyldylar, seta eýledi,
Jem bolup, erenler pata eýledi,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Umydygär bolma bahyl malyna,
Wabeste eýlegil merdiň ýoluna,
Jyza berme, tutmaz, namart goluna,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Eşk döküp dideden, kylmagyl arman,
Terk edip watany bolmagyl rowan,
Meý içip, bezm eýläp, kyl janyň gurban,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Diý baryn, erer sen güftary-suhan,
Lutp eýle iliňe, kylmagyl pynhan,
Diýgeniň dür bolsun, ajap jawydan,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Subhy-şam gönüňi eýlegil handan,
Türki, Bulgar, Parsy − bolsunlar haýran,
Gül bitiren her dem serwi-huraman,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Edna bolma guýun degse başyňa,
Enjümen eýlegil ili daşyňa,

Dilhah istäp, Firdöws geler gaşyňa,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Diliň bolsun daýym yzhary-güftar,
Serefraz sen, bolmaz seriňde azar,
Wazzuha eýleýip, gurar sen bazar,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Merhaba, alnyňda «...zeýýennes-sema»,
Ferawan iliňe köwseri-aba,
Asal dessan bergil ile merhaba,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Dana men diýp, misginleri unutma,
Afzal men diýp, namartlara baş gatma,
Erk isteýip, ajap dessanyň satma,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Ile ýagma degse, çyk sen söweşe,
Görogly dek esräp girgin döwüşe,
Mundan gaýry fuzun kylma bir işe,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Iliňi eýlegil jahan serferaz,
Goluňda götergil daýym bähri baz,
Kyldygyň çoh işler barçasyn beýaz,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Bossanyň bitiren Erem nahaly,
Mahy-taban roýy jennet mysaly,
Syýa zülp «Welleýli» gaşy hilaly,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Magtymguly, indi goja galyp sen,
Ýagşylara her dem hemra bolup sen,
Zeberdest ärlerden pata alyp sen,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

SÖZLÜK

A

Ab (ap) — suw. Aby-haýat — dirilik suwy. Aby-Köwser — Köwser suwy. Behişde akýan Köwser atly süýji çeşmäniň suwy. Aby-Zemzem — Mekge şäherinde, Käbäniň günorta-gündogarynda ýerleşýän guýy.
Aba (aba:) I — Aba (erkekleriň geýýän ýeňsiz, ýüňden dokalan giň oýluk kysym üstki eşigi).
Aba (a:ba:) II — Ata, kaka.
Abd — gul, bende.
Abdal — derwüş, galandar.
Able — mama keseli
Aby-meni — tohumlyk suw, döl.
Adem —ýokluk, bolmazlyk, ýok bolma.
Afgy (apy) — uly ýylan, kepjebaş.
Aftap — Gün, Kuýaş, Güneş; ýagtylyk.
Afuw (afw) — ýalkaw, günäni geçme, ýalkama.
Afzal — 1. Iň ylymly, iň bilimli. 2. Iň ýagşy, iň gowy. 3. Afzal (has at).
Agaç — 6 km. töweregindäki uzaklyk ölçegi.
Agaz — başlangyç, baş, öň. Agaz eýlemek — başlamak.
Agba — «gaby» sözüniň köplük sany, tentekler, akmaklar.

Agla —1. Iň ýokary, iň belent. 2. Iň gowy, iň oňat.
Agmal — «amal» sözüniň köplük sany. Etmişler, edilen işler.
Agrap — 1. «Arap» ýa «agraby» sözleriniň köplük sany, araplar. 2. Göçüp-gonup ýören araplar, bediunlar.
Agýar — 1. Başga, keseki, ýat. 2. Bäsdeş, rakyp, ýagy.
Agzam — beýik, uly. Arşy-agzam — beýik Arş, iň ýokarky asman.
Ahat — 1. Bir, ýeke, ýalňyz. 2. Hudaýyň bir ady. 3. Ahat (has at).
Ahenger — demirçi, demirçi ussa.
Ahmedi — Muhammet pygamberiň (Ahmediň) dinine uýan, musulman.
Ahmet — Muhammet pygamberiň bir ady.
Ahram – mukaddes, päk, eldegrilmesiz.
Ahsan — ajap, iň oňat, iň gözel, örän gowy.
Ahtar — 1. Ýyldyz. 2. Täleý, takdyr. Ahtary-bet — betbagtlyk ýyldyzy.
Ahwaly-ajyp — geň ýagdaý, haýran galdyryjy ahwal, täsin ýagdaý.
Ahýarlar — haýyrly adamlar, haýyr iş edýänler.
Akaba — 1. Ýol, ýörelge. 2. Ýap, aryk. 3. Kynçylyk, kyn, agyr iş.
Akbet — Seret: Akybet.
Akrap — içýan.
Akt — akt, şertnama.
Aktab (Aktap) — 1. Polýuslar, guşaklyklar. 2. Şalar, jenaplar, tirebaşylar.
Akybet — soň, ahyr, gutaryş.
Akyk — daşyň bir görnüşi, hakyk.
Al I — hile, aldaw, pirim, mekirlik.
Al II — 1. A:l, arwah; 2. Salgym, hyýal, hyýalda göz öňünde janlanma.
Al III — mämişi kakýan gyzyl reňk, gyzyl, gyrmyzy.
Al IV — 1. Alyn, maňlaý. 1. Öň, öň tarap.
Alaç — 1. Tebipçilik. 2. Derman, em etme. 3. Iş dolandyrma.
Alahide (Alahede) — özbaşdak, aýry, ýeke.
Alam — baýdak, tug, sanjak.
Alas-sabah — erte, irden, daňdan.
Alhamdulilla — öwgi Allanyňkydyr, öwgi Alla degişlidir.
Allahu ekber — Alla has beýikdir.
Alp — batyr, gaýduwsyz, ýürekli.
Aly (a:ly) — beýik, ýokary. Aly jah — beýik mertebeli, uly abraýly. Döwrany-aly — bagtly döwran.
A:m (aam) — 1. Garamaýaklar, garyplar, köpçülik. 2. Sowatsyz, düşünjesiz. Has-u a:m — ýokary gatlak we garyplar, bilimliler we sowatsyzlar.
Amud (amut) — 1. Sütün, pürs. 2. Gürzi, tokmak, çomak.
Amuhta — endik eden, öwrenişen, öwrenen, öwredilen.
Anbar I — 1. Ammar, ury, üýşmek. 2. Dükan. 3. Ders, dökün. 4. Mal iýmiti.
Anbar II — müşk ýaly ýakymly, hoşboý ysly madda (ambra).
Anjak — şeýle, şunuň ýaly.
Anka — hyýaly guşuň ady.
Ant derýa — güýçli akýan derýa, uly derýa.

Apat — bela-beter, betbagtçylyk, uly howp.
Apy (afgy) — zäherli uly ýylan.
Arasat — 1. Meýdan. 2. Harasat, kyýamat, ahyret, gowga, goh, topalaň.
Araýyş — bezeg, bezeme. Araýyşy-jan — janyň, ýaşaýşyň bezegi.
Arbalet — gadymy slawýan halklarynyň biriniň serkerdesi ýa-da şolara degişli ýarag, harby guralyň ady.
Arbap – 1. Hojaýynlar. 2. Patyşalar, hanlar.
Argumak (argamak) — 1. Bedew at. 2. Dag keýigi.
Arguwan — 1. Gyzyl reňkli, gyzyl gülli, kebelek şekil ýaprakly ösümlik (ercis siliguasturm). 2. Şerap, gyrmyzy şerap; 3. Söýgüliniň gyrmyzy dodagy.
Armagan — sowgat, serpaý.
Arş — 1. Asman, gök. Asmanyň iň belent ýeri. 2. Belentlik.3. Tagt. Arşda-ferşde — gökde-ýerde. Arşy-agzam — beýik Arş, iň ýokarky asman.
Arşyn — uzynlyk ölçegi, gez, tirsekden barmagyň ujuna çenli bolan aralyk (71 sm. möçberindäki uzynlyk).
Arwah — ruh sözüniň köplügi, ruhlar.
Arwana — 1. Düýäniň bir görnüşi. 2. Ýabany gül (fialka)
Ary (aryg) — 1. Arassa, dury. 2. Boş, ýalaňaç.
Aryf (aryp) — 1. Akylly, dana, bilimli. 2. Sopy.
Aryk I — hor, arryk.
Aryk II — ýap, akaba, akar.
Arz I — 1. Ýer, ýer togalagy. 2. Ýurt, ülke. Arz-u sema (Arzy-sema) — ýer we asman. Arzy-Kars – Kars ülkesi. Arzy-şerip — mukaddes ýer.
Arz II — şikaýat, haýyş, beýan etme.
Arzuwment — arzuwly, umytly, arzuw ediji.
Asa — hasa (taýak).
Asal — bal.
Asan — aňsat, kynçylyksyz, aňsatlyk bilen.
Asar — 1. «Eser» sözüniň köplük sany, yzlar, nyşanlar. 2. Täsirler. 3. Alamatlar. 4. Eserler, ýadygärlikler.
Asdak — dogry, mynasyp, has laýyk.
Astan — 1. Bosaga, gapynyň öňi, girelge. 2. Şa köşgi. 3. Keramatly mazar. Ýassan astany — keramatly dergähleri düýnemek, mukaddes ýerlere baş egmek, zyýarat etmek.
Astana — 1. Keramatly kişiniň mazary. 2. Zyýarat edilýän ýer.
Astyn, üstin — arap elipbiýinde ýazylan harplara goýulýan we degişli çekimli sesleri aňladýan belgiler.
Asy — 1. Günäkär, ýazykly, etmişli. 2. Topalaňçy, gozgalaňçy, baş göteren.
Asyýa — degirmen.
Aşnalyk — tanyşlyk, dostluk.
Aşufta — tolgunýan, aljyraýan, çaşan, diwana, telbe, aşyk.
Aşyna — aşna, dost, ülpet.
Aşýan — höwürtge, ketek, kepbe.
Ata (Ata:) — berme, bagyşlama, bagyş etme, berim.

Ataş — ot, köz, ýalyn. Ataşy-suzan — ýakyjy ot, köýdüriji ot.
Ataşyn — ot ýaly, otly, köz ýaly gyzyl reňkli; otdan edilen, otdan ýasalan.
Awara — sergezdan, ykmanda, il-günden aýrylan.
Aýak (Aýag) — içgi üçin edilen jam, meý içilýän gap, käse.
Aýaklaşma — 1. Depişme. 2. Mal öldürip, etini paýlaşma, üleşik.
Aýat — 1. Gurhanyň bir bölegi (aýat). 2. Belgi, nyşan, alamat. 3. Delil, subutnama. 4. Täsin zat. 5. Ybrat, sapak, görelde.
Aýd (aýt) — baýram, baýramçylyk.
Aýende — geljek, indiki, geljekdäki.
Aýn — 1. Göz, garaýyş, bakyş, görüş, görnüş. 2. Çeşme. 3. Aýn (harp ady). 4. Aňtawçy, garawul, sakçy. 5. Aýratyn şahs, belent mertebeli adam.
Aýnal-baky — bakylyk çeşmesi, ömürlik gözbaş.
Aýyk — aýdyň, äşgär.
Aýyl bolmak — akyla aýlanmak, aýňalmak, seljermek.
Aýyn — 1. Ýol, ýörelge, adat. 2. Kada-kanun. 3. Bezeg, zynat. 4. Baýramçylyk, dabara.
Aýýar — hilegär, talaňçy; söweşde aýratyn maksatlar üçin ulanylan dürli hilelere, tilsimlere we ş. m. ökde adam.
Aza — 1. Sabyr, kanagat. 2. Ýas. Sahyby-aza — sabyrly, kanagatly.
Azabun-nar — ot azaby.
Azada — 1. Mähriban, mertebeli. 2. Azat, erkin. 3. Päk, arassa. 4. Liliýa, serwi agajy.
Azady-nar — dowzah odundan azat bolma.
Azazyl — şeýtan.
Azergun — köz reňk, sarymtyl gyrmyzy gül.
Azher — has aýdyň, has äşgär, has belli.
Azm etmek — ugramak, ýola düşmek, girişmek.
Azmaýyş — barlag, derňew.
Azym — beýik, belent.

B

Bada — çakyr, şerap içgi.
Bagd ez an — ondan soň, soňra.
Bagrysema — ýyldyrym.
Bagşaş — sahylyk, jomartlyk, berim, sowgat.
Bagy — 1. Zalym, zulum ediji 2. Sülçi, kazy 3. Dönük, haýyn; gozgalaňçy.
Bagy-ryzwan — jennet bagy, behişt bagy.
Bagyýan — «Bagy» sözüniň köplük sany. 1. Zalymlar, zulum-sütem edijiler. 2. Sülçüler, kazylar. 3. Dönükler, haýynlar; gozgalaňçylar.
Bagzy — birnäçe, käbir, ençeme; käbirleri, ençemesi.
Bahabar — habarly, bilýän, habardar.
Bahadyr — batyr, edermen.
Bahr — deňiz, derýa. Bahry-umman — deňiz we umman.

Bahs — jedel, dawa-jenjel, bäsleşik. Bahsy-jeň — uruş we dawa.
Bahünär — hünärli, ussat; akylly, düşünjeli.
Baka — bakylyk, ebedilik, hemişelik.
Bakgal — azyk harytlaryny satyjy.
Bal — ganat. Bal urmak — uçmak, ganat kakmak.
Balaman — garçygaý, awa salnýan elguşuň bir görnüşi, algyr, elguş.
Balyg — ýetişen, kämil, kämillik ýaşa ýeten.
Bam — 1. Ertir, säher, şapak, ýagtylyk, nur. 2. Gan. 3. Jaýyň üsti. 4. Eýwan. 5. Borç, bergi. El bam — borçly.
Bamdat — daň, säher, irden. Namazy-bamdat — ertir namazy, daň namazy.
Baňzede (bengzede) — 1. Aglaýjy, ses ediji; 2. Gygyrma, seslenme.
Baňgir — seslenýän, ýaň salýan, gygyrýan.
Bap — gapy, işik.
Bar — 1. Miwe, hasyl. 2. Ýük.
Baran — ýagyş, ýagmyr, ýagyn.
Baranja — baranda, baran wagtynda; baran badyna.
Bargäh — 1. Patyşanyň adamlary kabul edýän ýeri. 2. Köşk; patyşanyň göçüş çadyry.
Bark — ýyldyrym, ýalpyldy, ýagtylyk.
Barkeş — ýükçi, ýük çekiji, keşikçi.
Barnama – amal depderi. Howatyry-barnama — amal depderi boýunça kyýamatda hasap bermegiň howp-hatary, gorkusy.
Baruk — gurşun belilasy.
Basapa — 1. Sapaly, keýpli, hözirli; 2. Çaryýarlar; Abu Bekr, Omar, Osman we Alynyň bilelikde agzalýan lakamy.
Basr — göz, göreç.
Bast — giňeldiş, güllediş, göwnüni açyş.
Basyr — 1.Ýiti gözli, görgür; 2. Habarly, habar edilen, akyldar. 3. Hudaý, Alla; 4. Basyr (has at). Bola almaň basyr — habarly bolup bilmersiňiz, görüp bilmersiňiz, (köňül) gözli bolup bilmersiňiz.
Bat I — 1. Batly, haýbatly, çasly. 2. Boş, biderek.
Bat II — ýel, şemal. Bady-paý — ýüwrük at, çapylýan at. Bady-saba – säher şemaly. Bady-şütür – ýelmaýa, ýüwrek düýe. Bady-zut — çapgyn şemal, güýçli ýel.
Batyl — 1. Bozuk, biderek. 2. Kör. 3. Gömülen, baglanan.
Batyn — 1. Iç, içki. 2. Gizlin, ogryn. 3. Ruh, jan, göwün.
Bawer — ynam, ynanç, ynanma.
Baýza — 1. Gün, güneş. 2. Bir zadyň ortasy (jaýyň,şäheriň). 3.Ýumurtga. 4. Tuwulga (demir telpek).
Baz I — laçyn, elguş, algyr.
Baz II — ýene, ýene-de, gaýtadan, gezek.
Baz III —açyk
Baz IV — goşma sözlerde «oýun, oýnadýan» manylary aňladyp gelýär. Meselem: yşkbaz, humarbaz.

Baz V — dargatma, çym-pytrak etme.
Bazy — 1. Oýun. 2. Hile, mekirlik.
Bazygär — oýunçy, oýnaýan.
Bedel — özgeriş, üýtgeşiklik, galplyk, öwezine, derek.
Bedgat (bidgat) — 1. Göwün galma, öýke, agzalalyk, duşmançylyk. 2. Doňuz. 3. Täzelik, girizme, dine täzelik girizme, oňlanylmaýan täzelikler, ýeres (agalyk edýän diniň taglymatlaryna garşy gitme). 4. Bölünişik.
Bedkeş — çilim we beýleki neşeleri çekýän adam
Beder kylmak — ýok etmek
Behakky — haky üçin, hormaty üçin.
Behamdylla — Alla öwgi bolsun! Alla şükürler bolsun.
Behem — 1. Bile, birlikde, bir gezekde. 2. Biri-birine täsir etme; 3.Gamly, gaýgyly. Behem etmek — gazanmak, hasyl etmek.
Behl — günä geçme, bagyşlama.
Beleň — daglyk, uçut gaýalyk.
Beli — hawa, dogry, şübhesiz, elbetde.
Bender — 1. Buky, bukalga. 2. Deňiz boýundaky şäher. 3. Port, gämi duralgasy 4. Dag geçelgesi, geçit.
Bendeýi-hassy-Huda — Hudaýyň saýlantgy bendesi.
Bendil (Bentdil) — ýüregi bentli, kalby bagly, köňül öýi ýapyk.
Beni — ogullary. Beni Ishak — Ishak ogullary, Ishagyň neberesi.
Benin — akylly, dana, hormatly.
Bent I — bogun, siňir, damar.
Bent II — 1. Gaýgy, gam, betbagytlyk. 2. Ýalançylyk, pirim, ikiýüzlilik. 3. Ilgiç, dildirgiç. 4. Bag, baglanyş, zynjyr, gandal. 5. Guşak, kemer. 6. Germew, päsgelçilik, agyl. 7. Tussag etme, bent etme. 8. Bent, gaçy. 9. Goşgy bendi, şygyr. 10. Boýunturyk. Bendi-eserat — ýesirlik zynjyry.
Beňňi — 1. Beň çeken, beňkeş. 2. Akylyny ýitiren, akylsyz, nadan.
Berat (berat) — 1. Şaban aýynyň on dördi. 2. Hat, order, weksel, patyşa tarapyndan berilýän hat.
Berehne — ýalaňaç, çyplak.
Berf — gar, buz.
Berg (berk) — ýaprak.
Berhak — dogry, hakyky, çyn, hakykat.
Berhem — 1. Bulaşyk, bulam-bujar. 2. Aljyraňňy, alňasak.
Berkarar — mäkäm, berk, gaýym, durnukly.
Berke — köl, howuz.
Berpa — 1. Berk, durnukly, sarsmaz. 2. Aýaga galdyrmak, dikeltmek.
Berre — 1. Süýtden çykan guzy, ýaşajyk guzy. 2. Tokly. 3. Bezeg.
Bes — «bisýar» sözüniň gysgalan görnüşi. Köp, kän.
Besat — düşek, umumy düşelýän zatlar. Besaty-kurp — ýakynlyk düşegi, Alla ýakynlaşmak mertebesi; Hudaýa golaýlaşmak hormaty.
Best — 1. Suw paýy. 2. Işigiň ildirgiji. 3.Selle .4. Gaçyp atalga, gizlenilýän ýer. 5. Adamy gynamak üçin gapjadylýan gural. 6. Gandal, gandallama, daňma.

Beşer — adam, ynsan, adamzat.
Bet — ýaman, erbet, ýaramaz.
Bethüý — ýaman häsiýetli, erbet gylykly.
Betnam — ady ýaman, ýüzügara.
Betnema — gelşiksiz, görksüz, erbet sypatly.
Betsyýak — ýaman gylyk, erbet häsiýet, ýaramaz endik.
Bewl (böwl) — peşew, buşuk, siýdik, öl, suw. Bewl salmak – ýagmak, ýagyş ýagmak.
Bewş — 1. Şöhratparazlyk, ulumsylyk, gedemlik. 2. Ajaýyplyk. 3. Tanymallyk, meşhurlyk. 4. Güýçlülik.
Beý — beg.
Beýewar (beýekbar) — birden, tötänden.
Beýäz — 1. Ak, ap-ak. 2. Beýaz, dürli şahyrlaryň goşgular ýygyndysy.
Beýn — ara, aralyk, aradaşlyk, tapawut, parh.
Beýt — öý, jaý. Beýtil-ahzan — 1.Gam öýi; 2. Ýakup pygamberiň ogly Ýusupdan aýra düşenden soň gam-gussa çekip oturan külbesi. Beýtil-Mukaddes — Iýerusalim. Beýtin — öýde galan hossarsyz çaga, aýal.
Bezgek (bezgeldek) — 1. Bezbeltek. 2. Kiçijik suw guşy.
Bezm — toý, meýlis.
Bähre — peýda, nep, gazanç, haýyr.
Bährewer — peýdalanan, neplenen, peýda alan.
Biadat — sansyz, köp, çaksyz, çensiz.
Bibaka — hemişelik däl, wagytlaýyn.
Bibähre — peýdasyz,nepsiz, haýyrsyz.
Bibäk — gorkusyz, Alladan gorkmaýan adam.
Bidar — oýa, uklamaýan; habarly, ägä.
Bigaýat — çäksiz; çensiz, çaksyz, soňsuz.
Bigäne — keseki, gaýry, ýat.
Bigurur — pes päl, kiçigöwünli
Bihet — çäksiz, çensiz, möçbersiz.
Bihuda — biderek, dereksiz, ýerliksiz.
Bijin — 1. Müçe ýyllarynyň dokuzynjysy. 2. Maýmyn.
Bikr — 1. Gyz, gyzlyk; 2.Gm. päklik, arassa ahlaklylyk.
Bilik (bilig) — maslahat, geňeş, bilim.
Billa (billah) — Alladan ant içýän! Alla kessin! Hudaý kessin!
Bim — gorky, gorkma, howp, hatar.
Bimar — kesel, hassa.
Bina I — 1. Ymarat, jaý. 2. Jaýyň düýbi, dyrnagy (fundamenti).
Bina II — Göreç, görüji, görýän.
Binagäh — bihabar, tötänden, birden, garaşylmazdan.
Binehaýat — sansyz, köp, çäksiz, çensiz.
Binendeýi-eýýam — döwrüniň akyldary, öňden görüji.
Bini — burun.
Binowa — biçäre, ejiz, garyp, pukara.

Binýat (bunýat) — esas, düýp, düýbüni tutma, esaslandyrma.
Bipaý — aýaksyz.
Bipeýan – peýdasyz, nepsiz, haýyrsyz.
Birýan — ýanan, köýen, gowrulan. Birýan bagyrlar — 1. Bagry ýananlar, ejir görenler. 2. Sopular, pirler, danalar, köňül gözlüler.
Biser — başsyz, kellesiz.
Bismilla — Allanyň hatyrasyna, Allanyň haky üçin, Allanyň ady bilen.
Bisowt-u seda — sessiz-üýnsüz, gykylyk-galmagalsyz.
Bister — düşek, düşekçe.
Bisýar — köp, kän, zyýat, artyk. Maly-bisýary — köp baýlyk.
Biş — 1. Köp. 2.Takmynan. 3. Garşy-garşy. 4. Örän zäherli ösümlik ady.
Bişe — tokaý, jeňňel.
Bişumar — sansyz, köp, ummasyz.
Bitiklik — hat, ýazgy, ýazylgy.
Biweç — biderek, elinden zat gelmeýän, utançsyz.
Borýa — boýra, gamyşdan dokalan gödeksi düşek.
Bot (bota) — köşek.
Balaman — garçygaý, awa salynýan elguşuň bir görnüşi, aw guşy.
Böhtan — töhmet; böhtan baglamak — töhmet atmak, günä ýöňkemek.
Bud — barlyk, bar bolma, ýaşaýyş, durmuş.
Budela — «bedil» sözüniň köplük sany. Orunbasarlar, wekiller, ýagşyzadalar, hakykatçylar, dindarlar, ruhanylar.
Buguz (bugz) — kine, göwün galma, öýke, ýürek çişme.
Buhl — 1. Gysgançlyk, açgözlik. 2. Göriplik, görübilmezlik.
Bulgur — bulgur, bada. Bulgur bakymly — bakyşy ýesir ediji.
Bulmak — tapmak.
Buluşmak — tapyşmak, birek-birege gowuşmak, duşuşmak.
Burç — Asmandaky 12 sany aýry-aýry ýyldyzlar toplumy, zodiak.
Burkag — örtgi, perde, nikap.
Burran — kesgir, ötgür, ýiti. Tygy-burran – ötgür gylyç, kesgir gylyç.
Burun — öň, ozal, öňürti, ilki.
But — 1. Daşdan we şoňa meňzeş berk zatlardan ýasalyp, çokunylýan hudaýyň şekili. 2. Owadan, gelşikli, söýgüli, halanýan. 3. Magşuk, söýgüli.
Butparaz — buta çokunýan.
Buý — ys, kok.
Buza — darydan, ownuk tüwüden we ş. m. edilýän serhoş ediji içgi; piwo.
Buzahor — darydan, ownuk tüwüden we ş. m. edilýän serhoş ediji içgileri buza) içýän, arakhor, çakyr içýän, şerap içýän.
Buzaw — 1. Göle, höjek, tana, öküzçe. 2. Ýeriň ýokarky ýuka gatlagynyň aşagy bilen ýöreýän kellesi uly, uzynja möjek, mürzebaşy.
Byradar – dogan, aga, ini, erkek dogan.
Byrakmak — 1. Zyňmak, taşlamak, oklamak. 2. Goýbermek, boşatmak, rugsat bermek.

Ç

Çag — gowy, saz, kök, keýpli, hoşwagt.
Çaglamak I — 1. Çagyrmak, sygynmak, zikir etmek. 2. Ýat etmek, ýatlamak. 3. Ibermek, goýbermek.
Çaglamak II — bagyş etmek, pida etmek.
Çaglanmak — 1. Keýplenmek, begenmek. 2. Taýýarlanmak.
Çah (çaý) — 1. Guýy, çukur, gorp. 2. Zyndan
Çahar — dört, mukdar san.
Çak I — Seret: Çag I.
Çak II — 1. Dereje, het, çäk. 2. Çen, pikir, güman.
Çak III — Seret: Çakja.
Çakja — nas kädi.
Çal – garry, goja.
Çaman — sarç at, owadan, oýnaklaýan at, ýorga.
Çapak — 1. Ýyndam, çapyjy, çus, çapgyr, ýüwrük, tiz gidýän. 2. Çeýe, çalasyn.
Çapyk — 1. Ýüwrek, çapgyr. 2. Çalt, tiz, bahym, bejit.
Çaraýna – uruşda ok geçirmezlik üçin dört bölek metaldan ybarat bolan, sowuda dakylyp, gursakdan asylýan esbap.
Çar diwan — dört diwan, dört sany goşgular ýygyndysy, Alyşir Nowaýynyň (1441 – 1501) – «Manylar hazynasy» atlandyrylýan dört sany goşgular kitaby.
Çarh — 1. Tigir. 2. Aýlanyş, dolanyş. 3. Asman, gök. 4. Dünýä, ýaşaýyş. 5. Ýazgyt, täleý. Çarhy-pelek — döwür, döwrüň aýlanyşy, dünýä.
Çaşny — iýmitiň tagamy, iýmitiň, naharyň duzuny, tagamyny bilmek üçin alynýan bölek.
Çehre — ýüz, ýaňak, keşp. Gülçehre — gül ýüzli, gözel, owadan.
Çemen — gülzarlyk; bir çogdam gül.
Çenber — 1. Asman, gök. 2. Bag, ýüp. 3. Halka, tegelek zat, aýlaw, töwerek. 4. Ýaýjyk. 5. Başa daňylýan ýaglyk. 6. Boýunbag. 7. Gymmatbaha monjuk. 8. Erksizlik, ygtyýarsyzlyk, bendilik, gulçulyk.
Çeň — 1. Tarly gadym saz guraly (arfa, lýutnýa). 2. Penje, el. 3. Gaňyrçak, çeňňek, garmak.
Çeňňel (çaňňal) — penje, el, çaňňal.
Çeşm — göz, göreç, garak. Çeşme totuýa kylmak — 1. Göze sürme çekmek, gözüne reňk çalmak. 2. Derdine derman etmek, em etmek. 3. Bagryna basmak, gujaklamak. Zyýaýy-çeşm — gözüň nury, gözüň göreji.
Çeten — küme, çatma, kepbe.
Çetr — saýawan.
Çäk — ýyrtyk, dilinen. Çäki-giribän — ýaka ýyrtma.
Çäkir — 1. Hyzmatçy, gullukda durýan. 2. Şägirt.
Çäresaz — 1. Çäre tapyjy, alaç ediji, çözüji. 2. Alla, Taňry.
Çäşt (çäş) — 1. Guşluk wagty. 2. Ertirlik nahary, ertir wagty.
Çiçek — gül.

Çille –– 1. Ýaýyň ýüpi. 2. Derwüşleriň we sopularyň kyrk günläp, tagat-ybadat, zikir we pikir etmek üçin hylwatda-ýekelikde oturmalary.
Çilten — kyrklar, kyrk erenler.
Çirik (çirk) — 1. Hapa, hapalanma. 2. Ders, tezek. 3. Iriň. 4. Tüýkülik.
Çirkin — 1. Hapa, kir. 2. Ýüzügara, masgara.
Çirme (çerme) — 1. At, ýaby, gylýal. 2. Ak at, gyr at. 3. Eşek, ulag. 4. çybyn, çirkeý.
Çirmek — çybyn, çirkeý.
Çiz — zat, haýsydyr bir zat.
Çok (çoh) — köp, kän.
Çyglatmak — paýradyp gögertmek, tutuşlygyna gögertmek.
Çyn — Hytaý. Çyn-Maçyn — Hytaý, Hindi-Hytaý. Demirgazyk hem günorta Hytaý.
Çyragy — pür zyýa — nurly çyra, nurdan doly çyra.

D

Dabbe — 1. Ýük ýüklenilýän we münülýän haýwan. 2. Çüýşe gap.
Dabbetil-arz — 1. (Ýer haýwany, mahlugy) musulman rowaýatlaryna görä, ahyrzamanyň öň ýanynda peýda boljak örän uly, äpet bir jandar. 2. Käbir rowaýatlara görä, deňiz adalarynyň birinde bolýan we dünýädäki ähli bolup geçýän zatlary we habarlary aňtap, Dejjala habar berýän bir jandar.
Dad (dat) — adalat, adalat isleýiş.
Dadhah — 1. Adalat isleýji, adalaty talap ediji. 2. Adyl, adalatly.
Dagwat — çagyryş, çakylyk, ýüzlenme.
Dahan — agyz.
Dahyl — 1. Giriji, giren. 2. Dahylly, degişli.
Dal — arap ýazuwynda bir harpyň ady bolup, göçme manyda bükülen, ebjet hasabynda dörtlük sany aňladýar.
Dalda — gorag, kömek, goldaw, söýget.
Daldamak — 1. Kömek bermek, goldamak, hemaýat etmek. 2. Ýelpemek.
Dalmak — batmak, çümmek, gark bolmak.
Dam — 1. Duzak, tor. 2. Eldeki haýwan, öýde saklanýan haýwan.
Damat —giýewi, köreken.
Damen — syn, syý, etek.
Dan (dana) — bilýän, biliji, akylly, paýhasly.
Dana-ýu bina — 1. Dana we görüji, kalp gözi bilen görýän. 2. Alla, Taňry.
Dar — öý, jaý, köşk, ýaşalýan ýer. Daryl-mähnet — azap öýi, şu dünýä. Daryl-baka — bakylyk öýi, o dünýä. Daryl-kaza — kazylyk öýi, kyýamat.
Daragt – agaç.
Daryg (dyryg) — 1. Inkär, inkär etme. 2. Haýp, arman. 3. Kyn, çetin. 4. Ýalta, äwmezek.
Dawer — 1. Häkim, patyşa. 2. Sudýa, kazy. 3. Alla, Hudaý.

Daýym — hemişe, mydama, elmydam.
Deçjal — musulman rowaýatlaryna görä, ahyrzamandan öň peýda boljak bir äpet mahluk.
Delal — 1. Deliller, subutnamalar. 2.Ýolbeletler, ýol görkezijiler. 3. Näz, näzli garaýyş. 3. Göz, gaş.
Delalat — ýol görkezmeklik, ýolbeletlik etmeklik; ýardam, kömek, goldaw.
Delw — 1. Bedre, çeker, çelek, suw gaby. 2. On birinji ýyldyzlar toparynyň ady. Ol Owlak bilen Balyk (Hut) ýyldyzlar toparynyň aralygynda ýerleşýär.
Dendan — 1. Diş. 2. Agyz. 3. Posa, öpüş.
Der — gapy, işik, derweze.
Deraz — uzyn, uzak, çüň; köp, kän.
Dergäh (dergah) — 1. Gapy, arz jaýy. 2. Hudaýyň dergähi, huzury.
Derhem — 1. Bulaşyk, çolaşan, bulam-bujar. 2. Keýpsiz, gussaly.
Dermende (dermande) — biçäre, ejiz, agyr ýagdaýda galan.
Derrende — wagşy, ýyrtyjy, ýabany haýwan.
Derwüş — 1. Diniň adyndan diwanalyk edip ýören, gedaý. 2. Biagyry, sowuk-sala. 3. Salyhatly, açyk gowünli adam. 4. Garyp, ýoksul.
Dest — 1. Gol, el. 2. Gezek, mertebe, gaýta. 3. Kömek; ýardam, goldaw.
Destan (Dastan) — Rüstemiň we onuň kakasy Zalyň bir ady (epiteti), lakamy; 2. Dessan. 3. Mekirlik, hilegärlik.
Dester (destar) — selle, peş. Ähli-dester — sopular, ahunlar, pirler.
Desterhan — saçak.
Destgäh — köşk, bargäh.
Destgir — elden tutan, kömekçi, ýardam beriji.
Desti-wa bolan — elini açan, doga eden.
Dest-u pa (dest-o pa) — 1. El we aýak. 2. Jan çekme, çalyşma.
Deşt — 1. Çöl, sähra, suwsuz meýdan. 2. Öwlüýä, mazarystanlyk. 3. Oba ady.
Deýýar — 1. Monah, buthanada ýaşaýan. 2. Ýaşaýjy.
Diger I — başga, özge.
Diger II — ikindi. Namazy-diger — ikindi namazy.
Dide — göz, göreç, bäbenek. Dide-girýan – gözýaşly, aglaýan.
Dilbent — söýgüli, mähriban, eziz.
Dildar — ýurek alan, gowni eýelän, söýgüli.
Dilefgär — ýüregi ýaraly, kalby dertli.
Dilhah — gowün, küýseme, isleg, ýürek isleýän.
Dilkeş — özüne çekiji, gowne ýakymly.
Dilnowaz — 1. Gowün göteriji, eziz, mähriban. 2. Söýgüli.
Dişi (tişi) — ukraç, inen.
Diwan — 1. Goşgular ýygyndysy. 2. Girdeýji-çykdaýjy ýazylýan depder. 3. Mejlis, döwlet ýygnagy. 4. Kazy, höküm çykaryjy.
Diýanat — 1. Dine uýma, dindarlyk, takwalyk. 2. Ynsap, akýüreklilik, adalatlylyk.
Diýar — ýurt, ülke, mesgen, mekan.
Dogagöý — doga edýän, alkyş edýän.

Domag (damag) — 1. Beýni. 2. Sabyr-takat, çydam, sabyr-kanagatlylyk. 3. Tekepbirlik, ulumsylyk, men-menlik. 4. Aň, akyl-huş.
Doster — has çyn dost, has gowy görýän.
Dowa — däri-derman, em, alaç etme.
Dowamat — mydama, ömürbaky, hemişelik.
Döwre guramak — tegelenşip oturmak, üýşüp halka gurap oturmak.
Döwri-sabyk — geçmiş, öten zaman, geçen döwür.
Döwwar (duwwar) — 1.Aýlanýan, öwrülýän; tegelek zat, halkalaýyn. 2. Asman gümmezi. 3. Käbe metjidi. 4.Butuň ady.
Du — iki. Du jahan — iki älem, ol dünýä hem bu dünýä. Du ten — iki adam, iki kişi.
Duhtar — gyz.
Duhul kylmak — salmak, girizmek.
Dum (düm) — yz, art, guýruk.
Dummuý (dümmuý) — 1. Gyl ýaly guýruk. 2. Gylguýruk (guş ady).
Dun — ýaramaz, erbet, nejis, ýigrenji, pes, pis.
Dunhümmet — hümmetsiz, sahawatsyz; gaýratsyz, bigaýrat; pes.
Dur — daş, uzak.
Durug — ýalan, aldaw.
Duşwar — kyn, müşgil, çetin, agyr.
Duta — 1. Bükük, epilen, egilen. 2. Iki sany.
Dülmek — düşdüşe, möýe meňzeş örän zäherli möjejik.
Dür — merjen, gymmatbaha daş. Dürri-galtan togalak dür.
Düýt — tüsse.

E

Ebes (hebes) — biderek, peýdasyz, ýaramaz.
Ebet — 1. Hiç wagt. 2. hemişe, mydama.
Ebäbil — garlawaç, garlawaja meňzeş guş (uzyn ganat).
Ebgär — haýallan, suslaşan, ýadan.
Ebleh (ablah) — akmak, samsyk, paňkelle, ýigrenji.
Ebr — bulut. Ebri-nowbahar – alabaharyň buludy, baharyň ýagyşly buludy.
Ebrar — ýagşylar, ýagşyzadalar, dogry ýoly tutujylar, adalatlylar.
Ebrişem (ebrişüm)— ýüpek.
Ebwab — 1. Gapylar, işikler, derwezeler. 2. Baplar.
Ebýat — goşgynyň beýtleri, beýtler.
Eda — 1. Heläkçilik, böwet, päsgel. 2. Töleg, töleme. 3. Beýan. 4. Özüňi oňat alyp baryş, edeplilik. 5. Kömek, ýardam. 6. Berjaý etme, ýerine ýetirme.
Edna — pes, har, bimertebe, mertebesiz.
Efgal — 1. Işler, hereketler. 2. Etmişler, bozgakçylyklar. 3. Gramm. Işlikler.
Efgan — agy, iňňildi, ah çekme, eňreme.
Efgar — 1. Gam-gussa, gaýgy. 2. Ýara.

Efrat — «fert» sözüniň köplük sany. Şahslar, indiwidumlar. Efrady-menna (mennag) — «Etmäň!» diýiji adamlar, meng (päsgel) beriji adamlar.
Efsun — owsun urma, owsun atma, jadylama, dogalama, göz baglama.
Egsik — 1. Naçar, aýal. 2. Kem, ýetmez.
Ejabat — 1. Kabul bolma, kabul edilme. 2. Kanagatlandyrma, kabul ediş.
Ejel — iň belent, iň uly.
Ekmel — iň kämil. Ýary-ekmel — kämil dost, wepaly hemra.
Ekram — hormat, hezzet, sylag.
Eks — surat, keşp, sypat, şöhlelenme.
Ekser — köp, artyk, has köp.
Elem — zulum, sütem, horluk, azap, kynçylyk.
Elestu bi Rebbikum — men siziň Perwerdigäriňiz dälmi?
Elfaz — «lafz» sözüniň köplük sany, sözler.
Elif (elf) — müň. Elif (elf) ant— müň ant, müň gezek ant, kasam içmek.
Elwan — «löwn» sözüniň köplük sany. Reňkler, dürli-dürli.
Emdan — bilgeşlän, bilgeşleýin.
Emin — 1. Dogruçyl, ynamdar, ynanylýan adam. 2. Wekil. 3. Emin (has at). 4. Muhammet pygamberiň lakamy. 5. Jebraýyl perişdäniň lakamy.
Emiri-möminan – imanlylaryň emiri, musulmanlaryň emiri. Çaryýarlara, şeýle-de musulman ýurtlaryň patyşalaryna berlen lakam.
Emri-magrup — gowy-sogap işlere çagyrmak
Enaýat — merhemet, ýardam, goldaw, kömek, medet.
Enbaz — şärik, ortak, degişli.
Enbiýa — «nebi» sözüniň köplük sany. Pygamberler.
Endişe — gam, gussa, oý, pikir, alada, ünji.
Enel-hak — «Men hudaý», käbir sopuçylyk akymlarynda öňe sürülýän pikir-garaýyş.
Enfas — «nepes» sözüniň köplük sany. 1. Demler, ýagşyzadalaryň bereket eçilýän nepesleri. 2. Pursatlar, göz açyp ýummasy salymlar.
Engur — üzüm.
Engüşter — ýüzük.
Enin — 1. Ahy-nala, iňleme, iňlemek. 2. Wah, arman, haýp. 3. Gynanma, ökünme.
Enjam — 1. Soň, ahyr, gutaryş. 2. Ýerine ýetirme.
Enjüm — ýyldyzlar.
Enjümen — ýygnak, ýygnanyşyk, üýşmeleň.
Ente — sen. Ente Subhan — Sen päksiň, Sen ähli kemçiliklerden päksiň.
Enwar — «nur» sözüniň köplük sany. Nurlar, şöhleler, ýalkymlar.
Enwer — iň nurly, iň ýagty.
Enzil — arap dilindäki «Nezele» («Düşmek, inmek») işliginiň buýruk galyby. Düş, aşak düş. Şerigatdan enzil bolmaň — şerigatdan daşlaşmaň.
Eň — 1. Edil, dogry, dürs. 2. Ýeňliş, şowsyzlyk. 3. Ukypsyzlyk. Eňsiz – taýsyz, deňsiz, ýeňilmezek.
Engiz (eňgiz) — 1.Tolgundyrygy, gozgalaňa salyjy. 2. Niýet, meýil, sebäp. 3. Söz ýasaýjy goşulma şekilinde hem ulanylýar.

Er — 1. Eger. 2. Erre, byçgy.
Erada — Maksat, isleg, arzuw, bir pikire gelme, karara gelme.
Erbegyn — 1. Kyrk, kyrkysy, kyrkysy-da; 2. Ymam Hüseýiniň öldürilen· iniň kyrky güni diýip, her ýylda sapar aýynyň 20-sinde bellenilýän ýas dabarasy.
Erenler — 1. Ýetişenler, kämiller, kämillige ýetişenler; 2. Ärler, mertler. 3. Pirler, keramatly adamlar.
Erişmek (irişmek) — ýetişmek, yzyndan ýetmek, ýapyşmak, çalyşmak.
Erjüment — iň eziz, iň hormatly.
Erkan (ekram-ikram) — hormat, edep, hezzet, sylag.
Erke — 1. Eziz, gowy görme. 2. Erkin, azat.
Erre — byçgy, ýargy.
Erte — 1. Ertir, daňdan, ir bilen. 2. Ertir. 3. Kyýamat, ahyrzaman.
Esb (esp) — ýaby, at, gylýal. Zir-paýy-esb — at aýagynyň asty, toýnagynyň asty, toýnagynyň aşagy.
Eser — 1.Yz, nyşan. 2. Ýazyjy-şahyryň, sungat işgäriniň döredýän zady, kitap, ýazylyp galdyrylan ýadygärlik.
Esfeles-säfilin — 1. Gurhany-Kerimiň 95-nji («Tin») süresiniň 5-nji aýatyndan bir jümle: pesleriň pesi, aşakdakylaryň aşagy. 2. Iň aşaky ýedinji gat dowzah. 4. Iň aşakdaky ýedinji gat dowzahdaky günäkärler.
Eshap (ashap) — «sahyp» sözüniň köplük sany. 1. Eýeler, hojaýynlar. 2. Pygamberiň ýakyn ýaranlary, egindeşleri. Eshabyl-pil — pil eýeleri. Bu ýerde yslamdan öň Mekgäniň üstüne ýöriş eden hebeşli patyşa Ebrehe we onuň goşuny göz öňünde tutulýar. Eshaby-kähf — gowak eýeleri. Bu ýerde türkmen halkynyň arasynda ýedi weli diýlip tanalýan, Dakýanusyň zulmundan gaçan ýedi sany dindar göz öňünde tutulýar.
Eski — köne, gadymy.
Esrar — gizlin zat, syrlar, ogryn gürrüňler.
Essabry miftahyl-jenan — sabyr – jennetleriň açarlarydyr (hadys).
Esse gelmek — ýadyna-oýuna düşmek, aňyna, essine gelmek.
Es-sufla wel-ulýa — aşak hem ýokary, pes hem beýik, peslik we beýiklik, asman we ýer.
Eşk — gözýaş.
Eşýa — zatlar, barlyklar, ýaradylan zatlar.
Etagat (itagat) — boýun bolma, gulak asma, boýun sunma, boýun egme.
Eýgi — gowy, ýagşy, oňat, owadan, mähriban, mylaýym.
Eýlenmek — gowulanmak, eý bolmak, hoşlanmak.
Eýýamul-kadym — gadym eýýam, köne döwür.
Eýýühannas — eý, adamlar.
Ez — pars dilinde «-dan-den» goşulma. Ez Huda — Hudaýdan.
Ezber — 1. Ýat tutmak. 2. Ökde, ussat.
Ezel — 1. Hemişelik, mydamalyk. 2. Iň gadymy döwür, bir zadyň (barlygyň) ilkinji başlangyjy. 3. Başlangyjy bolmadyk zaman, iň gadymy döwür, ýaradylyş döremezinden öňki döwür. Rozy-ezel — hiç zat ýaradylmazyndan öňki döwür, hiç zat ýok, diňe Allanyň bar wagtyndaky döwür.

Ezeli —1. **Seret. Ezel 1.2.3:** 2. Hiç bir sebäpsiz bar bolan, ýagny bar bolmagyna hiç bir zat sebäp bolmazdan bar bolan barlyk. Barlyk üç bölekden ybarat bolýar: 1) Ezeli we ebedi, ol Allatagaladyr. 2) Ezeli hem däl, ebedi hem däl. Ol şu dünýädir, onuň hem başlangyjy bar hem ahyry bar. 3) Ebedi emma ezeli däl. Meselem ahyret, onuň başlangyjy bar emma ahyry ýok. 3. Allatagalanyň bir sypaty.

Ä

Äheň — 1. Heň, mukam, owaz. 2. Ýol, ugur. 3. Niýet, päl. 4. Aýdyş. 5. Ritm.
Ähli-dil — sopy, sopuçylyk akymyna eýerýänler.
Ähli-dünýä — harsydünýä kişiler. Kyýamatyň gamyny iýmän, diňe şu dünýäniň aladasy bilen ýaşaýan kişiler.
Ähli-hal — sopular, pirler.
Ähli-kanyg — kanagatlylar, kanagatly kişiler, sopular.
Ähli-sapa — sopular, kalby päk kişiler.
Ähli-zalym — zalymlar, zulum edýänler.
Ähli-zaman — döwürdeşler.
Ähli-usýan — günäkärler, başbozarlar.
Ähli-yrfan — sopular, mistikler.
Äl — nesil, nebere, kowum, nesilşalyk.
Älemi-gaýb — gaýyp älemi, syrly älem, adamyň akly ýetmeýän älem, ruhany älem.
Änd — 1. Birnäçe. 2.Üçden ona çenli san.

F

Fahr — buýsanç, guwanç. Fahry-älem (fahry-jahan) — 1. Dünýäniň guwanjy. 2. Muhammet pygamberiň lakamy. Fahr etmek — buýsanmak.
Fark — 1. Depe, çür depe, süýr depe. 2. Kelle, baş. Täji-farky-öwlüýä — welileriň başynyň täji. Muhammet pygamberiň sypaty.
Fasyh — çeper sözli, süýji sözli, suhangöý, dilewar.
Fath — 1. Ýeňiş, üstünlik. 2. Açyş, açma. Fathy-nusrat — ýeňiş ýardamy, üstünlik gazanmaga berlen kömek.
Fatyha — 1. Gurhanyň birinji süresi. 2. Giriş, başlangyç. 3. Pata, ýagşy doga-dileg, alkyş.
Feragat — parahat, asuda, rahat, oňaýly.
Ferawan — köp, bol, kän.
Ferda — 1.Ertir, ertirki gün. 2. Kyýamat, magşar güni.
Ferip — aldawçylyk, hile, mekirlik, gözboýagçylyk.
Ferj (perj) — 1. Derwezäni açma. 2. Iki duşman ýurduň döwlet araçäkleri, gorkuly ýer. 3. Dargama, bölünme, arasy açylma.
Ferjam (perjam) — 1. Peýda, haýyr. 2. Soň, netije, soňlama.

Ferş (perş) — 1. Jisimler (mahluk) älemi. Dini düşünjä görä perşden arşa çenli aralyk ruhuň seýr edýän ýeri. 2. Ýer. 3. Orun, jaý. 4. Düşek, düşleýän zat. 5. Ýer, ýer ýüzi.
Fert — ýeke, ýalňyz, ýeke-täk, diňe.
Feti — ýigit, ýetginjek; edermen, gaýduwsyz, batyr; sahy, jomart.
Firdöws — behişt, jennet; Firdöwsi-agla — iň ýokary behişt.
Fowk — ýokary, üst, üsti, depesi.
Föwt — ölüm, aradan çykmak. Föwti-pena — ötmeli dünýä.
Föwz-Kelam (Föwzül-Kelam) — Gurhany-Kerim.
Furkan — 1. Hak bilen batylyň arasyny bölüji, hak bilen nähakyň arasyny açyjy, parhlandyryjy. 2. Mukaddes kitap. 3. Gurhany-Kerim.
Fuzun — 1. Artyk, zyýat, köp, bol. 2. Artyk, has gowy.

G

Gabz — 1. Bogulma, dykylma. 2. Kynçylyk, gaýgy-gama ulaşma. 3. Ölme, dünýäden ötme.
Gadr — 1. Sylag, sarpa, gadyr. 2. Köp, bol, artyk. 3. Baýlyk, gymmatbaha zat, gymmat. Gadry-sim — köp kümüş. Gadry-wazg — ýagdaýa görä.
Gaflat — bihabarlyk, duýdansyzlyk; bilimsizlik, nadanlyk.
Gahba — biwepa aýal; gahba pelek — biwepa dünýä.
Galampur — gyzyl burç.
Galbir — irigöz elek.
Galdyramak — üşemek, titremek, üşäp titremek.
Galla — 1. Gykylyk, gowga. 2. Däne önümleri (bugdaý, arpa, jöwen...) 3. Ynjalyksyzlyk, ünji.
Gallap — 1. Galplaşdyryjy, pyrryldakçy. 2. Töwerekläp, daşyny alyp.
Gallaç — garyp, eli ýuwka, mätäç, ýoksul.
Galtan — togalak, togalaňyan. Dürri-galtan — togalak dür.
Gamgeşte — gamly, gamgyn, gussaly, ünjüli.
Gamgusar — gamly, gamgyn, gussaly, keýpsiz.
Gammat — gam-gussalar, gaýgy-hasratlar.
Gamza — näz, kereşme, näzli bakyş, näzli yşarat.
Gany — 1. Baý, barly, gurply, mally, mal-mülkli. 2. Hudaý, Taňry, Alla.
Gapbar (Gaffar) — rehimli, bagyşlaýjy. Hudaýyň bir ady.
Gapyl — duýdansyz, birden, oslagsyz.
Garabaş — gyrnak, çory, hyzmatkär aýal.
Garamat — 1. Başga birine jogapkärçilik, biriniň jogapkäçiligini üstüňe alma. 2. Töleg, ödeme.
Garar — garalar, gara öwrüler.
Garaz — 1. Isleg, niýet, maksat. 2. Garaz, şeýle-de.
Garb (garp) — günbatar. Garb-u şark — günbatar we gündogar.
Garet — talaň, çapawul. Gareti-jan — janyň talaňçysy.
Gark-nur — nurdan, ýagtydan doly, nurly

Garra — 1. Men-menlik edýän, ulumsy. 2. Aldanan, aldawa düşen. 3. Her kamary aýynyň birinji güni.
Garyçga (garyçgaý) — algyr guş, elguş.
Garyn — nesil, nebere.
Gassal — öli ýuwýan, meýit ýuwýan, babaly.
Gaş (gaşş, gyşş) — 1. Özüňden gitme, özüňi ýitirme. 2. Geň galan, haýran galan. 3. Aldama, hile, etme. 4. Serhoş. 5. Jan ajygy, ölümiň öň ýany. Gaş tutmak — 1. Serhoş bolmak. 2. Özüňden gitmek.
Gaws — ýardamçy, medetkär, kömek ediji, goldaýjy.
Gaýet – 1. Soň, ahyr, at çapyşygynda ugradylýan pelle. 2. Iň ýokary, belent, örän. 3. Baýdak. 4. Ätiýaçly, eserdeň.
Gazapnäk — gazaply, gaharjaň.
Gedi — erbet, ýaramaz, ýigrenji, nejis.
Gelleban — çopan.
Geran — 1. Gymmat, artyk, ýokary. 2. Agyr.
Gerd — 1. Tozan, çaň, gum. 2. «Aýlanýan; gezýän» diýen manylary aňladýan goşulma. Jahangerd — dünýäni gezýän, syýahatçy.
Gerdan — aýlanýan, öwrülýän, dolanyş.
Gerdiş — 1. Aýlanyş, öwrüliş, hereket. 2. Gezme, gezim.
Gerdun — 1. Tigir, aýlanýan. 2. Pelek, pelegiň çarhy, dünýä.
Germ — gyzgyn, gyzan.
Gäp — içine saman dykylan ham (möjek, tilki, göle, köşek...).
Gäw — 1. Sygyr. 2. Öküz, öküzçe. 2. Batyr, ýürekli, edermen, gaýduwsyz.3. Uzaklyk ölçegi (6 mil töweregi).
Gäwür — 1. Dinsiz. 2. Dini başga.
Gil — palçyk, laý, gum, toprak.
Gile — kine, öýke, närazylyk, ynjama.
Gir-dar — tutda-bas, tutha-tutlyk, al-da ber.
Giriban — ýaka. Çäki-giriban — ýaka ýyrtma, ahy-nala etme.
Giriftar — 1. Duçar bolma, sataşma. 2. Tutulma, ýesir düşme, bendi bolma. Giriftary-bela — bela duçar bolma, derde sataşma.
Giriftarnema — derde, gama duçar bolan.
Giryan — aglaýan, eňreýän.
Giýa — ot, ösümlik.
Gor — artdyrylyp goýlan zar, maýa.
Gorgan — köşk, gala, diwar, haýat.
Gors — 1. Aýlaw zat, tegelek. 2. Gala diwary. 3. Mäkäm, berk.
Gökjek — 1. Gözel, owadan, gelşikli; gymatbaha daş. 2. Gök, ýetişmedik. 3. Ýetişmedik, akly goýalmadyk. 4. Göwni hoş, özünden razy.
Gözgi — aýna.
Gubar — gum, tozan, toz.
Gufran — 1. Örtme, üstüni ýapma. 2. Günä geçme.
Gulgula — owaz, ýaň, galmagal, gykylyk.
Gulman — jennetde hyzmat edýän ýigitler.

Gurbat I — 1. Aýralyk, ýat illerde horluk çekmek, sürgün. 2. Kemsidilme, gedaýçylyk, betbagtçylyk, gam, gussa.
Gurbat II— Güýç, kuwwat, ysgyn-deramat.
Gurgaşun — gurşun.
Gurhanhan — Gurhan okayan, kary.
Guruh — 1. Topar, bölek, bölüm, goşun bölümi.
Gusul — suwa düşünmeklik, bedeniň ähli agzalaryny ýuwmaklyk.
Guş — 1. Guş. 2. Ruh, jan. 3. Köňül, göwün.
Guwwas — deňze çümüji, deňizdäki zatlary öwrenmek ýa-da gymmatbaha daşlary tapmak üçin deňze çümýän adam.
Guýa (göýä) — gepleýän, gepläp bilýän, saýrak.
Guýende (göýende) — gürüň beriji, aýdyjy, gepleýän.
Guýun — harasat, tüweleý, tupan.
Guz — 1. Üýşmek, toplandy, ýygyndy. 2. Kynçylyk, jebir.
Güdaz — 1. Ergin; ereýän, ýanýan. 2. Ergin eredilýän gap, altyn eredilýän gap. 3. Agyry, ejir, jebir, ölüm. 4. Mähriban, mähirli.
Güftar — söz, kelam.
Gülap — 1. Bägülden ýasalýan içgi. 2. Gül suwy, atyr.
Gülçehre — 1. Gül ýüzli, gözel, owadan. 2. Gündogarda ýaýran «Şähriýary-alam» ýordumynyň bir gahrymany.
Gümrah — ýoldan azaşan, ýoluny ýitiren. Gümrah (gümra) bolmak — bir zada bar ünsüni berip, töwerekdäki ýagdaýy unutmak.
Güň — ker hem lal.
Gürbe — pişik.
Gürz (gürzi) — gadymy uruş guraly, demirden edilen tokmak. Dini düşünjä görä, Müňker we Nekir atly iki perişde günälileri otly gürzi bilen urup, sorag edýärmiş.
Güsbent (güsfend) — goýun, dowar.
Güşat – 1. Açylma, çözme. 2. Üstünlik, ýeňiş. 3. Hoşluk, göwni açyklyk, şadyýanlyk. 4. Azat etme. Müşgil güşat — müşgilleri çözüji, kynçylyklary aradan aýryjy.
Güşaýyş — ýeňillik, aňsatlyk, meseläniň çözülmesi, ýoly açyklyk.
Güwş — gulak.
Güwşmal — 1. Gulaklary kesmek ýa-da gulaklaryny towlap çekmek jezasy. 2. Käýinç, igenç, käýeme, ýüzüni alma, temmi.
Güýtmek — 1. Bakmak, idetmek. 2. Diňlemek. 3. Maksat tutmak. 4. Saklamak.
Güzeşt — geçme, ötüş, ötme. Güzeşt eýlemek — geçmek, bagyşlamak.

H

Habybulla — 1. Allanyň dosty. 2. Muhammet pygamber.
Hadys — 1. Muhammet pygamberiň sözi, söz. 2. Täze.
Hajar (Hajyr) — daş.
Hakarat — kemsitme, kiçeltme, igenme.
Hakkan — hakykatdan, dogrudan, tüýs, çyndan.
Hakyr — kemsidilen, pukara, güýçsüz.
Haki-paý — aýak tozy.

Halk — 1. Ýaradylan, döredilen. 2. Ynsanlar, halk.
Haly — boş, hiç zatsyz.
Halyk I — 1. Halk ediji, Ýaradan, dörediji, ýasaýjy. 2. Alla, Hudaý, Taňry.
Halyk II — Düýäniň halygy (howutsyz düýäniň üstüne atylyp berkidilýän galyň örti, howudyň iki tarapyndan asylýan bezeg).
Halyl — 1. Dost, ýürekdeş dost. 2. Ybraýym pygamberiň lakamy. Halylulla — Allatagalanyň ýürekdeş dosty.
Halysan Lillä — Alla üçin.
Ham (ha:m) I— çig, bişmedik.
Ham II — egri, bükük, epilen, egilen.
Hamd (hamt) — öwgi, taryp, wasp. Hamdylilla — Hudaýa hamdy-senalar bolsun, Allatagala öwgüler bolsun.
Hamr — meý, çakyr, şerap.
Hamu — hemme, ähli, hemmesi.
Hanazat — 1. Öýde doglan, öýde terbiýelenen. 2. Gul, hyzmatkär.
Handan — şatlykly, şadyýan, guwançly, gülüp duran, güler ýüzli.
Hannan — 1. Iň rehimdar, iň merhemetli, iň sahy. 2. Alla, Taňry.
Hannas — 1. Şeýtan, jyn. 2. Ýaramaz, ýigrenji. 3. Şeýtanyň çagalarynyň biriniň ady.
Hab — 1. Uky. 2. Düýş. Haby-gaflat — habarsyzlyk ukusy.
Har I — eşek.
Har (ha:r) II — pytanak, tiken, demir tiken.
Har (ha:r) III — pes, pese düşen, kemsidilen, ezilen.
Hararat — gyzgynlyk, howur; ot, ýalyn; ýakyjylyk.
Harazban —degirmençi.
Harba — söweş, döwüş; söweş guraly, ýarag.
Harçeň — leňňeç.
Hardeçjal — Deçjalyň eşegi, Deçjala degişli eşek.
Harem (haram) — 1. Mukaddes zat, mukaddes ýer, Käbe. 2. Aýallaryň ýaşaýan otagy, haremhana. 3. Aýal., zenan.
Harnup — 1. Hoz agajy ýaly uly, sary gülli we kösük miweli agaç. Onuň miwesinden mürepbe edilýär. 2. Noýba.
Harwar — 1. Agram ölçegi, Töwrizde 300 kg hasaplanýar, başga birnäçe ýerde 25 put hasaplanýar. 2. Eşek ýüki.
Haryk — ýanma, bişme, köýme.
Haryş (Huraýş) — 1. Ýyrtyjy. 2. Dowzahda bir eýmenç ýylanyň ady.
Has (ha:s) I — 1. Ýokary gatlak, ýokary synp. 2. Mahsus. 3. Intelligensiýa.
Has II — 1. Bozgak, ýaramaz adam. 2. Çöp-çalam, saman.
Hasat — açgöz, betnebis, görip, içigara.
Haslamak — tapawutlandyrmak, aýratynlandyrmak.
Hasm — garşydaş, ýagy, ýow.
Hasse — saýlantgy, çensiz oňat, tapawutly.
Haşamy-haýl — 1. Nökerler, atly goşun, orda. 2. Şahsy nökerler we kowum-garyndaşlar.

Haşhaş — 1. Ýaz oty, (bugdaý manysy hem bar), şalynyň sypaly. 2. Göknar.
Haşm — gahar, gazap.
Haşr (haşar) — 1. Üýşürme, toplama, märeke, meýlis. 2. Gabama, saklama. 3. Sanama, hasaplama. 4. Tolgunyşyk, elewreşik, gyk-bak. 5. Direlme, kyýamat güni. Haşry-kyýamat — Kyýamatdaky üýşmeleň, kyýamatdaky gyk-bak, gykylyk, gowga.
Hata — ýalňyş, nädogry.
Hatam (hatem) — aýgytly, çözüji, kesgitleýji; buýrujy, höküm ediji.
Hatar — howp-hatar, howp, gorkuly.
Hatm — 1. Soň, ahyr, soňy. 2. Gurhany boýdan-başa okap gutarmaklyk.
Hatmy-rusul — iň soňky pygamber, pygamberleriň iň soňkusy, Muhammet pygamber.
Haý — 1. Diri. 2. Alla, Taňry. 3. Çeýneýji. 4. Gazylan ýer, çukur.
Haýat — ýaşaýyş, durmuş. Aby-haýat — dirilik suwy.
Haýhat (heýhat) — ah, wah, dat. Heýhat güni — kyýamat güni.
Haýrat I — haýyr sözüň köplük sany, haýyr-yhsanlar, ýagşylyklar.
Haýrat II — haýranlyk, haýran bolmaklyk, geň galmaklyk.
Haýren-şerren — haýyr we şer üçin, ýagşylyk we ýamanlyk üçin.
Haýrul-beşer — adamlaryň iň gowusy, iň hormatlysy, Muhammet pygamberiň lakamy; Haýrul-mursalyn — pygamberleriň iň gowusy.
Haýwan — ýaşaýyş, dirilik; ýaşaýan, diri, janly.
Haýýat — tikiji, biçiji, biçimçi.
Hazan — 1. Aýazly güýz, ýapraklaryň düşýän wagty; güýzüň aýazly, aňzakly günlerinde öwüsýän ýakymsyz sowuk şemal. 2. Betbagtlyk, bela-beter.
Hazarpuş — ýaşyl eşikli, ýaşyl geýimli.
Hazyk — ökde, ussat. Tebibi-hazyk — ökde tebip, ussat lukman.
Hazyn (hezin) — gaýgyly, gamgyn, ünjüli.
Hejw — 1. Ýaňsylama, kesä çekme, göwni ýetmezlik. 2. Ýaňrama, boş gep.
Heläket — heläkçilik, heläk bolmaklyk.
Helm — 1. Mylaýymlyk, ýüregi ýumşaklyk. 2. Sabyrlylyk.
Hem (hemm) — gam-gussa, gaýgy, alada.
Heman — 1. Şol, ol, bu, şu. 2. Häzir, şu wagt.
Hemdem — 1. Hakyky dost. 2. Dertdeş, ýürekdeş. 3. Hemdem (has at).
Hemdert — dertdeş, derdiňe goşulyşýan; gamhor.
Hemdest — ýoldaş, dost, ýardam berýän.
Hemeç — 1. Wagşy halda ýaşaýan ýabany adamlar. 2. Çybyn-çirkeý, siňek. 3. Akmak, nadan, samsyk. Kel hemeç — başy kel ýabany adam.
Hemhana — bir öýde ýaşamak, bile bolmak, ýoldaş.
Hemneşin — bile oturýan, ülpet, oturdaş.
Hemraz — syrdaş, göwündeş.
Hemwar — tekiz, düp-düz, ýer bilen egsan.
Hemzyban — dilleşen, dil birikdiren, syrdaş, gürrüňdeş.
Heňňam — döwür, zamana.
Heris (harys) — açgöz, husyt.

Herze — boş, biderek, ýerliksiz gep, bolgusyz adam.
Heser — gam, gussa, gaýgy, alada, ünji.
Heşt — sekiz.
Het — çäk, araçäk, gaçy, raýyş, çil.
Heýli — köp, köpçülik, öräп käп.
Hezar — 1. Müň. 2. Bilbil. Hezary-hijde (hiždeh) — müň on ýedi. Mertebe hezary-hijde — bir müň on ýedi gezek, müň on ýedi mertebe.
Hezaran — müňlerçe.
Hezer (heder) — ätiýaç, çekinme, gorkma, habardar bolma.
Hädi — 1. Serdar, ýol görkeziji, ýolbelet. 2. Hädiýi-wahdet — ýeketäk ýol görkeziji; Alla, Taňry.
Häk — toprak, gum. Häki nal — aýagynyň tozy, basyp giden topragy.
Häkisar — 1. Hor, hor-homsy, topraga-toza bulaşan. 2. Sada, ýuwaş, kiçigöwün.
Häkister — kül.
Hidaýat — 1. Ugrukdyrma, ýolbaşçylyk. 2. Dogry ýola gönükdirme.
Hijran — aýralyk, jydalyk.
Hilal (Helal) — 1. Täze dogan Aý, dolmadyk Aý. 2. Owadan, gözel.
Hokga — 1. Gymmatbaha daşlar ýa-da derman saklanýan gutujyk. 2. Gap, bulgur, kubok. 3. Suw çilimiň temmäki guýulýan ýeri (başy). 4. Asman, gök.
Horram — şat, şadyýan, şatlykly.
Hoşnema — onat, gowy, göze ýakymly, owadan görnüşli.
Hoşnut — şat, razy, hoşwagt, şadyýan.
Hoşroý — owadan ýüzli, görmegeý.
Hoştaplaşma — ýakymly bolma, süýjülik bilen ýaşama.
Howa — 1. Isleg, meýil, umyt. 2. Heň, saz guralynyň perdesi.
Howalanmak — uçmak, göge galmak, howa göterilmek.
Howl — gorky, howp, howpa düşme.
Höşk — gury, guran, gaty, gatan.
Hubap — köpürjik, köpük.
Hudaters — Alladan gorkýan, Hudaýdan çekinýän, takwa.
Hudawend-a — Hudaý-a! Eý, Taňry! Eý, Allam!
Huk — doňuz, ýekegapan, mekejin.
Hulaç — gyzamyk; mama keseli.
Hulk — gylyk, häsiýet.
Humaý — hyýaly guşuň ady. Göýä ol guşuň kölegesi kimiň üstüne düşse, ol bagtly-döwletli bolýarmyş.
Hums — aç, ajygan; boş bolmaklyk.
Hun — gan.
Hunaba — ganly gözýaş.
Hunriz — gan dökme.
Huny-jiger — bagyr gany.
Hup — gowy, oňat, ýagşy.
Huraman — näz-kereşme bilen ýöreýän.
Hursant — şatlyk, begenç, guwanç.

Hurşyt — Gün, Güneş, Kuýaş. Hurşydy-taban — nurly Gün.
Huruf — harplar, «harf» sözüniň köplük sany.
Husn — gowulyk, ýagşylyk; gözellik.
Husul — hasyl bolma, ele girme; ele getirme, gazanma.
Husythor — gysganç, bahyl.
Huşýar — 1. Akylly, düşbi. 2. Ägä, hüşgär. 3. Akyl-huşy ýerinde
Hutun — 1. Gözýaş dökmek, gözüňden ýaşyň damjalanyp dökülmegi; 2. Hemra, ýoldaş; 3. Ýanýoldaş.
Hut (Hu:t) — 1. Balyk. 2. Eýran şemsi aýlarynyň iň soňkusy.
Huzur — 1. Öň, ýan, garşysy. 2. Häzir bolmaklyk.
Hülle — ýüpek don, ýüpek eşik.
Hümmet — 1. Rehimdar, akýüreklilik; kömek, goldaw. 2. Çalyşma, jan çekme. 3. Gujur, gaýrat. Hümmet etmek — kömek etmek.
Hüňkar — bu söz aslynda Hudawendgar sözüniň gysgalan görnüşi bolup, birnäçe manyny aňladýar: 1. Alla, Taňry. 2. Patyşa, soltan. 3. Häkim. 4. Jenap. 5. Osmanly türkmen patyşalaryna berlen lakam.
Hüthüt — hüýpüpik.
Hüw! — Ol: (Ol Alla) Eý! Gulak as! Derwüşleriň Hudaýa nalyş edip gaýtalaýan sözleri. (huw hak! — Ol Alla. Eý, Alla!).
Hüý — gylyk, häsiýet.
Hüýr — jennet gyzy. Hüýri-ryzwan — jennet perisi.
Hyfz — gorama, saklama.
Hyjalat — utanç, haýa, uýat.
Hyjap — nikap; ýüz, göz örtülýän gara perde, gara örtünje.
Hylap — ters, garşy, garşy çykýan.
Hylgat (halat) — halat, serpaý, don, owadan eşik.
Hylwat — gizlin, ogryn, çola ýer, ýalňyzlyk.
Hynzyr — doňuz, ýekegapan.
Hyraç — salgyt, paç.
Hyrka — derwüşleriň geýýän geýimi.
Hyrs I — 1. Açgözlülik. 2. Ymtylyş. Hyrs bolmak – açgöz bolmak.
Hyrs II — aýy.
Hyruş — 1. Gykylyk, galmagal. 2. Joşgun, möwç. 3. Gujur, gaýrat.
Hysar — gala, diwar, berkitme.
Hyssa — 1. Paý, bölek, bölüm. 2. Bije. 2. Gatnaşma, ýardam etme.
Hyş — kowum-garyndaş, kowum-hyş.
Hyşt — kerpiç.
Hyz (hiz) — 1. Azgyn, azan, ýoluny urduran. 2. Utançsyz, bihaýa.

I

Ibham — şek, şübhe, ýalňyş.
Ibtida — başlangyç, baş, öň.

Ihtida — dogry ýola ýetmek, musulmançylygyň ýoluna düşmek.
Imtihan — synag, barlag, derňew.
Imtiýaz — 1. Tapawut. 2. Ýeňillik. 3. Artykmaçlyk. Imtiýaz eýlemek — saýgarmak, tapawutlandyrmak.
Inju – hünji; dür; monjuk.
Isbat — subut etme, delillendirme, tekrarlama.
Işwe — näz, kereşme.

J

Ja kylmak — ýerleşdirmek.
Jadde — uly ýol, giň ýol.
Jafy — jepakär, sütemkär, jebir ediji.
Jahalat — 1. Nadanlyk, sowatsyzlyk. 2.Akmaklyk, samsyklyk.
Jahan — älem, dünýä. Jahangir — jahany eýeleýji, älemi boýun egdiriji.
Jahyl — 1. Nadan, düşünjesiz. 2. Akmak. 3. Ýetginjek, ýaş ýigit.
Janan — Mähriban, söýgüli. 2. Magşuk, dildar. 3. Alla, Taňry.
Jan pida — janyny pida edýän, biri üçin ölüme taýyn kişi.
Jawydan — 1. Ebedi, hemişelik, ömürlik. 2. Üznüksiz, yzygider, dowamly.
Jaýnamaz — namazlyk.
Jaýyz — rugsat edilen, mümkin, ýol berlen, rugsatly.
Jeberut (jebrut) — 1. Asman, gök. 2. Gudrat, güýç.3. Häkimet, agalyk. 4. Ýalpyldy. 5. Ajaýyplyk. Jebrut älemi — asman, perişdeler älemi.
Jedd — ata, baba, garry ata.
Jehim (jähim) — 1. Dowzah, jähennem. 2. Ýiti ot, güýçli alawly ot. 3. Çukurda, oý ýerde ýakylýan ullakan ot, alaw.
Jelil — 1. Beýik, uly. 2. Alla, Taňry.
Jemal — 1. Owadanlyk, gözellik. 2. Sopuçylykda Hakyň didary.
Jemat — 1. Daş. 2. Mineral.
Jenup — günorta, günorta tarap.
Jepbar — 1. Jebir ediji. 2. Güýçli, kuwwatly. 3. Alla, Taňry.
Jewar (juwar) — 1. Hossarlyk astyna alma. 2. Goňşulyk.
Jezire — ada.
Jähennem — 1. Dowzah. 2. Çüň guýy. 3. Daş, uzak. 4. Jähennem etmek — ýok etmek.
Jähet — tarap, ugur. Alty jähet — alty tarap, aşak-ýokary hem-de dört tarap.
Jähl — 1. Nadanlyk, başarmazlyk, 2. Akmaklyk, akylsyzlyk.
Jäht — yhlas, jan çekme, çalyşma, dyrjaşma.
Jiger — bagyr.
Jilwe — 1. Görünme, özüňi görkezme. 2. Näzlenme, näzli, näz etme.
Jim I — arap elipbiýiniň bäşinji harpynyň ady. Ebjet hasaby boýunça 3-e deň.
Jim II — pes, pis, ýaramaz.
Jim III — 1. Dürli reňkli owadan we nepis ýüpek parça. 2. Ýüpekden tikilen al-elwan reňkli nepis lybas, eşik.

Jinde — ýyrtyk lybas; derwüşleriň geýýän köne dony.
Jolban — dänesi mäşe meňzeş we iýmit hökmünde ulanylýan kösükli ösümlik.
Jöw — 1. Arpa. 2. Ujypsyz bölek, gram, mysgalyň bölegi (1/96). 3. Howa
Jöwher — 1. Gymmat baha daş, göwher. 2. Çeper söz, parasatly söz. 3. Asyl, esas, özen. 4. Sap poladyň bir görnüşi: jöwher pyçak, jöwher gylyç.
Jöwlan – aýlanma, pyrlanma, meýdanda çarh urma.
Jöwşen — simden örülen gadymy uruş geýimi, demir don, sowut.
Jud — rehimdarlyk, ýagşylyk, jomartlyk.
Junun — dälilik, dälireme, mejnun bolma.
Jurga (jugra) — bir owurt, damja; tüýkülik, bir çukura tüýkürmek.
Juýende — agtarýan, gözleýän, agtaryjy, tapýan, tapyjy.
Jünbende — janly-jandar, gymyldaýan, süýrenjiler, awuly möjekler.
Jünbüş — jümşüldeme, titreme. Jünbüş eýlemek — güçli herekete gelmek.
Jüpbe — giň we uzyn dikilen don, demir don, sowut.
Jürm — günä, ýazyk, etmiş.
Jürýet — batyrlyk, gujur, gaýrat, haýbat.
Jylga-jylga — 1. Üýşmek-üýşmek, topar-topar. 2. Ýyrtyk-irik, sallam-sajak.
Jymag (jemag) — 1. Jyns aragatnaşygy. 2. Jem bolma, birleşme
Jyza (jyda) — naýza. Oňa süňi hem diýlipdir.

K

Kaba — 1. Erkekler üçin dikilýän giň hem uzyn ýeňli üstki eşik, kaftan. 2. Irimçik, gödek, tagaşyksyz.
Kabl (kably) — öň, öňden. Kablydan — tarapyndan, biri tarapyndan.
Kaby-kowseýn — Gurhany Kerimiň 53-nji («Nejm») süresiniň dokuzynjy aýatynda beýan edilýän jümle: «Iki ýaý aralygy». Bu aýatda Muhammet pygamberiň magraja çykanda Allatagala (käbir tefsirlerde Jebraýyla) iki ýaý ýa-da ondan hem golaý ýakynlaşanlygy beýan edilýär.
Kabyl — 1. Ýakyn, ýakynlaşýan, eýeriji. 2. Ukyply, zehinli. 3. Mynasyp.
Kad (kadd) — boý, syrat, kamat.
Kad kefer — hakykatdan-da kapyr bolandyr.
Kadyr — 1. Güýçli, gudratly, gurply. 2. Alla, Taňry.
Kamar — Aý.
Kamat — boý, syrat.
Kamkam — kesgir, ýiti.
Kandil — şemdan, şem, çyra, fonar, lýustra.
Kanun — 1. Kanun (kirişli saz guraly). 2. Kanun, düzgün. 3. Däp-dessur.
Kanyg — kanagat edýän, kanagatly, öz hakyna kaýyl.
Kapyry-deýýar — öz ybadathanasynda terkidünýä bolup oturan kapyr.
Kapyry-mutlak — tüýs kapyr, hakyky dinsiz.
Karar — bir ýerde durmaklyk, üýtgewsiz, durnukly.
Karkara — 1. Durna meňzeş, alkymynyň aşagy gara bir guş. 2. Şol guşuň jyga hökmünde başa sanjylýan ýelegi.

Karyp — ýakyn, golaý.
Kasr — 1. Köşk. 2. Gysga, kelte.
Kaş — ýagy, duşman, ýow.
Kaşşak — 1. Garyp, pukara. 2. Kezzap, ýalançy.
Kaşyk — çemçe.
Kat — 1. Alyn, maňlaý, öň; 2. Gat.
Katg etmek — kesmek, ýolmak, bes etmek.
Katla – gaýta, sapar, gezek.
Katlan — asla, düýbünden.
Katlanma — çalyşma, jan etme.
Katyl — öldürýän, jellat, kelle kesiji, peşşap.
Kaýn — 1. Gurma, ýasama, düzetme. 2. Demirçilik hünäri, demirçi. 3. Gul, bendi, ýesir, hyzmatçy.
Kaýt (kaýd) — duşak, bent, tow, zynjyr, gandal.
Kaza — 1. Ölüm. 2. Täleý, betbagtlyk. 3. Buýruk, höküm. 4. Kazy. 5. Bir zadyň soňy. 6. Göýberlen namazyň öwezini dolmak üçin namaz okama (kazasyny okama).
Kazyýy-hajat (Kazyýyl-hajat) — hajatlary beriji; Alla, Taňry.
Keffaret — Hudaý ýoluna gurban etmek, günäň geçilmegi üçin gurban bermegi, sadaka bermegi niýet etme.
Kehkeşan — astr. Akmaýanyň süýdi ýyldyzlar topary, galaktika.
Keždum — içýan.
Kelam — 1. Gürrüň, söz. 2. Gurhan.
Kelan — uly, iri, ullakan. Kermi-kelan — uly gurçuk, iri gurt.
Kelim — 1. Gürrüňdeş, gürrüňleşme. 2. Musanyň lakamy. (Kelim-Kelimulla).
Kelimulla — 1. Hudaýyň gürrüňdeşi, Hudaý bilen gepleşýän. 2. Musa pygamberiň lakamy.
Kelpeze — haššyk; zemzen; güne gargar.
Kement — 1. Ujy syrtmakly uzyn tanap. 2. Gm. m. söýgüliniň saçy.
Kemine — ejiz, bende.
Kerem — sahylyk, jomartlyk, bagyşlamaklyk, bagyşlama.
Keret (kerret, kerem, keren) — sapar, gezek, ýola, gaýta.
Kerim — 1. Sahy, jomart, eli açyk. 2. Hudaýyň bir ady. 3. Kerim (has at).
Kerk (kergeden) — 1. Hocopor. 2. Iň uly guşlaryň biri.
Kesapat — 1. Hapa, kir. 2. Gür, ýygy. 3. Zyýan.
Kest — zyýan, zelel.
Keşf etmek — açmak, tapmak, anyklamak.
Keşf olmak — açylmak, anyklanmak, bilinmek.
Keşik (kişik) — sakçy, gözegçi, garawul.
Keşt (geşt) — aýlanma, gezme, gezim etme.
Keşte (kişte) — «keşten» sözünden. 1. Guradylan miwe (erik, garaly, we ş. m.), guratma. 2. Ekiş, tohum sepme. 3. Bejerilen ýer.
Keşufat — açyşlar, Ylahy syrlaryň açyşlary.
Keşwer — ýurt, watan, ülke, ýer.

Keý — haçan, näwagt. Tä keý — haçana çenli.
Keýn — yz, yzy, yz tarap, arka.
Kez — peýkam, ok.
Käbe röw — Käbä, ýagny Mekgä zyýarata barýan adamlar.
Käbe taraş — Käbäni guran, Ybraýym pygamberiň lakamy.
Kähil — 1. Ýalta, haýal, , biperwaý; ýaltalyk, geleňsizlik. 2. Gowşak, ysgynsyz. 3. Hor, arryk, agajet, keselli. 4. Orta boýly. 5. Köne.
Käkil — depe saç, atyň kähili (atyň depesinden maňlaýyna dökülip duran teller)
Käm (kam) — 1. Isleg, meýil, küýseg; isleýän, arzuw edilýän zat, erk. 2. Penje. 3. Agyz kentlewük. Kämine aýlansa – (döwür-döwran) islegine görä aýlansa, isleg-arzuwyna laýyk hereket etse. Kam (käm) olur — islegi bolar, maksadyna eýe bolar.
Kämýab — bagtly, şowly, gönühoş, arzuwyna ýeten.
Kärisaz (Kärsaz) — 1. Çäre tapyjy, alaç ediji. 2. Alla, Taňry.
Käsip – bir hünär bilen meşgullanýan, bir iş bilen meşgullanýan.
Käşi — 1. Iň gowy hilli palçykdan edilip bişirilen we syrçalanyp nagyşlanan çanak we ş.m. gap. 2. Diwaryň ýüzünden goýulýan nagyşly plita.
Kibr (kibir) – 1.Ululyk, ulumsylyk. 2. Uly günä, ýazyk.
Kimiýa (kimýa) — 1. Asly grek sözi, himiýa. 2. Alhimiýa jisimleriň gurluşyndan, özgerişinden gürrüň edýän ylym. 3. Gündogar edebiýatynda gudratly ot, çöp.
Kin — 1. Kine, ýigreniş, duşmançylyk. 2. Öç, ar, kitüw.
Kipaýat — 1. Kömek, haýyr. 2. Ýeterlik, zehinlilik.
Kirdigär — 1. Işjeň, janypkeş. 2. Ýaradyjy, Alla, Taňry.
Kişmir — zool. uzyn aýakly, togalak kelleli hudaýata meňzeş möjejik, atbakar.
Kişti — gämi.
Kiz — keçe.
Kokunmak — ys saçmak, ys ýaýratmak, hoşboý ysly.
Köle — gul.
Kölük — at, ulag, ýük ulagy.
Köşe — burç, künç, çet. Köşeýi-weýrana — harabaçylygyň bir çüňki.
Köwkep — ýyldyz.
Köwlek — girdap, burgun.
Köwn — barlyk, bar bolmaklyk.
Köý – 1. Ýol, geçelge; şaýol. 2. Köçe. 3. Mähelle. 5. Oba.
Köýlek — köýnek, lybas.
Kuh — dag.
Kulah — selle, peş, telpek, topby, başgap; derwüşleriň geýýän başgaby.
Kulhuwalla — Gurhany-Kerimiň 112-nji («Yhlas») süresiniň 1-nji ayatyndan bir jümle: «Aýt, Ol Alla (birdir)».
Kumaş — 1. Mata, mata-marlyk; ýüpek, geýim, esbap. 2. Haryt, baýlyk. 3. Göwher.
Kurb — 1. Golaýlyk, ýakynlyk. 2. Mertebe, dereje. 3. Alla golaýlaşma.
Kurbet (kurbat) — 1. Ýakynlyk. 2. Ýakyn aragatnaşyk. 3. Mahsuslyk.
Kutah — gysga.

Kutb — 1. Her bir zadyň ortasyndan geçýän okuň iki ujy, köçeriň uçlary. 2. Orta, merkez, polýus. 3. Degirmeniň oky, pürs. 4. Öwlüýä. 5. Sopy. 6. Serdar, öňbaşçy, ýolbaşçy.
Kutbul-Aktab — sopuçylykda bir dereje, belli sopy.
Küffar — kapyr sözüniň köplük sany, kapyrlar, gäwürler.
Küll — ähli, hemme, tutuş, külli.
Küllühüm — tutuş, ähli, barysy, ähliси.
Külpet — 1. Kynçylyk, mähnet, ýadawlyk. 2. Gyrnak, çory, hyzmatçy aýal.
Külünder — 1. Künde, gandal. 2. Gödek, tagaşyksyz.
Kün — «Bol» diýmekligi aňladýar. Allatagala tutuş älemi «kün» ýagny «bol» diýmek bilen bir pursatda ýaradypdyr.
Künd — 1. Kütek, kesmezek, ýiti däl. 2. Göýdük, zehinsiz.
Künç — çüňk, burç, bir çet.
Künde — 1. Agyr jenaýat edenleriň eline ýa-da aýagyna salynýan zynjyr, gandal. 2. Ýer sürülýän sada gurluşly azalyň ýere giryän burnuna geýdirilýän demir ýa çoýundan edilen azal, ýer sürýän agaç azal.
Küren — uly oba, köp ilatly oba, hatar-hatar öýli oba.
Kürk — possun, içmek, deriden tikilen galyň lybas.
Kürs (kürsi) — 1. Oturgyç, stul. 2. Metjitlerde wagyz aýdyjylaryň münberi. 3. Tagt. 4. Wezipe. 5. Asmanyň bir gaty.
Küşat (güşat) — açyk, ugruna, şowly.
Küşte — öli, jansyz, ölen, öldürilen.
Küteh (kutah) — 1. Gysga, kelte. 2. Pes, kiçi. 3. Kemçilikli.
Kybty — kybtylar, Müsüriň gadymy halky.
Kyl-u kal — galmagal, gykylyk, goh.
Kyn — 1. Azap, ejir. 2. Kyn, agyr.

L

Lafz — labyz, söz, aňlatma, aýdylyş, gep, gepleýiş.
Lagnat — nälet, gargyş, ýazgaryş. Towky-lagnaty — nälet towkysy
Lagnaty — gargyş siňen, näletlenen. Lagnaty şeýtan — nälet siňen şeýtan.
Lagyn — näleti, näletlenen, nälet siňen.
Lahap (lehaf) — 1.Ýorgan, örtgi. 2. Gije ýatylýan wagty geýilýän, pagtadan edilen ýumşak eşik, ýatyş eşigi. 3. Daşky eşik.
Lahat — gabyr, gör, mazar, gubyr.
Lahza — bir dem, bir pursat.
Lap — hetdenaşa öwünme, ulaldyp aýtma, güpüleme.
Latyf — 1. Gözel, gelşikli. 2. Ýakymly, ýuwaş. 3. Alla, Taňry.
Leb — dodak. Lebi-handan — gülýän dodak, ýylgyrýan leb. Lagly-leb — gyrmyzy dodak, lagyl ýaly gyzyl öwüsýän leb.
Lejam — uýan, jylaw, agyzdyryk, nogta.
Lemgat — ýalkym, yşyk, ýagtylyk.
Lewa — baýdak, tug, sanjak, alam.
Leýken (läkin) — emma, ýöne, şeýle-de bolsa.

Leýl — gije, agşam. Leýletil-magraç — Muhammet pygamberiň asmana göterilip, Allatagala bilen raz aýdyşan gijesi. Leýl-ruz — gije-gündiz, ertir-agşam. Leýl-u nehar — gije we gündiz.
Leziz — süýji, tagamly, lezzetli.
Lä — 1. Ýok. At we işligiň öňünden gelip, ýokluk manysyny aňladýan öň goşulma. 3. - syz, - siz, - suz, - süz — manysyny aňladýan goşulma.
Lä Ilähe illalla — Alladan gaýry iläh (ybadat edilýän) ýokdur.
Lä reýb — şeksiz, gürrüňsiz, şübhesiz.
Lä tezer — (diri) goýma.
Lä ýezal — ebedilik, hemişelik, mydamalyk, müdimi. Allatagalanyň bir sypaty.
Lisan — dil.
Löwläk (löwläke) — «Eger sen bolmadyk bolsaň ...», Allatagalanyň Muhammet pygamber hakynda aýdan jümlesi. Bu hadys ygtybarsyz hadyslaryň biri hasaplanyar.
Lubap — 1.Dag, beýiklik; 2. Maňyz, özen; 3. Arassa, tämiz.
Lukma — döwüm, tike, bir agyz zat (çörek, nahar).
Lutp — mähremlik, mähribanlyk, rehimdarlyk.

M

Mada — urkaçy, maçy.
Maderzat — dogabitdi, eneden dogma, tebigy.
Magbut — 1. Çokunylýan, ybadat edilýän. 2. Alla, Taňry. 3. Magşuk.
Magmum — gamly, gam-gussaly, gaýgyly.
Magmur — 1. Abadanlaşdyrylan, timarlanan. 2. Doly, köp.
Magraj — 1. Gök, asman, al-asman, beýiklik; dokuzynjy pelek. 2. Göterilme, asmana galma.
Magrur — 1. Tekepbirlik, men-menlik. 2. Buýsanmak, aldanmak.
Magryp — 1. Günbatar, günbatar tarap. 2. Ýurt ady, Marokka.
Magrypet — 1. ylym, bilim.
Magsyýet — günä, etmiş, ýazyk.
Magşar — 1. Kyýamat, ahyret. 2. Gykylyk, gowga, gyk-bak.
Magşuk — 1. Söýgüli, gözel, söýülýän. 2. Alla, Taňry.
Mah — 1. Aý (seýýara). 2. Aý (wagt). Mahy-taban — dolan Aý. Mah lyka — aý ýüzli, görkli. Mah ruhsar — aý ýüzli, gözel.
Mahal — 1. Saklanma, sagynma. 2. Orun, ýer. 3. Wagt.
Mahbup — söýgüli, ýar, dost, jora.
Mahfy — 1. Gizlin, syrly; ogryn, ýaşaryn. 2. Aňtawçy, diňçi.
Mahluk — döredilen, ýaradylan (adamzat, haýwanlar; bütin barlyk).
Mahy — balyk.
Mahz —arassa, sap, garyndysyz.
Majera — waka, hadysa, başdan geçirmeler.
Makalat — 1. Söz, gepleşik. 2. Parasatly sözler, atalar sözi, nakyllar. 3. Bölüm, bap.

Makam — mekan, duralga, gonalga. Makamy-agla — beýik dereje.
Makbul — kabul edilen, halanan.
Makdam — gelme, gelip düşme, peýda bolma, gadam basma.
Maksum etmek — bölmek, bölüşdirmek, paýlaşdyrmak.
Mal — 1. Baýlyk, emläk. 2. Pul, manat, teňňe. 3. Mal (haýwan). Maly-menal — 1. Baýlyk. 2. Bary-ýogy, ähli zady, eýeçiligindäki bar zady.
Mande — 1. Galan, eglenen. 2. Argyn, sökel. 3. Köne.
Manend — ýaly, misli. Manendi-dal — dal harpy ýaly bükük. Manendi-ryzwan — jennet ýaly, jennet mysaly
Manjanyk — daş we ş. m. zatlary oklamak ýa atmak üçin harby ýagdaýlarda ulanylýan gural.
Manzar — 1. Görnüş, şekil, sypat. 2. Seredilýän ýer, penjire.
Mar — ýylan.
Margir — ýylantutujy, ýylan tutýan.
Masyl — 1. Salgyt ýygnaýjy, gullukçy. 2. Esger, nöker, ýasawul.
Maşal — şem, çyra, fakel.
Maşk — 1. Titreme, şybyrdama (ýaprak hakynda). 2. Gamçylama; naýza sançma. 3. Gaşynma, saç darama. 4. At çapma. 5. Nusga, mysal. 6. Maşk etme, türgenleşme.
Maşryk — gündogar tarap, Gündogar.
Matag — 1. Zat, azyk, ýük, haryt. 2. Mata, parça.
Matbah — aşhana, nahar bişirilýän ýer.
Matlap – 1. Isleg, niýet. 2. Tagalla, yhlas, janypkeşlik.
Mawyr — esger, nöker.
Maý — 1. Ýag. 2. Maý (pursat).
Maýyl — haýran; meýil ediji.
Mazhar — görnüş, şekil, ýüze çykyş.
Meges — siňek.
Mehjur — 1. Zyňylan, taşlanan. 2. Aýrylan, jyda düşen.
Mehruş — dyrnaçaklanan, sypjyrylan.
Mejal — 1. Güýç, kuwwat. 2. Başarnyk. 3. Möhlet, pursat.
Mejaz — hakyky däl, göçme manyly, allegoriýa, metafora.
Mejmug — ähli, hemme, bütin, barysy.
Mejnun — 1. Jynly, däli. 2. Yşka düşen, aşyk.
Mekgar — mekir, hilegär, öte mekir.
Meks — durmak, sagynmak, gonmak, daýanmak.
Melal — gaýgy, gam, gussa, tukatlyk, gaýgylylyk.
Melaýyk — «melek» sözüniň köplük sany. Perişdeler.
Melek — perişde.
Melik — 1. Patyşa, şa, hökümdar. 2. Alla, Taňry, Hudaý.
Melul — gamly, gussaly, gamgyn.
Memat — ölüm, ýok boluş.
Menna (mennag) — päsgel beriji, böwet bolujy, garşy çykyjy. Efrady-menna — «Etmäň!» diýiji adamlar, meng (päsgel) beriji adamlar.

Mennan — 1. Iň şepagatly, iň rehimdar, sahy, jomart. 2. Alla, Taňry.
Menşä (menşa) — 1. Gelip çykyş, özen. 2. Bir zadyň dörän ýeri. Menşäýi-bela — belanyň öýjügi.
Merdum — adamlar, halk.
Merdumhor — adamhor, adam iýiji.
Merdut — kowlan, ret edilen, terk edilen
Merg (merk) — ölüm, gyrgyn.
Mergup — ýakymly, owadan, göwne ýaramly.
Merhaba — salam, baş üstüne.
Merkeb — at, ulag.
Merwerit — gymmatbaha daşlaryň bir görnüşi, merjen, dür.
Merz — 1. Araçäk, serhet, ýurt. 2. Serhoş edýän içgi, piwo.
Mesgenet — 1. Mesgen tutmaklyk, ornaşma. 2. Gymyldaman durmak.
Mesh — asyl şekilini üýtgedip erbet şekile girizme.
Mesrur — göwni hoş, hoşal, guwançly, şadyýan, bagtly, şatlykly.
Mestan — serhoş, aklyny ýitiren, şeýda; yşka düşen, aşyk.
Meswak — diş arassalanýan taýajyk, çöpjagaz.
Mezellet — peslik, mertebesizlik. Häki-mezellet — peslik topragy.
Mäfihä — şondaky (haýsy-da bolsa) bar zat.
Mähek — gyzylyň ýa kümüşiň gatançlydygyny, arassadygyny bilmek üçin olara sürtülýän daş.
Mährap — metjitde ymamyň namaza duryan ýeri.
Mähuz — 1. Alma, eýeleme; halas etme. 2. Temmi berme, jeza berme.
Mälik — 1. Eýe, patyşa, hökümdar. 2. Dowzahyň eýesi bolan perişdäniň ady. 3. Alla, Taňry.
Mämen — gaçybatalga, aman galmak üçin barylýan ýer.
Män Repbuk — Perwerdigäriň kim? (Müňker we Nekir tarapyndan gabyrda merhumdan soralýan soraglaryň biri).
Mäsewalla (mäsewa Alla) — Alladan başga, Alladan gaýry zat.
Mäwa — 1. Penagäh, gaçybatalga. 2. Ýer, mesgen. Jenneti-mäwa — ýedi jennetiň biriniň ady. Menzili-mäwa — gaçybatalga menzili.
Mäzägal basar — Gurhany-Kerimiň 53-nji «Nejm» süresiniň 17-nji aýaty: «Göz saga-sola garamady (ýalňyşmady)».
Miftah — açar, kilt. Miftahyl jenan — jennetleriň açary.
Mihter (mehter) — 1. Has beýik, şazada, jenap. 2. Atbakar, seýisler başy.
Mil — gyzgyn demir, çiş, syh.
Mirat — aýna.
Mirşikär — mürüşgär, aw guşlaryny idedýän, aw guşlaryna jogap berýän emir, awçylaryň baştutany, ýolbaşçysy.
Mizan — 1. Terezi, ölçeg. 2. Eýranyň şemsi ýyl hasabynyň ýedinji aýy (güýzüň başky aýy). 3. Ýyldyzlar toplumy. Bazy-mizany — oýun terezisi.
Mömin — 1. Imanly. 2. Dogryçyl, ynamly, ynanýan, uýýan, musulman.
Möminan — Seret: Möminun.
Möminun — mömin sözüniň köplük sany.

Möwjudat — möwjut sözüniň köplük sany. Barlyklar, ýaradylanlar.
Möwjut — bar bolma, barlyk, bar edilen, döredilen.
Möwla (Möwlam) — 1. Hudaýyň bir ady. 2. Jenap. 3. Gul, bende.
Möwt — ölüm.
Muddaga — talap, isleg, maksat, myrat, dileg, şikaýat, arza, dawa.
Mugalla — beýik, belent, ýokary.
Mugazzam — 1. Belent edilen, beýgeldilen. 2. Hormatly, uly abraýly.
Mugjyz (mugjyza) — geň zat, adam güýjünden daşary bolup geçýän täsin hadysa.
Mugjyzat — mugjyza sözüniň köplük sany, geň zatlar, haýran ediji zatlar.
Mugrabat — üýtgeýän zatlar, üýtgeşmeler, özgerişler.
Mugtakyt — ynamly, ynanýan, ynam edýän, ynam-ygtykat edýän.
Mugylan (Mugeýlan) — 1. Gyrymsy tikenli ösümlik. 2. Mimoza (kösükli ösümlik), akasiýa (ysly ak ýa-da sary gülli agaç). Tiken, çeti.
Muhal — mümkin däl, başa barmaýan, amala aşmajak, absurd.
Muhammedi — Muhammet pygamberiň dinine uýýan, yslama uýan adam.
Muhannes — namart, gorkak, binamys, bigaýrat.
Muhlys — 1. Yhlas ediji, berlen, dogruçyl. 2. Takwa.
Muhtalyp (muhtalyf) — her tüýsli, dürli-dürli.
Muhtar — 1. Ygtyýarly, erkli. 2. Saýlanan. Ahmedi-Muhtar — Muhammet pygamber.
Muhtasar — gysga, gysgaça, az, az-kem.
Muhtesip — barlagçy, derňewçi, aňtawçy, hasap soraýjy.
Muhteber — seresap, ätiýaçly, habarly, ägä.
Muhterem —hormatly, atly-abraýly, mertebeli.
Mukadder — öňden kesgitlenen, ykbal, täleý, ýazylan.
Mukaddes şähr — Iýerusalim (Beýtil-Mukaddes).
Mukaddir — takdyr ediji, ýazgyt ýazyjy, Alla, Taňry.
Mukarrap — ýakynlaşan, Allanyň dergähine ýakynlaşan perişdeler. Dört mukarrap — Allatagalanyň dergähine ýakynlaşan dört perişde: Jebraýyl, Ezraýyl, Mikaýyl, Ysrapyl.
Mukasat — uzak aralyk.
Mukatyl — urşujy, esger, nöker, ýasawul.
Mukym — 1. Gymyldamaýan, sarsmaýan. 2. Ýaşaýjy, oturymly.
Mukyr — 1. Boýun, kaýyl bolma. 2. Ykrar ediji, tassyklama.
Mum — bal arylarynyň öýjüginde balyň düýbünde galýan şepbeşik madda.
Mumtaz (mütäz) — parhly, tapawutly.
Munakgaş — nagyşlanan, bezelen, beslenen.
Munys — dost, ülpet, ysnyşan.
Muňdaş — dertdeş, ýürekdeş, syrdaş.
Muňly — gaýgyly, gamly, hasratly, dertli.
Mur — garynja.
Murassag — bezegli, bezelenTäji-murassag — bezegli täç.
Murda — öli, jansyz.
Murdar — haram ölen.

Murg — guş, towuk. Murgy-säher — bilbil.
Mursal — 1. Iberilen. 2. Pygamber.
Murtaza — 1. Saýlanan, saýlantgy. 2. Alynyň lakamy.
Musahyp — 1.Ýaran, ýoldaş. 2. Eýe, hökümdar.
Musallat — 1. Höküm ediji, hökümli. 2. Oňat bilýän, göz ýetirýän.
Musawwar — şekillendirilen, suraty çekilen, teswirlenen.
Mushaf — 1. Kitap, jilt, depder, sahypa, warak. 2. Gurhan.
Mustagrak — 1. Gark bolan, çümen, batan. 2. Çüň pikire batmak.
Mustapa — 1. Saýlanan, seçilen. 2. Muhammet pygamberiň lakamy.
Mustegan — 1. Kömek islenilýän, ýardam dilenilýän. 2. Alla, Taňry.
Musyja — guş ady, ýabany kepderileriň bir görnüşi.
Muş — syçan.
Muşfyk — mähirli, mähriban, merhemetli.
Muşt (Muş) — ýumruk; gysym. Muşty-häk — bir gysym toprak.
Mutlak — şertsiz, hiç zat bilen çäklenmedik, ýeke-täk, hergiz, asla, hiç.
Muttasyl — 1. Sepleşen, birleşen. 2. Üznüksiz, dowamly, yzygiderli.
Mutyg — boýun egen, tabyn, boýun bolan.
Muze — mesi.
Mübäriz — 1. Batyr, gaýduwsyz, mert. 2. Urşujy, söweşjeň, göreşiji.
Mübtela — bir zada duçar bolmaklyk, bela uçramaklyk.
Müezzin — azan aýdyjy.
Müfti — dini hökümleri beýan edýän ruhany, dini kanun (şerigat) esasynda höküm (pitwa) çykaryjy.
Müjde — 1. Hoş habar, söýünji, buşluk. 2. Müjde (has at).
Müjgän — kirpik.
Müjtehid — 1. Ýokary derejeli ruhana berilýän titul, ahun, hukuk ylmynyň ýokary derejesine ýeten, pitwa bermäge hukuk gazanan kişi. 2. Dürs garaýyş.
Mükemmel — kämil, ýetişen, ussat, halypa, pir.
Mülewwes — 1. Hapalanan, kirlän. 2. Günä bulaşan, ýazykly.
Müneçjim — astr. ýyldyz hasaby boýunça boljak hadysany aýdýan adam.
Münewwer — nurly, ýagty, yşykly, ýalkymly.
Mürettib — 1. Tertibe salyjy, tertipli. 2. Tertibe salnan, tertiplenen.
Mürewwet (mürüwwet) — 1. Mähribanlyk, akýüreklilik, rehimdarlyk. 2. Adamkärçilik, ynsanperwerlik. 3. Ynsap. 4. Dözümsizlik, geçirimlilik. 5. Mertlik, gahrymançylyk. 6. Sahylyk, sahawatlylyk.
Mürit — sopy, yzyna eýerýän.
Mürşit — dogry ýol görkeziji, ruhy ýolbaşçy, sopularyň ýolbaşçysy, pir.
Mürwet — Seret: Mürewwet.
Müstejip — dilegi kabul bolan, haýyşy biten, möhümi biten.
Müşgil — kyn, çetin. Müşgil kuşat — kynçylyklary çözüji.
Müşk — keýikleriň bir görnüşiniň göbeginde ýygnanýan suwuklykdan alnyp ýasalýan ýakymly ysly madda.
Müşrük — butparaz, köphudaýly.
Müwekkel — bir işe bellenen wekil edilen.

Müznip — günäkär, ýazykly, etmişli.
Mygmar — jaý gurujy, arhitektor, bina ediji.
Myh — çüý. Myh ýaly — berk, pugta.
Myltyk — 1. Tüpeň. 2. Ýakymsyz tagamy bolan, ötüşen iýmit.
Mynajat (munajat) — ýekelikde okalýan doga, doga-dileg, gije okalýan doga, ikiçäk gürrüň, Hudaýa ýüzleniş.
Mynapyk — ikiýüzli, ara bozujy, ýaranjaň, şugul.
Myrdar — 1. Maslyk, läş, haram ölen maslyk. 2. Haram, nejis, porsy zat.
Mysapyr — ýolagçy, gezende, geçip barýan.
Myzrak — 1. Kelte naýza, zyňmak üçin ulanylýan ýeňil, çaklaňça naýza. 2. Ýüke öwrenişmedik düýe, urlan ýüki agdarýan düýe, bugurçy.

N

Nafaga — gündelik durmuş harajaty.
Nafyz — täsirli, täsir ediji, täsirini ýetiriji.
Nagleýn — 1. Köplenç mollalar geýýän burny gaýşak ökjesiz köwüş, hammamda ýa yzgarly ýerde geýilýän galyň tagta köwüş. 2. Jüp köwüş.
Nagra — gykylyk, gowga, gaharly gygyrma, arlama.
Nagt I — nagt, nesýe däl.
Nagt II — 1. Öwgi, taryp. 2. Sypat, öwgüli häsiýetler.
Nahan (nehan) — gizlin, ýaşyryn, ogryn, örtülgi, ýapylgy, örtülen.
Naky (naka) daşy — «Naka» diýlip, maýa, ene düýä aýdylýar. Bu ýerde Salyh pygamberiň gudrat bilen dagyň daşyndan düýe çykaryşy baradaky rowaýat göz öňünde tutulýar.
Nam — at, ism. Nam-u nyşan — yz-sor, at we alamat, nam-nyşan.
Namyrat — 1. Myradyna ýetmedik. 2. Aldanan. 3. El üzen, aýrylan.
Nar I — 1. Ot, ýalyn. 2. Dowzah ody. 3. Tagma. Nary-bela — ot belasy; dowzah odunyň howp-hatary. Azaby-nar — dowzah azaby, ot azaby.
Nar II — 1. Miwe ady. 2. Gm. Ganly ýaş.
Nar III —aňry, aňyrsy; yzy. Nar ýan — aňry tarap, ol tarap.
Narynç — apelsin, ösümlik ady. Hemişe gök öwsüp miwe berýän agaç we onuň miwesi.
Naşy — nadan, tejribesiz, bilimsiz, nakys.
Natuwan — biçäre, ejiz.
Nauzu-Billa — Alla görkezmesin, Taňrym daş edewersin, Alla sygynýarys.
Naw — gämi, gaýyk, korabl.
Naýap — gyt, tapdyrmaýan, örän seýrek; gymmatbaha zat, taýsyz zat.
Naýyp — 1. Orunbasar, kömekçi, ýoldaş, ýaran. 2. Häkim, galanyň, şäheriň, welaýatyň patyşa tarapyndan goýlan baştutany.
Nazargäh — 1. Garaýyş. 2. Gözegçilik nokaty. 3. Ymamyň, piriň mazary.
Nazyr — seredýän, goraýan, gözegçilik edýän.
Nebat — ösümlik, ot.
Nebatat — nebat sözüniň köplük sany, ösümlikler, otlar.
Nebi — pygamber.

Nebiulla — Allanyň pygamberi, Nuh pygamberiň lakamy.
Nebs — 1. Ruh, jan, ýaşaýyş. 2. Maddy isleglere bolan tebigy meýil. Nebsi-howa — nebsewürlik. Nebsi-näperman — boýun bolmaýan nebis.
Neçjar — agaç ussasy.
Nedamat — puşman, ökünç, gynanç.
Negin — gaş, ýüzügiň gaşy.
Nehar — 1. Kemsitme, äsgermezlik. 2. Gün, gündiz.
Nehaýat — 1. Soň, ahyr. 2. Çäk, çet. 3. Örän köp, ummasyz. 4. Ajaýyp.
Nehiý (nehý) — gadagan etme, ýoluny ýapma, öňüni alma.
Nejat — gutulma, halas bolma, çäre, alaç.
Nekemek — ýöritelemek, gönülemek. Nekap gelmek — gönüläp gelmek.
Nekip — 1. Iň oňat. 2. Baştutan. 3. Kepil. 4. Gözegçi.
Nemaýyş — görkezmäge goýlan, sergi, görkezme.
Nepes (nefes) — 1. Dem. 2. Göz açyp-ýumasy salym.
Nerkes (Nerges) — sary ýaprakly owadan gul. Bu gülüň gunçalary göze meňzeş bolany üçin, ol edebiýatda meňzetme hökmünde göz manysynda hem ulanylýar.
Nerm — 1. Ýumşak, mylaýym, näzik. 2. Kämil däl, ýetişmedik.
Nesep— asyl, gelip çykyş.
Neşr — 1. Ýaýratma, pytratma. 2. Kyýamat, täzeden direliş, ahyrzaman.
Neşter — iňňe, temen.
Neý (naý) I — 1.Gargy, gamyş, pero. 2. Saz guraly (truba), tüýdük.
Neý II — 1. Nem, çyg, öl. 2. Ot, ösümlik. 3. Ýag, çig ýag, ýag basma, semreme. Neý götermek — gögermek, ösüp çykmak
Neý III — 1. Ýok bolma, ýitme. 2. Tejribesiz, başarnyksyz, aljyraňňy.
Neýsan (nisan) — 1. Grek aýlarynyň ýedinji aýynyň ady. Siriýa kalendarynyň bäşinji aýy. Bu hasap aprel aýyna gabat gelýär. 2. Irki baharda ýagýan ýagyş.
Neýşe — ne işe; näme üçin, neçün.
Nezr — 1. Hudaýýoly, sadaka. 2. Äht, kasam, ant içme.
Näçaglanmak — 1. Ejizlemek, namartlamak. 2. Keýpiňi gaçyrmak.
Nägehan — Seret. Nägäh. Belaýy nägehan — garaşylmadyk bela, garaşylmadyk dert, tötänden peýda bolan bela.
Nägäh — 1. Birden, tötänden, garaşylman durka. 2. Bimahal, ýerliksiz.
Näkabyl – 1. Nälaýyk, mynasyp däl. 2. Ukypsyz, ejiz, gowşak.
Närow (närowa) – 1. Rowa däl, laýyk däl. 2. Gelşiksiz, ýaraşyksyz.
Närse — zat, haýsydyr bir zat.
Näsezalar — gadyr bilmeýänler, hormata mynasyp däl adamlar.
Näşaýeste — laýyk däl. Şaýeste — gelin-gyzlara degişli has at.
Näşte — ertirlik nahar.
Näzperwer — näzli, näz-kereşmeli.
Ni — ne, däl, ýok.
Nida (neda) — ses, çagyryş, gykylyk, ahy-nala gatyşykly ses.
Nifret eýlemek — ýigrenmek, halamazlyk.
Nigehdar — goraýjy, saklaýjy, penakär.
Nigär (nigar) — 1. Gözel, söýgüli, ýar. 2. Surat. 3. Nigär (gyz ady).

Nik — ýagşy, gowy.
Nikap — ýüz örtüsi, perde, ýaşmak, bürenjek.
Nim — 1. Ýarty; ýarym, bir zadyň ýarysy. 2. Bir zadyň ortasy.
Nisar — 1. Pida, gurban. 2. Saçmak, seçmek, ýaýratmak, pytyratmak.
Nisbet — 1. Gatnaşyk, degişlilik, aragatnaşyk. 2. Garyndaşlyk, ýakynlyk. 3. Gabat gelme, kybapdaşlyk, deň gelme.
Nist — ýok. Nist bolmak — ýok bolmak.
Nowa — 1. Heň, mukam, saz, aýdym. 2. Baýlyk, emläk, mal, serişde.
Nowa (newe) — agtyk, çowluk; nebere, nesil.
Nowgaher — 1. Ýasda, matamda hakyna tutulyp aglaýan agyçylar, hakyna tutulan agyçylar, ahy-nala edijiler. 2. Ýakyn hossary dünýäden ötende ýas baglap möňňürip, dady-perýat edip aglaýan kişiler.
Nowmyt — näumyt, umytsyz.
Nujaba — 1. Ak ýürekli adamlar. 2. Barly synplar. 3. Kyrklar, erenler.
Nukaba — nekib sözüniň köplik sany. Häkimler, soltanlar.
Nuran — nurana, nurly.
Nurbat — haraý, rehim, aman dileme, aman berme, aman-nurbat.
Nury-aýyn — 1. Gözüň nury, garak, bäbenek. 2. Ogul, çaga.
Nury-mahweş — Aý ýaly nur, Aýa meňzeş nur, ýagtylyk.
Nusrat — 1. Kömek, goldaw. 2. Ýeňiş, üstünlik. Fathy-nusrat — ýeňiş ýardamy, ýeňmäge berlen ýardam.
Nygma — 1. «Nygmat» manysynda. 2. Miwe, agajyň hasyly.
Nysf — ýary, ýarymy.
Nyýaz — 1. Ýalbarma, dileme, ötünç, umyt. 2. Mätäçlik. 3. Wada bermek.

O

Ok-gez — peýkam, ok, ok-ýaý.
Olum – güzer, inelge.
Oň — 1. Oňmak, şowuna bolmak, ugrukmak. 2. Sag, sag tarap.
Owkat — 1. Nahar, iýmit. 2. Güzeran, durmuş ýagdaýy. 3. Wagtlar.
Oýluşmak — ýygnanyşmak, töweregine üýşmek, töweregini gallap almak.

Ö

Öhde — 1. Borçnama, şert, ylalaşyk. 2. Jerime. 3. Hötde, hötdesinden gelmek.
Öre — direg, daýanç, sütün.
Öwj — beýiklik, galma, galkynma, iň ýokary belentlik.
Öwla — artykmaç, tapawutly, has oňat, has ýagşysy, iň gowusy, has mynasyp.
Öwlat — çaga, perzent, nesil.
Öwtat — 1. Myhlar, gazyklar. 2. Ruhanylar, pirler, keramatlylar.

P

Pa — aýak.
Padyman (padywan) — sygyr çopan.
Paluda — arassalanan suwuk içgi, suwuk aş, şüle, miweden edilen nygmat.
Pany — 1. Hemişelik däl, dowamsyz, wepasyz, ötýän. 2. Şu dünýä.
Parsah — 6 km. deň uzynlyk ölçegi.
Paryg — boş, azat, asuda, dynç, rahat bolan.
Parz — anyk delil, subutnama arkaly ýerine ýetirilmegi hökmany bolan amallar. Meselem: namaz okamak, oraza tutmak.
Pasyk — bozuk, azgyn, ýoldan çykan, pyssy-pyjurlyk edýän.
Paýa — 1. Basgançak. 2. Sütün, direg.
Paýan — ahyr, soň, tamam, yz, gutarma.
Paýeki — 1. Köpçülikde aýakly çilim ýörediji, çilim aýlaýan. 2. Hyzmatkär, öýdençer hyzmatkär. 3. Garamaýak, aşaky gatlak.
Paýmal (p**aýymal)** – aýak astyna düşmek, depelenmek, depelenen.
Paýz (feýz) — 1. Bol, köp, artyk (gözýaş, suw hakynda). 2. Mähirlilik, merhemet. 3. Peýda, nep, bereket. 4. Joşma.
Paýyz — güýz pasly.
Peder — kaka, ata.
Pelit — I. Hapa, hapalanan. 2. Näletlenen, ýigrenji, nejis.
Pena — 1. Gaçalga, daýanç, gorag. 2. Ýok bolmaklyk, ýitip gitmeklik.
Perişan — 1. Dagynyk, bulaşyk, çaşgyn. 2. Erbet, ýaramaz.
Permanberdar — tabyn, boýun, permana boýun sunan.
Perraç — hökümdarlaryň hyzmatkärleri, köçä, howla, oturylýan ýere, jaýa (suw sepip, düşek düşäp) serenjam beriji. Soňky wagtlarda ol esger, nöker, ýasawul manylaryny hem aňladypdyr.
Perrende (perende) — guşlar, ganatlylar.
Pertöw — nur, ýalkym, yşyk, Gün şöhlesi.
Perwan — ýüpegi pileden aýyrýan çarh.
Perwana — kebelek.
Perwaz – uçuş, uçma, uçmaklyk.
Pesihat — 1. Dilewarlyk. 2. Ak ýürekden aýdylan söz. 3. Manysyz boş söz.
Pester — pesräk, pes, has pes.
Peşe — çybyn. Peşe per — çybynyň ganaty.
Peý — 1. Fundament, düýp, direg, daýanç. 2. Aýak, aýak yzy.
Peýan – peýda, nep, haýyr.
Peýker – 1. Beden, ten, endam. 2. Görnüş, şekil; surat. 3. Heýkel.
Peýmana — 1. Ömür jamy. 2. Ölçeg. 3. Şerap içilýän käse. Peýmanasy dolmak — ölmek, ömri tükenmek.
Peýsiz — 1. Yzsyz-sorsuz, nyşansyz. 2. Dowamsyz. 3. Ogulsyz, perzentsiz.
Peýşin — öýle, öýle namazy.
Peýwent — bag, ýüp; birigen, baglanyşykly; sapylan, sapylma.
Peýwest — bagly, birleşen, sepleşen.
Päheň (peseň) — terezíniň daşyna taý etmek, jamlaryny deňlemek üçin goýulan agramlyk.

Pir — 1. Garry, ak saç, ýaşuly adam. 2. Pir, sopularyň baştutany.
Pisat (pesat)— bozuk, erbet, ýamanlyk, bulaşyklyk.
Pisint — halama, göwne ýarama, pisindiň oturma.
Pişe — iş, bir zada meşgullanmak.
Pişwa — ýolbaşçy, öňbaşçy, serdar, dini ýolbaşçy.
Post — 1. Ham, deri. 2. Gabyk.
Pota — 1.Hammamda bilden aşak dolanýan ýörite edilen bölek mata. 2. Bil guşak.
Pul — köpri. Pul-Syrat — Syrat köprüsi, dini dünýägaraýyşa laýyklykda, jähennemiň üstünden geçýän köpri.
Pur — ogul, perzent.
Pusty-pena — arkadaýanç, penakär.
Puş— örtme, ýapma; örtük. Puş kylmak — ýapmak, örtmek.
Puşeş — egin-eşik, geýim, lybas.
Puşt — 1. Arka, ýagyrny. 2. Nesil, urug. 3. Goraýjy, sakçy, uly mertebeli adamyň ýany bilen gidýän goragçy nökerler. 4. Bir zadyň daş ýüzi. Puşty-pena — 1. Arkadaýanç, ýaran, goraýjy. 2. Gaçybatalga.
Pür — doly. Pürnem — ýaşdan doly. Pürgam — gamdan doly, gamly.
Pygan — ahy-nala, dat-perýat, agy, iňňildi.
Pygl — 1. Iş, etmiş. 2. Niýet, päl.
Pynhan — gizlin, ýaşyryn, ogryn.
Pyrak — aýralyk, jydalyk, aýra düşme.
Pyrkat — aýralyk, aýra düşmeklik.
Pysk – bozgakçylyk, ahlaksyzlyk.

R

Rabat — kerwensaraý, gala.
Rafyk — ýoldaş, hemra, dost.
Ragbat — meýil, isleg, höwes.
Ragna — owadan, gözel, näzik, ýakymly, görmegeý.
Rah — ýol, ugur, ýörelge. Rahy-zalal (zelal) — ýoldan çykma, azaşma. Rahy-zulmat — garaňkylyk ýoly. Rahy-nowmydy — umytsyzlyk ýoly, ýalňyş ýol.
Rahber — 1. Ýol görkeziji, ýolbelet. 2. Ýolbaşçy, baştutan, serdar.
Rahbin — baştutan, ýol görkeziji.
Rahman — 1. Rehim edýän, örän rehimli. 2. Alla, Taňry.
Rahnema — ýol görkeziji, ýolbelet.
Rah röw — ýolagçy, ýoldan gelýän mysapyr.
Raht — ýol esbaplary, ýol goşy.
Rahzen — garakçy, ýol talaýan, galtaman.
Rahym — 1. Rehimli, rehimdar. 2. Alla, Taňry.
Raks — tans.
Rakyp — duşman, ýagy, ýow.
Ram — 1. Boýun egen, gulak asýan,. 2. Ekdi, eldeki. 3. Aram, rahat.
Ran — 1. But, aýak, 2. Sütün, daýanç.
Raster — gönüräk, dürsräk, has dogry.
Rastlar — dogryçyl adamlar, hakykatçylar, ak ýürekli adamlar.

Raý — 1. Pikir, isleg. 2. Ýol, ýoda. 3. Hindi häkimleriniň lakamy.
Raýyş (araýyş) — bezeg, zynat.
Raz — syr, gizlin gürrüň.
Raz aýtmak — gürleşmek, syrlaşmak.
Razdan — syr beriji; syr berilýän, syr ynanylýan.
Razyk — 1. Ryzk beriji, rysgal ýetiriji. 2. Alla, Taňry, Hudaý.
Rebig — ýazyň ilkinji aýy; bahar, ýaz pasly.
Reda — 1. Derwüşleriň omuzlaryna, eginlerine atýan we gerek ýerinde namazlyk ýa-da ýorgan deregine ulanýan ýüňden edilen gödek mata. 2. Don, ruhanylaryň geýýän dony. 3. Ýyrtyk don. 4. Sopuçylykda birinji makamyň ýedinji menzili.
Refg eýlemek — dep etmek, öňüni almak; ýokary götermek.
Refref (ref-ref) — 1. Ysrapyl perişdäniň mekany. 2. Muhammet pygamberiň magraj gijesi münüp asmana göterilen iki atynyň biri. Onuň beýleki atynyň ady Byrakdyr (Burak). 3. Magraj gijesi Muhammet pygamberi göterip, Allatagalanyň degähine alyp baran tagt.
Reftar — gylyk, häsiýet, boluş; ýöriş, ýöreme.
Refti-amet — gelip-gitme, gelim-gidim, yza çekilme-öňe süýşme.
Rehber — baştutan, öňbaşçy.
Rehm (rehem) — ýatgy, çaga ýatgysy.
Rehne — 1. Köwek, çukur, guýy, jaýryk. 2. Döwük, omrulan. 3. Äpişge.
Rehnemun — 1. Ýol görkeziji, ýolbelet. 2. Pir, şyh, ussat.
Rekap (rekab) — üzeňňi.
Remezan — hijri-kamary aýlarynyň dokuzynjy aýy, Oraza aýy.
Renç — zähmet, azap, ejir, jebir.
Rep — 1. Eýe, hojaýyn, baýar. 2. Alla, Hudaý, Taňry.
Repbenä — Hudaýymyz! Eý Hudaý! Eý Alla.
Repbiýel-Agla — Meniň Beýik Allam.
Repbul-ybat — bendeleriň Eýesi, bendeleriň Perwerdigäri.
Resa — 1. Ýetişýän, ýetişen. 2. Doly, kämil. 3. Gaty (ses hakda). 4. Paýhasly.
Resm — 1. Däp, dessur, adat, düzgün. 2. Surat, surat çekme, çyzgy.
Resul — 1. Wekil, habar getiriji. 2. Pygamber. 3. Resul (has at). Resulalla — Allanyň wekili, Hudaýyň pygamberi. Muhammet pygamberiň lakamy.
Reşit — 1.Ýolbaşçy, dogry ýol görkeziji. 2. Batyr, edermen. 3. Hudaý, Alla.
Reşk — göripçilik, bahylçylyk.
Reýgan — 1. Mugt, hak-hukuksyz. 2. Boş, biderek, ýerliksiz, peýdasyz.
Reýhan — 1. Ysly otlaryň umumy ady. 2. Gül ady(bazilik).
Rihlet — 1. Ölüm. 2. Ugrama, göçme. 3. Syýahat. Bady-rihlet — ölüm şemaly.
Rik (rig) — çäge, gum, çagyl.
Risman — ýüp, sapak, eriş, tar.
Riş — 1. Sakgal. 2. Ýara, baş, düwürtik.
Rişt —häsiýet, gylyk, boluş.
Rişte — 1. Ýüp, sapak, tanap, bag, bagjyk. 2. Unaş.
Rişwet — para, parahorluk, alym, algy.
Riýet — öýken.

Rowa — 1. Rusgat berlen, ýol berlen, mümkin. 2. Ýaramly, gelşikli. Rowa görmek — mynasyp görmek. Rowa kylmak — dözmek.
Roý — ýüz, ýaňak. Roýy-ryýa — ikiýüzlilik, gözboýagçylyk, jögülik.
Roz (ruz) — gün, gündiz. Rozy-jeza (ruzy-jeza) — kyýamat güni, etmişiňe görä jeza ýa-da sogap berilýän hasap güni. Roz-u şeb — gije-gündiz.
Rozy (ruzy) — nesip etme, kysmat etme; eçilme.
Rozy-magşar — kyýamat güni.
Rozygär (ruzygär) — 1. Ýaşaýyş, durmuş. 2. Zaman, döwür. 3. Şemal, ýel.
Röw — gidiji, barýan. Rah röw — ýolagçy, ýoldan gelýän mysapyr.
Röwende — 1. Geçýän, hereket edýän, akýan. 2. Gezende, ýolagçy. 3. Çapar, habarçy. Röwende-ýu aýende — gelýän we gidýän, barýan we gelýän.
Röwüş — usul, tär, düzgün, kada, ýol, ýörelge.
Ruhy-Tur — Tur dagy. Ol Sina adasynda ýerleşýär.
Rukaba — rakyb sözüniň köplük sany. Gözegçiler, serenjam berijiler.
Rukug — egilme, bükülme, eglim; namazyň eglimi.
Rusul — resul sözüniň köplük sany, ilçiler, çaparlar; pygamberler.
Rusyýa — utançly, uýatly, ryswa, ýüzügara, masgara, biabraý.
Ruz — Seret: Roz.
Rütbe — dereje, mertebe.
Rykkat — 1. Müşgil, azap çekme. 2. Ýumşaklyk, duýgudaşlyk.
Ryswa (ruswa) — masgara, biabraý, garalanan, ýüzigara.
Ryýa — ikiýüzlülik, hilegärlik, jögülik. Ryýakär — jögi, hilegär, gaçgaklaýan.
Ryýazat — 1. Terkidünýälik, asketizm, berhiz. 2. Kynçylyk.
Ryzk — gündelik iýmit, azyk, rysgal.
Ryzwan — 1. Jennet sakçysynyň ady. 2. Jennet (behişt).

S

Saba – 1. Säher, daňdan. 2. Mylaýym säher şemaly. Bady saba — säher şemaly, daň bilen öwüsýän hoştap şemal.
Sabyk — öňki, geçen, öten. Döwri-sabyk — öňki döwür, geçen döwür.
Saç kylmak — 1. Saçmak, seçmek. 2. Aýyrmak, aýra salmak.
Sadap — deňziň düýbünden alynýan balykgulak.
Sadranç — küşt.
Safy — 1. Päk, päkize, arassa. 2. Arassa, garyndysyz. 3. Çyn dost, hakyky dost. 4. Adam atanyň lakamy. 5. Hezreti Alynyň lakamy.
Sagadat — bagt, bagtlylyk, bagtyýarlyk.
Sagy (sa:gy) — 1. Yhlasly, janypkeş. 2. Şyltakçy, gep gezdiriji, töhmetçi.
Sagyka — güýçli ýyldyrym.
Sagyr — 1. Ýetim. 2. Ýaş, kiçi. 3. Bulgur.
Sagý — 1. Jan çekme, çalyşma; zähmet, synanyşyk. 2. Gezelenç, ylgama.
Sahaba — Muhammet pygamberiň egindeşleri, pygamber gören adamlar.
Saht — gaty, agyr; Saht-dil — mähirsiz, daşýürek, doňýürek.

Sahyp — 1. Eýe, hojaýyn. 2. Patyşa, hökümdar. Sahyby-mansap — orun eýesi, wezipeli. Sahyby-Zülpükar — Zülpükaryň eýesi, hezreti Alynyň lakamy. Sahyby-lutpy-kerem — haýyr-sahawatyň eýesi, hezreti Alynyň lakamy.
Sahyp-aza — gamgyn, gaýgyly. 2. ýasly, matamly.
Sahypjemal — 1. Görk eýesi, görkli, owadan, görmegeý. 2. Hudaý.
Sahypkemal — kämillik eýesi, kämil, akylly.
Sahypkär — 1. Hökümdar, patyşa. 2. Häkim, dikme.
Sahypkyran — 1. Bagtly, ykbally. 2. Sähetli gün doglan; seýýaralaryň şowly hatara düzülen wagty doglan, Zöhre bilen Müşteri seýýarasynyň biri-birine has ýakyn gabatlaşan wagty dünýä inen çaga. 3. Gündogar ýurtlarynda rowaç şalaryň lakamlary. 4. Teýmirleňiň lakamy.
Sahypzaman — zamananyň eýesi, döwrüň hökümdary, patyşasy.
Sakar — ýedi dowzahyň biri.
Saklap — slawýan ýurtlary, slawýan.
Saky — 1. Meýlisde käselere şerap guýup paýlaýan adam. 2. Suw paýlaýan.
Sal I — Derýadan geçmek üçin ulanylýan bir-birine baglanan tagta ýa gamyş, taýmyl, gaýyk.
Sal II — ýyl, ýaş.
Sala (sala:t) — 1. Namaz. 2. Doga-dileg.
Salat (salawat) — 1. Salam, salam berme. 2. Rehmet dileme. 3. Namaz, namaz okama. 4. Doga-dileg.
Saman — 1. Kömek, ýardam. 2. Öý-öwzar. 3. Hasyl. 4. Tertip-düzgün, 5. Güýç, kuwwat, gudrat. 6. Baýlyk, döwlet, emläk.
Samat — 1. Hemişelik, ebedilik. 2. Hiç kime we hiç bir zada mätäç hem dahylly däl. 3. Alla, Taňry. Abdyssamat — 1. Hudaýyň bendesi. 2. Abdyssamat (has at).
Sam-sam — ýaňra, lakgy, batnyksyz, gepi bilen ýürege düşýän adam.
Sandywaç — bilbil.
Sangy etmek — pikir etmek, oýlanyşmak, paýhaslanmak, hyýal etmek.
Sanyg — ýaradyjy, dörediji; Alla, Taňry. Sanygy-biçun — hiç bir zada hasap bermeýän Ýaradyjy, Alla, Taňry.
Saňsar (seňsar) — 1. Daş bilen urma, daşlama (orta asyrlarda dowam eden jezalandyrmanyň bir görnüşi). 2. Daş ýaly, berklik. 3. Başga ýurda göçme, sürgün edilme. 4. Akmak, tentek.
Sapa — 1. Dury, aýdyň, arassalyk. 2. Terlik. 3. Keýp, höwes.
Sapdar — 1. Batyr, edermen. 2. Söweşjeň. 3. Hezreti Alynyň lakamy.
Sapy — 1. Arassa, goşundysyz. 2. Günäsiz, ýazyksyz.
Sarkyt — 1. Dadymlyk, teperrik. 2. Galyndy, agzyndan galan.
Sarwan (sarman) — düýe çopan.
Sary — tarap, ugur görkezýän söz.
Saý I — çuň däl ýer, ýalpak (suw barada).
Saý II — tarap, ugur, ýan.
Saýa — 1. Kölege. 2. Goramak, eýe çykmak. 3. Ýardam, goldaw.
Saýha — owaz, ses, gykylyk, goh, galmagal.
Saýyl — gedaý, dilegçi, ykmanda, sergezdan.

Saýýat — awçy, şikarçy.
Sebze — ýaşyl, gök ot, ösümlik.
Sebzebaz — ýaşyl geýimli, ýaşyl lybasly, gök geýnen.
Sebze pa (sebz paý) — nämübärek, ters täleý; betbagtlyk getirýän.
Sebze puş — Seret: Sebzebaz.
Sebzewar — al-ýaşyl otluk, çemenzarlyk.
Seç kylmak — seçmek, saçmak, pytratmak, paýlamak.
Seda — ses, owaz.
Sefine — 1. Gämi, sal, gaýyk. 2. Eserler ýygyndysy, kitap.
Sefit — ak. Sefit puş — ak geýimli, ak geýnen.
Seg — it. Segi-bijaý — ykmanda it, eýesiz it. Segi-Kerbela — 1. Kerbelanyň iti. 2. Gm. Kerbelada şehit bolan Ymam Hüseýiniň janköýeri, umuman Hasanyň we Hüseýiniň zaryny çekýän kişi.
Segparaz milleti — iti mukaddes jandar hasap edýän halk, iti hudaý hasaplap çokunýan taýpa.
Sehmnäk — gazaply, gorkunç, ýürek ýargynç.
Sejde — 1. Çokunma, baş egme, mańlaýyňy ýere goýup, doga-dileg etme. 2. Namaz okalanda namazlyga mańlaýyň goýulýan ýer.
Selasat — aýdyň, düşnükli, täsirli.
Selsebil — 1. Behiştdäki bir süýji suwly çeşmäniň ady. 2. Tagamly we süýji her bir zat. Siňňitli we tagamly zat. 3. Meý, şerap.
Sema — asman, gök. Suýy-semaga — asmana tarap.
Semag — 1. Aýdym, derwüşleriň aýdym aýdyp, saz çalyp, tans edip nalyş etmesi. 2. Diňleme, eşitme.
Sement — at, dor at.
Semer — 1. Gök önüm, miwe, hasyl. 2. Peýda, netije. 3. Sylag 4. Baýlygyň dürli görnüşi: altyn, kümüş. 5. Nesil.
Sena — 1. Öwgi, taryp, wasp etme. 2. Doga, alkyş.
Senem — 1. But, butparazlaryň ýasama hudaýy, çokunylýan hyýaly bir zat, doňdurylan daş. 2. Söýgüli, söýülýän. 3. Çaga oýny.
Senjap — 1. Awysiýdik (belka), awysiýdigiň derisi. 2. Ýurt ady.
Seň — daş. Seňňi-syýah — gara daş, gaty daş.
Sepil (sefil) — 1. Pukara, biçäre, horluk çekýän. 2. Biderek, pes.
Ser — baş, kelle.
Ser depter — kitabyň, ýazgynyň başy, başlangyjy.
Serbe-ser — 1. Boýdan-başa, başdan-aýak, bir ýandan. 2. Azat, erkin.
Serferaz (serefraz) — beýik mertebeli, başy belent, hormatly.
Sergerdan — perişan, başy aýlanan.
Sergeşte — 1. Sergezdan, ykmanda, azaşan, başy çaşan. 2. Haýran galan.
Sergüzeşt — başdan geçen zatlar, başdan geçirmeler.
Serhor — adam öldürýän, kellekeser.
Serhoş —1. Meý, şerap içen, başy sämän. 2. Batyr, edermen.
Serkeş — baş bermezek, topalaňçy, bozgak, tabyn bolmaýan.
Serma — sowuk, doňaklyk, sowuklyk, sowuk gyş.

Sermest — 1. Serhoş, keýpli. 2. Şadyýan, aladasyz.
Sernegun — başaşak gaýdan, agdarylan, düňderilen.
Sert — 1. Sowuk. 2. Gm. Bir adamyny sowuk garşylamak.
Serwer — 1. Başlyk, ýolbaşçy. 2. Muhammet pygamberiň lakamy.
Serwi-azat — 1. Dik ösýän serwi agajy. 1. Uzyn boýly gözel.
Set I — 1. Adat, däp, dessur. 2. Bent, böwet. 3. Erbetlik, ýamanlyk.
Set II — 1. Ýüz. 2. Set sal — ýüz ýyl.
Seta — «setuden» («öwmek») sözünden bolup, goşma sözleriň ikinji bölegi bolup gelýär. Meselem: hudseta — özüni öwýän öwünjeň.
Setaýyş — 1. Alkyş, öwgi, taryp. 2. Iki bükülip baş egme, minnetdarlyk.
Setdar — 1. Günäni ýapyjy, geçiji, aýbyny örtüji. 2. Alla, Taňry.
Setr — gizleme, örtme, ýapma.
Sewa (siwa) — başga, özge, jyda düşen, bölünen.
Sähw — ýalňyş, nädogry, säwlik.
Sähwen — säwlik, ýalňyşlyk, günä, hata.
Säni — iki, ikinji. Gerdişi säniýe galan — ikinji öwrüme galanlar, soňkular.
Sib — alma. Sibi-zenehdan — söýgüliňiň alma meňzeýän eňegi, alkymy.
Sig (sigse) — owadan, gelşikli, düşümli, ajaýyp.
Sima — şekil, keşp, ýüz, görk, sypat, mysala.
Simin — 1. Kümüşden edilen zat, kümüş ýaly. 2. Ak. Simin yzar — ak ýüz, görmegeý. Simin-zakan — kümüşsöw öwsüp duran alkym.
Siňir — çeýe, süýngüç we birleşdiriji sary et (saçuzyn).
Sir — dok, doýan, doýgun.
Sowap — dogrulyk, adalat, dogry, hak, hakyky.
Sowm — oraza tutmak, agyz beklemek.
Sowsan — liliýa, suw liliýasy, iris (gül). Sowsan zyban — 1. Dilewar, gepe çeper. 2. Geplemäge ukypsyz.
Sowt — ses, üýn.
Sowut — demir geýim, demir don, simden örülen harby lybas.
Soý — asyl, düýp gelip çykyşy, nesil.
Soýdurmak — gyzartmak, utandyrmak.
Sözçin — şugul, gep gezdiriji, şyltakçy.
Subh-u şam (subhy-şam) — ertir-agşam.
Sud — peýda, haýr, nep, gazanç, girdeji.
Sufla — 1. Pes, aşak, oý, çukur; has pes, has aşak. 2. Peslik.
Suhan I (Subhan)— 1. Päk, arassa; Hudaýy şöhratlandyrma, adamzadyň her hili sypatlaryndan päk bolan Allany şöhratlama. 2. Alla, Hudaý.
Suhan II — söz, gep.
Suhanşor — 1. Ajy sözli; dili duzly. 2. Nadan, akmak.
Suhanwer — dilewar, söze çeper, orator, süýji sözli.
Sujud — sejdeler, sejde etmek; maňlaýyňy ýere goýup ybadat, sejde etme.
Sulb — 1. Bil, oňurga, arka oňurgasy. 2. Beýni, ýilik, ýag. 3. Güýç, kuwwat, ysgyn, gurp, tap, güýçli, kuwwatly, zor. 4. Perzent, nesil.
Suluw — owadan, görmegeý, görkli, gözel.

Sung — 1. Ýaratma, döretme. 2. Amal, iş, eser. 3. Ýagşylyk etmeklik.
Sungulla — Allanyň ýaradany, Ýaradanyň döreden sungaty.
Supra — saçak, desterhan.
Sur I — 1. Gala, gala diwary. 2. Şadyýanlyk, şady-horramlyk, toý-dabara.
Sur II — 1. Tüýdük, surnaý, naý. 2. Gykylyk, galmagal, gowga.
Surah (surahy, suraýy) — 1. Suw hem şerap guýulan uzyn boýunly çüýşe, küýzejik, grafin. 2. Garyndysyz çakyr.
Suratger — suratçy, surat çekýän, hudožnik.
Suratparaz — her bir zadyň diňe daşky görnüşine ähmiýet berýän; ýalançy, aldawçy, kezzap.
Surh — gyzyl, gyrmyzy. Reňňi-surh — gyzyl ýüz, abraýly ýüz.
Surrutmak — puja çykarmak, manysyz geplemek, suwjuklyk.
Surut (surud) — aýdym, heň, ses, mukam.
Suster — susrak, ümsümräk, has keýpsiz.
Suý — tarap, ugur; suýy – asman, asmana tarap.
Suz — ýanma, bişme, köýme, ot alma.
Suzan — ýandyryjy, ýakyjy; ýanan, köýen; ýanyp duran.
Suzlaban — ýanyp, ot alyp, lowlap.
Sünnet — kada, adat, ýörgünli ýol, edim-gylym.
Süre — Gurhany-Kerimiň aýry-aýry baby we bölümi. Süreýi-Ykra — Ykra süresi. Gurhanyň 96-njy «Alak» süresiniň başgaça atlandyrylyşy. «Ykra» sözi oka diýmegi aňladyp, Muhammet pygambere ilkinji inen süredir.
Süýek — süňk.
Sydk — dogruçyllyk, ynanç, hakykat, päk ýüreklilik.
Syhr — jadygöýlük, jadylama, gözbagçylyk.
Syjjyn — ýedi dowzahyň biri.
Symyş — sürlüp ýörlen ýer, ekilip ýörlen ýer. 2. Symyşlama, iýme, köp iýme.
Syna — kükrek, döş. Synaýy-Horasan — Horasanyň ýüregi, merkezi.
Sypagärlik — harbylyk, esgerlik, goşunda gulluk etmeklik.
Sypahy — urşujy, esger, nöker, ýasawul.
Syparyş — sargyt, habar, tabşyryk.
Syra — hiç, hiç bir, birjik-de, asla.
Syýa — gara. Syýa seň — gara daş. Bagty-syýa — betbagt.
Syýaguş — garagulak, ýabany haýwan.
Syýak — 1. Tertip, düzgün. 2. Gylyk, häsiýet, boluş, adat, endik.
Syýasat — haýbat, özüňi merdana görkezmek, abaý.

Ş

Şabaz (şahbaz) — 1. Laçyn, algyr, bürgüt. 2. Batyr, edermen.
Şafkat — şepagat, rehim, mähremlik.
Şafkatha — mähremlik isleýji, mährem, mähriban.
Şafyg — 1. Şepagat ediji. 2. Muhammet pygamberiň lakamy.

Şafygyl-müznibin — 1. Günäkärleriň şepagat edijisi, günäkärlere şepagat dileýji. 2. Muhammet pygamberiň lakamy.
Şahydy-aýn — gözi bilen gören, hakyky şaýat, hakyky güwäçi.
Şahymerdan — 1. Mertleriň şasy, adamlaryň şasy. 2. Hezreti Alynyň lakamy.
Şam — 1. Gije, agşam. 2. Agşamlyk nahar.
Şamar — 1. Uly ýylan, ýylanlaryň şasy. 2. Söýgüliniň saçy.
Şamyhat — 1. Belentlikler, beýiklikler; beýikler. 2. Tekepbirler.
Şan I — 1. Häsiýet, gylyk, hüý, gadyr, hil. 2. Şan-şöhrat, dereje.
Şan II — nyşana, maýaç, nyşana alynýan bellik.
Şap (şab) — yaş ýigit, ýigdekçe. Şyh-u şab (şyhy-şab) — garry we ýaş.
Şark — gündogar.
Şasuwar — 1. At çapmaga ökde, batyr ýigit. 2. Atly patyşa.
Şaýet — belki, ähtimal, mümkin, bolsa-bolar.
Şeb — agşam, gije.
Şebistan — 1. Gije, tümlük. 2. Patyşalaryň haremhanasy, ýatak jaýy.
Şehit — 1. Din we watan ugrunda göreşip ölen. 2. Suwsuz ölen, horlanyp ölen.
Şehir — meşhur.
Şejer — agaç, daragt.
Şekawat — 1. Betbagtlyk, şumluk. 2. Şikaýat.
Şemal — demirgazyk, demirgazyk şemaly.
Şemme — 1. Bölek, bölejik, bir bölek. 2. Ys-kok.
Şems — Gün, Kuýaş, Güneş.
Şenawerlik — ýüzmeklik, ýüzüp bilmeklik.
Şepagat — mähremlik, mähribanlyk, biriniň günäsini geçmegini dilemeklik.
Şepagathah — arkadaýanç, günä geçiji, günä diläp alýan, şepagat isleýän.
Şeraban tahura — 1. Gurhany-Kerimiň 76-njy («Dehr») süresiniň 21-nji aýatynda getirilýän jümle, päk içgi, sap şerap, arassa içgi. 2. Noş bolsun. 3. Üzüm çakyry.
Şerar — «şerare» sözüniň köplük sany. Otlar, ýalynlar, uçgunlar.
Şerarat — 1. Ýamanlyk, erbetlik. 2. Gazap, şerçilik. 3. Topalaň, gozgalaň.
Şerefulla — Allanyň sylany, hormatlany.
Şereňňiz — pitneçi, şerçi, şer işiň ugrunda gezýän.
Şerh — düşündiriş, beýan.
Şerip — şöhratly, gadyrly, hormatly, mertebeli.
Şerigat — 1. Yslamyň dini kanunlary, Hudaý tarapyn kesgitlenen kanun. 2. Düz hem dogry ýol. 3. Adalatlylyk. 4. Güzer, kenardan suwa inelge, olum.
Şerm — utanç, uýat-haýa.
Şermisar — utançly, müýnli, ýüzügara, masgara.
Şertä — «şertä-şerti» sözünden. iki taraplaýyn ylalaşyk, iki taraplaýyn karara gelme.
Şeýatyn — şeýtan sözüniň köplük sany. Şeýtanlar.
Şeýda — telbe, däli, hetden aşa yşka düşen.
Şähriýar — 1. Şa, patyşa. 2. «Şähriýary-alam» dessanynyň baş gahrymany.
Şäht – bal, asal.

Şäkir — göwni biten, minnetdar bolan.
Şikat — şikaýat sözüniň gysgaldylan görnüşi.
Şiken — 1. Döwülme, synma. 2. Ýygyrt, gasyn.
Şikeste –1. Döwülen, synan. 2. Haly harap, göwnüne deglen.
Şikwe — şikaýat, arz.
Şille — nepis, gyzyl reňkli parça, ýüpek parça, nepis-ýumşak parça.
Şirhara — süýt emip ýören çaga.
Şirket — Hudaýa şirk getirmek, Hudaýa şärik zat goşmak, Allany inkär edip buta sygynmak.
Şişe — çüýşe, aýna.
Şitde — dür düzülen birnäçe gat ýüpden edilen guşak
Şiwe — 1. Tär, usul. 2. Näz, kereşme, owadanlyk, gözellik. 3. Ownuk tire gepleşigi (şiwe).
Şöwket — 1. Beýiklik, ululyk, şöhrat, güýç, häkimiýet. 2. Mertebe, abraý. 3. Ajaýyplyk, gözellik.
Şöwür — gije ýol ýöreme. Şöwür çekmek — gije uklamazlyk.
Şujagat — edermenlik, batyrlyk.
Şur — gykylyk, gowga, basa-baslyk. Şury-şer — basa-baslyk.
Şureş — gowga, goh, topalaň, gozgalaň, joşgun.
Şuride — perişan, tolgunan, bulam-bujar.
Şükri lilla — Hudaýa şükür, Alla şükür.
Şütür — düýe.
Şyh — 1. Derwüşlik toparynyň baştutany, pir. 2. Tire başy. 3. Ýaşuly, aksakgal. Şyh-u şab (şyhy-şab) — ýaş ýigit we goja.

T

Taban — ýagty, şöhle, şugla, ýagtylyk.
Tabeş — 1. Ýalkym, ýagtylyk, nur. 2. Gyzgyn, ýakyp barýan. 3. Radiasiýa, şöhle geçme. 4. Güýç, kuwwat, 5. Gaýgy, gam, gussa.
Tabyg — hyzmatkär, gullukçy, elgarama, gul.
Tag — 1. Bakja ekinleriniň goly. 2. Üzüm taly, üzüm agajy.
Tagajjup — geň galma, täsin galma, haýran galma, ajap.
Tagat — 1. Tabyn bolma, gulak salma. 2. Namaz okap hem-de dürli dini kada-kanunlary ýerine ýetirip, Hudaýa gulluk etme.
Tagbyr — ýorma (düýş), beýan etme, manyny düşündirme.
Tagna – teýene, ýaňsy, gülki; masgaralama; käýinç.
Tagsyr — 1. Kemlik, keltelik, säwlik. 2. Günä, ýazyk, etmiş.
Tagta (tagt) — tekiz, düz.
Tagty-rowan — kejebe, hyzmatkärler tarapyndan göterilip äkidilýän tagt.
Tagun (tawun) — mergi, gyrgyn.
Tagýyr — üýtgeme, üýtgeýiş, özgerme.
Tahaýýur — haýran galma, geň galma.
Taht — ast, aşak, bir zadyň aşagy; düýp. Tahty-sera (tahtys-sera) — ýeriň asty.

Tak — 1. Arka (ýaý görnüşinde gurlan jaý), gümmez. 2. Tekje, äpişge.
Talh — 1. Ajy. 2. Gam-gussaly, gamgyn.
Talyg — täleý, ýazgyt, bagt.
Tamman — balak, dyzdan.
Tamug — dowzah, jähennem, tamy.
Tamyg — tamakin, açgöz, başganyň zadyna göz dikýän.
Taňla — 1. Erte, geljek gün. 2. Soňra. 3. Kyýamat, ahyrzaman, magşar.
Taňlyk — ajaýyp, geň-taň, haýran galdyryjy.
Tapmak — uýmak, sygynmak, iman getirmek.
Tara — ynjalyk, aram, karar, aram-karar.
Taraç — talaň, çapawul, talama. Taraç etmek (kylmak) — talamak.
Taraly — ýaramly, ýaraýan, küýsegli, göwün söýeni.
Tarfatyl-aýn — göz ýumup-açar salym.
Taryk — 1. Ýol, ýörelge, düzgün. 2. Mezhep, meslek, ýol.
Tarykat — 1. Ýol, meslek, ugur. 2. Sopuçylykda özüňi kämilleşdirmek ýolunyň üç sany basgançagynyň ikinjisi.
Tas — 1. Altyn käse. 2. Şerap içilýän pyýala. 3. Çanak, tas. 4. Altyn sapakly matadan tikilen lybas.
Tasadduk — 1. Sadaka berme, kömek etme, haýyr etme. 2. Hudaýýoly.
Taý gitmek — Seret: Taý urmak.
Taýran — 1. Gurhany-Kerimiň 105-nji «Pil» süresinde agzalýan garlawaja meňzeş guşlar. 2. Uçma, uçuş. 3. Guş, guşlar. Taýr etmek — uçmak.
Taý urmak — geçmek, ýörmek.
Tebah — 1. Harap, zaýa, puç. 2. Umytsyz, namut. 3. Gyrylan, ölen.
Tebar — asyl, gelip çykyş, tire, taýpa, urug, kowum, garyndaş, nesilşalyk.
Tebdil etmek — öwürmek, üýtgetmek, çalşyrmak, çalyşmak.
Teber — palta, aý palta; teşe; kätmen.
Tebessüm — ýylgyrma, ýylgyryş.
Tedbir — 1. Karar. 2. Çäre, alaç. 3. Pikir, aňlaýyş.
Tefekkür — pikir, alada, çäre.
Teferrüç — gezelenç, seýil etme, göwün açma.
Tejelli (tejella) — 1. Gözellik we ajaýyplyk bilen görünme. 2. Nur, şöhle. 3. Nurlaryň ýalkymy, şöhlesi. 4. Ýüze çykma, görünme; äşgär etme, duýdurma.
Tekellüm — sözleýiş, gepleýiş.
Tel — 1. Zülp, saç, jyga. 2. Depe, baýyr.
Telek — 1. Ters, nädürs. 2. Biderek, boş, howaýy, bihuda.
Telki — biderek, pes adam, ýaramaz, erbet kişi.
Telmurmak — howsalaly, naýynjar garaýyş, aljyraňňylyk.
Temenna —towakga, haýyş.
Temhit — taýýarlyk, düzetme. Jezbeýi-temhit — taýýarlyk işleri bilen meşgul bolma.
Temjit — alkyş, alkyşlama, şöhratlandyrma.
Teň — 1. Az, kem. 2. Dar, gysby, syk. 3. Erbet, çykgynsyz ýagdaý. Teňgi-dest — eli ýuwka, garyp, hor-homsy.

Terahhum — rehim etme, haýpyň gelme, dözmezlik.
Tereň (teriň) — çuň, çuňňur.
Terhos — töwella, haýyş, dileg, isleg, towakga.
Terz — 1. Tär, usul; tertip. 2. Şekil, biçim, boluş.
Tesbih — 1. Hudaýy ýatlap namaz, doga okamak. 2. Dogalary sanamak üçin ýüpe düzülen monjuklar.
Teşehhut — Allanyň birligine we Muhammet alaýhyssalamyň pygamberdigine güwä geçmek, kelemeýi-şahadaty aýtmak.
Teşwüş — 1. Gorky, howp. 2. Gaýgy, gam, gussa.
Tetärik — 1. Dadymlyk, ölmez-ödi iýmit. 2. Kömek. 3. Taýýarlyk.
Tezerw — sülgün.
Tezwir — hile, mekirlik, aldaw.
Tähr — tär, usul, kär, ýol.
Täsip (taassuf) — 1. Tarapdarlyk. 2. Gaýrat, namys. 3. Berk ýapyşmak.
Tilawat — so:kduryp okaýyş, süýndürip okama; okama.
Tir — 1. Tir (seýýaranyň ady — Merkuriý). 2. Tir (Eýran kalendarynyň dördünji aýy — 21 — 22-nji iýun bilen 21— 22-nji iýul aýy aralygyna gabat gelýär). 3. Peýkam, ok. 4. Ok atyş, ot açyş. 5. Sütün, purs. Tiri-kaza — ajal oky.
Tire — 1. Gara, garaňky, tümlük. 2. Gm. Tukat, gamgyn.
Tiz — 1. Ýiti, ötgür, kesgir. 2. Çalt, çakgan, çalasyn.
Tokunmak — 1. Degmek, çakyşmak, çaknyşmak. 2. Çümmek, batmak.
Tokuş etmek — girişmek, bir işe başlamak.
Totyýa — göze çalnýan serişde.
Towanger — 1. Baý, döwletli, gurply. 2. Güýçli, kuwwatly.
Towazug — pespällik, kiçigöwünlilik.
Towky — 1. Halka, bukaw. 2. Nälet, ýazgaryş, günä. 3. Başa düşen bela, jebir, jepa. Towky-lagnaty — nälet towkysy, nälet halkasy.
Towpyk – 1. Ýardam, medet. 2. Sazlaşdyrma. Aby-towpyk — Gm. ýardam, kömek.
Towuş — owaz, ses, üýn, ýaň.
Töre — 1. Uly derejeli, belent wezipeli. 2. Ýol, ýörelge, däp-dessur, adat.
Töwr — usul, tär, boluş, görnüş.
Tugun (dogan) — laçyn, elguş.
Tugýan — topalaň, gozgalaň; tupan, harasat, tolkun, joşgun.
Tula — 1. Tazy. 2. Güjük.
Tullanmak — 1. Çylkasyz, sabyrsyzlyk, süwümsizlik, açgözlük bilen ýapyşmak. 2. Çykgynsyz ýagdaýda galmak, gedaý bolmak.
Tur — gaçmaklyk, yza çekilme; yzarlama, derňew.
Turap — gum, toprak.
Turpa (türpe) — görülmedik, ter, täze, täsin, ajaýyp, özüňi ýitirdýän.
Türbet — mazar, gabyr, gubur.
Türpek — 1. Ýeleksiz, ütülen ýaly. 2. Sürlen, syrylan.
Tyg – 1. Gylyç, hanjar. 2. Haýsydyr bir ýaragyň (gylyç, hanjar, pyçak) keser ýüzi, keseri.

Tymsal — 1. Heýkel, surat, şekil. 2. Mysal, nusga.

U

Uftada — 1. Ejiz, güýçsüz. 2. Ýykylan, çöken. 3. Ýumşak, ümsüm.
Ujb — tekepbirlik, ulumsylyk, şöhratparazlyk, göriplik.
Ukba — kyýamat, ahyrzaman, ahyret.
Ukda — 1.Päsgelçilik, kynçylyk. 2. Ýognama, galňama. 3. Düwün, çigin, çatyryk, atanak, bir zadyň başga bir zat bilen birleşýän ýeri.
Ulunma — ulalma, gabarylma, gopbamsyrama.
Ulýa (alýa) — 1. Beýik, belent. 2. Dagyň depesi. 3. Asman, pelek. 4. Beýik iş.
Umara — emirler, begler.
Umdet — Goldaw, kömek. 2. Goşuna habar getiriji. 3. Beýik, mertebeli. 4. Mähriban, şöhratly. Umdetil-umra — emirleriň başy.
Ummak — umyt etmek, tama etmek, umydygär bolmak, tamakin bolmak.
Urýan — 1. Ýalaňaç, çyplak. 2. Boş, hiç zatsyz.
Usly (osly) — akylly, aň-düşünjeli.
Ustuhan (istihan) — süňk.
Usýan — 1. Günä, ýazyk, hata, etmiş. 2. Gozgalaň, topalaň. 3. Joşgun.
Uýun — aýn sözüniň köplük sany: 1. Gözler, göreçler, garaklar. 2. Çeşmeler, çaýlar. 3. Jansyzlar, aňtawçylar.
Uzzab (b.s. azab) — müjerret, öýlenmedik ýa-da durmuşa çykmadyk juwan, ýeke, ýanýoldaşsyz.

Ü

Üflas (üflis) — 1. Garyp, pulsuz, zatsyz, mätäç, hiç zady ýok. 2. Mätäçlik, garyplyk. 3. Ýaramaz, pis, nejis.
Ütelgi — gyrga meňzeş gije uçýan ýyrtyjy guş, aw guşy, el guş.
Üýn — ses, owaz, ýaň.

W

Wadaryg-a – wah arman, haýp, gynanç, wah, ah.
Wabeste — 1. Bagly, baglanan, degişli. 2. Elgarma, hyzmatgär.
Wahdat — birlik, ýekelik, ýalňyzlyk, täklik, ýeke-täklik.
Wakyf — 1. Bilýän, habar edilen. 2. Garaşýan, sagynýan. 3. Tejribeli, köpi gören. 4. Bilgir, alym. Wakyfy-esrar — syrlary bilýän, ähli zatlary biliji, Alla, Taňry.
Walla — Alladan ant içme (Alla kessin! Hudaýa kasam bolsun!).
Walyda – ene, eje.
Warak — ýaprak; tagta, kagyz.
Warys — mirasdüşer, mirasdar, mirasa hakly kişi.
Wasl — gowuşma, ýetişme, duşma, birikme.
Waslat — gowuşmaklyk, birikmeklik.
Waweýla — ah, wah, waý, haýp.
Waweýleta — haý-waý, ah-wah, ahy-nala, gykylyk, bagyrma, eňreme.

Wazzuha — 1. Gurhany-Kerimiň 93-nji («Zuha») süresiniň birinji aýaty. Bu jümle «Guşluk (çäş) wagtyndan kasam bolsun» diýen manyny aňladýar. 2. Guşluk. 3. Açyk, ýagty. 4. Daň ýyldyzy. 5. Ikuçsyz, şeksiz.
Webal — 1. Günä, ýazyk. 2. Kynçylyk, zyýan.
Wejh — 1. Sebäp. 2. Ýüz keşp. Wejhi gara — ýüzi gara, masgara. Wejhi-roýy wazzuha — ýüzi ýagty, ýüzi nurly.
Welaýat — 1. Welaýat, ülke. 2. Welilik, öwlüýälik. Şahy-welaýat — 1. Welileriň şasy, keramatlylaryň piri. 2. Hezreti Alynyň lakamy.
Weli — 2. Dost, ýaran. 2. Allanyň gowy görýän takwa kişileri, ýagşyzada.
Welleýli — Gurhany-Kerimiň 92-nji süresiniň ady. Gije manysynda gelýär.
Werz — 1. Üznüksiz ýerine ýetirilýän iş, kär, pişe, hünär. 2. Endik, boluş.
Werziş (werdiş) — 1. Gönükme, amal, endik, tejribe. 2. Maşk, türgenleşme, bedenterbiýe.
Werzişgär — türgen, maşky yzygiderli ýerine ýetirýän adam.
Wesakahum şeraban — Gurhanyň 76-njy («Dehr») süresiniň 21-nji aýaty: «Perwerdigäri olara päk şerap içirdi».
Wesile — 1. Serişde, esas, sebäp. 2. Gural, esbap.
Weýl — 1. Betbagtlyk, bagtsyzlyk. 2. Dini düşünjä görä, ýedi dowzahyň biri, jähennemdäki «Wadyýy-weýl» atly deräniň ady.
Weýla — 1. Iňňildi, ah-wah, bagtsyzlyk. 2. Masgaraçylyk.
Wezn — 1. Agram, agramyňy çekme, ölçeg. 2. Şygyr ölçegi. 3. Derňew, synag. 4. Hormat, meşhurlyk.
Wildan — 1. «Weled» sözüniň köplük sany. Ogullar, perzentler. 2. Jennetdäki hüýr oglanlar.
Wird (werd) — 1. Doga-dileg 2. Gurhanyň bir aýatyny ýa-da bir dogany üznüksiz gaýtalamak.
Witr — 1. Ýassy namazynyň soňundan okalýan üç rekagat namaz. 2. Täk zat.
Wujut — 1. Barlyk. 2. Ten, beden, göwre.
Wusul — 1. Gelme, ýetme, gowuşma. 2. Maksada ýetme.
Wysal — gowuşma, birleşme, sataşma.

Y

Ybadat — bendelik, Hudaýa gulluk etme, tagat.
Ybat — 1. Takwalar, dindarlar. 2. Gullar, bendeler.
Ybrat — 1. Görelde, sapak, öwüt-nesihat. 2. Geň galma, haýran galma.
Yglam — yglan, aýan edilme, bildirme.
Ygtykat — ynam, ynanç, uýma, dine çyn ýürekden ynanma.
Ygtymat — ynanç, ynam, daýanç.
Yhraç — kowulan, aýrylan, çykarylan, daşlaşdyrylan.
Yhsan — 1. Ýagşylyk, haýyr, goldaw. 2. Adamkärçilik, adalatlylyk.
Yhýa — täzeden jan gelme, direlme, gaýtadan döreme.
Yhzar — ideme, çagyryş, çakylyk.

Ykra — Gurhany-Kerimiň 96-njy «Alak» süresiniň başgaça atlandyrylyşy. «Ykra» sözi oka diýmegi aňladyp, Muhammet pygambere ilkinji inen süredir.
Ylal — «yllat» sözüniň köplük sany: 1. Keseller, dertler. 2. Sebäpler.
Ylmy-hal — Hudaýy tanamak ylmy, mistika. Ylmy-hal ylmy Hudaý tanamaklyk we Oňa birleşmeklik gepleşik arkaly däl-de, eýsem, diňe güýçli hyjuw, hala düşme (ekstaz) we tüýs ýürekden Oňa berilmeklik netijesinde mümkin bolýar diýip düşündirýär. Emma ylmy-kal Hudaýy hakyky tanamak akyl arkaly ýüze çykýar diýip öwredýär. Şonuň netijesinde Hudaý bilen gepleşmek hem bolýar diýip düşündirýär.
Ylmy-kal — din, şerigat, akyl ýetirip bolýan, durmuşy zatlar hakyndaky ylym.
Ylmy-ledun – hiç bir zähmetsiz, okamazdan Allatagalanyň ylhamy bilen berilýän we bagş edilýän ylym.
Ymameýn — 1. Iki ymam, iki pir. 2. Hasan we Hüseýin.
Ymmat — 1. Bir pygambere uýan adamlar, pygamberiň ýoluny tutujylar. 2. Halk, millet.
Ynak — şanyň iň ynamdar maslahatçysy, iň ynamdar emir.
Yrak — daş, uzak, alys.
Yshak — guş ady.
Yssyg (yssy) I — peýda, nep, bähbit, haýyr.
Yssyg (yssy) II — yssy, gyzgynlyk, howur.
Yssyg kylmak (yssy bermek) — 1. Peýda bermek. 2. Wepadar bolmak.
Ystyganet — kömek, ýardam, medet soramak.
Yzar — 1. Ýüz, ýaňak. 2. Zülp, tel. Simin yzar — ak ýüz, kümüş ýüzli, ak ýüzli, owadan, görmegeý.
Yzhar — aýan, beýan ediş, aýan etme, äşgär etme, mälim etme.
Yzzat — hormat, abraý, mertebe, dereje.

Ý

Ýa — ýüz tutma söz. Eý! A-haw! Ýa, Hudaý! — Eý, Hudaý.
Ýa, leýteni turaban — Gurhanyň 78-nji («Nebä») süresiniň 40-njy aýaty: «Käşki men toprak bolsadym».
Ýaban — meýdan. çöl, sähra, düz, gum.
Ýagma — talaň, çapawulçylyk, çapawul.
Ýakyn — ynam, ynam etme, dogrulyk, aňyrsyna göz ýetirmek.
Ýalawaç — 1. Pygamber. 2. Sawçy, söz aýdyjy. 3. Ilçi.
Ýalawlanmak — 1. Ýalpyldamak, alawlamak. 2. Rowaçlanmak.
Ýanmak (ýa:nmak) — 1. Öwrülmek, yzyňa dönmek. 2. Ýüz öwürmek, geçmek.
Ýaňlyg — ýaly, dek, kimin.
Ýaňy (ýeňi) — täze.
Ýaňylmak — ýalňyşlyk, bir zady ters etmek, nädürslük goýbermek.
Ýapagy — taý, taýçanak.
Ýapmak — gurmak, dikeltmek, bina etmek.
Ýarasa — ýarganat, gije görýän guş.

Ýarlyk — mongol hanlyklary döwründe hat üsti bilen berilýän perman; höküm, buýruk.
Ýarlykamak — ýalkamak, günäni geçmek, bagyşlamak.
Ýarmak — pul.
Ýarytma — nur saçma, ýagtylandyrma, şöhlelendirme.
Ýasa (ýasak) — kanun, karar, kanunlar ýygyndysy.
Ýasaw — söweş, jeň, uruş.
Ýasawul — bu söz aslynda ýasa (ýasak), ýagny kanun diýen sözden alnyp, kanuna seredýän manyny berýär, nöker, esger.
Ýasyn — Gurhany-Kerimiň 36-njy süresiniň ady.
Ýat — 1. Keseki, gaýry, del, nätanyş. 2. Aýal, erkek adamynyň ýanýoldaşy.
Ýeg — 1. Gowy, oňat, ýagşy, artyk. 2. Hormatly, sylagly, sarpaly.
Ýegana — 1. Ýeke-täk, ýalňyz. 2. Deňsiz-taýsyz.
Ýegsan — 1. Barabar, deň, birmeňzeş. 2. Tekiz, düp-düz. Ýer bile ýegsan — ýer bilen deň (ýok etmek).
Ýek dest-u ýek pa — 1. Bir elli bir aýakly. 2. Bir jynsdan. 3. Bütinleý, tutuşlygyna.
Ýek hezar — bir müň, müň.
Ýelbe — deňiz guşy.
Ýeldirmek — çapdyrmak, ylgatmak, ýüwürtmek.
Ýelmek — ýüwürmek, ylgamak, çapmak; elewremek.
Ýessirlenä hasaban — Biziň hasap kitabymyzy (soragymyzy) aňsat edewer.
Ýezdan — Hudaý, Taňry, Alla.
Ýokuş — 1. Baýyr, geriş, ýokary çykma, çykgyt. 2. Aňňy-tüňňi, nätekiz.
Ýow — duşman, ýagy.

Z

Zag — garga.
Zagpyran — sary reňkli ysly ösümlik; Gündogar edebiýatynda edebi eseriň gahrymanlarynyň saralan ýüzi zagpyrana meňzedilýär.
Zagyf — 1. Güýçsüz, ejiz, naçar, hor. 2. Aýal, naçar.
Zahyr — 1. Daşky görnüş. 2. Mälim, aýan. Zahyr etmek — beýan etmek.
Zahyt — terkidünýä, dindar, öte takwa.
Zakgun (zakkum) — 1. Göýä dowzahda bitýän we ajy miwesi günälilere berilýän agaç.2. Kaktus, örän ajy zat.
Zalal (zelal) — gümra bolma, azaşma. Rahy-zalal — Hak ýoldan azaşma.
Zalalat (zelalat) — azaşmak, gümralyk, günäkärlik; ýalňyşlyk.
Zat — bir zadyň asly, esasy, özen, şahsyýet.
Zaw — gaýa, uçut, dag dilkawy; köwek.
Zaýyg — zaýa, biderek.
Zaýyk — dadyjy, naharyň tagamyny dadyp görýän kişi.
Zaýyr — gatnaýan, barýan, mukaddes ýerlere gidýän, zyýaratçy.
Zebanyýýa — dowzahyň gapy sakçysy, sakçy, perişdeler.

Zeberdest — 1. Pälwan, hökümli. 2. Eli çalt, ezber, çalasyn, başarjaň.
Zeberjet — gymmatbaha daş, hrizolit.
Zebun — 1. Biçäre, pakyr, ejiz. 2. Ýeňlen, ähmiýetsiz.
Zekat — malyň-başyň mukdaryna görä degişli bölegi töleýän salgyt.
Zelal — zeliller, harlar, ezilenler, sütem görenler, kemsidilenler; pesler.
Zelalat — harlyk, kemsidilmeklik, peselmeklik.
Zelil — hor-homsy, pakyr, biçäre, ejiz, mazlum.
Zemaýyr — zamyr sözüniň köplük sany: 1. Ýürek, ruh, içki dünýä, içki duýgular, göwünler, içki syrlar. 2. Ynsap.
Zemin — ýer, toprak, gum. Zemini-ýunan — grekleriň ýaşaýan ýeri, Gresiýa. Roýy-zemin — ýer ýüzi, Ýer togalagy.
Zemistan — gyş.
Zen — aýal, zenan, naçar.
Zenan — zen sözüniň köplük sany. Aýallar. Türkmen dilinde birlik san görnüşinde ulanylýar.
Zenbil — 1. Sebet. 2. Barbaris, (gyrymsy agaç we onuň miwesi, zirk).
Zenbur — ary
Zenehdan – eňegiň aşagyndaky çukurjyk, ol gözellik alamaty hasaplanypdyr
Zeň — 1. Pos. 2. Ýata suwuň ýüzünde ýygnanýan ýaşyl kerep. 3. Kir, çaň.
Zeňgar — 1. Garamtyl ýaşyl reňk. 2. Tüsse sebäpli tüsse çykaryň içinde emele gelýän gurum. 3. Pos; hapa.
Zer – altyn, gyzyl.
Zerbap — zer bilen dokalan lybas, zer bilen keşdelenen lybas.
Zerefşan — zer sepiji, altyn ýaýyjy, zer pürküji.
Zereh — sowut, demir eşik, demir geýim.
Zerrin— zerden edilen, gyzyldan ýasalan, tylladan edilen zat, gyzyl çaýylan altyndan bejerlen. Zerrin nakgaş — zer bilen nagyşlanan, zer çaýylan.
Zeýl — 1. Guýruk. 2. Şaha, ownuk bölek.
Zeýn — bezeg, zynat. Zeýn kylmak — bezemek, zynatlamak.
Zeýýennes-sema — Gurhany-Kerimiň 67-nji («Mülk») süresiniň 5-nji aýatyndan bir jümle. Asmany bezedik diýen manyda gelýär.
Zähm — 1. Ýara, baş, düwürtik, teni bir zat kesme. 2. Kesel, dert.
Zähr — zäher, awy. Zähri-katyl — öldüriji zäher.
Zäkir — ýatlaýjy, Hudaýyň atlaryny gaýtalaýjy.
Zib — zynat, bezeg.
Zibir — aljyraňňylyk, howsala düşmeklik.
Zikr — 1. Ýatlama, ýat etme. 2. Hudaýy we onuň sypatlaryny gaýtalama.
Zille (zillet) — horluk, muşakgat, pese düşmeklik.
Zin — eýer.
Zinde — diri, ýaşaýan, janly.
Zinde kylmak — direltmek, janlandyrmak.
Zine — 1. Basgançak, merdiwan. 2. Üzeňňi.
Zir — 1. Bir zadyň astky bölegi, aşak, ast, teý, düýp. Ziri-paý — aýak asty, har, hor. Zir-paýy-esb — at aýagynyň asty, toýnagynyň asty, toýnagynyň aşagy.

Zir-u zeber — 1. Astyn-üstün, agdar-düňder. 2. Arap elipbiýinde «i» we «e» seslerini aňladýan astyn we üstün belgisi.
Zişt — erbet, ýaman, ýigrenji. Pygly-zişt — erbet iş, ýaramaz hereket.
Zit — garşylyk, inkär etme, tersine.
Ziwer — bezeg, zynat.
Zowal —1. Ýok bolma. 2. Gözden ýitme. 3. Batma, ýaşma. 4. Zyýan.
Zowk — 1. Höwes, hyjuw. 2. Keýp, hezillik; inçe duýgy.
Zuha — 1. Gurhany-Kerimiň 93-nji süresiniň ady. 2. Guşluk, çäş. 3. Şugla, şapak. 4. Guşluga galan Gün, gözüňi deşip gelýän lowurdawuk Gün. 5. Açyk, ýagty, ýakymly, nurly, aýdyň, şöhle saçýan.
Zulmat — 1. Garaňkylyk, tümlük. 2. Nadanlyk, körlük.
Zuwwar — zyýaratçylar. Zuwwary-älem — älemdäki ähli halaýyklaryň zyýaratgähi; hemmäniň zyýarat edýän ýeri.
Zülal — päk, arassa, sap, dury. Aby zülal — arassa suw, dury suw.
Züljelal — beýiklik eýesi, Alla, Taňry, Hudaý.
Zümre — ähli, hemme.
Zürbe — bäbek, bala, çaga, perzent, nebere.
Zyban — dil.
Zybana — ýalyn, ot, alaw. Zybana çekmek — ýanmak, lowlamak, ot almak, alawlamak.
Zynahor (zynahar) — zynakär, zyna edýän.
Zynhar — 1. Hergiz, asla. 2. Ätiýaçly bol, äge bol. 3. Gorag, gaçalga. 4. Aman.
Zyýa — ýalkym, ýagtylyk, şöhle, şugla. Zyýaýy-çeşm — 1. Gözüň nury, gözüň göreji, bäbenegi. 2. Perzent, ogul, çaga.

ÝER-ÝURT WE ADAM ATLARYNYŇ SÖZLÜGI

Abdylla —Döwletmämmet Azadynyň ogullarynyň biri.
Abu Bekr — Abdylla ibn Kahaba. Muhammet pygamberden soňky ilkinji halypa, dört Çaryýarlaryň biri. 632 — 634-nji ýyllarda (iki ýyl üç aý) halypalyk edýär. Muhammet pygamberiň söýgüli aýaly Aýşanyň (Äşe) kakasy. Onuň ady ilkibaşda Abdyluzza ýa-da Abdyllat bolup, musulmançylygy kabul edenden soň Abdylla diýlip atlandyrylypdyr. Onuň Syddyk (wepadar ýoldaş, ynançly dost), Atyk, Zülhylal we Şyhylhulafa diýen lakamlary-da bolupdyr. Halypalyk ede döwründe Yragyň, Siriýanyň bir bölegini eýeläpdir.
Abu Sagyt — Abu Sagyt ibn Abulhaýr Mähneýi (967 — 1049). Orta asyrda Türkmenistanyň Mäne şäherçesinde ýaşap öten görnükli şahs: şyh, pir, şahyr, alym, sopuçylygyň Türkmenistandaky ilkinji wekilleriniň biri. Ol Haberan düzlüginiň Mäne (Mähne) obasynda dünýä inýär, şol ýerde-de aradan çykýar. Ilki öz obasynda başlangyç bilim alyp, soň Mara gidýär we Abu Abdylla Hyzrydan sapak alýar. Ol Abulfazl Sarahsy, Abdylhasan Harakany ýaly birnäçe sopuçylygyň uly alymlaryndan hem sapak alypdyr. Ony uly-kiçi hormatlapdyr, hatda Seljuklylaryň belli serkerdeleri Togrul beg bilen Çagry beg-de oňa aýratyn sarpa goýupdyrlar.

Abu Talyp (Abu Talyb) — Abu Talyp ibn Abdylmuttalyp ibn Haşym ibn Abdymenaf, Muhammet pygamberiň kakasynyň dogany, hezreti Alynyň kakasy. Onuň hakyky ady Ymran, käbir maglumatlara görä, Abdymenaf eken. Ol 620-nji ýylda dünýäden ötüpdir. Onuň Talyp, Akyl (Ukaýl), Japar we Aly atly dört sany ogly, Ümmi Hany we Jemmana atly iki sany gyzy bolupdyr. Oglanlaryndan iň meşhury hezreti Alydyr.

Abulkasym — Kasymyň kakasy. Muhammet pygamberiň lakamy. Muhammet pygamberiň bu lakamy onuň Hatyja diýen aýalyndan bolan we bir ýaşap ýogalan Kasym diýen ogly bilen baglanyşyklydyr.

Adam ata — Gurhanda, beýleki dini kitaplarda we rowaýatlarda aýdylşyna görä, Alla tarapyn ýaradylan ilkinji adam, ynsan.

Ahmet Durrany — (1724-1772) owganlaryň abdal tiresinden bolup, Owganystanda özbaşdak döwleti esaslandyran şa. Ol 1747 — 1772 –nji ýyllar aralygynda şa tagtynda oturan. Nedir şanyň iň ýakyn adamy, 1747-nji ýylda ony öldürmegi gurnanlaryň biri

Aly — Abu Talybyň ogly, Muhammet pygamberiň doganoglany (600-661). Muhammet pygamberden soňky dördünji halypa. Muhammet pygamberiň giýewisi, dört Çaryýarlaryň biri. 656 — 661-nji ýyllarda halypalyk edýär. Belli arap serkerdesi. Onuň Şahymerdan (mertleriň şasy), Esedulla (Allanyň şiri), Murtuza (razy bolnan, saýlanan), Sapdar (sap-hatar böwsüji) ýaly lakamlary bar.

Anka — Ertekilerde beýan edilýän hyýaly guş, Symrug.

Asaf (Asyf) — 1. Dürli rowaýatlara görä, Süleýmanyň weziri ýa-da kätibi ýa-da ysraýyl ogullaryndan bir danyşment hasaplanan Asaf ibn Berhyýa. Gündogaryň nusgawy edebiýatynda Asafyň döwlet işlerini oňat ýerine ýetirmekde ussat we örän meşhur wezir hökmünde suratlandyrylýandygy üçin wezir-wekiller wasp edilende olaryň akyl-parasatlary esasan Asafa meňzedilipdir. 2. Dawut pygamberiň döwründe ýaşan we onuň egindeşlerinden bolan örän meşhur sazanda-bagşynyň ady.

Azudeddöwle — Azudeddöwle Pena Hysrow (949 — 982) buweýhiler (Äli Buýe) nesilşalygynyň häkimi.

Baba Selman — Selman Parsy, belli sahabalaryň biri, asly Yspyhan şäherinden. Hezreti Omaryň halypalyk eden döwründe Medaýynyň häkimligine bellenilýär we 655-656-njy ýyllarda şol ýerde aradan çykýar.

Baba zürýat — bu şahsyň belli sahaba Selman Parsy bolmagy ähtimal. Çünki «Ol − Eslem hojadyr, ol − Baba zürýat» diýlip getirilenden soň şol bir goşguda «Eý-ä, Eslem hoja, ýa, Baba Selman», «Eslem, Baba Selman buýurdy merde» diýip, Selman Baba iki gezek Eslem hojanyň ady bilen bile getirilýär. Bu bolsa, Baba zürýadyň Selman Parsydygyny çaklamaga esas berýär. Türkmenler hormatly adamlaryň atlaryny agzanlarynda köplenç «ata», «baba», «däde» sözlerini ulanypdyrlar.

Badahşan — Pamirde welaýat ady. Bu ýer Owganystanyň demirgazyk-gündogarynda, Päkistanyň, Hytaýyň we Orta Aziýanyň aralygynda ýerleşýän bir daglyk ýer. Badahşanyň lagly bütin Gündogar ýurtlarynda örän meşhur bolupdyr.

Bahaweddin — XIV asyryň birinji çärýeginde (1318-1389) Buharanyň golaýynda dogulýar. Ol Nagyşbendiýe ady bilen meşhur bolan sopuçylyk akymyny esaslandyran uly pirleriň biridir. Bar bolan maglumatlara görä, ol Seýit Emir Külalydan sapak alýar, Abdylhalyk Gaiduwany, Möwlana Aryp, Halal Ata ýaly akyldarlaryň ýanlaynda okapdyr. Onuň «Haýatnama», «Delili-aşykyn» ýaly sopuçylyk mowzugynda ýazan eserleri bolupdyr. Bahaweddiniň Nagyşbendiniň taglymaty doga we zikiri esasan dilden däl-de ýürekden aýtmagy öňe sürýär. Onuň esaslandyran akymynyň aýratynlygy işi-de ybadatyň bir görnüşi hasaplamagydyr. Ol «eliň işde kalbyň Alla bilen» diýen ideany öňe sürüpdir. Onuň hakyky adynyň Hojamuhammet bolandygy barada hem maglumat bar.

Balh — Owganystanyň demirgazygynda Amyderýanyň bir goly bolan Balhab derýasynyň boýunda ýerleşen gadymy bir şäheriň ady.Öňki döwürlerde Horasan-Mawerannahr ýolunyň ugrunda ýerleşýän we Horasana degişli meşhur welaýata-da Balh diýlipdir. Bu adyň Baktripa adyndan, (ýa-da Baktriýa adynyň Balh sözünden) gelip çykan bolmagy hem ähtimal. Bu şähere gadymy döwürde Bahter, Bahteriş hem diýlipdir. Yslamdan öňki döwürlerde bu şäher budda dinineň esasy merkezleriniň we Horasanyň möhüm şäherleriniň biri bolupdyr. Güştasp bilen Luhrasp ol ýerde buddaçylyga degişli Nowbahar atly meşhur ybadathana-da gurupdyr, ol otparazlyk dininde-de ähmiýetli ýer hasaplanypdyr. Mongol çozuşyndan öň oňa Kubbatyl-yslam (Yslamyň gupbasy) diýlipdir.Bir rowaýata görä, bu şäheri Luhrasp, başga bir rowaýata görä, Isgender esaslandyrypdyr.

Barzu — Gündogarda Nowşirwan Adyl ady bilen meşhur bolan Anuşirwan ibn Kubadyň (531—579) weziri, lukman, tebip, hem filolog Barzuýe. Ol «Kelile we Dimna» atly hindi eposyny ilkinji gezek sanskritçeden pählewi (parfýan) diline terjime edipdir. Bu kitabyň hakyky ady Panja Tantara bolup, Barzuýe ony bu kitabyň «Şir we sygyr» atly hekaýatynda getirilýän iki şagalyň ady bilen baglanyşdyryp, «Kelile we Dimne» atlandyrypdyr hem-de bu esere «Barzuýe Tebip» ady bilen bir bap artdyryp, onda özi barada gysgaça maglumat beripdir. Şol maglumata görä, onuň atasy harbylardan bolup, enesi otparaz dinineň alymlarynyň biriniň maşgalasyndan bolupdyr. Köp ýerde şol sanda Hindistanda hem okapdyr, köp keselleri we kesellileri bejeripdir.

Bedr jeňi — 624-nji ýylyň Remezan aýynyň 19-y güni (624-nji ýylyň mart aýynyň 15-ine anna güni Medine (Ýasryb) şäheriniň günortasynda, takmynan, segsen çakrym uzaklykda Bedr diýen ýerde Abu Jähliň tarapdarlary bolan mekgeliler bilen Muhammet pygamberiň tarapdarlary bolan musulmanlaryň arasynda bolan söweş.

Benijan — rowaýatlara görä, adam döremezinden öň 50 müň ýylyň dowamynda ýaşap geçen jandar: äpet guş ýa-da adama meňzeş akylly, gepläp bilýän jandar, maýmyn ýa-da jynlar taýpasy.

Beruhulla — Isa pygamberiň lakamy (Allanyň ruhy). Aslynda ähli pygamberleriň diýen ýaly lakamlary bolupdyr. Meselem: Muhammet Habybulla (Allanyň söwer dosty), Ybraýym Halylulla (Allanyň dosty), Musa Kelimulla (Alla bilen sözleşen), Ýusup Jemalulla (Allanyň jemal eçileni, çünki Ýusup pygamber örän owadan, görmekli bolupdyr)...

Beýtulla — Mekke şäherindäki Käbe metjidi, Allanyň öýi.
Bähram — 1.Mars (Myrryh) seýýarasy. Ol Gün Äleminiň 4-nji seýýarasy bolup, orta hasap bilen Günden 228 mln. km uzaklykda 24,1 km/s tizlik bilen hereket edip, Günüň töwereginden 1,88 ýylda bir aýlaw edýär. Onuň iki hemrasy (Aýy) bar. Gadymkylar ony bäşinji asmanda ýerleşýän ýyldyz hasaplapdyrlar 2. Her şemsi (gün) aýynyň 20-nji güni. 3. Ýolagçylaryň şeýle-de Bähram gününde bepjaý edilýän işdir tabşyryklaryň goragçysy hasaplanýan bir perişdäniň ady.
Bähram Gur — Sasanlylar nesilşalygynyň 421-439-nji ýyllarda häkimlik eden on bäşinji patyşasy (Warahran V), birinji Ýezdigerdiň ogly we mirasdary. Ol atasynyň tabşyrygy bilen Eýrana bakna bolan arap ýurdy Hyranyň patyşasy Münzir ibn Nugmanyň elinde terbiýelenýär. Ýezdigert ölenden soň han-begler onuň Hysrow atly ogluny patyşa edýärler, emma Bähram Münziriň kömegi bilen tagta çykýar. Ol gulany köp awlany üçin, «gur» lakamyna eýe bolýar. 439-njy ýylda Şiraz bilen Yspyhanyň aralygynda aw awlap ýören mahaly batgalyga çümüp ýogalýar.
Bibi Meryem — Isa pygamberiň ejesi. Ony Uzra we Betul (päk, päkize) hem atlandyrypdyrlar.
Bilal (Belal) — Muhammet pygamberiň sahabalarynyň biri (asly Hebeşistanly – Efiopiýaly). Ol Muhammet pygamberiň azançysy bolup, özüniň güýçli, ýakymly, täsirli sesi bilen tapawutlanypdyr. Ol 641-nji ýylda Damaskda aradan çykypdyr.
Bu Bekr — seret: Abu Bekr.
Bulgar — Wolga derýasynyň orta akymynda bolan orta asyr Bulgar ýurdunyň merkezi. Wolga-Kama derýalarynyň kenarlarynda, Bulgar ýurdunda ýaşan türki kowumlaryň biriniň ady. IX-X asyrlarda olaryň feodal döwleti bolup, öz döwründe ösen ykdysadyýeti bar eken. XIII asyrda olaryň ýurduny mongollar basyp alanlaryndan soň olar tatar, çuwaş we ş.m. halklar bilen garyşyp gidýärler.
Bylkys — Ýemen welaýatynyň Saba şäheriniň aýal patyşasy. Käbir çeşmelere görä, Bylkys atasy ölüp, patyşa bolandan soň Gumdanyň (Sanganyň) häkimi Zülagar (Amr ibn Ebrehe) onuň ýurduna çozup, ony ýesir tutýar. Bylkys ony serhoş edip, gapyllykda öldürýär we tutuş Ýemeniň hökümdarlygyny ele alyp, Sabany paýtagt edinýär. Ýemeniň halky ol wagtlar günparaz ekenler. Rowaýatlara görä, Süleýman pygamber oňa aşyk bolupdyr hem-de olary hak dine çagyryp, hüthütüň üsti bilen oňa öýlenipdir. Gündogar edebiýatynda Süleýman we Bylkys baradaky hekaýatlar örän meşhurdyr.
Byrag (Burak) — Muhammet pygamberiň magraja çykan gijesi münen gatyrdan kiçiräk, eşekden-de ulurak, ýüzi ynsan ýüzüne, guýrugy, aýaklary we toýnagy sygryňka meňzeş atynyň ady.
Çaryýar — 1. Dört dost, dört ýaran. 2. Muhammet pygamberden soň halypalyk eden dört sany meşhur şahsyýetler; Abu Bekr, Omar, Osman, Aly.
Çowdur han — Magtymgulynyň döwürdeşi hem dosty, Ahmet Durany bilen gepleşik geçirmek üçin gidende ýolda öldürilen türkmen serkerdesi. Onuň ölümine bagyşlap, Magtyguly ençeme goşgy ýazypdyr.
Dakýanus — Gurhany-Kerimiň 18-nji («Kähf») süresinde beýan edelişine we dürli rowaýatlarda getirilişine görä, hristianlara ezýet etmekde meşhurlyk gazanan, zalym we butparazlygy ündän Rum patyşasy. Ol özüni soňa-baka hudaý

atlandyryp, boýun bolmadyklary heläkläpdir. Çeşmelerde gelýän maglumatlara görä, Dakýanus 201-nji ýylda doglup, 249-njy ýylda tagta çykýar we 251-nji ýylda Tarakiýada gatlar bilen bolan söweşde öldürilýär.

Damgan — Demirgazyk Eýranda Semnanyň we Nişapuryň aralygynda ýerleşýän bir şähristanyň we şol şähristanyň merkezi şäheri bolan bir meşhur şäheriň ady.

Darap (Darab, Dara) — 1. Rowaýatlarda we dürli çeşmelerde (Firdöwsiniň «Şanama», Salar Babanyň «Jamygut-taryh» we beýleki eserler) gelýän maglumatlara görä, Bähmeniň ogly, Kiýan (Ahameni) nesilşalygynyň sekizinji patyşasy. Onuň kakasy dünýäden ötmezinden öň indi dünýä inmeli ogluny mirasdar belläp gidýär. Şonuň üçin Bähmen dünýäden ötenden soň, patyşalyk täjini onuň aýaly (käbir çeşmelere görä gyzy) Humaýyň garnynyň üstünden asyp, ony tagta çykarýarlar. Darap eneden bolan wagty ejesi Humaý täji-tagty bermejek bolup, ony gymmatbaha zatlar bilen birlikde sandyga salyp, derýa taşlaýar. Bir geýimýuwýan ony tapyp alyp, öýüne eltýär we çagany terbiýeläp, adyna Darap goýýar. Ol batyr ýigit bolup ýetişýär we rumlylar bilen bolan söweşde edermenlik görkezýär. Şondan soň Eýran goşunynyň serdary bir hat bilen ony patyşa Humaýyň ýanyna iberýär. Humaý ogluny tanap, ondan ötünç soraýar we täji-tagty oňa berýär. 2. «Şähriýary-alam» ýordumynyň baş gahrymany.

Dawut — rowaýatlara görä, ýehudy patyşalaryndan we pygamberlerinden biri bolup, Süleýman pygamberiň kakasydyr. Ol biziň eýýamymyzdan 1033 ýyl öň dogulýar we takmynan biziň eýýamymyzdan 962 ýyl ozal 71 ýaşynda aradan çykýar. Ýaşlykda çopançylyk edipdir, göwresi kiçi bolsa-da örän gaýratly we edermen bolupdyr.

Dehistan — Kaspi deňziniň gündogar kenarynda, häzirki Esenguly we Etrek etraplarynyň çäklerine giryän gadymy bir welaýatyň we ýeriň ady (Häzir Maşady-Misserian).

Eflatun — gadymy grek pelsepeçisi Platon (b. e. öňki 428-348), antik döwrüň meşhur alymlarnyň biri; idealistik filosofiýanyň başyny başlaýjylaryň biri. Ol Sokratyň şägirdi, Aristoteliň halypasy, Aleksandr Makedonlynyň bolsa döwürdeşidir. Ol Afinynyň begzada (aristokrat) maşgalasynda dünýä inýär. Eflatun köp eserler döredip, esasan hem özüniň «Kanunlar», «Döwlet» we beýleki ylmy-filosofiki eserleri bilen meşhurdyr. Organ saz guralyny ilkinji döreden hem şol hasap edilýär.

Erem bagy — rowaýatlara görä, Siriýada ýa-da Ýemende bolan bir bagyň ady. Ony Şetdat atly Wawilon patyşasy saldyranmyş. Erem bagynyň meýdany on iki inedördül parsah bolup, diwarynyň beýikligi üç ýüz gez bolupdyr.

Esedulla — Allanyň arslany, hezreti Alynyň lakamy.

Eshaby-kähf — gowak eýeleri. Gurhany-Kerimiň 18-nji «Kähf» süresinde agzalýan, Dakýanusyň zulumyndan gaçan ýedi sany dindar kişi, ýedi weli.

Eslem hoja — 1. IX asyrda Horasanda ýaşap geçen uly sopularyň biri bolan Muhammet Eslem Tusy. Attaryň «Tezkiretil-öwliýä» eserinde Eslem Tusy hakynda ençeme rowaýat bar. Azadynyň «Wagzy-Azat» eserinde hem bu şahsa degişli käbir rowaýatlar getirilipdir. 2. Eslem – Çaryýarlaryň ikinjisi Omar ibn Hattabyň guly. Maglymatlara görä, 11-nji hijri-kamary ýylynda Muhammet

pygamber ony hezreti Omardan satyn alýar we azat edýär. Ol 80-nji hijri-kamary ýylynda 114 ýaşynda aradan çykýar.

Eýýup — pygamberlerden biri. Rowaýatlarda aýdylşyna görä, onuň tenine gurt düşenmiş. Ol bu kynçylygy öz sabyrlylygy bilen ýeňip geçýär. Şonuň üçin onuň ady nusgawy edebiýatda sabyrlylygyň nusgasyna öwrülipdir.

Ferhar (Perhar) — 1. Gadymy döwürlerde Hytaý bilen Kaşgaryň aralygynda ýerleşen bir welaýatyň ady bolup, onuň owadan, peri ýaly gözelleri şahyrlaryň diline düşüpdir. Şonuň üçin bu söz owadan, görmegeý diýen manyda hem ulanylypdyr. 2. Lutfynyň «Gül we Nowruz» eseriniň gahrymanlarynyň biri.

Firdöwsi — Gündogaryň beýik nusgawy şahyrlarynyň biri, Abulkasym Hasan ibn Yshak pars-täjik şygyr sungatynyň (poeziýasynyň) iň görnükli wekilleriniň biri bolmak bilen birlikde, özüniň «Şanama» eseri bilen dünýä edebiýatynda hem beýik şahyrlaryň biri hasaplanýar. Magtymgulynyň halypa saýan söz ussatlarynyň biri. Ol 940-941-nji (329-330 hijri) ýyllarda Horasanyň Tus welaýatynyň Taberan etrabynyň Baž ýa-da Baz diýen obasynda dogulýar we 1020-nji (411 hijri) ýylda dünýäden ötýär. Firdöwsi mülkdaryň, ýagny ýerli-suwly gurply adamyň maşgalasyndan bolupdyr we ömrüniň köpüsini öz obasynda geçiripdir. Çeşmelerde berlişine görä, ol 35-40 ýaşlaryndaka, özünden öňki şahyrlaryň (Dakyky, Mesgut Merwezi) başlap, emma gutaryp bilmedik eseri bolan «Şanamany» ýazmaga girişýär.

Fuzuly — Gündogaryň beýik şahyrlarynyň biri Muhammet ibn Ýusup Fuzuly Baýatly (1498 — 1556). Ol özüniň arapça, parsça, türkmençe goşgular diwanlarynyň, ençeme allegorik poemalarynyň, «Şikaýatnama» atly kyssa eseriniň hem «Leýli-Mejnun» poemasynyň awtory hökmünde bütin Gündogarda meşhurdyr. Magtymguly ony öz halypalarynyň biri hasaplaýar.

Galen — Galen Klawdiý (takmyn 130-200) rimli grek tebibi; tebigatşynas. Orta asyrlar medisinasyna, logikasyna, psihologiýasyna uly täsir eden görnükli alym.

Gulzum — 1. Arabystandaky Gyzyl deňzi. Gulzum aslynda Gyzyl deňziniň kenarynda Müsürde Nil derýasynyň aýagyna ýakyn ýerde ýerleşen gadymy bir şäheriň ady bolup, Omaryň halypalyk eden zamanynda weýran edilipdir. Şol şäheriň ady bilen baglanyşyklykda Gyzyl deňzine-de Gulzum diýlipdir. 2. Kaspi deňziniň gadymy atlarynyň biri.

Gül — Lutfynyň «Gül we Nowruz» eseriniň gahrymanlarynyň biri.

Gyzyl Aslan (Arslan) — Muzaffereddin Gyzyl Arslan Osman, atabegler döwletiniň 1187-1191 ýylda häkimlik eden görnükli wekili.

Gyzylbaş — 1501-nji ýylda Eýranda häkimligi ele alan Sefewilere kömek eden we on iki burçly gyzyl galpak (telpek) geýen türkmen taýpalaryna aýdylan. Taryhçylaryň ýazmaklaryna görä, gyzyl telpek ilkinji gezek şa Ysmaýylyň kakasy Soltan Haýdar tarapyndan ulanylypdyr. Ol şol döwürde rowaç bolan türkmen telpeginiň deregine kiçijik gyzyl selle geýmegi ündäpdir. Şondan soň sefewileriň tarapdarlaryna gyzylbaşlar diýlipdir.

Habyl — Adam atanyň ikinji ogly. Ony öz dogany Kabyl daş bilen urup öldürýär. Gurhanda, Töwratda we dürli rowaýatlarda getirilişine görä, Yklyma diýen gyz bilen ekiz dogan Kabyl daýhançylyk edipdir, Albuda diýen gyz bilen ekiz dogan

Habyl bolsa çopan bolupdyr. Adam ata olary bile ekiz dogan gyzlary bilen başaşa öýlendirmekçi bolanlarynda Kabyl razy bolman «Ol nähili garyndaş bolsa, bu hem şonuň ýalydyr» diýip, görmegeý hasaplap, öz ekiztaýy Yklymany almak isläpdir. Ahyry Adam ata Hudaý ýoluna bir zat gurban etmeklerini, kimiň gurbanlygy kabul bolsa, Yklymany şoňa bermekligi müwessa bilýär. Habylyň saýlap gurban eden goýny kabul bolup, Kabylyň daýhançylygyň galan-gaçan önümlerinden eden gurbanlygy kabul bolmandyr. Kabyl doganyna göriplik edip, doganyny kellesine daş bilen urup öldüripdir. Bu ýer ýüzünde dökülen ilkinji gan bolupdyr.

Hajar —rowaýatlara görä, Nemrudyň ýurdunda Müsürde (Wawiloniýada) häkimlik eden Zülarş lakamly, Senan ibn Alwan ibn Ubeýt ibn Awlah atly patyşanyň kenizi bolupdyr. Soňra ol bu kenizini Sara bagyşlaýar. Ybraýymyň Saradan perzendi bolmandan soň, Sara Ybraýymyň gaýgy-gamyna dözmän Hajary oňa bagyşlaýar. 80, käbir maglumatlarda 86 ýaşyndaky Ybraýymyň Hajardan bir ogly bolup, oňa Ysmaýyl diýip at goýýarlar.

Hajy Bekdaş Weli — ibn Soltan Ybraýym ibn Musa XIII asyrda Kiçi Aziýada ýaşap geçen we bekdaşy akymyny esaslandyran sopy. Ol sopuçylygyň uly pirleriniň we welileriniň biri hasaplanýar. Bar bolan maglumatlara görä, ol 646-njy nijri (1248-49 milady) ýylynda doglup, 697-nji hijri (1297-98 milady) ýylynda aradan çykypdyr. Onuň asly Horasanyň Nişapur şäherinden bolup, esasan Horasanda şyh Lukman Sarahsydan sapak alypdyr. Soň Kiçi Aziýa göçüp, osmanly patyşalary tarapyndan hormatlanylypdyr. XV asyrdan soň bekdaşylyk taglymaty Kiçi Aziýada doly rowaçlanypdyr, soňra Müsüre we Siriýa-da ýaýrapdyr.

Hakany — Gündogaryň görnükli şahyrlarynyň biri, Afzaleddin Bedil Ybraýym Aly Hakany Şirwany (XI asyr). Ol özüniň goşgular diwany, «Medaýynnama» eserleri bilen tanalýar. Onuň kakasy Nejibeddin Aly Merwi neçjar – agaç ussasy bolupdyr. Ol kakasynyň dogany, döwrüniň belli pelsepeçisi we tebibi Kafyeddin Omar ibn Osmandan we onuň ogly Wahydeddin Osmandan dürli edebiýat we hikmet ylymlaryny öwrense-de Şirwan şalarynyň köşgünde ýören, döwrüniň belli şahyry Abulala Genjewiniň hyzmatyna baryp, ondan hem şygyr sungatynyň inçe syrlaryny öwrenipdir. Magtymguly onuň «Medaýynnama» eserini uly hormat bilen ýatlaýar.

Halap (Aleppo) — Siriýada bir şäher ady.

Haman — Müsür patyşasy Pyrgaunyň (Faraonyň) baş serkerdeleriniň biri.

Hapyz Şirazy — Gündogryň meşhur lirigi, pars edebiýatynyň nusgawy şahyry Şemseddin Muhammet Hapyz Şirazy (Hoja Hapyz, 1307 — 1388) Magtymgulynyň halypa saýan şahyrlarynyň biri.

Harun — 1. Musa pygamberiň dogany. 2. Harun Reşit — apbaslylar nesilşalygynyň halypalaryndan biri. Ol 786 — 809-njy ýyllarda häkimlik edipdir.

Hatam — 1. Uly öwlüýäleriň we pirleriň biri: Hatam Keri. 2. Hatam Taý — VI asyrda ýaşap öten görnükli arap şahyry hem serkerdesi. Ol Ýakyn hem Orta Gündogaryň edebiýatynda, folklorynda jomartlygyň alamatydyr (simwolydyr).

Haýbar — 1. Arabystanda bir galanyň ady. 2. Owganystandan Hindistana geçilýän geçidiň ady.

Haýdar — 1. Hezreti Alynyň lakamy. 2. Ýeliň piri.
Hebeş — Efiopiýa. Hebeşi — efiopiýaly.
Heft peýker — ýedi yklym, Nyzamy Genjewiniň 5130 beýtden ybarat bolan bäşinji mesnewisi (ikileme goşgusy). Şahyr Nyzamy özüniň bu eserinde Sasanly nesilşalygynyň patyşasy Bähram Guruň ýedi yklymyň, ýedi patyşasynyň ýedi gyzyna öýlenişini, olaryň hersiniň dessan, hekaýa aýdyşlaryny manyly hem täsin goşgy setirleri bilen beýan edýär.
Heften — ýedi öwlüýä, rowaýatlara görä, dagyň gowagynda ýatan alty adam bilen bir ite aýdylýar, gowak eýeleri, gowakdaky ýaranlar, ýedi weli.
Hekim Ata — Hoja Ahmet Ýasawynyň şägirdi Gul Süleýmanyň bir ady. Ol Bakyrgan ady bilen hem meşhurdyr. Hekim Ata käbir maglumatlara görä, 1186-njy ýylda Horezmiň Bakyrgan diýen ýerinde aradan çykypdyr.
Hemedany — Bediguz-Zaman Ahmet ibn Hüseýni Hemedany (969 — 1007). Arapça hem parsça şygyr ýazan şahyr. Ol bir gezek okan kitabyny ýatdan ýazyp, parsça goşgyny ýüzüniň ugruna arapça, arapça goşgyny bolsa parsça okap, ýüzüniň ugruna kyssany şygra, şygry hem kyssa öwrüp okap bilen täsin adam bolanlygy üçin döwürdeşleri haýran galyp, oňa «Bediguz-Zaman» («Zamananyň täsini») diýen lakam beridirler. Magtymguly ony özüniň «San bolsam» goşgusynda hormat bilen ýatlaýar.
Hemze — 1. Muhammet pygamberiň doganoglan agasy. 2. «Emir Hemze» dessanynyň gahrymany.
Hoja Ahmet Ýasawy— XII asyrda Orta Aziýada ýaşan meşhur pir we şahyr, sopuçylyk edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biri. Bar bolan maglumatlara görä, ol 1105-nji ýylda Türküstanyň Ýasa (Ýassy) diýen obasynda şyh Ybraýym atly ruhanynyň maşgalasynda dmnýä inip, 1066-1167-nji ýyllarda aradan çykýar. Hoja Ahmet Ýasawy ýaşlykda ýetim galyp, Arslan Bap (baba) atly piriň elinde terbiýelenýär, soňra Buharada meşhur sopy, pir Hoja Ýusup Hemedanydan sapak alýar. Ol meşhur sopy hökmünde Orta Aziýzda giňden şöhrat gazanypdyr. Ol özüniň şygyrlaryny «Hikmet» atlandyrypdyr. Onuň köp sanly müritleri-şägirtleri bolupdyr. Hoja Ahmet keramatly öwlüýä, pir hasaplanýar. Halk arasynda «Medinede Muhammet, Türküstanda Hoja Ahmet» diýen jümle örän meşhurdyr. Ol hakda ençeme rowaýatlar döräpdir. Rowaýatlara görä, ol 63 ýaşandan soň «Muhammet pygamber 63 ýaşda dünýä bilen hoşlaşdy, bu ýaşdan soň bu ýalançyny görmek bize-de uslyp däl» diýip, ömrüniň ahyryna çenli ýer kümede ýaşapdyr diýilýär. Onuň mazary Türküstanda, Ýasa (Ýassy) obasynda ýerleşýär. 1395-1397-nji ýyllarda emir Teýmir Hoja Ahmediň mazarynyň üstünde uly haşamatly gümmez saldyrýar.
Hoja Ýusup Hemedany — Abu Ýakup Ýusup ibn Eýýup Hemedany Merkezi Aziýada giňden ýaýran sopuçylyk taglymatynyň uly pirleriniň biri. Ol 1048-nji ýylda doglup, 1140-njy ýylda aradan çykypdyr. Ol köp wagtlap Maryda ýaşapdyr. Meşhur pir Hoja Ahmet Ýasawy hem ondan tälim alypdyr.
Hotan — Hytaý Türküstanynyň Kaşgaryň günortasynda ýerleşýän böleginiň köne ady. Bu ýeriň müşk berýän keýikleri meşhurdyr.
Hyrat — Owganystanda uly şäherleriň biri.

Hysrow — Hysrow II Perwiz, Sasanlylar nesilşalygynyň soňkurak hökümdarlarynyň (591 — 628) biri.
Hydyr (Hyzyr) — 1. Pygamberleriň biri. Hyzyr dini düşünjelere görä, ýerasty ýaşaýyş (dirilik) çeşmesini tapyp, ondan suw içipdir we hemişelik ýaşaýyşa eýe bolupdyr. Özi-de çöl-býewanlarda, daglarda-düzlerde gezip, şol ýerlerde suwsyzlykdan ejir çekýänlere kömek berýär we ölümden halas edýär. 2. Ýaşyl, gök, gök öwsüp duran.
Iblis — bu söz ýunan dilindäki diabolos sözünden bolup, şeýtan manysyny berýär. Käbir gadymy dilçi alymlar bu sözi arapça näumyt, umytsyz diýen manylary aňladýan «Iblas» sözünden gelip çykan hasaplaýarlar. Rowaýatlara görä, ol Adam ýaradylandan soň Adama sejde etmändigi üçin, Allatagalanyň huzuryndan ret edilipdir we tä kyýamata çenli ýaşap, adamlary azdyrmak bilen meşgul bolýarmyşyn. Zertuşt dininde oňa ahrimon diýlipdir.
Injil — Hudaý tarapyndan Isa pygambere iberlen kitap. Hristianlaryň mukaddes kitaby.
Isa — Muhammet pygamberden öň ýaşap geçen pygamberleriň biri bolup, göýä ol hemişe eşekli syýahat edenmiş.
Isgender — Aleksandr Makedonly (b. e. öň 356 — 323 ý.) Makedoniýa patyşasy Filip ikinjiniň ogludyr. Ol Eýran, Hindistan, Arabystan ýaly ençeme ýurtlary basyp alypdyr. Gündogar halklarynyň köpüsiniň folklorynda we edebiýatynda onuň şahsyýeti bilen baglanyşykly birtopar rowaýatlar we çeper eserler döredilipdir. Rowaýata görä, Isgenderiň iki gulpagy ýa-da iki şahy bolupdyr. Şol sebäpli oňa Zülkarneýn lakamy berlipdir. Birnäçe rowaýatda we Nowaýynyň «Seddi Iskenderi» («Isgenderiň diwary») diýen eserinde Isgenderiň iki bolandygy tassyklanylýar. Rowaýatlarda aýdylşyna görä, beýleki Isgender göýä iki asyr ýaşapmyş. Şonuň üçin oňa hem Isgender Zulkarneýn diýlenmiş.
Jagfar — 1. Gadymy arap himigi we altyn pullara zikge kakan ökde ussa. 2.Tire-taýpa ady. Bu sözüň joýa, akar, çeşme, derýa manylary-da bar.
Jamy — Gündogaryň beýik söz ussady, pelsepeçisi, taryhçysy, täjik-pars nusgawy şahyry Nureddin Abdyrahman Jamy (1414-1492) Horasanyň Jam diýen ýeriniň Harjet obasynda dünýä inýär. Jamy ýaşlykda kakasy bilen Hyrata we Samarkanda gidip, ylym-bilim alypdyr. Ol nagyşbendi sopuçylyk akymyna girip, soň onuň ruhy ýolbaşçysy bolýar. Ol ajaýyp goşgular diwanlary hem çeperdir ylmy eserleri bilen meşhur bolup, Nowaýynyň halypasy we ýakyn dosty, Magtymgulynyň halypa saýan şahyrlarynyň biridir.
Jebraýyl —Hudaýyň sözlerini (Gurhanyň sürelerini) Muhammet pygambere ýetiren habarçy perişde. Oňa Jebraýyl emin (dogruçyl Jebraýyl) hem diýlipdir.
Jehim (jähennem) — dowzah, tamy (tamug).
Jelaleddin Rumy — XII asyrda ýaşap geçen meşhur şahyr, alym, akyldar hem şyh. Ol Balh şäherinde doglup, Konýa şäherinde hem dünýäden ötüpdir. Ol özüniň uly göwrümli mesnewileri bilen örän meşhurdyr.
Jemşit — 1. Gadymy Eýran şalarynyň biri. Jemşit Firdowsiniň edebi keşpleriniň biri hasaplanylýar. Mifologiýa görä, göýä onuň bir ajaýyp jamy bolup, şol jamyň

içinde dünýäniň hemme ýeri görnüpmişin. Ol zalym Zahhak (iki eginden ýylan çykan) tarapyndan byçgy bilen ikä bölünip öldürilipdir. 2. Patyşa, soltan, şa, han.
Jirjis — dini düşünjelere görä, keramatly hasaplanýan bir şahs (hristian dinindäki Swýatoý Georgiý). Göýä ony duşmanlary ýüz para edenmişler, emma ol dirilipmiş.
Judy — Golýazmalarda Junut görnüşinde gabat gelýär. Nuh pygamberiň gämisiniň baryp duran dagynyň ady. Gurhany-Kerimiň 11-nji («Hut») süresiniň 44-nji aýatynda «...(gämi) Judi dagynyň üstünde togtady...» şekilinde berilýär. 1. Mosulyň golaýynda Ibn Omar adasynda ýerleşýän bir dagyň ady. 2. Şyrnak obasynyň 6 km günorta gündogarynda ýerleşen bir beýik dagyň ady.
Kaknus — rowaýat edilşine görä, örän ajaýyp reňkli we hoş owazly bir bir guş bolup, onuň çüňkünde 360 deşik barmyş. Ol belent dagda, şemalyň garşysynda oturýarmyş we burnundaky deşiklerden ajaýyp, şirin, geň-täsin owazlar çykarýarmyşyn. Şu guşuň owazy göýä, sazyň tapylmagyna sebäp bolanmyş. Aýdylşyna görä, bu guşuň jübüti bolmaýarmyş we müň ýyl ýaşap, garran mahaly, özüni oda ýakyp küle öwürýärmiş. Şol külüň aşagyndan hem geljekde guş döremeli ýumurtga peýda bolýarmyş.
Kap dagy — hyýaly dag ady. Ertekilerde aýdylyşyna görä, ol göýä ýeriň daşyny gurşap alyp, belentligi bäş ýüz parsahmyş we köp bölegi-de suwuň içindemiş. Anka ýa-da Symrugyň höwürtgesi-de Kap dagynda ýerleşýärmiş.
Kars — Kiçi Aziýada bir şäher we welaýat.
Karun — Töwratda we Gurhany-Kerimde agzalýan husyt baýyň ady. Ol Gündogar edebiýatynda gysgançlygyň simwoly bolup gelýär.
Kelimulla — 1. Musa pygamberiň lakamy. 2. Hudaýyň gürrüňdeşi, Hudaý bilen gepleşýän.
Keramul-kätibeýn — dini düşünjä görä, adamyň iki egninde oturyp, günä we sogaby ýazýan iki perişde.
Kerbela — 1. Yrakda bir şäher. Kerbela çöli. Alynyň ogly Hüseýiniň öldürilen ýeri. 2. Horluk, suwsuzlyk çöli. 3. Azap meýdany, kynçylyk çöli.
Kerman — Eýranda bir şäher ady.
Keýumers — Eýran mifologiýasyna görä, ilkinji adam hem ilkinji hökümdar.
Keýwan — Zuhal (Saturn) seýýarasy. Ol Gün älemindäki altynjy seýýara bolup, Müşteri bilen Uran seýýarasynyň aralygynda ýerleşýär.
Käbe — Mekge şäherinde ýerleşýän, musulmanlaryň mukaddes zyýaratgähi, Beýtulla, Allanyň öýi.
Kows — astr. Ýaý ýyldyzlar toparynyň ady (Стрелец).
Köwser — Jennetden akýan bir çeşme.
Kubat — Eýranyň sasanlylar döwletiniň hökümdarlarynyň biri Kubat II, diňe bir ýyl (628 ý.) şalyk edipdir; meşhur Nowşirwan adylyň kakasy.
Kuhy-Mary — Eýranyň Kuhkiluýe etrabynda ýerleşýän kiçiräk bir daglyk şäheriň ady.
Lat — Mekke şäherindäki butparazlaryň yslamdan öň hudaý hökmünde çohunan buty.

Leýli — Gündogarda meşhur bolan. «Leýli-Mejnun» ýordumynyň bir gahrymany. VII asyryň ahyrlarynda VIII asyryň başlarynda ýaşap öten arap şahyrasy — Leýli al-Ahýalyýa.

Lowhyl-mahfuz — dini düşünjelere görä, asmanda Alla tarapyndan her bendäniň görjegi, ykbaly, her bir boljak hadysa hakynda ýazylyp goýlan tagta. Oňa «ykbal (ýazgy) kitaby» hem diýilýär.

Lukman hekim — «Kasasyl-enbiýada» berilýän maglumatlara görä, efiopiýaly bir agaç ussasynyň ogly bolup, Dawudyň zamanynda ýaşap geçipdir, legendar tebip, dana adam bolupdyr. Ol Gündogar halklarynyň edebiýatynda we folklorynda her hili agyr keselleri bejerýän güýçli tebibiň şekilinde getirilýär şeýle-de köp dürli aforizmleriň, nakyllaryň, basnýalaryň awtory hökmünde tanalýar. Halk arasynda aýdylýan rowaýatlara görä ol 4400 ýyl ýaşanmyş.

Lut — pygamberleriň biriniň ady. Ol Ybraýym pygamberiň doganoglanydyr. «Kysasy Rabguzyda» getirilişine görä, onuň doly ady Lut ibn Hazar ibn Baryh ibn Harandyr. Lut Ordonda, Ybraýym pygamber Palestinada ýaşapdyr. Ordonda: Darduma (Duma), Amura, Sewan (Sanga), Sedum, Sugar (Sagwa) atly bäş sany uly şäher bolupdyr. Onuň pygamberlik eden halky bozgaklyk edendikleri üçin bu bäş şäheri halky bilen bilelikde ýer ýuwdupdyr. Ol halkyň Ýabd, Maşhur, Kub we Kut atly dört sany meşhur butlary bolupdyr. Lut pygamberiň Rahyla we Waýyla atly iki sany aýaly bolup, Waýyla kapyrlaryň hataryna goşulypdyr. Lutuň hak ýola çagyran halkyna «Mugtafakat» diýýärler. Ol bolsa, mekir, hilegär diýen manyny berýär.

Magallak (mugallak) — 1. Göýä keramat bilen Beýtil-Mukaddesdäki (Iýerusalim şäherindäki, Mesjidi-Aksada hiç bir daýançsyz ýerden ýokarda duran (häzir daşdan örülen sütüniň üstünde duran) daş. Rowaýata görä, göýä Muhammet pygamber şol daşyň üstünden bat alyp, Byrag aty bilen asmana (magraja) çykanmyş. 2. Howada asyl-asyl bolup duran zat, sallanyp duran zat.

Mamun — Apbaslylar nesilşalygynyň 7-nji halypasy (813 — 833); Harun Reşidiň ikinji ogly.

Mansur (Hallaç) — X asyrda ýaşap geçen sopy şahyr. 922-nji ýylda ruhanylaryň buýrugy bilen Bagdat şäherinde dara çekilip (käbir rowaýatlara görä daşlanyp) öldürilipdir.

Mejmagul-Bahreýn — iki deňziň birleşýän ýeri. Rowaýatlara görä ol ýer Musa pygamber bilen Hydyr alaýhyssalamyň duşuşan ýeridir.

Mejnun — 1. Gündogarda meşhur bolan «Leýli- Mejnun» eseriniň esasy gahrymany. 2. VII asyryň ikinji ýarymynda ýaşap öten, özüniň Leýlä bolan söýgüsini beýan edip, ajaýyp şygyrlar ýazan arap şahyry Kaýs ibn Mülewwah Amiriniň lakamy. 3. Jynly, akylyndan azaşan.

Menat — Mekke şäherindäki butparazlaryň çokunan esasy üç butunyň biri.

Mesiha — Isa pygamberiň lakamy. Ol adamlara «mesh' edip, ýagny sypap şypa berendigi üçin, oňa şeýle lakam beripdirler.

Meşrep — Babarahym Meşrep (takmynan 1657-1711) Andijanda doglup, Balhda aradan çykýar. Onuň ençeme gazallary, muhammesleri, «Mebdäi-nur» atly eseri

bar. Ol Merkezi Aziýada, Hindistanda köp ýerlere syýahat edip, eserleri bilen halk arasynda uly şöhrat gazanypdyr.

Mäti (Mehdi) — dini düşünjä görä, göýä ol kyýamatdan öň geljek Dejjal bilen söweşjekmiş.

Murtaza — 1.Hezreti Alynyň lakamy. Bu sözüň saýlanan, saýlantgy, Allatagala tarapyndan razy bolnan, kabul edilen diýen manylary bar.

Musa — pygamberleriň biri. Rowaýatlara görä, ol biziň eýýamymyzdan 1571 ýyl öň Ramses ikinjiniň döwründe Menfis şäherinde eneden bolýar. Ol Allatagala bilen sözleşen pygamberdir.

Mustapa — Muhammet pygamberiň lakamy. Bu sözüň saýlanan, seçilen, saplanan diýen manylary bar.

Müňker-Nekir — adam dünýäden ötenden soň, gabyrda ynsanlaryň dünýäde eden işleri boýunça hasap sorajak iki perişdäniň ady.

Münteha (sidretil-munteha) — Ýedinji gat asmanda ýerleşýän agajyň ady.

Münzere — garynjalaryň Münzere atly patyşasy bilen Süleýman pygamberiň sowal-jogaby barasynda Gündogar edebiýatynda ýörite rowaýat bar.

Müşteri — Myrryh, Mars seýýarasy.

Myrryh — Müşteri, Mars seýýarasy.

Nebiulla — Nuh pygamberiň lakamy. Bu sözüň Allanyň pygamberi diýen manysy bar.

Nejt — 1. Dag ady. Arabystanyň Wawiloniýanyň golaýyndaky dag gerişleriniň belent bölegi, beýik ýerlerden geçýän ýol. Arabystanyň günbatar tarapyndaky Serat atly iň uly dag gerişleriniň gündogar tarapyndaky beýikliklere Nejt, günbatar tarapyndan tä Gyzyl deňze çenli bolan ýerlere Tehama diýilýär.

Nemrut — 1. Surýany (Wawilon — Babyl) patyşalarynyň lakamy. Kybtylaryň (müsürlileriň) patyşalaryna pyrgaun (faraon), nebatlylaryň (Babylyň) patyşalaryna bolsa, nemrut diýlipdir. 2. Babylyň gadymy döwründe — Ybraýym pygamberiň döwründe ýaşan patyşanyň ady.

Nesimi (Seýit Ymadeddin) — Gündogaryň meşhur türkmen şahyrlarynyň biri. Ol Gündogar halklarynyň folklorynda we edebiýatynda mertligiň, gahrymançylygyň, çydamlylygyň simwoly hökmünde şöhratlanypdyr. Nesimi 1417-nji ýylda ruhanylar tarapyndan pitwa berlip, diriligine dabanyndan soýlup öldürilipdir.

Nowaýy — 1. Gündogaryň beýik söz ussady, alymy, nusgawy şahyr Nyzameddin Alyşir Nowaýy (parsy şygyrlarynda Pany lakamyny ulanypdyr, 1441 — 1501). Ol özüniň 50 müň setir töweregi şygry öz içine alýan bäş sany liriki diwany; «Adalatlylaryň aljyraňňylygy», «Perhat — Şirin», «Leýli — Mejnun «, Ýedi seýýara», «Isgenderiň diwary» eserlerini öz içine alýan «Hamsasy» we ençeme ylmy hem çeper eserleri bilen bütin dünýäde meşhurdyr. Ol Magtymgulynyň halypa saýan ussatlarynyň biridir.

Nowruz — «täze gün» diýmek. Mälik şanyň tabşyrmagy bilen Omar Haýýamyň düzen senenamasy boýunça täze ýylyň birinji güni. Biziň häzirki döwürde ulanýan senenamamyz boýunça mart aýynyň 21 — 22-nji günlerine gabat gelýär.

Nuh — pygamberleriň biri. Rowaýatlara görä, ol agaç ussaçylyk (neçjarlyk) käri bilen meşgullanyp, elli ýaşynda özüni pygamber diýip yglan edýär. Emma, halk

onuň bu sözüne ynanmandan soň, ol Hudaýyň emrine görä uly gämi ýasap, Kengan atly bir oglundan başga ähli maşgalasyny we ähli haýwanlardan bir jübütini alyp, öz ýasan gämisine salýar. Nuh pygamber gämä münenden soň Allanyň emri bilen kyrk gije-gündiz ýagyş ýagýar, bütin ýer ýüzüni suw alýar. Adamlaryň we haýwanlaryň hemmesi suwa gark bolup, heläk bolýarlar. Soňra Nuhuň gämisi Judy (käbir rowaýatlara görä, Ararat) dagynyň etegine baryp durýar we içindäki adamlar, haýwanlar ýere düşýärler. Nuh örän uzak ömür sürýär. Oňa ikinji Adam diýlipdir.

Nyzamy — Gündogaryň beýik şahyry Ylýas ibn Ýüsup Ibn Mugaýýat Nyzamy Genjewi (1141 — 1209). Ol özüniň liriki şygyrlarynyň diwany hem-de «Syrlar hazynasy», «Hysrow — Şirin», «Leýli — Mejnun», «Ýedi gözel», «Isgendernama» eserlerini öz içine alýan «Hamsasy» bilen bütin dünýäde meşhur. Magtymgulynyň halypa hasaplan şahyrlarynyň biri.

Omar Haýýam — 1. Gündogaryň beýik alymy hem şahyry Kyýaseddin Omar Ibn Ybraýym Nişapury (1048 — 1131). Ol özüniň nepis rubagylary hem ylmy eserleri bilen bütin dünýäde meşhurdyr. Magtymgulynyň halypa hasaplan beýik şahslarynyň biri.

Omar — Muhammet pygamberden soňky halypalaryň ikinjisi, Çaryýarlaryň biri Omar ibn Hattap. Ol 634 — 644-nji ýyllarda halypalyk edýär.

Oraz han — Magtymgulynyň döwürdeş şahslarynyň biri. Ol Magtymgulynyň sowallaryna şygyr bilen jogap berip bilen adam. Ol Magtymgulyny öz ussady hasaplapdyr.

Orazmeňli — XVIII asyr türkmen şahyry. Magtymgulynyň döwürdeşi hem dosty.

Osman ibn Affan — Muhammet pygamberden soňky halypalaryň üçünjisi, Çaryýarlaryň biri. 644 — 656-njy ýyllarda halypalyk edýär.

Pereň — Ýewropa, ýewropaly: pereňli — fransiýaly, ýewropaly.

Peridun — Eýran patyşalarynyň biri. Abulkasym Firdöwsiniň «Şanama» eseriniň baş gahrymanlarynyň biri. Ol döwletini Ireç, Selm, Tur diýen ogullary bilen bölüşýär. Tagt ugrundaky dawalar netijesinde doganlary Ireji öldürýärler.

Pähliwan Pirýar — XIII — XIV asyryň görnükli şahyry Mahmyt Pirýar. Kä çeşmede onuň ady Pur Baýweli görnüşinde duş gelýär (1247 — 1326). Ol çensiz güýçli, daýaw, pälwan adam bolany üçin, Mahmyt pälwan, Hezreti pälwan, Pälwan pir, Pälwan Purýar ýa-da Pilmahmyt diýlen lakamlary hem alypdyr. Ol Gytaly lakamy bilen örän çeper rubagylar ýazypdyr.

Ruhul-emin — Jebraýyl perişdäniň lakamy.

Ruhulla — Isa pygamberiň lakamy.

Rum — Rim, Rim imperiýasy, Wizantiýa, Balkan ýarym adasy, Rumili (Kiçi Aziýanyň bir bölegi), Kiçi Aziýa.

Rüstem — Zalyň ogly, ep-esli bölegi türkmenlere assimilleşip giden saklaryň pälwany, Firdöwsiniň «Şanama» eseriniň baş gahrymany. Gündogar halklarynyň folklorynda we edebiýatynda batyrlygyň, gaýduwsyzlygyň, edermenligiň nusgasy hasaplanýar.

Sapdar — Hezreti Alynyň lakamy. Bu sözüň batyr, ýürekli, edermen, gaýduwsyz, söweşjeň, uruşjaň, sap-hatar böwsüji, hatary bozujy diýen manylary bar.

Safy — 1. Adam atanyň lakamy. 2. Hezreti Alynyň lakamy. Bu sözüň päk, arassa; saýlanan diýen manylary bar.
Safyulla — Adam atanyň lakamy. Bu sözüň Allanyň saýlany, päkläni diýen manylary bar.
Sagdy Şirazy — 1. Gündogaryň beýik söz ussady, pars-täjik edebiýatynyň nusgawy şahyry Müsliheddin ibn Müşrifeddin Sagdy Şirazy (1203 — 1292). Ol özüniň goşgular diwany hem-de «Gülüstan» we «Bossan» atly eserleri bilen bütin dünýäde meşhurdyr. Magtymgulynyň halypa hasaplan ussatlarynyň biri.
Sahypzaman — 1. Hasan Esgeriniň ogly Abulkasym Muhammet, on ikinji ymam. Onuň Sahypzaman (döwrüniň hökümdar eýesi), Ymamy-zaman (zamanasynyň ymamy) we Mäti (Mähdi – hak ýola düşen) lakamlary bar. Ol 870-nji ýylda Samerra şäherinde dünýä inýär, bäş ýaşyndaka kakasy Hasan Esgeri dünýäden ötýär. 2. Isa pygamber. Sahypzaman sözüniň – zamananyň eýesi, döwrüň hökümdary, häkim, patyşa diýen manylary bar.
Sakynama — Rudaky hem ondan soňky birnäçe şahyrlaryň şerap we saky hakdaky liriki poemalary («Sakynama»).
Salaman we Absal — Abdyrahman Jamynyň (1414 — 1492) «Salaman we Absal» eseriniň hem-de şu temadaky beýleki eserleriň gahrymanlary.
Sapa, Merwe — Mekgede Kubaýs dagynyň eteginde Käbe bilen ýanaşyp duran iki sany kiçijik dagjagazlar. Ol daglaryň arasy 600 metr bolup, Aby-Zemzem çeşmesi şolaryň ortasyndadyr. Haja baranlar Käbäniň daşyndan yedi mertebe aýlananlaryndan soň ilki Sapa dagyna, soňra Merwe dagyna ýedi gezek çykýarlar.
Sara (Bibisara) — Ybraýym pygamberiň aýaly, Yshak pygamberiň ejesi. Rowaýatlara görä, ol özüniň çagasy bolmaýanlygy sebäpli Hajary Ybraýyma bagyşlaýar. Hajardan Ysmaýyl dünýä inýär. Şondan soň ol Hajara göriplik edip, ogly Ysmaýyl ikisini daş ýere taşlamagy talap edýär. Ybraýym olary Mekgä eltip, Zemzem guýusynyň ýanynda goýup gaýdýar. Soňra 70 ýa-da 90 ýaşly Saranyň-da Yshak atly ogly bolýar. Sara 127 ýaşynda aradan çykýar.
Saýram — Günorta Gazagystanda ýerleşýän gadymy bir şäheriň ady. Salar Babada bu şäheriň ady Garry Saýram, ýagny, gadymy, köne Saýram görnüşinde gabat gelýär. Bu şäher öňki wagtlarda Şybran (Şabran) we Isfijap hem atlandyrylypdyr.
Selsebil — Behiştdäki bir süýji suwly çeşmäniň ady.
Semender — hyýaly bir haýwanyň ady. Göýä ol hemişe otda ýaşaýarmyş. Otdan çykanda ölýärmiş. Olaryň derisinden telpek we başatgyç tikinipmişler. Kirlän mahaly bolsa, olar oda taşlananda kiri ýanyp, arassa bolýarmyşyn. Käbir maglumata görä, semender hyýaly guş hasap edilýär. Ýunança bu at salamandra görnüşinde bolup, oda wekillik edýän perişde manysyny aňladypdyr.
Serendip — Seýlon adasy, Hindistanyň günortasynda, Hind ummanynda ýerleşýän ýurduň ady. (Häzir Şri-Lanka).
Sidre — agaç ady. Rowaýatlara görä, ol asmanyň iň ýokarky gatynda (7-nji pelekde), adam aňynyň we amalynyň iň soňky ýetip biljek, Jebraýyl perişdäniň iň soňky baryp biljek yerinde bitýärmiş. Sidre sährasy — sidre agajynyň gögerýän ýeri, ýedinji gat asman.

Simnar — Nyzamy Genjewiniň «Heft peýker» («Ýedi gözel») eserinde hem Bähram Gur ýordumy boýunça aýdylýan birnäçe ertekilerde görkezilişine görä, Bähram Gur üçin Hawarnak köşgüni salan ussanyň ady.
Sina — Arabystanyň demirgazygynda, Müsür bilen Arabystanyň aralygynda ýerleşýän bir ýarymadanyň ady. Musa pygamber bilen baglanyşykly gelýän Tur ýa-da Sina (Sinaý) dagy şol ýerde ýerleşýär.
Suha — Alkor ýyldyzy. Ol Uly Ýedigeniň Misar ýyldyzynyň golaýynda ýerleşýär. Gadymy Gressiýada harby gulluga gidýän ýigitleriň göreji Alkoruň kömegi bilen kesgitlenipdir. Eger ýigit şol ýyldyzy saýgarsa, onda onuň göreji şikessiz hasaplanylypdyr. Misar bilen Alkora «At» we «Atly» diýlipdir. Olaryň özara aradaşlyklary Ýer bilen Günüň aradaşlygyndan 17000 esse artykdyr. Alkor we Misar umumy agramlyk merkeziniň töwereginden 20000 ýylda bir aýlaw edýär.
Suhrap (Söhrap) — Gündogarda meşhur edebi gahryman bolan Rüstemiň ogly. Firdöwsiniň «Şanama» eserindäki rowaýatlara görä, Rüstem Semengan ýurduna baranda, şol ýeriň patyşasynyň gyzy Tahminä öýlenýär. Ondan Suhrap dünýä inýär we şol ýerde galýar. Ulalandan soň atasyny gözlemäge çykýar, emma Eýrana däl-de Turanyň hökümdary Afrasyýabyň ýanyna barýar we onuň gyzyna öýlenýär. Ol Turan goşunynyň baş serkerdesi bolup, eýranlylar bilen söweşmäge çykýar we biri-birini tanaman kakasy Rüstem bilen söweşýär. Rüstem ony agyr ýaralandan soň özüniň oňa goýup gaýdan golbagyny görüp, öz ogludygyny tanaýar. Şonda ol oglunyň ýarasyny bejermek üçin Kabus patyşadan melhemlik däri-derman soraýar. Emma ol bu haýyşy ret edýär we Suhrap ölýär.
Süleýman — Dawudyň ogly, ýehudy pygamberleriniň biri. Rowaýatlara görä, ol tebigatdaky hemme zatlaryň — ynsanyň, haýwanlaryň we mör-möjekleriň, ähli janly-jandaryň patyşasy bolup, göýä olaryň diline hem düşünenmiş. Ýele-suwa hökümi ýöräpdir. Şeýle hem ol sebet örmek işi bilen-de meşgullanypdyr diýilýär. Ol b. e. öňki 1001-nji (käbir maglumatda 1016-njy) ýylda tagta çykýar we b.e. öň 962-nji (976-njy) ýylda aradan çykypdyr.
Syjjyn — ýedi dowzahyň biri.
Şafygy — ymam Abu Abdylla Muhammet ibn Idris Şafygynyň lakamy. Şafygy esasy dört sany sünni ýolunyň birini esaslandyran ymam.
Şahymerdan — Hezreti Alynyň lakamy. Bu sözüň mertleriň şasy, adamlaryy şasy diýen manysy bar.
Şam — Ýurt ady (Siriýa).
Şanama — Firdöwsiniň meşhur «Şanama» eseriniň ady. Şeýle atly eserler Firdöwsiden öň Balami, Abulmugaýat Balhy, Mesgudy Merwezi, Dakyky Merwezi (ikisi hem köne Marydan) tarapyndan hem ýazylypdyr. Ýöne Dakyky ol eseriniň diňe 1800 setirini ýazyp ýetişipdir.
Şetdat — Rowaýata görä, özüniň zalymlygy bilen halka özüni ýigrendiren häkimiň ady. Göýä ol ençeme ýyllap halky ezip, Erem bagyny ýetişdirenmiş.
Şibli — Abu Bekr Şibli örän meşhur sopulardan biri. Atasy Mawerannahryň Şibliýe diýen obasyndan bolany üçin, şu at bilen şöhratlanypdyr. Ol 247-nji hijri (861-862) ýylynda Samarrada doglup, 334-nji (945-946) ýylda hem Bagdatda aradan çykýar. Şibli Bagdat şäherinde önüp-ösüp, ylym-bilim alýar. Ol belli sopy

Jüneýt Bagdadynyň şägirdi we müridi, Mansur Hallaç bilen-de sapakdaş bolupdyr. Käbir çeşmelere görä, ol dosty we sapakdaşy öldürilenden soň däliräp, dälihana düşýär we şol ýerde aradan çykýar.Ol takwalykda we sopuçylykda örän meşhur bolupdyr, arap dilinde birnäçe goşgy hem düzüpdir. Onuň takwaçylygy barada köp rowaýatlar döräpdir.

Şirwan I — 1. Eýranda Guçan etrapyna degişli bir şäher. 2. Azerbaýjanda bir sähra.

Şirwan II — (Nowşirwan — Anuşirwan Adyl) — altynjy asyrda (531-579) Sasanlylar nesilşalygynyň patyşasy bolan. Ol Mazdagyň baştutanlygyndaky gozgalaňçylary rehimsizlik bilen gyrany üçin, dindarlar tarapyndan «Adyl» lakamyny alan.

Şis (Şiş) — Keýumers zamanynda ýaşan şahs; çeşmeler ony gadymy pygamberleriň biri, şeýle-de Adam ata bilen How enäniň üçünji ogly hasaplaýarlar.

Şugaýp — Ybraýym pygamberiň ogly Medýanyň perzentlerinden bolup, Musa pygamberiň gaýnatasydyr. Ol Medýen halkynyň (Medýanyň adyndan gelip çykan) pygamberidir.

Şymr (Şamyr) — Ibn Züljöwşen Zababy Kelaby, ol örän batyr adam bolupdyr. Ol Syffyn söweşinde hezreti Alynyň tarapynda durup söweşse-de, Kerbela söweşinde ymam Hüseýiniň garşydaşlarynyň tarapynda söweşipdir. Ymam Hüseýin öldürilenden soň, Ubeýdylla oňa ymam Hüseýiniň başyny berip, ony Ýezidiň huzuryna Şama iberipdir. Iň soňunda hem garşydaşlary tarapyndan öldürilipdir.

Şyh Sengan — hristian dinine uýan bir gyza aşyk bolany üçin sopuçylyk edebiýatda giňden ýaýran edebi gahryman. Şyh Sengan we hristian gözeli hakda şyh Attaryň «Mantykyt-taýr» we Nowaýynyň «Lisanyt-taýr» atly eserlerinde ýörite hekaýatlar bar Gündogarda «Hekaýaty-şyh Sengan» atly eser özbaşdaklykda hem ýaýrapdyr. Bu mowzugda XII asyrda ýaşap geçen şahyr Faky Taýran hem poema ýazypdyr. Eseriň ýordumy Ýakyn Gündogarda we Zakawkazýede giňden ýaýrapdyr. Bu ýordumy XIX asyrda Wahdat Gilany, XX asyrda Hüseýin Jawit hem özleriçe işläpdirler.

Taňry dosty — Muhammet pygamberiň lakamy. Muhammet pygamberiň, Habybulla — Allanyň dosty lakamynyň türkmençe beýany.

Taýyf — Mekgeden 12 parsah daşlykda, günorta Hijazda ýerleşýän bir şäher.

Töwrat — 1. Kada, kanun, düzgün. 2. Hudaý tarapyndan Musa pygambere iberilen kitap, jöhitleriň mukaddes dini kitaby.

Töwriz — Eýran Azerbaýjanynda bir şäher.

Tuby — 1. Behiştdäki bir agajyň ady bolup, rowaýatlara görä, jennetdäkileriň her biriniň öýüne onuň bir şahasy uzap barýarmyş we onuň her dürli elwan-elwan hem-de hoşboý ysly miweleri barmyş. Bu sözüň: 1. Bagt, sagadat, gowulyk hoşluk. 2. Behişt. 3. Gelşikli, uzyn boýly diýen manylary-da bar.

Tur — Sina ýarymadasynda bir dag ady.

Uhut urşy — 624-nji ýylyň 15-nji martynda Bedr urşunda ýeňilen mekgelileriň Abu Sufýanyň ýolbaşçylygyndaky üç müň adamlyk goşuny bilen Medinäniň ýanyndaky Uhut dagynda Muhammet pygamberiň ýedi ýüz adamlyk goşuny arasynda bolan söweş. Abu Sufýanyň duýdansyz goşun çekip gelmegi netijesinde,

Muhammet pygamber gyssagly suratda diňe bir müň adam goşun jemläp ýetişýär. Emma olardan üç ýüzi Ibn Ubaýýyň ýolbaşçylygynda uruş başlamazynyň öň ýanynda söweş meýdanyny taşlap gaýdýar. Üç müň adamly goşuna ýedi ýüz adam bilen söweşmek Muhammet pygambere kyn düşýär. Ol söweşde musulmanlar ýeňilýärler. Uhut urşunda Muhammet pygamberiň kellesine gylyç degip, agyr ýaralanýar, zyňylan daşyň zarbyna iki dişi döwülýär.

Umman (Omman) — Arap deňziniň, Hindi okeanyň demirgazyk-günbataryny öz içine alýan özboluşly bir deňiz. Onuň demirgazyk-gündogarynda Hindistan, demirgazygynda Bulujystan, Eýran, demirgazyk-günbatarynda hem Arabystan ýarym adasy ýerleşýär. Bu sözüň deňiz, okean diýen manylary-da bar.

Wamyk — Unsurynyň «Wamyk-Uzra» dessanynyň baş gahrymany.

Warka, Gulşa — XI asyrda Aýuky tarapyndan ýazylan «Warka we Gulşa» atly poemanyň we atdaş türkmen halk dessanynyň baş gahrymanlary.

Weýsil-Karan — maglumatlara görä, VII asyrda Muhammet pygamberiň döwründe ýaşap geçen belli sopy. Onuň doly ady Uweýs ibn Amyr ibn Jeze ibn Mälik Karany. Weýsil-Karan örän takwa adam bolup, ol hakda köp rowaýatlar döräpdir. Onuň esasy käri düýe bakmaklyk bolupdyr. Şol sebäpli türkmenleriň arasynda ol düýäniň piri hasaplanypdyr. Oňa Gündogar edebiýatynda Weýis, «Soltan Weýis», «Uweýsil Karan», «Weýsil hoja», Weýsi-Karany hem diýlipdir.

Ybraýym —pygamberleriň biri bolup, rowaýatlara görä, butparazlyga garşy hereket edeni, buthanadaky butlary döweni üçin Wawilon hökümdary Hemrut birinji tarapyndan oda taşlanypdyr. Emma ot ony ýakman, Hudaýyň permany bilen gaýtam gülzarlyga öwrülipdir.

Ylýas — pygamberleriň biri, rowaýatlara görä, Sam ibn Nuhuň agtygy, Hydyryň doganynyň ogly. Ol biziň eýýamymyzdan dokuz asyr öň ýaşap geçipdir. Butparazlykdan ýüz dönderip, halky hak ýola çagyrandygy üçin yzarlanyp, köp wagtlap çölde we gowaklarda ýaşapdyr. Biziň eýýamymyzdan 800 ýyl öň asmana uçupmyş. «Gyýasyl-lugatda» getirilişine görä, ol Hydyr pygamber bilen bile aby-haýat – dirilik çeşmesiniň suwundan içenmiş, şol sebäpli-de hemişe dirimiş. Hydyryň çöllerde betbagtlyga uçranlara ýardam edişi ýaly, deňizlerde betbagtçylyga uçranlara-da Ylýas pygamber ýardam edýärmişin

Ymam Ryza — Abulhasan Aly ibn Musa Käzim, şaýlaryň sekizinji ymamy. Ol 770-nji ýylda Medinede dogulýar. 816-817-nji ýyllarda Mamun ony Merwe çagyryp, özüniň tagt mirasdary edip belleýär. Soňra ol zäherlenip öldürilýär we Maşatda jaýlanylýar. Şonuň üçin Maşat mukaddes şäher hasaplanylýar. lakamy Ryza bolanlygy üçin onuň ady gysgaldylyp, ymam Ryza diýlip tanalypdyr.

Ymran — Ybraýym pygamberiň neberelerinden bolup, Musa pygamberiň kakasy.

Ysmaýyl — Ybraýym pygamberiň Hajar atly aýalyndan bolan ikinji ogly. Rowaýatlarda ol atasy Ybraýym tarapyndan Hudaý ýoluna gurban edilýär. Emma şol wagt Allanyň eradasy bilen asmandan bir goç inip, Ysmaýyl halas bolýar.

Yspyhan — günorta Eýranda bir şäher.

Ysrapyl — dört sany Alla ýakyn perişdäniň biri. Dini düşünjä görä, ahyrzaman bolanda, ol Allanyň permany bilen suruny (surnaýyny) çalýar. Şonda suruň

(surnaýyň) sesini eşiden ähli jandarlar ölüp, soňra ýene-de suruny çalanda ähli ölüler direlýär.

Ýajuj – Gündogarda we musulman äleminde meşhur bolan rowaýatlara görä, Ýafes ibn Nuhuň neberelerinden peýda bolan iki sany kowumyň biriniň adydyr. Rowaýat edilişine görä, Isgender Zülkarneýn Ýajuj we Mäjuj atly azan bu iki kowum geçip bnilmez ýaly dagyň geçelgesini demir, gurşun we mis eredip guýmak bilen berkidip, örän uly diwar gurduryar.

Ýakup — Muhammet pygamberden öň ýaşap geçen pygamberleriň biri, Yshagyň ogly, Ybraýymyň agtygy. Folklorda hem edebiýatda meşhur bolan Ýusubyň kakasy.

Ýelda —21-22-nji dekabra gabat gelýän ýylyň iň uzak we garaňky gijesi; tüm garaňky gije. Şol gün güýzüň ahyrky güni we gyşyň başlangyjy hasaplanypdyr. Şol gije ýa-da şol günlerde Gün Owlak (Jedi) ýyldyzlar toplumyna (burjuna) geçýär. Gadymy döwrüň adamlary ony şum, nämübäreklik hasaplapdyrlar. Bu söz Suryany dilinde milad, ýagny dogluş, dünä iniş diýen manyny beryär. Rowaýatlara görä, bu gije Isanyň doglan güni bilen gabatlaşýandygy üçin ol gijäni ýelda gijesi atlandyrypdyrlar. Aslynda taryhy maglumatlara görä, bu gije Mitra (Mehr) Gün hudaýynyň baýramçylygy hasaplanypdyr. Hristianlar bu güni IV asyrda Isa pygamberiň doglan güni diýip, ykrar edipdirler. Gündogaryň nusgawy edebiýatynda gözeliň saçy şeýle-de aýralyk güni şu gijä meňzedilipdir.

Ýemen — Arabystan ýarym adasynyň günorta-günbatarynda ýerleşýän ýurt.

Ýezd — Eýranda bir şäher.

Ýezit — 1. Ümewiler nesilşalygynyň patyşalarynyň biri. Hezreti Alynyň Hüseýin atly ogly şonuň döwründe Kerbelada öldürilipdir. 2. Zalym, ganhor, duşman.

Ýunus — Gurhany-Kerimde we Töwratda ady tutulýan bir pygamberiň ady. Rowaýatlara görä, Neýnewa şäheriniň ilatyny hak dine çagyrypdyr. Ol gämide ýüzüp ýörkä, tupan gelende ony duşmanlary deňze oklaýar. Käbir rowaýata görä, özi deňze bökýär, şonda ony bir uly balyk ýuwudýar we ýene-de Allanyň eradasy bilen üç günden soň balyk ony kenara atýar

Ýusup — Ýakup pygamberiň ikinji aýaly lawan gyzy Rahyldan bolan ýedinji ogly. Maglumatlara görä, ol biziň eýýamymyzdan 1745 ýyl özal dünýä inýär we 1635 ýyl özal Müsürde aradan çykypdyr. Ol «Ýusup-Züleýha» sýužetiniň baş gahrymanydyr. Ol özüniň ajaýyp keşbi, syratlylygy, geçirimliligi bilen bütin dünýäde şöhratlanypdyr.

Zahyreddin Babyr — 1525-1530-njy ýyllar aralykda Hindistanda höküm süren we mogollar nesilşalygyny esaslandyran patyşa. Ol Teýmirleňiň neslindendir.

Zal — 1. Rüstemiň kakasynyň ady. Ol dünýä inen wagty saçy ap-ak eken. Şonuň üçin oňa Zal diýip at goýupdyrlar. 2. Garry goja, çal, ak saçly.

Zebur — Hudaý tarapyndan Dawut pygambere iberilen kitap. Käbir çeşmelerde bu sözüň aslynda «Mezbur» bolup, ýazgy, hat, tekst diýen manylarynyň bardygy şeýle-de Dawut pygambere Allatagala tarapyn asmandan ýazylgy görnüşde inderilendigi üçin şeýle adyň berilendigi aýdylýar.

Zemzem — Mekgäniň golaýynda bolan bir çeşme. Dini rowaýatlara görä, bu çeşme Ybraýym pygamber zamanynda, biziň eýýamymyzdan takmynan, 2800 ýyl

ozal gazylanmyş. Käbir rowaýata görä Zemzem, Ysmaýyl pygamberiň çaga wagty aýagyny depirjeklän ýerinden dörän bir çeşmedir. Çeşmäniň suwy mukaddes hasaplanyp, haja giden adamlar ondan alyp gaýdarlar.

Zenjebil — 1. Behiştdäki bir çeşmäniň ady. 2. Meý, şerap.

Zeňistan — 1. Zeňzibar (Zaňzibar). Gündogar Afrikada ýerleşýän bu ýurt Tanganika bilen birleşdirilenden soň (1964 ý) Tanzaniýa atlandyrylýar. 2. Efiopiýa. 3. Garalaryň ýurdy.

Zeňňi Baba — halk arasynda keramatly hasap edilýän meşhur sopularyň biri, Süleýman Hekim atanyň şägirdi. Zeňňi baba türkmenleriň arasynda sygryň piri ýa-da padymanlaryň – sygyr çopanlaryň penakäri hasaplanypdyr. Ol 1258-nji ýylda aradan çykypdyr.

Zähra — Muhammet pygamberiň gyzy Patmanyň lakamy. Bu sözüň lowurdawuk, nurly, röwşen, ýagty şeýle-de nurly ýüz, ap-ak ýüz, görmegeý, owadan diýen manylary-da bar.

Zunuby — XVIII asyrda ýaşap öten türkmen şahyry.

Zülpükar — 1.Iki ýüzli, iki tygly, iki keserli. 2. Alynyň gylyjy. 3. Kesgir gylyç, ýiti gylyç.

Zünnar — guşak. Araplaryň Eýrany basyp almazyndan öňki döwürde Eýranyň döwlet dini bolan zaroostrizm (zerduşt, otparaz) dininiň ruhanylarynyň guşanan guşagyny hem şeýle atlandyrýarlar. Musulmanlar hristian monahlarynyň guşagyny hem şeýle atlandyrypdyrlar.

ELIPBIÝ

A

ABAT GALSYN 161
AGLAŞMAK BARDYR 168
AHYRZAMAN BOLAR 151
AHYRZAMAN GELER 152
AK IT 229
AKYL-HUŞ BILEN 59
ALLA SEN 95
ALNYMYZA GELSE GEREKDIR 166
ALNYŇDA 155
ALYDYR 128
AMANA GELER 35
AMAN HEÝ 158
ANBAR SAÇDYLAR 111
ARAP TILLI, SÖWDÜGIM 128
ARTSA GEREKDIR 265
ATLY, ÝARANLAR 241
AÝRYLMADYMY? 20
AZARY BELLI 32

B

BAKA-BAKA GIDER SEN 75
BARADYR 81
BARGAÝ MEN-Ä 196
BARSA GEREKDIR 164
BAŞ ÝAGŞY 30
BATDY, ÝARANLAR 70
BAZAR EÝLEDI 215
BERKARAR ETGEN KERIM 99
BÄŞ NAMAZ 148
BIGÜMAN ÝANDYR 148
BILAL BAR 125
BILBIL NALASY 216
BILE MYHMANDYR 39
BILI BOLMASA 39
BILMEZMIŇ 218
BINAMAZ ÇIRKIN 146
BINÝAT ILEN 27
BIR ALLADYR 97
BIR BEÝAN GELER 156
BIR NAN GETIRDI 140
BIRNIÇE MYSAL 217
BITMEK GEREK 198
BOLA ALMAŇ BASYR 178
BOLDUM GIRÝANA 137

BOLDY BU DÜNÝÄ 185
BOLMAK HAKDYR 134
BOLMASDAN BURUN 207
BOLMASYN AHYRZAMAN 219
BOLMAZ, ÝARANLAR 74
BU DERDI 102
BU DÜNÝÄ 187
BU ROZA 149
BYRAGYŇ 131

Ç

ÇAKYR KELLE 234
ÇILIM 86
ÇILIM ÇEKMEGIL 87
ÇILIMKEŞ 89
ÇYKA BILMEZ ÖÝÜNDEN 63
ÇYKARDYM ÇENDEN 109
ÇYKYP OTURMYŞ 145

D

DAG-U HASRATDAN NYŞAN 226
DALYM MENIŇ 201
DERMAN, ÝARANLAR 74
DERT NEDIR 49
DERÝAÝY-HAL 179
DIDAR BAR 205
DILBERIŇ 104
DILLERDE GUÝA 178
DINI BILÄNI 110
DIWANA GELDI 140
DIÝDI: «HABAR ÝOK SIZDEN» 200
DOLUP ÖTDI 223
DOSTLARYM 202
DÖKÜP BARADYR 78
DÖNDI DÖWÜR ÝAMANA 211
DUMAN GÖTERLER 41
DUMAN PEÝDA 222
DUŞSAŇ DERDI-BELAGA 199
DÜNÝÄDEN 182
DÜNÝÄDIR 190
DÜNÝÄ, GOLUŇDAN 192
DÜNÝÄ HEÝ 192
DÜNÝÄ SEN 185

E

EGLENMEZ 228
EKIP GEÇDI 126

EMRI-HAN GELER 158
ENARY BARDYR 61
ENEDE BIZI 212
EÝMENEWER 135
EÝÝAMY GÖRDÜM 143

G

GAHRY GANA 129
GALAR, ÝARANLAR 162
GALMAGALY NEÝLEREM 204
GALMAZ-A 106
GALSA NEÝLESIN 51
GAM ÖÝÜNDE GALYP MEN 50
GARA DAŞDAN AÝRYLSA 29
GARRYLYKDYR ÝARANLAR 85
GEÇER, ÝARANLAR 71
GEÇIP BARADYR 77
GELDI, ÝARANLAR 72
GELMEZMI 82
GEREKDIR 37
GEZIP BAŞLADY 56
GIDIP BARADYR 76
GITMEDIŇ, DÜNÝÄ 189
GOJALAN GÜNLER 84
GÖKDEN INMEZ, ÝARANLAR 73
GÖKJE KEPDERI 244
GÖRDÜM-Ä 178
GÖRDÜŇMI 103
GÖRER GÖZÜŇ — ILIŇI 45
GÖRGEÇ, RESUL 120
GÖRGEN GÖZLERIM 201
GÖZDEN AKAN ÝAŞYMA 41
GULUŇ BOLDUM 227
GURULMASDAN BURUN 206
GUTULMADYM ZULMUŇDAN 55
GÜNLER HEÝ 58
GÜRZ DÄLMI? 135
GÜZEŞT EÝLE 95
GYBATKEŞ 92
GYŞ GOÝAR 38
GYZDYR BU DÜNÝÄ 181

H

HABARDAR BOLUŇ 169
HAKY ÇÜN 106
HAN DÖRÄR 153

HANY GEREKDIR 48
HARAP EÝLÄR 159
HARY-ZAR BOLDUŇ 53
HASAN BIRLE HÜSEÝN 130
HUDAÝ DEGILMI 100
HYRATDAN AÝRYLSA 43

I

IÇINDE 259
IGLÄRLER 22
IKI DÜNÝÄNIŇ SOLTANY 124
IL BOLMAZ 27
IL GEÇER 69

J

JAHAN GÖRDÜM 213
JAHAN ÖRTENER 50
JAHAN SENDEN BIHABAR 94
JANA DERMAN, ÝA RESUL 119
JANA ÝAGYDYR 66
JAN EÝLEDI 214
JAN EÝLEDIŇ 57
JAN IÇINDE 256
JEŇ SESIN AŇSA 68

K

KEÇDIR, ÝARANLAR 71
KERWEN ÇYKAR 32
KIMSE GIDIP BARADYR 78
KÖŇLÜM 220
KÖP BOLSA 48
KÖP JAN GEÇIPDIR 24
KÜLAHLY GELDI 141
KÜRS ÇYKAR 144
KYLGYL NAMAZY 147

L

LERZANADYR 84
LEWADA BELLI 112

M

MAGŞARNAMA 261
MAHYM MENIŇ 198
MAL ÝAGŞY 7
MAR ÇYKAR 156
MEŇZÄR, ÇILIMKEŞ 90
MERT KYLDYŇ 69
MÄREKÄ BARMAZ 45
MÄTÄÇ EÝLEME 108

MIFTAHYL-JENAN 133
MIR OLUR..... 26
MUHAMMET MUSTAPA 114
MUNDA, ÇILIMKEŞ..... 90

N

NADAN PELEKDEN..... 195
NAS ATAN..... 91
NAZAR EÝLE..... 224
NEÝLESIN..... 46
NÄLER BOLDY..... 153
NÄME SEN?..... 104
NIÇE ÝAŞYNDADYR..... 154
NURY-IMAN EÝLEDI 175

O

ONDA BAR 171
ONDADYR..... 204
OÝAN DIÝDILER 139

Ö

ÖLMESDEN BURUN 210
ÖTENSOŇ 28
ÖTER BU DÜNÝÄ 188
ÖTGÜL, PYRAGY 267
ÖTÜP BARADYR..... 79
ÖÝLER GÖRER SEN 173
ÖZI BEHIŞDIŇ..... 131

P

PANY DÜNÝÄNIŇ 193
PARA-PARADYR..... 3
PAŞ EDER SEN..... I8
PELEGIŇ 194
PELEK BEREN DÖWRANA 65
PENA DÜNÝÄ..... 182
PEÝANY BOLMAZ..... 4
PÄL BILEN..... 6
PÄL GALMAZ 47
PÄLI BENDÄNIŇ 6
PÄLIN DAGLARYŇ..... 64
PÄLIŇ SENIŇ 93
PISAT DÜNÝÄDIR 190
POEMALAR..... 229
PYGAN EGLENMEZ..... 5

R

REPBIM JELIL..... 98
REPBIÝEL-AGLA 100

RISMAN DAKARLAR 172
ROWAN OLDY 124
ROÝY-SYÝADAN GAÝRY 180
RYÝADAN, ÝA REP 94

S

SAÇDY MUHAMMET 111
SALDY DIÝDILER 160
SALY, DÜNÝÄ, HEÝ 183
SATAŞDYM 142
SAZYNA DEGMEZ 2
SEDA BOLDUM 224
SEN DEK NAMARDY 61
SEÝRAN IÇINDE 146
SIL GALMAZ 3
SIR GIDER 1
SOWRUP GIDIPDIR 56
SÖHBET ÝAGŞYDYR 1
SÖÝMEK BILÄNI 29
SÖÝMÜŞEM SENI 121
SÖZLERIM 180
SÜLEÝMAN NEÝLESIN 216
SÜRDI-DE BARDY 42
SYN BILEN 33

Ş

ŞALYK BILE 210
ŞASY GALANDAR 141
ŞOL MÄHRIBANYM GELDI 123
ŞONDADYR 203

T

TOBA EÝLEDI 48
TUTA BAŞLADY 34
TUTUP BARADYR 81

U

UÇDUM, ÝARANLAR 138

W

WAGYZ 246
WEPAT BAR 175

Y

YHSAN HAÝSY, BILINMEZ 18
YKBAL BOLMADY 19
YNSAN ÝARATDY 101
YRAK EÝLE ÖZÜŇ I7

Ý

ÝAGMYR ÝAGDYR, SOLTANYM 108

ÝAGYDYR-ÝAGY 11
ÝAKANÇA BOLMAZ 15
ÝALAN DÜNÝÄ 184
ÝA MUHAMMET MUSTAPA 113
ÝANY BILÄNI 110
ÝARAŞMAZ 13
ÝAR ÇEKER 21
ÝA RESUL 118
ÝAR EÝLÄR 16
ÝARLYKAGYL GÜNÄHIMNI 136
ÝARYŇ ÝAGŞYSYN 52
ÝAŞLAR IÇINDE 31
ÝAŞYL ZÜMERRET 170
ÝAŞYM MENIŇ 197
ÝAT BOLAR 13
ÝAÝLAHLARY BAR 12
ÝAÝLARY BARDYR 174
ÝA, ZÜLJELALYM 107
ÝEKÄNIŇ 9
ÝEL BILE 25
ÝELDIM TUT 16
ÝERBE-ÝER GEÇDI 22
ÝETER SEN 17
ÝETIŞSE 23
ÝETMEÝIN GALMAZ 18
ÝOL ALAR 40
ÝOLDA SENI 121
ÝOL ETDI 196
ÝOLLARA SARY 44
ÝOLUN AŇLAMAZ 51
ÝUSUP DIÝE-DIÝE 127
ÝÜREGIŇ GAN IÇINDE 221
ÝÜZ URSAŇ 14
ÝYL BILE 83

Z

ZAMANA AHYR BOLANDA 150
ZAMAN GALMADY 36
ZAR IÇINDE TELMURYP 43
ZATY ÝIGIDIŇ 11
ZOR BOLAR 9
ZORY GITMEZMIŞ 169

SÖHBET ÝAGŞYDYR 1
SIR GIDER 1
SAZYNA DEGMEZ 2
SIL GALMAZ 3
PARA-PARADYR 3
PEÝANY BOLMAZ 4
PYGAN EGLENMEZ 5
PÄLI BENDÄNIŇ 6
PÄL BILEN 6
YRAK EÝLE ÖZÜŇ I7
MAL ÝAGŞY 7
PAŞ EDER SEN I8
ÝEKÄNIŇ 9
ZOR BOLAR 9
ZATY ÝIGIDIŇ 11
ÝAGYDYR-ÝAGY 11
ÝAÝLAHLARY BAR 12
ÝAT BOLAR 13
ÝARAŞMAZ 13
ÝÜZ URSAŇ 14
ÝAKANÇA BOLMAZ 15
ÝELDIM TUT 16
ÝAR EÝLÄR 16
ÝETER SEN 17
ÝETMEÝIN GALMAZ 18
YHSAN HAÝSY, BILINMEZ 18
YKBAL BOLMADY 19
AÝRYLMADYMY? 20
ÝAR ÇEKER 21
ÝERBE-ÝER GEÇDI 22
IGLÄRLER 22
ÝETIŞSE 23
KÖP JAN GEÇIPDIR 24
ÝEL BILE 25
MIR OLUR 26
BINÝAT ILEN 27
IL BOLMAZ 27
ÖTENSOŇ 28

SÖÝMEK BILÄNI 29
GARA DAŞDAN AÝRYLSA 29
BAŞ ÝAGŞY 30
ÝAŞLAR IÇINDE 31
KERWEN ÇYKAR 32
AZARY BELLI 32
SYN BILEN 33
TUTA BAŞLADY 34
AMANA GELER 35
ZAMAN GALMADY 36
GEREKDIR 37
GYŞ GOÝAR 38
BILI BOLMASA 39
BILE MYHMANDYR 39
ÝOL ALAR 40
DUMAN GÖTERLER 41
GÖZDEN AKAN ÝAŞYMA 41
SÜRDI-DE BARDY 42
ZAR IÇINDE TELMURYP 43
HYRATDAN AÝRYLSA 43
ÝOLLARA SARY 44
MÄREKÄ BARMAZ 45
GÖRER GÖZÜŇ — ILIŇI 45
NEÝLESIN 46
PÄL GALMAZ 47
HANY GEREKDIR 48
TOBA EÝLEDI 48
KÖP BOLSA 48
DERT NEDIR 49
GAM ÖÝÜNDE GALYP MEN 50
JAHAN ÖRTENER 50
GALSA NEÝLESIN 51
ÝOLUN AŇLAMAZ 51
ÝARYŇ ÝAGŞYSYN 52
HARY-ZAR BOLDUŇ 53
GUTULMADYM ZULMUŇDAN 55
SOWRUP GIDIPDIR 56
GEZIP BAŞLADY 56
JAN EÝLEDIŇ 57
GÜNLER HEÝ 58
AKYL-HUŞ BILEN 59
SEN DEK NAMARDY 61
ENARY BARDYR 61
ÇYKA BILMEZ ÖÝÜNDEN 63

PÄLIN DAGLARYŇ 64
PELEK BEREN DÖWRANA 65
JANA ÝAGYDYR 66
JEŇ SESIN AŇSA 68
IL GEÇER 69
MERT KYLDYŇ 69
BATDY, ÝARANLAR 70

KEÇDIR, ÝARANLAR 71
GEÇER, ÝARANLAR 71
GELDI, ÝARANLAR 72
GÖKDEN INMEZ, ÝARANLAR 73
BOLMAZ, ÝARANLAR 74
DERMAN, ÝARANLAR 74
BAKA-BAKA GIDER SEN 75
GIDIP BARADYR 76
GEÇIP BARADYR 77
DÖKÜP BARADYR 78
KIMSE GIDIP BARADYR 78
ÖTÜP BARADYR 79
TUTUP BARADYR 81
BARADYR 81
GELMEZMI 82
ÝYL BILE 83
LERZANADYR 84
GOJALAN GÜNLER 84
GARRYLYKDYR ÝARANLAR 85
ÇILIM 86
ÇILIM ÇEKMEGIL 87
ÇILIMKEŞ 89
MUNDA, ÇILIMKEŞ 90
MEŇZÄR, ÇILIMKEŞ 90
NAS ATAN 91
GYBATKEŞ 92
PÄLIŇ SENIŇ 93
JAHAN SENDEN BIHABAR 94
RYÝADAN, ÝA REP 94
ALLA SEN 95
GÜZEŞT EÝLE 95
BIR ALLADYR 97
REPBIM JELIL 98
BERKARAR ETGEN KERIM 99
REPBIÝEL-AGLA 100
HUDAÝ DEGILMI 100

YNSAN ÝARATDY 101
BU DERDI 102
GÖRDÜŇMI 103
NÄME SEN? 104
DILBERIŇ 104
GALMAZ-A 106
HAKY ÇÜN 106
ÝA, ZÜLJELALYM 107
MÄTÄÇ EÝLEME 108
ÝAGMYR ÝAGDYR, SOLTANYM 108
ÇYKARDYM ÇENDEN 109
ÝANY BILÄNI 110
DINI BILÄNI 110
SAÇDY MUHAMMET 111
ANBAR SAÇDYLAR 111
LEWADA BELLI 112
ÝA MUHAMMET MUSTAPA 113
MUHAMMET MUSTAPA 114
ÝA RESUL 118
JANA DERMAN, ÝA RESUL 119
GÖRGEÇ, RESUL 120
ÝOLDA SENI 121
SÖÝMÜŞEM SENI 121
ŞOL MÄHRIBANYM GELDI 123
IKI DÜNÝÄNIŇ SOLTANY 124
ROWAN OLDY 124
BILAL BAR 125
EKIP GEÇDI 126
ÝUSUP DIÝE-DIÝE 127
ARAP TILLI, SÖWDÜGIM 128
ALYDYR 128
GAHRY GANA 129
HASAN BIRLE HÜSEÝN 130
BYRAGYŇ 131
ÖZI BEHIŞDIŇ 131
MIFTAHYL-JENAN 133
BOLMAK HAKDYR 134
GÜRZ DÄLMI? 135
EÝMENEWER 135
ÝARLYKAGYL GÜNÄHIMNI 136
BOLDUM GIRÝANA 137
UÇDUM, ÝARANLAR 138
OÝAN DIÝDILER 139
DIWANA GELDI 140

BIR NAN GETIRDI..... 140
KÜLAHLY GELDI..... 141
ŞASY GALANDAR..... 141
SATAŞDYM..... 142
EÝÝAMY GÖRDÜM..... 143
KÜRS ÇYKAR..... 144
ÇYKYP OTURMYŞ..... 145
SEÝRAN IÇINDE..... 146
BINAMAZ ÇIRKIN..... 146
KYLGYL NAMAZY..... 147
BIGÜMAN ÝANDYR..... 148
BÄŞ NAMAZ..... 148
BU ROZA..... 149
ZAMANA AHYR BOLANDA..... 150
AHYRZAMAN BOLAR..... 151
AHYRZAMAN GELER..... 152
HAN DÖRÄR..... 153
NÄLER BOLDY..... 153
NIÇE ÝAŞYNDADYR..... 154
ALNYŇDA..... 155
MAR ÇYKAR..... 156
BIR BEÝAN GELER..... 156
EMRI-HAN GELER..... 158
AMAN HEÝ..... 158
HARAP EÝLÄR..... 159
SALDY DIÝDILER..... 160
ABAT GALSYN..... 161
GALAR, ÝARANLAR..... 162
BARSA GEREKDIR..... 164
ALNYMYZA GELSE GEREKDIR..... 166
AGLAŞMAK BARDYR..... 168
HABARDAR BOLUŇ..... 169
ZORY GITMEZMIŞ..... 169
ÝAŞYL ZÜMERRET..... 170
ONDA BAR..... 171
RISMAN DAKARLAR..... 172
ÖÝLER GÖRER SEN..... 173
ÝAÝLARY BARDYR..... 174
WEPAT BAR..... 175
NURY-IMAN EÝLEDI..... 175
DILLERDE GUÝA..... 178
BOLA ALMAŇ BASYR..... 178
GÖRDÜM-Ä..... 178
DERÝAÝY-HAL..... 179

ROÝY-SYÝADAN GAÝRY 180
SÖZLERIM 180
GYZDYR BU DÜNÝÄ 181
DÜNÝÄDEN 182
PENA DÜNÝÄ 182
SALY, DÜNÝÄ, HEÝ 183
ÝALAN DÜNÝÄ 184
DÜNÝÄ SEN 185
BOLDY BU DÜNÝÄ 185
BU DÜNÝÄ 187
ÖTER BU DÜNÝÄ 188
GITMEDIŇ, DÜNÝÄ 189
DÜNÝÄDIR 190
PISAT DÜNÝÄDIR 190
DÜNÝÄ, GOLUŇDAN 192
DÜNÝÄ HEÝ 192
PANY DÜNÝÄNIŇ 193
PELEGIŇ 194
NADAN PELEKDEN 195
ÝOL ETDI 196
BARGAÝ MEN-Ä 196
ÝAŞYM MENIŇ 197
MAHYM MENIŇ 198
BITMEK GEREK 198
DUŞSAŇ DERDI-BELAGA 199
DIÝDI: «HABAR ÝOK SIZDEN» 200
GÖRGEN GÖZLERIM 201
DALYM MENIŇ 201
DOSTLARYM 202
ŞONDADYR 203
ONDADYR 204
GALMAGALY NEÝLEREM 204
DIDAR BAR 205
GURULMASDAN BURUN 206
BOLMASDAN BURUN 207
ÖLMESDEN BURUN 210
ŞALYK BILE 210
DÖNDI DÖWÜR ÝAMANA 211
ENEDE BIZI 212
JAHAN GÖRDÜM 213
JAN EÝLEDI 214
BAZAR EÝLEDI 215
SÜLEÝMAN NEÝLESIN 216
BILBIL NALASY 216

BIRNIÇE MYSAL 217
BILMEZMIŇ 218
BOLMASYN AHYRZAMAN 219
KÖŇLÜM 220
ÝÜREGIŇ GAN IÇINDE 221
DUMAN PEÝDA 222
DOLUP ÖTDI 223
NAZAR EÝLE 224
SEDA BOLDUM 224
DAG-U HASRATDAN NYŞAN 226
GULUŇ BOLDUM 227
EGLENMEZ 228
POEMALAR AK IT 229
ÇAKYR KELLE 234
ATLY, ÝARANLAR 241
GÖKJE KEPDERI 244
WAGYZ 246
JAN IÇINDE 256
IÇINDE 259
MAGŞARNAMA 261
ARTSA GEREKDIR 265
ÖTGÜL, PYRAGY 267
SÖZLÜK 270